# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR

DÜZEDILEN WE GIŇIŞLEÝIN
ÇAP EDILÝÄN ŞANLY
10-NJY NEŞIR



*Şindi we bütin bakylykda manysy bolan durmuş*

JON BIWER

Mähriban okyjym!

Zebur 89:12-de Musa pygamber Hudaýa: “Bize günlerimizi sanamagy öwret” diýip ýalbarýar. Ýer ýüzünde geçirilen günleriň islendik mukdary bakylygyň tükeniksiz hakykylygy bilen deňeşdirilende hiç zatdyr. Emma muňa garamazdan, özümize şu ýerde bagyş edilen wagty nädip geçirýänligimiz wagt giňişliginden sumat bolup gidenimizden soň nähili sylaglary aljakdygymyza täsir edýändir.

*«Bakylykdan ylhamlanýanlar»* kitabyň habary – Mukaddes Ruhdan öňde-soňda alan aýanlyklarymyň iň güýçlüsi bolup, özgerdiji güýje eýedir. Bu hakykaty açan ýygnaklar, liderler we käbir adamlar Hudaýyň Şalygyna hyzmat etmeklikde täze maksady, garaýşy we yhlaslylygy tapdylar. Şu maglumatlary siziň bilen paýlaşmaklyk meniň üçin beýik mertebidir.

Men şu kitaby size we ýer ýüzündäki ähli liderlere söýgimiň we goldawymyň nyşany hökmünde iberýärin. Kitapdaky habary öwreniň, ony we elýeter bolan beýleki maglumatlary öz tanyşlaryňyz bilen paýlaşyň. Kitabyň sahypalarynda açylýan hakykaty ymykly öwreneniňizde, Hudaýyň durmuşyňyz we ykbalyňyz üçin niýetlän meýliniň we maksadynyň size aýan bolmagyny Ondan dileýärin.

Mähriban okyjym, men şu habary alanymdan soň başdan geçiren özgerişligimiň siziň-de başdan geçirmegiňizi Hudaýdan dileýärin. Siz bakylyk baradaky aýanlyga düşünmeklige erjellik bilen ýapyşýanlygyňyz üçin, durmuşyňyzyň, maşgalaňyzyň we hyzmatyňyzyň özgerjekdigine ynanýaryn. Men bu habaryň size we tanyş-bilişleriňize nähili täsir edendigi baradaky habarlara sabyrsyzlyk bilen garaşaryn.

Siziň Isa Mesihdäki doganyňyz



Jon Biwer
JohnBevere@ymail.com

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR




## JON BIWER

“Häzirki döwürde gündeki durmuş aladalaryna batyp galyp, iň esasy zady gözden sypdyrmak örän aňsatdyr. Jon Biweriň “Bakylykdan ylhamlanýanlar” atly güýçli kitaby size bakylykda ähmiýeti bolan bu dünýädäki durmuşda ýaşamaga höwes berip, ruhlandyrar”.

— Kreýg Greçel, “LifeChurch.tv” ýygnagyň uly çopany we kitaplaryň awtory

“Bakylykdan ylhamlanýanlar” – bu manydan doly durmuşyň soraýan soraglaryna berlen jogap bolup, onda ajaýyp ýol barada wajyp habar beýan edilýär. Bu kitaby hökman okamalydyr”.

— Jon Makswell, bestselleriň awtory we spiker

Dostum Jon Biweriň “Bakylykdan ylhamlanýanlar” atly kitabynyň şanly neşiri – durmuşyň diňe sanlyja günler däldigi baradaky ajaýyp ýatlatmadyr. Siz bu kitaby okanyňyzda, kalbyňyza parahatlyk we umyt aralaşar, sebäbi beýik çagyrylyşyňyza görä ýaşamalydygyňyz ýadyňyza düşer”.

— Stiwen Fertik, “Elevation Church” ýygnagyň çopany we “Nýu-Ýork Taýms”-yň pikiri boýunça bestsellerleriň awtory

“Bakylykdan ylhamlanýar” kitabynda Jon Biwer Mukaddes Ýazgylara esaslanyp, bakylyk nukdaýnazaryndan pikirlenmegiň näderejede wajypdygyny görkezýär. Men onuň bu taglymynyň Isa Mesihe iman edýänleriň has köp danalygy edinjekdigine we bakylyk barada oýlanyp, şindi nähili ýaşamalydygyna düşünjekdigine ynanýaryn”.

— Joýs Maýer, bestsellerleriň awtory we Mukaddes Kitaby öwredýän mugallym

“Bakylykdan ylhamlanýanlar” kitabynda ynsan barlygynyň iň beýik “syrlarynyň” biri – bakylyk meselesi gozgalýar. Jon Biwer

adatdakysy ýaly aýdyňlyk we erjellik bilen Mukaddes Ýazgylaryň bu babatdaky danalygyny öwrenýär we okyjylaryny öz gerimlerini ýaýbaňlandyryp, bakylyk baradaky oýlanmalar bilen ýaşamaga höweslendirýär".

— Braýan Hýuston, "Hillsong" ýygnagyň uly çopany

Baky mirasy gurmagy we Hudaýyň Şalygynyň ýaýbaňlanmagyny isleýän her bir adam "Bakylykdan ylhamlanýanlar" kitabyny okamalydyr. Jon Biwer Mukaddes Kitaba daýanmak bilen, öz okyjylaryny ýer ýüzünde iň gymmat bolan baýlygy – wagty doly ulanmaga höweslendirýär we ruhlandyrýar. Sebäbi bu wagt bakylyga uly täsirini ýetirip bilýändir. Bu kitap häzirki döwrüň nusgawy edebiýatydyr!"

— Kris Hojes, "Church of the Highlands" ýygnagyň uly çopany we "Sergin howa" we "Dört käse" atly kitaplaryň awtory

Jon Biwer "Bakylykdan ylhamlanýanlar" atly kitabynda bakylygyň syryny açyp, biziň şindiki çözgütlerimiziň soňky demimiziň aňry tarapyndaky ýagdaýymyza etjek täsirleri barada ynandyryjy delilleri getirýär. Bu kitaby sypdyryp bolmaz".

— Mark Batterson, "Nýu-Ýork Taýms"-yň pikiri boýunça "The Circle Maker" bestseller hasaplanýan kitabyň awtory, "National Community Church" ýygnagyň uly çopany

"Jon Biwer 'Bakylykdan ylhamlanýar' atly kitabynda okyjylaryny bakylygy nazara alyp ýaşamaga çagyrýar. Jon – meniň oňat dostum, onuň kitabyny okamagy maslahat bermek meniň üçin uly derejedir".

— Jentezin Franklin, Jorjiýa ştatynyň Geýneswilldäki "Free Chapel" ýygnagynyň uly çopany we "Nýu-Ýork Taýms"-yň pikiri boýunça bestselleriň awtory

# BAKYLYKDAN YLHAMLANÝANLAR

DÜZEDILEN WE GIŇIŞLEÝIN
ÇAP EDILÝÄN ŞANLY
10-NJY NEŞIR



***Şindi we bütin bakylykda manysy bolan durmuş***

JON BIWER

Driven by Eternity by John Bevere, Turkmen
© 2018 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Originally published in English as Driven by Eternity
Additional resources in Turkmen by John Bevere are available for free download at: www.CloudLibrary.org
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

«Bakylykdan ylhamlanýanlar» Jon Biwer, türkmen dilinde
© 2018 Messenger International
www.MessengerInternational.org
Ilkinji gezek iňlis dilinde «Driven by Eternity» ady bilen çap edildi
Jon Biweriň türkmen dilindäki goşmaça maglumat serişdeleri
www.CloudLibrary.org  saýtynda ýerleşdirilendir.
Siz olary saýtdan mugt indirip bilersiňiz.
Awtoryň habarlaşmak üçin elektron salgysy: JohnBevere@ymail.com

*Men bu kitaby bakylyk*
*üçin durmuşy bina etmekde*
*arman-ýadaman zähmet çekýänleriň*
*baryna bagyş edýärin. Öz gözlegleriňizde ruhlanyň.*
*Onuň geljekdigi öňden kesgitlenen,*
*Onuň sylagy-da Onuň ýanyndadyr.*
*“Baky ýaşaýyş bolsa, Seni, ýagny ýeke-täk hak*
*Hudaýy we Seniň iberen Isa Mesihiňi tanamakdyr”.*
ÝOHANNA 17:3

# MAZMUNY


Kitap barada ........................................................................11

Sözbaşy ........................................................................13

Giriş ........................................................................15

BIRINJI BÖLÜM

1-nji bap. Ebedi. ........................................................................19

2-nji bap. Affabel şalygy: Endeldäki durmuş ........................................35

3-nji bap. Affabel şalygy: Kazylygyň birinji güni ....................................55

IKINJI BÖLÜM

4-nji bap. Ölüler üçin baky jaý ........................................................79

5-nji bap. Aldanan Hüküm tagtynyň öňünde ..........................................99

ÜÇÜNJI BÖLÜM

6-njy bap. Elhenç ýykylma ........................................................ 131

7-nji bap. Binýat........................................................................ 159

DÖRDÜNJI BÖLÜM

8-nji bap. Affabel şalygy: Kazylygyň ikinji güni ................................ 173

9-njy bap. Gökler ........................................................................ 199

10-njy bap. Isa Mesihiň kazylygy ................................................ 217

## BÄŞINJI BÖLÜM

11-nji bap. Hudaýyň öýi ............................................................ 233

12-nji bap. Hudaý tarapyndan çagyrylanlar......................... 247

## ALTYNJY BÖLÜM

13-nji bap. Köpelme..................................................................... 271

14-nji bap. Şahsy täsir ................................................................. 299

Goşundy. Gutulyşy nädip kabul etmeli .................................. 317

# KITAP BARADA

“B*akylykdan ylhamlanýanlar*” kitabyny islendik kitaplaryň başgasy ýaly boýdan-başa okap bolýar. Bu kitaby öz şahsy ýa-da toparlaýyn okuwlarynda ulanmak isleýänler üçin kitap alty bölüme bölünip, olaryň hersiniň ahyrynda maslahatlaşmak üçin soraglar berlendir. Bu okuw toplumy alty hepdelik wagt üçin niýetlen, ýöne siz öny öz mätäçlikleriňize görä uýgunlaşdyryp bilersiňiz.

Bölümler we olara degişli baplar:

| | |
|---|---|
| **Birinji bölüm.** | 1 – 3-nji baplar. |
| **Ikinji bölüm.** | 4 – 5-nji baplar. |
| **Üçünji bölüm.** | 6 – 7-nji baplar. |
| **Dördünji bölüm.** | 8 – 10-njy baplar. |
| **Bäşinji bölüm.** | 11 – 12-nji baplar. |
| **Altynjy bölüm.** | 13 – 14-nji baplar. |

Eger siz şu kitaby “Bakylykdan ylhamlanýanlar” atly okuw toplumynyň bir bölümi hökmünde okaýan bolsaňyz, topar bilen bilelikde okuw sapagyny hepdede bir gezek diňläp, degişli bölümde maslahatlaşma üçin berlen soraglara garap geçmegi maslahat berýäris. Şondan soň toparyň her bir agzasy indiki duşuşyga çenli degişli baplary okasyn. Her hepde üçin bir okuw sapagy niýetlenendir.

Okaň, lezzet alyň!

# SÖZBAŞY

Biziň her birimiziň Hudaýyň öňünde durup, jogap berjek günümiz haçan-da bolsa bir gün ýetip geler. Biz şol güne taýyn bolarysmy?

Mukaddes Ýazgylar bize şuny duýdurýar: “Eý, doganlar we uýalar, Hudaý tarapyndan çagyrylanlaryň we saýlananlaryň arasyndadygyňyz babatda *ynamly* boluň...” (2 Petrus 1:10, iňlis dilinden terjime). Bu ýerde esasy söz – *ynamly* boluň.

Siz haýsy hem bolsa bir zat babatda ynamly bolup, soňra hem ýalňyşandygyňyzy ýüze çykaryp görüpmidiňiz? Men adaty erkek bolmak bilen, köplenç ugur, görkezmeler, iş tertibi, formula ýa-da usul babatda örän ynamly bolup, soňra başga ýere barandygymy, taslamany, ýygnagy we formulany gaýtadan başmalydygymy (bu gezekde görkezmeleri doly berjaý etmek arkaly) ýüze çykarýaryn. Bu meni örän gynandyrýar, sebäbi men benzin, wagt, pul sarp etdim, harajatlary çekdim. Men bilýänligim babatda gaty ynamlydym, haykatda welin bilmeýän ekenim.

Men şeýle ýalňyşy bakylyk babatda edesim gelenok.

Şu kitabyň üstünde alnyp barlan iş meniň ruhumy baýatdy. Ol on ýyl mundan öň çap edilip, şondan bäri men we toparym bu kitabyň adamlaryň durmuşyny nähili özgerdýändigi baradaky habarlaryň çäksiz köp mukdaryny alýarys. Biz kitaba gaýtadan garap, oňa düzedişler girizmek babatdaky meselä garanymyzda, muny etmelidigimize gözüm ýetýärdi. Çünki kitabyň sahypalaryndaky habaryň gaýragoýulmasyz we wajypdygy baradaky güýçli bir duýgyny duýdum. Biziň, ýagny Hoş Habary ýaýradýanlaryň, başgalary merhemet we hakykat bilen bakylyga taýýarlamakdan ileri çagyryşymyz ýokdur. Men siziň öz bakylygyňyz babatda ynamly bolmagyňyzy isleýän.

Ýaradanymyzyň öňünde jogap bermäge duranymyzda *hiç zady üýtgedip bolmaýanlygy* gynandyryjy ýagdaýdyr. Men şu kitaby okanyňyzda ýa-da gaýtadan okanyňyzda kalbyňyzyň Mukaddes Ruhuň hereketleri üçin açyk bolmagyny Hudaýdan dileýärin. Goý, Mukaddes Ruh bakylyk üçin beýik gaýrat berip, sizi Öz merhemeti we rehimi bilen özgertsin.

Dilegler bilen,
Jon Biwer,
Maý, 2017

# GIRIŞ

Bakylyk sözi näme üçin biziň ünsümizi özüne çekýärkä? Ol tutuş millete nädip täsirini ýetirip başarýarka? Bu barada awstraliýaly Artur Steýsiň wakasy gürrüň berýär. Ol geçen asyryň çäklerinde dünýä inip, Birinji Jahan urşy bilen Ägirt göwnüçökgünlik wagty aralygynda umytsyz durmuşy ýaşamak maksady üçin doglan ýalydy. Näme üçin? Sebäbi ol özüni bilenden soň ýaşan ömrüniň bary arakhorluk bilen ogurlykdan doludy. Emma 1930-njy ýylyň 6-njy awgustynda Isa Mesihe duşandan soň onuň durmuşy bütinleý özgerdi. Täzelikde iman eden Artur öz ruhy çopanynyň Sidneýiň her bir köçesinde bakylygy yglan edesi gelýändigi barada aglap eden dilegini eşitdi. Artur ýüreginde bu dilegi durmuşa geçirmek baradaky çagyryşy duýdy.

Ol her gün aladaňdan turup, bir sagada golaý dileg edýärdi we daňdan 5–5:30 aralygynda öýden çykyp, Hudaýyň özüni ylhamlandyran zadyny etmäge gidýärdi. Ol birnäçe sagadyň dowamynda Sidneýiň ýanýodalarynda her ýüz ädimden ýeke-täk bir sözi – *bakylyk* sözüni ýazýardy. Arturyň bu işi ýigrimi ýyldan gowrak wagt aralygynda hemmeler üçin gizlin galypdy. Müňlerçe adamy togtadyp, onuň manysy barada oýlanmaga mejbur edýän “bakylyk” sözüni kim ýazdyka? Bu adam bu sözüň ýetirýän täsirini we güýjüne düşünýärdimi eýsem? Onuň gizlinlikde eden işi diňe 1965-nji ýylda aýan boldy.

Artur aradan çykandan iki ýyl soň sidneýli şahyr Duglas Styuart şu aşakdakyny çap edip, wagyzçynyň sözüni graffiti tärinde müdimileşdirdi:

Bu çekinjeň we syrly şahyr Artur Steýs,
Ýeke-täk gudratly söz onuň ömrüniň bar manysyna öwrüldi,
Bu söz wagtyň we çägiň jümmüşinden gelýärdi,
Bu söz aýdyldy we ol ony eşitdi:
BAKYLYK, BAKYLYK.
Bu söz jaňyň sesi kimin ýaňlandy,
Ol göklerde ýaňlanyp, dowzaha hem ýaň saldy.

Ýeke-täk bir sözden ybarat bolan wagyz tutuş millete täsirini ýetirdi. Arturyň bu habary binagär Ridli Smit arkaly indiki nesillere ýetirildi: ol Sidneýiň merkezi meýdançasynda bürünçden ýadygärlik dikip, oňa "bakylyk" sözüni oýup ýazdy. Sidneýde geçirilen Olimpiýadanyň açylyşyna telewizorda tomaşa eden milliardlarça adamlar bu ýadygärligi gördüler. Soňra bu ýazgyny müňýyllygyň çalşan Täze ýyl baýramçylyk gijesinde Sidneýiň deňizlimanynyň köprüsinde parlak ýazgy görnüşinde hem görkezdiler.

*Bakylyk* adamzady özüme maýyl edýär. Onuň bu özüneçekijiligine garşy durup biljek ýekeje millet-de, halk-da, adam-da ýokdur. Biz ýüregimizde bakylyk we öz barlygymyza gelejekde nämeleriň garaşýandygyny bilmezlik düşünjesi bilen ýaradyldyk. Şonuň üçinde, Ýaradyjymyzyň bakylyk barada aýdan sözleri barada çuňňur oýlanmak örän wajypdyr. Onuň Sözünde şeýle diýilýär: "Owaldan bäri Men Olduryn... Meniň edenimi ýatyryp biljek barmy?" (Işaýa 43:13). (Iňlis dilinde "bakylykdan bakylyga çenli", *terjimeçiniň belligi*) Hut şu sebäpden hem siz şu kitaby saýlap aldyňyz. Men siziň paýhasly saýlaw edendigiňize ynanýaryn.

Geliň, ilki bilen dileg edeliň. Men şu dilegi siz hem meniň bilen edersiňiz umydy bilen sesli dileg etdim:

> Eý, Mähriban Bakylyk Hudaýy, ähli zadyň Ýaradyjysy, älemiň Rebbi, men Saňa Ogluň Isa Mesihiň ady bilen gelýärin. Seniň hyzmatkäriň Jon Biwer bilen ylalaşykda şu pursat görüp bilerim ýaly gözlerimi, eşidip bilerim ýaly gulaklarymy açmagyňy, şu habar arkaly aýdýanlaryňa düşünip, ony kabul etjek ýürek bermegiňi Senden haýyş edýärin. Men Seniň islegiňi we durmuşym babatda Seniň ýoluňy bilmekde Mukaddes Ruhuň kömegine mätäçdigimi boýun alýaryn. Men ýerdäki bütin ömrümde we bakylykda Seni hoşnut etmek isleýän. Seni tanarym ýaly, maňa diňe Öz ýollaryňy däl, eýsem Öz ýüregiňi-de açmagyňy haýyş edýärinn, sebäbi Seni Gökdäki Atam hökmünde tanamaklygyň özi bakylykdyr. Seniň ajaýyp wepadarlygyň, merhemetiň we rehim-şepagatyň üçin minnetdardyryn.

Geliň, özümiziň asla aň ýetirip bilmejek we düşünmejek zatlarymyzy Mukaddes Ruhuň açyp aýan etjegini bilip, bu ajaýyp syýahata ugralyň. Bu örän ajaýypdyr!

# BIRINJI BÖLÜM

# 1-NJI BAP

# EBEDI

*Ýüregimiziň parasatly bolary ýaly,*
*sanamagy öwret günlerimizi...*
*Hudaýymyz Taňryň merhemeti bize ýar bolsun.*
*Haýyrly et ellerimiziň işini,*
*hawa, ellerimiziň işi haýyrly bolsun!*
— Zebur 89:12,17

Adamlaryň köpüsi öz ömürlerini manyly ýaşasy gelýär. Bu Rebden gelýän dogry islegdir. Ýokarda mysal getirilen dilegde Musa hem şeýle dileg edýär. Durmuşda ýitirilen zatlaryň köpüsine dikeldip bolýar, ýöne nädogry sarp edilen wagty welin asla gaýtaryp bolýan däldir. Gün gözýetimiň aňyrsyna batan badyna şol günki gün bakylyga siňip gidýär.

Musa ellerimiňiziň işiniň haýyrly bolmagy üçin dileg edýär. Bu sözler iki gezek gaýtalanýar. Näme üçin? Musanyň ýatdaşlygy gowşak däldi, ol sowatsyz hem däldi. Tersine, ol bu ýerde ýewreý diline mahsus bolan kesgitli bir täri görkezýär. Belli bir zada ünsi çekdirmek üçin, biz iňlis dilinde birnäçe usullardan peýdalanýarys. Mysal üçin, has gara harplar bilen ýazýarys, kursiw, baş harplary, ýüzlenme belgisini ulanýarys. Bularyň bary okyjynyň ünsüni haýsydyr bir wajyp zada çekmek üçin edilýär. Ýewreý dilinde bolsa haýsydyr bir zada ünsi çekmek üçin şol jümläni iki gezek ýazýarlar. Belläp geçilmeli zat – ýewreý awtorlary emosiýalary beýan etmeklige örän seresaply çemeleşýärler. Mukaddes Ýazgylarda jümläniň iki gezek gaýtalanmagy Hudaýyň erk-isleginiň diňe bir ellerimiziň işiniň haýyrly bolmagy däl,

eýsem muny biz üçin tüýs ýürekden isleýändigini aňladýar. Onuň bu sözleri nygtap aýtmagy hem hut şu sebäplidir.

Biz üstünlikli bolmak üçin ýaradylandyrys. Hudaý biziň ömrümiziň manyly bolmagyny isleýär! Bu ilkibaşdan biziň islegimiz däl-de, Hudaýyň islegidi. Ol Muny Mukaddes Ýazgylar arkaly aýan edýär. Şu iki parçany dykgatyňyza hödürlemäge rugsat ediň: "Hudaýyňyz Reb her bir etjek işiňize bereket berer" (Kanun taglymaty 30:9). Üns beriň: *käbir* işleriňize däl-de, *her bir işiňize*! Şeýlede şu aýatlary okaýarys: "Goý, bu Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin. Şondaky ýazylanlaryň hemmesini dykgat bilen ýerine ýetirer ýaly, ony gije-gündiz aňyňda sakla, şonda seniň ähli işleriňde üstünlik we abadanlyk hemraň bolar" (Ýeşuwa 1:8).

Üstünligiň hözirini görmek üçin Hudaýdan gelýän pähim-paýhas gerekdir. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: "Pähim-paýhas gazanýan özüni söýýär, düşünjeliligi saklaýan bolsa rowaçlyk tapýar" (Süleýmanyň pähimleri 19:8). Pähim-paýhas bize bilim we wagtyň amatly pursadynda dogry çözgütleri kabul etmek başarnygyny berýär. Hakyky pähim-paýhas aýratyn zehinlilere berilmeýär; ol Rebden gorkýanlaryň baryna berlip, Isa Mesih arkaly açylýar. Baky manyly ömri ýaşamak üçin Hudaýyň pähim-paýhasy gerek. Şu kitap hem hut şu baradadyr.

Pähim-paýhasdan üstünlik döreýär, ol kanagatlandyrýar we sylaglaýar: "Paýhasly bolsaň, paýhasyň seni sylaglar" (Süleýmanyň pähimleri 9:12, iňlis dilinden terjime). Hudaý seniň üçin diňe üstünligi islänok, Ol seni sylaglamak isleýär. Biz şuny hem okaýarys: "Hudaý dogrularyň ýagşy işlerini gije-gündiz synlaýar we olary ebedi sylaglaýar" (Zebur 37:18, Täze halkara terjimesi).

Soňky ýyllarda ýygnaklaryň köpüsi Hudaýyň biziň üstünlikli bolmagymyzy isleýändigi baradaky delile ünsi dogry çekýär. Ýöne köp ýagdaýlarda olar bu üstünligi Hudaýyň ony görşi ýaly däl-de, jemgyýetiň ony kesgitleýşi ýaly görýär. Üstünligi bakylyk nukdaýnazaryndan däl-de, wagtlaýyn, ýagny panylyk nuk-

daýnazaryndan ölçeýärler. Bu ýagdaý düşünjäni gümürtikleýär we nädogry maksatlara we ymtylyşlara gönükdirýär. Günleriň bir güni biziň her birimiz älemiň Kazysy bolan Isa Mesihiň öňünde durarys we eger durmuşymyzy Hudaýyň pähim-paýhasyna daýanyp ýaşan bolsak, baky sylagy alarys.

Emma nädogry ymtylyşlar tarapyndan ugrukdyrylan bolsak, jeza sezewar edileris we baky ýitgi çekeris. Şonuň üçin-de, wagtymyzy Onuň näme isleýändigini bilmeklige sarp etmek wajypdyr.

Bu kitabyň maksady we manysy – diňe şu günki günde däl-de, eýsem bakylykda manyly durmuşda ýaşamaga kömek etmekden ybarat. Mukaddes Kitapda muny nädip amal etmelidigi aýdyň aýdylandyr. Eger biz bakylyga ymtylýan bolsak, geliň, munuň nämedigine düşünjek bolalyň.

## Bakylyk

Mukaddes Ýazgylaryň şu iki aýadyny ünsli okaň:

> Bakylyga hiç kim akyl ýetirip bilmez
> (Eýýup 36:26, Janly Mukaddes Kitap).

> Şeýle hem ebediligi ynsanyň ýüregine saldy
> (Wagyz kitaby 3:11).

Bakylyk. Bu näme? Oňa nähili kesgitleme berip bolar? Oňa nädip düşünse bolar? Düşündirişli sözlükleriň birinde oňa tükeniksiz wagt diýip kesgitleme berilýär, beýleki birinde bolsa wagtdan daşary bolan bir ýagdaý diýip kesgitleme berilýär. Näme üçin gözbaşlaryň biri oňa wagtyň çäklerindäki barlyk, beýlekisi bolsa wagtyň çäklerinden daşardaky barlyk hökmünde kesgitleme berýär? Näme üçin bu kesgitlemelere hiç düşündiriş berilmeýär? Eger ylmy kitaplaryň ikisi dünýädäki haýsydyr bir zada iki dürli kesgitleme berse, olaryň biri şübhe döretmezmi? Mysal üçin, kitaplaryň birinde balyga suwda ýaşaýan jandar diýip kesgitleme

berlip, beýleki bir kitapda-da oňa gury ýerde ýaşaýan jandar diýip kesgitleme berilýär diýeli. Biz iki kitabyň birinde nädogry maglumat berlen diýip, ony şobada zyňarys. Onda biz näme üçin bakylyk baradaky kesgitlemeleriň biri babatda şübhelenmeýäris we ony kellämizden aýryp taşlamaýarys?

Bakylyga akyl ýetirip bolmaýar. Biziň aňymyz baky konsepsiýalara we esaslara düşünmekde çäklidir.

Şeýle bir mysaly getirmegi ygtyýar ediň: älemiň ahyrky çägini göz öňüne getirjek boluň. Onuň daşky serhedini göz öňüne getiriň. Eger siz muny başarýan bolsaňyz, bu serhedi nähili görnüşde görýärsiňiz? Ol näme? Diwarmy? Ol nämeden edilen? Onuň galyňlygy nähili? Bu diwaryň daşky tarapy älemiň soňky nokady bolup durýarmy? Eger şeýle bolsa, onda diwaryň aňyrsynda näme bar? Ýene-de giňişlik barmy? Eýsem ol älemiň dowamy bolanokmy? Onuň ahyry niredekä? Siz älemiň çäksizligine aň ýetirip bilýärsiňizmi? Bu barada oýlanyp görüň.

Ýene-de bir mysal: düýpsüz çukur. Siz çukura tükeniksiz ýykylyşy göz öňüne getirip bilýäňizmi? Siz çukuryň düýbüne ýetip bilmersiňiz, hatda onuň düýbüni-de görüp bilmersiňiz; siz ýöne aşak gaçarsyňyz, gaçarsyňyz... Biziň sagdyn aňymyza iki zat hüjüm edýär: birinjisi – düýpsüzlik, ikinjisi – tükeniksiz aşaga gaçyş. Muňa düşünmek mümkin däl, bu ylmy toslama ýaly ýaňlanýar, emma Mukaddes Ýazgylarda bu barada ýedi gezek agzalýar.

Hudaýyň hut Özi, ynsanyň Ýaradajysy babatda näme? Onuň başlangyjy, dogrusy, Onuň başlangyçsyzlygy barada ýekeje minut oýlanyp görüň. Mukaddes Ýazgylar Onuň “ezelden ebedä çenlidigi” barada aýdýar. Eger Ol dogulmadyk bolsa, eger Ony hiç kim ýaratmadyk bolsa, onda Ol nädip şeýle Ýaradajy bolup başladyka? Ol nädip ösdükä? Hakykat bolsa şundan ybarat: Ol Hudaý bolup dogulmady, mezmurçynyň aýdyşy ýaly, “Daglar emele gelmezden ozal, topragy, älem-jahany ýaratmazyňdan ozal, ezelden ebedä çenli bolan Hudaý – Sen” (Zebur 89:3).

Bu barada oýlanyp görüň. Şonda Eýýup pygamberiň “Bakylyga hiç kim akyl ýetirip bilmez” diýip aýdyşy ýaly, muňa akyl ýetirip bolmaýandygyny ýüze çykararsyňyz

## Ýüreklerdäki bakylyk

Akylymyza sygmaýan hakykaty Hudaý biziň ýüregimize sygdyrdy. Bakylyk biziň ýüregimize tanyşdyr. Ol her bir adamda dogulýar. Şonuň üçin-de, “Akmak adam *ýüreginde*: ‘Hudaý ýok’ diýýär” diýlip aýdylýar (Zebur 13:1, nygtama awtordan). Üns beriň, Mukaddes Ýazgylar “Akmak adam *aňynda* ... diýýär” diýip aýtmaýar. Hudaýyň barlygyny hyjuwly ret edýän ateistler öz ýüreklerinde Onuň bardygyny bilýärler, sebäbi bu bilim ýürekde ýerleşdirilendir. Olaryň ýüregi bütünleý zaýalanma derejesine çenli gatamadyk.

Meniň bir dostum bar. Ol mundan köp ýyl ozal özüni güýçli ateist hasaplaýardy. Ol hiç kime özi bilen Hudaý barada gürrüň açmaga ýol bermezdi. Ol hatda günleriň birinde işdeşiniň elinden Mukaddes Kitaby güýç bilen alyp, ony ýere zyňdy-da, işdeşine we Hudaýa gargap, ony depgiläp başlady. Ol bu mesihini mejalsyzlykda we akylsyzlykda aýyplapdy.

Köp ýyl geçenden soň bu barypýatan ateist gursagynda elhenç agyrylary duýup başlady. Lukmanlar onuň döş kapasasyny açypýapdylar-da, ýigrimi dört sagatdan gowrak ömrüniň galandygyny aýtdylar.

Agşam düşeginde ýatyrka, ol bakylyga – asla gitmek islemeýän mekanyna gönükýändigine düşündi. Emma ol bu barada hiç zat bilmeýärdi, sebäbi Mukaddes Ýagylar barada gürrüň bermäge hiç haçan ýol bermändi. Belki, bakylyk onuň ýüregindedi, sebäbi Mukaddes Ýazgylar bütin adamzat barada şeýle diýýär: “Bu adamlara Hudaý hakda bilip bolýan zatlar mälimdir, sebäbi Hudaýyň Özi bulary olara mese-mälim etdi” (“Olar Hudaý baradaky hakykaty syzýarlar. Bu bilimi olaryň ýüreklerine Hudaýyň hut Özi saldy”, iňlis terjimesi) (Rim.1:19).

Şol gije onuň ýüregi togtady. Ol öz bedeninden çykyp, tümlüge inip başlady. Tümlik şeýle bir goýudy welin, ol özüni hamala oňa gaplanan ýaly duýýardy; ýagtylykdan nam-nyşan ýokdy. Tümlüge uzak wagt gaçandan soň, ol ezýet çekýän janlaryň depe saçyňy düýrükdirýän aýylganç seslerini eşitdi. Möwjeýän bir güýç ony dowzahyň derwezelerine çekýärdi, ýöne ol birden janlanyp, öz bedenine dolandy.

Ertesi gün ol tanaýan ýeke-täk mesihi dostuna jaň etdi. Dosty gelip, oňa Isa Mesihiň halas edýändigi wagyz etdi. Ol Isa Mesihi öz Halasgäri hökmünde kabul eden badyna, dosty onuň gutulyşy üçin dileg etdi. Şondan üç hepde geçenden soň bu adam hassahanadan çykdy we şu wagt – şu kitaby ýazyp otyrkam, ol heniz hem sag-aman ýaşap ýör. Bu hakyky gudrat.

Bu adam ateistkä Hudaý ýok diýip ykrar edýärdi, ýüreginde welin bakylyk ýaşaýardy. Hudaýy diňe bir aňynda däl, eýsem ynsap derejesinde ýüreginde inkär edýän adam barypýatan akmakdyr. Şeýle adama gepiňi düşündirmek mümkin däl. Haýsydyr bir zat babatda aňda ynamly bolmak bir zat (ony üýtgedip bolýar), ýüregi gatatmaklyk welin bütinleý başga zat. Mukaddes Ýazgylar boýunça Ýungeriň düzen täze sözlügi şeýle kesgitleme berýär: “Mukaddes Ýazgylarda göz öňüne tutulýan akmak Hudaýdan bolan gorkyny ret edýär, ol Hudaýyň dogrulygynyň baky esaslaryna äsgermezlik edip, munuň üçin jeza çekmez diýip pikir edip, şoňa laýyklykda hereket edýän kişi”.

Hakykatda bolsa akmak adam aňynda Hudaýyň bardygyny bilip-de, Ony ýüreginde ret edip bilýär. Bu onuň ýaşaýyş ýörelgesinden mälim bolýar. Hudaýdan bolan gorky ýüregimizi Mukaddes Ruh üçin açyk saklaýar; biz bu gorkyny ýitirenimizde, hiç umyt galmaýar. Pawlus şeýle ýazypdy: “Eý, doganlar, Ybraýymyň nesilleri! Eý, Rebden *gorkýan* keseki milletler! Halasgärimiz baradaky bu habar bize berildi” (Resullar 13:26, awtoryň nygtamasy). Baky durmuşyň Sözüni diňe Hudaýdan gorkýan adamlar eşitmäge ukyplydyr.

## Bakylygyň kesgitlemesi

Bakylyga akyl bilen aň ýetirip bolmaýandygyna garamazdan, ol biziň ýüreklerimizde ýerleşdirilendir. Bakylyga kesgitleme bereniňizde, ýüregiňiz bilen diňlemegiňizi haýyş edýärin, sebäbi bu tutuş kitapdan peýdaly zatlary bilmegiňiz üçin gerekdir. Muny nädip etmeli? Ilki bilen Mukaddes Ruhuň kömegine mätäçdigiňizi boýun alyp, Ondan kömek soramaly; biz muny Sözbaşyda eýýäm edipdik. Mukaddes Ruh siziň aňyňyza däl-de, içki adamyňyza gürlär. Ikinjiden, hakykat ýüregiňize galtaşanda, oýlanmak üçin säginiň. Şu kitaby okanyňyzda howlukmaň. Gyssanyp okasaňyz, okanyňyzyň haýry degmez. Müdimilik bolan Hudaýyň Sözüniň täsirini doly derejede duýmak üçin, şu iki kadany ulanyň, şonda siz ebedelik özgerersiňiz. Dawut pygamber mezmurynda şeýle diýýär: “Saňa garşy günä etmäýin diýip, wadaňy ýüregimde aýap sakladym (Zebur 118:11). Okanyňyzda diňe aňyňyz bilen okamaň, sebäbi şeýle edilende okalan zatlar aňsatlyk bilen unudylýar ýa-da ýitirilýär. Dilegler we öwrenmeklik arkaly Hudaýyň Sözüne ýüregiňize aralaşmagyna ygtyýar ediň.

Bakylyk tükeniksizdir. Emma gürrüň wagt barada däl, sebäbi bakylyk oňa tabyn däldir. Bakylyk wagtdan üstün gelýär. Bakylyk barada tükeniksiz dowamlylygyň kategoriýalary bilen pikir ýöretmek onuň doly manysyny sypdyrmaklygy aňladýar. Bakylyga has oňat düşünmek üçin, biz Hudaýyň hut Özüne seretmelidiris. Ol güýçde, bilimde, danalykda, düşünjede, şöhratda çäklendirilmedikdir. Ol Biribardyr, Ol ebedi bardy we ebedi-de Hudaý bolar. Onuň ady - “Ebedi Ata” (Işaýa 9:6). Robert Ýangyň sözme-söz terjimesinde Ol barada “Bakylygyň Atasy” diýilýär. Onuň ady Ebediligiň “Ebedi Şasydyr” (1 Tim. 1:17). Baky zatlaryň bary Ondadyr. Ondan daşary bolan zatlaryň bary wagtlaýyn we üýtgemelere sezewardyr. Haýsydyr bir zadyň oňat, ähmiýetli, güýçli ýa-da uzakwagtlaýyn görünmegi wajyp däl, sebäbi olaryň bary ahyr-soňy ýiter. Hatda ýer bilen gök-de üýtgär, Ol welin asla üýtgemez:

> “Ýa Reb, Sen gadymyýetde ýeriň binýadyn tutduň, gökler hem Seniň elleriňiň işidir. Olar ýitip gider, Sen bolsa dowam edersiň, olar köne eginbaş kimin dargap giderler. Sen olary köýnek kimin düýrlärsiň; olar tozup gidýän eginbaş kimin çalşyrylar. Emma Sen hiç haçan üýtgemersiň, soňy ýokdur Seniň ýyllaryň” (Ýewreýler 1:10–12).

Ol diňe bir tamamlananok, Ol hatda asyrlarboýy üýtgemez. Mukaddes Ýazgylar şuny jar edýär:

> “Ähli ynsan otluk kimindir, onuň bar görki meýdan güli kimindir. Ot gurap gider, güli hem solar, emma Rebbiň sözi ebedi galar” (1 Petrus 1:24,25).

Ol bakydyr, şonuň üçin Onuň sözleri-de ebedidir. Hudaý ýalan sözläp bilmeýär, Onuň sözi mizemezdir. Eger bu şeýle bolmadyk bolsady, onda ähli zat daşky tümlüge opurylardy. Sebäbi Ol nurdur we ähli zady Öz Sözüniň güýji bilen saklaýandyr. Onuň aýdanlary mizemezdir, ýogsa Ol ebedi bolmazdy. Bu mäkäm binýat bolup, biz durmuşymyzy onuň üstünde gurup bilýändiris.

## Ebedi hökümler

Biziň günlerimizde adamlaryň köpüsi öz durmuşlaryny baky binýatda, Hudaýyň sözüne esaslanayp gurmaga derek ony medeni däp-dessurlara, Hudaý baradaky şahsy pikirlerine ýa-da emosional duýgularyna esaslanyp gurýarlar. Bu diňe iman etmediklere däl, eýsem imanly mesihileriň hem köpüsine degişlidir. Haýsydyr bir wagtlaýyn zady baky hakykat hasaplap, oňa ynanmak nähili elhenç! Şeýle ýagdaýda siziň binýadyňyz durnuksyzlygy zerarly weýran bolar. Azaşandygyňyza düşünmän, ýalan zada ynanarsyňyz.

Men baky bolmadyk zatlara ynanýan adamlara örän köp duşýaryn. Olaryň käbirleri maňa Hudaýa we Onuň Ogluna bolan imanlary barada gürrüň berýärler, ýöne olaryň iman edýänleri Mukaddes Ýazgylarda aýan bolýan Hudaý we Ogul däldir. Bu ýalňyşlyk aňlarynyň jümmüşine çuň aralaşýandyr. Adam neneň edip

jemgyýetiň täsiri astynda emele gelip, Hudaýyň tebigatyna garşy bolan öz şahsy düşünjelerine ynanyp bilýarkä? Isa Mesih şeýle diýipdi:

> “Meni ret edip, *sözlerimi kabul etmeýäne ahyrky günde Meniň hut şu aýdýan sözlerim hököm çykarar.* Sebäbi Men Öz-Özümden geplemedim. Meni iberen Ata näme aýtmalydygymy, nähili sözlemelidigimi Maňa Özi buýurdy (Ýohanna 12:48,49).

Höküm güni dünýäniň esaslandyrylylan pursadyndan bäri bellenilendir (ser.: Resullar 17:31). Bu gün hakykatyň täze aýanlygyny getirmez; tersine, hemme zat ozal aýdylan sözlere göra kesgitlenilendir. Bu ahyrky günde bize şindi özümizde bar bolan Onuň Sözi kazylyk eder. Baky. Gutarnykly. Kadadan çykmalar, bellikler we üýtgeşmeler ýok. Eýsem Hudaý näme diýdikä diýip, ýalňyş pikirlere eýerenden, Onuň Sözüni bilmekden peýda alyp, Oňa görä ýaşamaklyk has gowy dälmi näme?

Şol gün boljak ahyrýet kazylyga ebedi höküm diýilýär (ser.: Ýewreýler 6:2). Başga sözler bilen aýdanymyzda, Onuň Sözüne görä ýaşap-ýaşamandygymyza görä kabul ediljek hökümler bakylygy nähili geçirjekdigimizi kesgitlär! Bu hökümleri asla üýtgedip bolmaýar, şonuň üçin-de olara *ebedi hökümler* diýilýär.

Köp imanlylar iman etmeýän adamlar ýaly ozaldan bellenilen we golaýlaýan höküm gününe biperwaý garaýarlar. Olar Mukaddes Kitabyň esaslaryndan uzak bolan ýalan konsepsiýalara bil baglaýarlar. Käbirleri Hudaý olaryň ýagşy işleriniň ýaman işlerinden köpdügini görende, özlerine rehim eder diýip pikir edýärler. Iman edip, gaýtadan doglanlar bolsa hemmeden köp haýrana galar: olara Isa Mesih Halasgärleri bolany üçin, Onuň öňünde jogap bermäge durmazlar diýip öwredipdiler. Ähli zat öz-özünden gülala-güllük bolar diýip pikir edýänler-de bar. Olar Mukaddes Ýazgylardan bolmadyk rehim-şepagata bil baglaýarlar.

Täze Äht şu konsepsiýalaryň birini-de öwretmeýär. Adamlaryň aňynda dörän bu we beýleki köp teoriýalar wagtlaýyndyr, olar baky däldir we kyýamat gününde durup bilmezler. Köp erkekler we aýal-

lar (men olaryň aglaba bölegininiň özlerini mesihi saýýan imanly boljakdygyna ynanýaryn) kyýamat gününde sarsgyna duçar bolarlar.

## Kyýamat günündäki ynamlylyk

Biz hüküme gorky bilen barmaly däl, tersine, biz oňa ynam bilen baryp bilýäris.

> Şeýlelik bilen söýgi bizde kämilleşip, kyýamat güni bize ynam berer. Sebäbi biz bu dünýäde edil Mesih ýaly ýaşaýarys (Biz Hudaýda ýaşanymyzda, söýgimiz kämilleşýär. Biz hüküm gününden gorkmaýarys, tersine, oňa ynamly baryp bilýäris, sebäbi bu dünýäde edil Isa Mesih ýaly ýaşaýarys. Täze halkara terjime) (1 Ýohanna 4:17, iňlis dilinden terjime).

"Biz Hudaýda ýaşanymyzda, söýgimiz kämilleşýär" diýen sözlere üns beriň. Ebedi hüküm gününde boljak ynamlylygymyzyň gözbaşy bizde mesgen tutan Hudaýyň söýgüsi bolup durýandyr. Hut şu ýerde köpler ýalňyşlyk goýberýärler. Olar Hudaýyň söýgüsine ebedelik nukdaýnazaryndan däl-de, wagtlaýyn zatlaryň nukdaýnazaryndan garaýarlar. Köp ýagdaýlarda söýgi, rehimdarlyk jemgyýetde, käwagt bolsa ýygnaklarda hem beýgeldilip, ynsan özlçegleri bilen kesgitlenilip, Hudaýyň söýgüsine gapma-garşy gelýändir. Giňden ýaýran ýagdaýyň birnäçesini mysal getireýin.

*"Biz biri-birimizi söýýäris we öýlenmek isleýäris"*. Şeýle jümläni nikalaşmazdan bile ýaşap ýören jübütlerden eşitseň bolýar. Bular soňra nikalaşjakdygyna garamazdan, olaryň şindiki edýänleri günädir. Men şeýle diýýänleriň soňra asla öýlenmeýändiginiň diri şaýady. Olar aýdyň aýdylan parzy undýarlar: "Goý, hemmeler nika hormat goýsun, är-aýal düşegi günä bilen hapalanmasyn. Hudaý ahlaksyzlary we zynahorlary hüküm eder" (Ýewreýlere 13:4). Üns beriň, bu ýerde gürrüň ýygnakdan daşardaky zynahorlara däl, eýsem şeýle tärde ýaşaýanlaryň baryna degişlidir.

*"Men ähli hakykaty aýtmaýanlygymy bilýärin, ýöne bu şertnama baglaşmaga kömek eder"*. Şeýle jümläni telekeçilerden eşidip

bolýar. Olar özleriniň oňat saýýan harydyny satmak isleýärler, ýöne alyjyny “tutmak” üçin, harytlaryny öwmekde ýalan sözläp goýberýärler. Bu diňe ýalançylyk günäsi däl: bu şertnamalar diňe şeýle jümläni diýýänler üçin bähbitli bolýandygy mälimdir. Eýsem olar “...hemme ýalançylaryň (bilgeşleýin ýalan sözleýänleriň ýa-da nähak iş edýänleriň) paýyna ýanýan kükürtli ot köli düşer” (Aýanlyk 21:8) diýen duýduryşy unudaýdylarmyka?

*“Meniň bu adam barada aýdýanlarym hakykat”.* Şeýle jümläni öz kärdeşlerini, dostlaryny ýa-da goňşularyny ýaramaz tärde görkezmek isleýän adamlardan eşidip bolýar. Olar şeýle diýmek bilen, şol adamlary söýýändiklerini we alada edýändiklerini nygtaýarlar, aslynda welin bu gybatdyr. Gepiň tümmek ýeri – olar ähli zady dogry aýtsalar-da, ebedi standartlara laýyklykda nädogry hereket edýär. Nuh pygamberiň körpe ogly Ham ýadyňyzdamy? Ol atasynyň şerapdan julk bolup, ýalaňaç ýatandygyny doganlaryna habar beripdi. Hamyň aýdanlary hakykatdy, ýöne onuň bu hereketiniň netijesi näletlenme boldy: Ham-da, onuň ähli nesilleri-de näletlendi. Eýsem gybatçylar we şikaýatçylar imanlylara berlen tabşyrygy unutdylarmyka? Bu tabşyryk, ine, şeýledir: “Eý, doganlar, özüňize höküm edilmez ýaly, biri-biriňiziň garşyňyza şikaýat etmäň. Ine, Kazy bosagada dur!” (Ýakup 5:9).

Şeýle mysallaryň tükeniksiz sanyny mysal getirip bolýar. Olaryň umumy bir zady – ählisi Hudaýyň ebedi islegine gapma-garşy gelýänligi. Ilkibada göräýýmäge bigünä hereket şeýle adamlaryň ýygnaga gatnamagy gorkuzýan ýagdaý. Olar hoşamaý görnüp, köpçülik tarapyndan göreldeli jemgyýet agzalary hökmünde kabul edilýär. Ýöne ebedelik olara nähili baha berýär? Ýohanna öz habarynda Hudaýyň söýgüsini nädip ösdürmelidigini düşündirýär.

> “’Hudaýy tanaýaryn’ (Ony *(Isa Mesihi)* tanadym, Oňa düşündim) diýibem, Onuň buýruklaryny (taglymatyny) berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat (Hoş Habaryň hakykaty) ýokdur. Emma Hudaýyň sözüni berjaý edýän (ony hazyna kimin gorap saklaýan) adamda (Hudaýyň parzlaryny aňynda saklap, olara bakylyk nuk-

> daýnazaryndan garaýan adamda) Onuň söýgüsi hakykatdanam kämildir. Ine, biz Hudaý bilen ýaşaýandygymyzy şeýdip bilýäris" (1 Ýohanna 2:4,5 giňişleýin terjime, nygtama awtordan).

Ýadyňyza salyň, biz Beýik Kazynyň öňünde diňe Hudaýyň kämil söýgüsi arkaly durmaga milt edýändiris. Ýohanna Hudaýyň söýgüsiniň jemgyýetiň dogry hasaplaýan hereketlerini etmekde däl-de, Onuň tabşyryklaryny berjaý etmekde kämilleşýändigini aýdyň aýdýar. How enäni ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtyň erbet tarapy däl-de ýagşy tarapynyň özüne çekendigini unutmaň: "Aýal bu agajyň miwesiniň iýmit üçin *gowudygyny*, göze *ýakymlydygyny*...gördi". (Gelip çykyş 3:6, nygtama awtordan). Adamyň gözi we düşünjesi üçin gowy, ýakymly bolsa-da, Hudaýyň ebedi islegine garşy bolan zatlar zatlar bardyr. Olar ebedi bolman, günleriň birinde zym-zyýat bolar.

Mukaddes Ýazgylar Hudaýyň tabşyryklaryny bölekleýin berjaý etmek arkaly höküm gününde Rebbiň öňünde hamala ynamly durup bileris diýip öz-özümizi ynandyryp bilýändigimiz barada aýdýar. Emma diňe Hudaýyň Sözüni dolulykda ünsli we ykjam berjaý eden ýagdaýymyzda Onuň söýgüsi kämillik derejesine ýetýändir. Şonuň üçinde Hudaý bize merhemet berýär. Bu merhemet öz gezeginde bize Onuň Sözüne Onuň isleýşi ýaly bütinleý tabyn bolmaga gujur-gaýrat berýär. "Şonuň üçin hem mizemez şalygy kabul etmek bilen, merhemeti gorap saklalyň we ol arkaly Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň..." (Ýewreýlere 12:28).

Asyl many jemgyýetiň ýa-da adamyň oňat saýýan zatlaryny däl-de, Patyşanyň agtarýan we isleýän zatlaryny bilmekden ybaratdyr. Hudaý bize şeýle diýýär: "Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi täzeläp, özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal edýändigini, nämäniň oňat we kämildigini bilmegi başararsyňyz" (Rimliler 12:2). Biziň medeniýetimiz üçin oňat görünýän zatlaryň Hudaýyň isleglerine – baky isleglere gabat gelmezligi mümkindir.

Mysal getirmegi rugsat ediň. Şu pursat men Singapurdaky myhmanhanada otyryn. Dynç güni men ozal birnäçe gezek gelen bu ajaýyp şäherimde ýigrimi müňe golaý adamyň öňünde wagyz ederin. Men Gollandiýada hem birnäçe gezek wagyz edipdim. Bu ýurtda marihuanany ýanyňda göterip gezmek ýa-da ony çekmek kanunlaryna laýyk gelýär. Adamlar jeza çekmekden howatyr etmän, muny açaçan edip bilýärler. Emma Singapurda welin adamy neşäniň hatda ujypsyzja mukdary bilen tutulaýsa, ol tussag edilip, berk jeza çeker. Neşäniň käbir görnüşini tapaýsalar welin, dar agajyndan asmak bilen jezalandyrýarlar! Serhetden geçilende, her bir adama “Singapuryň kanunlaryna laýyklykda neşe satýanlar ýa-da ony ýaýradýanlar ölüm jezasyny çekýändirler” diýen ýazgyly kartoçka gowşurylýar.

Indi şuny göz öňüne getirip görüň: öýünde neşe çekmäge endik eden gollandiýaly ýaş ýigit Singapura gelip, ýerli ýaşaýjylara neşe hödürleýär diýeli. Ol açyk göwünlik bilen dostlaryna: “Eý, oglanlar, bu diýseň ajaýyp zat. Ol köşeşdirýär, lezzet berýär we ähli aladany unutdyrýar. Dadyp göresiňiz gelýärmi? Men muny höwes bilen hödür edip bilýärin!” diýýär.

Ony şobada tussag ederler. Ol aňk-taňk bolup polisiýa ofiserlerinden ilki bilen sorajak zady: “Meni näme üçin tussag etdiňiz?” bolar.

Hüküm çykaryljak güni ýetip gelýär. Adam kazynyň öňünde bolup geçýän zatlar düşünmezlik sebäpli dörändir diýip berk ynanýar. Emma kazy ony günäkär diýip yglan edýär-de, jezany mälim edýär.

Ýaş ýigit gulaklaryna ynanman: “Siziň alyhezretleriňiz, men neşäni aç-açan çekmäge rugsat edilen ýurtdan geldim-ä” diýýär.

Şonda kazy jogap berip, şeýle diýýär: ”Siz Gollandiýada däl-de, Singapurda, bu ýurtda kanun neşe çekmegi gadagan edýär!”

Gollandiýaly ýigidiň ynamlylygy ýitip başlaýar, ýokary kazyýetiň öňünde özüni aklara tutarygy ýok, ol jeza çekmeli.

Birnäçe ýyl mundan ozal Singapura sapar bilen baranymda, ýaş amerikan ýigidini awtoulagyň üçindäki zady ogurlamak maksady bilen ony döwüp açandygy üçin tutdular. Ony höküm edip,

rotang bilen birnäçe gezek urmak jezasyny bellediler. Şeýle jeza adamyň saglygyna zyýan ýetirýär, sebäbi urgy himikatlar siňdirilen bambuk taýaklary bilen urulýar. Bu ýigide hatda Prezident Klinton hem kömek etjek boldy, emma muny başarmady. Sebäbi ýaş ýigit Singapuryň kanunyny bozupdy we jeza çekäýmelidi.

Biziň ählimiz günleriň birinde älemiň ýokary kazyýetinde dik durarys. Bu kazyýetiň hökümi gutarnykly we *ebedi* bolar. Köpler şok ýagdaýynda bolar, emma munuň öňüni alyp bolýandyr.

Siz muňa taýynmysyňyz? Hudaýyň Sözüne laýyklykda, biz tutuş älemiň Kazysynyň öňünde ynamly durup bileris. Bu kitap size taýynlanmaga kömek etsin diýip ýazyldy. Eger gollandiýaly şol ýigit wagt tapyp, Singapura gitjek saparyna taýynlyk gören bolsa, jezadan gutulardy. Biziň üçin şu pursat örän wajypdyr, sebäbi Kyýamat güni çykaryljak höküm ebedi bolar.

## Sylaglar

Kazylygyň birnäçe görnüşi bolar: biri imanlylar we biri hatda perişdeler üçin bolar. Kabul ediljek hökümler-de dürli-dürli bolar. Jezalar we ýitgiler bolar; sylaglar hem bolar. Biz bu barada indiki baplarda has giňişleýin gürrüň ederis, ýöne maňa ýene-de bir gezek şuny gaýtalamaga rugsat ediň: kabul ediljek hökümler gutarnykly we ebedi bolar. Muňa artyk baha bermek mümkin däl (bakylygy göz öňüne getirjek bolup görüň). Hudaý biziň bu zatlary öňünden bilip, sylaglara ymtylmagymyzy isleýär. Pawlus şeýle diýýär:

> Ýaryşa gatnaşýan ýüwrükleriň hemmesi ylgasa-da, baýragy diňe biri alýandyr. Siz-de baýrak alar ýaly (ýaryşyňyzy) şeýle ylgaň. Ýaryşa gatnaşýan her kes özerkliligi türgenleşdirýändir. Ol muny wagtlaýyn bir täji almak üçin edýär. Biz bolsa muny baky täji almak üçin edýändiris. Şoňa görä-de, men maksatsyz ylgaýanlar ýaly ylgamaýaryn, howany ýumruklaýan kişi ýaly hereket etmeýärin. Ýok, men Hoş Habary başgalara wagyz edenimden soň, ýaryşa gatnaşmakdan mahrum edilesim gelmeýär. Şonuň üçin-de, bedenimi türgenleşdirip (oňa berk daraşyp, ony kynçylyklar arkaly türgenleşdirip), ony özüme tabyn edýärin (1 Korintoslylar 9:24–27, giňişleýin terjime).

Ol: “Men maksatsyz ylgaýanlar ýaly ylgamaýaryn” diýip aýdyň aýdýar. Terjimeleriň birinde şeýle diýilýär: “Men her ädimim üçin maksat goýup, göni sylaga tarap ylgaýaryn” (Täze halkara terjimesi). Her bir adam hem hut şeýle etmelidir: ýeňmek maksady bilen ylgamalydyr. Biziň bäsdeşlerimiz ýok, sebäbi biz biri-birimiz bilen däl-de, öz-özümiz bilen ýaryşýarys.

## Bakylykdan ylhamlanýanlar

Kazylyk gününde hemme zat öz-özünden gülala-güllük bolar öýtmek töwekgellikldir. Biz bahana tapyp bilmeris, sebäbi Hudaý bize Öz islegi baradaky bilimi bize elýeter etdi. Höküm gününde köp adamlar özlerini başga adamlar bilen deňeşdirip, olara garanda dogry hereket edendiklerine ynanarlar. Emma olar bakylyga öz durmuşlaryny ugrukdyrmaga we ony kesgitlemäge ygtyýar eden däldirler. Şonuň üçin-de, bu kitabyň ady – “Bakylykdan ylhamlanýanlar”.

*Ylhamlanýanlar* diýmek – bu adamlary haýsydyr bir zadyň herekete getirýändigini, gönükdirýändigini we gözegçilik edýändigini aňladýar. Şeýle-de bu söz olary haýsydyr bir zadyň höweslendirýändigini aňladýar. Biziň ýerdäki durmuşymyz nämeden ylhamlanýar ýa-da näme arkaly gönükdirilýär? Baky zatlardanmy ýa-da pany zatlardan? Ol Hudaýyň danalygyna daýanýarmy ýa-da ýok? Biz özümizi başgalar bilen deňeşdirýärismi? Öwgi, ýaranjaňlyk sözlerine gulak gabartýarysmy? Käbir taglymatlaryň öwredýän däp-desurlaryna we rowaýatlaryna eýerýärismi? Üstünde öz durmuşymyzy bina eden binýadymyz Höküm gününde Onuň öňünde durup bilermi? Ýa-da biziň edenlerimiziň bary bütinleý ýitip gidermi? Biz kazyýetde haýsy sözleriň kesgitleme hökmünde boljakdygyny bilýäris: “...ahyrky günde Meniň hut şu aýdýan sözlerim höküm çykarar” (Ýohanna 12:48).

Ýokarda aýdylyşy ýaly, Isa Mesihiň kazylygynyň öňünde durjaklaryň köpüsi şok ýagdaýyna düşer. Olaryň köpüsi özleri-

ni mesihi diýip atlandyrýan adamlar bolar! Olar hakykaty ünsli öwrenmeklige biperwaý garaýardylar we Täze Ähtiň öwredýän zatlarynyň diňe bir bölegini kabul edip, özlerini howpsuzlykda duýýardylar. Sizden şuny sorasym gelýär: siz hakykaty haçan bilmek isleýäňiz? Ebedi höküm kabul edilip, juda giç bolandamy ýa-da höküm ediljek standartlary bilmek üçin şindi?

Indiki bapda allegoriki waka gürrüň berlip, ol birnäçe baby eýelär. Ünsli okaň we jikme-jikleri ýatda saklaň, sebäbi biz kitabyň dowamynda olara gaýta-gaýta dolanarys. Bu wakanyň beýanaty sekizinji bapda tamamlanýar, ahyrky baplarda bolsa açylan hakykat barada gürrüň edris. Kitap boýdan-başa allegoriýalardan ybarat, şonuň üçin-de ony ünsli okaň. Kitaby okaýarkaňyz, belki, yzyňyza dolanyp, käbir zatlary anyklasyňyz geler. Eger şeýle bolsa, dolanyň-da, anyklaň.

Şu kitapda gürrüň berýän wakalarymyzyň aglaba bölegi meniň şahsy durmuş tejribelerimden alnandyr. Olar bilen Hudaý iş salyşdy. Men goýberen köp ýalňyşlarym barada gürrüň bererin, Mukaddes Ruh olary Öz hakykatyna görä jikme-jik derňedi. Kyýamat gününde berk durup bileriňiz ýaly, şu kitap sizde Mukaddes Ýazgylary çuňňur öwrenmäge isleg döreder diýip umyt edýärin. Men size jemgyýetimizde ýörgünli bolan ýalňyş ýörelegeler barada gürrüň bererin. Bu ýörelgeler köp erkekdir aýallary Halasgärlerinden çetleşmäge mejbur edýärler. Kitabyň käýerlerinde siz sarsgyn duýmagyňyz mümkin, ýöne ondan soň wadalar, umyt we teselli geler.

Eger siz batyrgaý bolsaňyz, hakykaty küýseýän bolsaňyz, ýüregiňiz-de Hudaýa degişli bolsa, geliň başlalyň. Siz asla ökünmersiňiz! Şu aşakdaky sözleri tüýs ýürekden kabul ediň:

> Hudaýyň merhemeti bizi Onuň bilen ýaraşdyryp, durmuşymyzy gaýdyp berdi, bize gelejekde mundan has beýik ýaşaýyş – baky ýaşaýyş garaşýar! Siz muňa umyt baglap bilersiňiz. Men Hudaýa bil baglaýanlaryň her kes üçin iň wajyp we peýdaly zatlara ähli ünsüni gönükdereri ýaly, siziň munda berk durmagyňyzy isleýärin (Titus 3:7,8, The Message terjimesi).

## 2-NJI BAP

# AFFABEL ŞALYGY: ENDELDÄKI DURMUŞ

*Isa olara tymsallar (hakykaty düşündirmek üçin mysallar ýa-da deňeşdirmeler) arkaly köp zatlar öwretdi we olara şeýle diýdi...*
— Markus 4:2 (giňişleýin terjime)

Birwagtlar biziňkä meňzeýän, ýöne şonda-da köp zatlarda tapawutlanýan bir dünýä bardy. Bu dünýäde biri-birine garaşsyz milletler ýokdy, Affabel diýip atlandyrylýan şalyk bütewidi. Belli bolan tutuş dünýäni eýeleýändigine garamazdan, onda ýeke-täk bir paýtagt bolup, tutuş döwlet şondan dolandyrylýardy. Paýtagtyň ady Beýik şäher Affabeldi, biz ony mundan beýläk ýöne Affabel diýip atlandyrarys.

Bu ajaýyp dünýä Jalin atly görnükli patyşa ýolbaşçylyk edýärdi. Patyşa Jalin öz raýatlary tarapyndan sylanylýardy we örän hormatlanylýardy. Ol raýatlaryny söýýärdi, bu söýginiň çeni-çaky ýokdy. Ol örän güýçli we danady, şol bir wagtyň özünde-de rehimli we şadyýandy. Jalin öz derejelerine garamazdan, örän golaýdy we elýeteredi. Onuň huzurynda bolýan her kes rehim bilen gurşalýardy. Onuň huzury raýatyň durmuşynyň islendik çägini has uly derejä ýetirýärdi. Jalin adamlaryň hereketleriniň aňyrsynda ýatan zatlary görüp başarýardy, ol olaryň ýürek niýetlerini-de görüp bilýärdi.

Affabeliň düýbüni tutan Jaliniň atasy patyşa Ata-Esaslandyryjy ady bilen bellidi. Ol tertip-düzgüni ýola goýup, baştutanlygy we dolandyryşy öz ogluna beripdi. Beýik şäheriň ýaşaýjylary şa-

lygyň beýleki çäklerinde Jaliniň dolandyryşyny goldamaga kömek edýärdiler. Tutuş şalyk köpbasgançakly dolandyryş ulgamy arkaly paýtagtdan dolandyrylýardy.

Şäher ägirt meýdany (takmynan 200 inedördül kilometri) eýeleýärdi. Onuň ilat sany juda köp bolsa-da, örän paýhasly gurnalany üçin ilat sany artykmaç däldi. Ol ýaýlalar we mülkler bilen gurşalandy. Bu mülklerde zahmetkeşleriň sadaja jaýlary (biziň dünýämizde şeýle jaýlar aňrybaş owadan jaýlar saýylardy) bardy. Bu mülkleriň ýaşaýjylary agyr zähmet çekýändiklerine garamazdan, şapaýtagtyň ýanynda ýaşap bilýändiklerine begenýärdiler. Baýyrlaryň demirgazyk we günorta taraplarynda döredijilik bilen meşgullanýan adamlaryň öýleri ýerleşýärdi. Olar sazda, surat çekmekde, bezeg işlerinde örän ussatdylar. Olaryň öýleri has haşamly bolup, adaty zähmetkeşleriňkiden has gymmatdy.

Şäheriň iň ajaýyp bölegi gündogar tarapydy; ol ýerde ajaýyp kaşaň jaýlar bardy. Şäheriň bu bölegi Şa merkezi diýip atlandyrylýardy. Şa we onuň ýakyn kömekçileri wagtynyň aglaba bölegini bu ýerde geçirýärdiler. Ýolbaşçylyk topary we sosial üpjünçilik edaralary hem hut şu ýerde işleýärdiler. Şäheriň merkezi *Beýik deňziň* kenarýaka gaýalaryny bezeýärdi. Umman giňişliginden elmydama mylaýym şemal öwsüp, şähere tämizlik we terlik getirýärdi. Ummanyň kenarýakasynda ajaýyp çäge plyažlary bardy; owadanlyk babatda olardan diňe şa baglary üstün gelýärdi. Şäheriň tutuş merkezi ägirt bagdy. Bu ýeriň ýaşamak üçin iň arzuwly we özüne çekiji ýerdigi gürrüňsizdi. Merkezde ýerleşýän jaýlaryň iň owadany bolsa şa köşgüdi.

Affabeliň ortarasynda ýaşaýyş daragty ösýärdi. Onuň täsin miwesinden datmaklyk derejesine diňe şanyň raýatlary eýedi. Bu miweleriň tagamy ajaýypdy, olar gudratly güýje eýediler.

## Endel şäheriniň ýaşaýjylary

Affabel paýtagtyň günbatar tarapynda Beýik Edonga deryasyna çenli bolan altmyş kilometr aralykda Daşky çöl ýerleşýärdi.

Edonga deryasynyň aňry tarapynda şalygyň Endel atly bölegi ýerleşýärdi. Affabelde doglan çagalaryň ählisini doglan badyna Endel welaýatyna getirýärdiler. Olar bir hepdelik bolmankalar, olary eýýäm şa enekeleriň aladasyna tabşyrýardylar. Çagalar bäş ýaşandan soň şalygyň bu ýaş raýatlary, ýagny endelitleri Endel mekdebine iberýärdiler. Olar bu mekdepde on ýyllap terbiýelenýärdiler. Çagalar bu mekdepde Affabeliň kada-kanunlaryny öwrenýärdiler, Jalin patyşa barada öwrenýärdiler.

Jalin patyşany diňe şa enekeleri we mekdebiň mugallymlary görüp bilýärdiler. Patyşa mekdep we çagalar baradaky aladasyny tassyklamak üçin takmynan bäş ýylda bir gezek Endele gizlin sapar bilen gelip gidýärdi. Patyşany köpleriň görüp bilmeýänligine garamazdan, onuň rehimdarlygy hemmelere aýandy, sebäbi ol Endel welaýatynyň ähli çäklerinde göze mese-mälim görünýärdi.

Okuwçylaryň mekdepde geçiren on ýyly olary gelejekdäki durmuşa taýynlamalydy. Olara on bäş ýaşanlarynda öwrenen ähli zatlaryny iş ýüzünde biraz ulanyp görmek mümkinçiligi berilýärdi. Şu gysga wagt aralygynda olara käbir gymmatlyklary ynanyp, jogapkärçiligi okuwçylara tabşyrýardylar. Okuwçylaryň öz ýaş durmuşlaryny we özlerine tabşyrylan zatlara garaýyşlary dünýäde geçirjek galan ömürlerini kesgitleýärdi. Bu ömrüň dowamlylygy elli ýyldan ýüz ýyla çenlidi. Synag döwrüne bäş ýyl berilýärdi, ýöne okuwçylaryň hijisi munuň näçe dowam etjegini bilmeýärdi. Olara synag döwrüniň on ýyldan köp bolmadyk wagty aljakdygyny habar edýärdiler. Synag möhleti tamamlanandan soň her bir okuwçy patyşanyň ýanyna baryp, durmuşda eden saýlawy barada hasabat bermelidi.

Synag döwri ýaş adamlaryň özlerini nämä bagyş edendiklerini ýüze çykaryp kesgitleýärdi. Jaliniň öwütlerine eýerýänler sözleri we işleri arkaly onuň öňbaşçylygyny boýun alýardylar, olara Affabeliň raýatlary bolmak hukugy berilýärdi. Olaryň saýlawy degişli sylagy üpjün edýärdi. Emma synag döwründe boýnuýogynlyk edip, diňe öz isleglerine görä ýaşanlar Lon diýen ýere kow-

ulýardy. Lon tümlügiň çöllük ýeridi, ol ýerde ýalňyzlyk we umytsyzlyk höküm sürýärdi. Bu ýeriň ýaşaýjylary azatlykdan mahrum edilip, bütin ömürlerine ejir çekýärdiler.

Bu çöle ilkinji bolup Dagon kowuldy, ol Lon toprakda tümlügiň hojaýyny boldy. Dagon köp ýyl mundan ozal Jaline garşy pitne turzupdy, emma muňa garamazdan, ol heniz-de Endel topragyna täsirini ýetirip bilýärdi. Jaliniň hökmürowanlygyny boýun alan Endel ýaşaýjylary Dagonyň erbet güýjünden boşanyp bildiler. Emma Jaline hyzmat etmekden boýun gaçyranlar welin Dagonyň täsirinden boşanyp bilmeýärdiler.

Beýik patyşa Jalin tümlügiň öz şalygyna aralaşmazlygy üçin, Affabeliň bütewüligi we jemgyýetçilik gurluşy barada kanun kabul etdi. Jaliniň hökmürowanlygyny boýun alman, Dagonyň ýörelgesine eýerýän her kes ömrüniň soňuna çenli Lon topragyna kowulýardy.

Ine, indi biziň wakamyz başlanýar. Biz Endeliň bäş okuwçysynyň: iki gyzyň we üç ýigidiň ömrüne garap geçeris. Olaryň atlary, ine, şudur: Garaşsyz, Aldanan, Çekinjeň, Egoist we Sahawat. Olaryň her biri bilen tanyşdarmaga rugsat ediň.

## Garaşsyz

Garaşsyz atly ýigit Affabeliň bardygy babatda hemişe şübhelenýär. Ol özüniň asla görmedik Jalin atly kimdir biriniň oňa tabyn bolmagyny we parzlaryny berk berjaý etmegini talap edýändigine hiç ynanyp bilmeýär. Garaşsyz özüni we beýleki okuwçylary gözegçilikde saklamak üçin mugallymlar muny toslandyrlar öýdýär. Mundan başga-da, Garaşsyz sapaklara gatnaşmakdan we toslanan patyşalygyň kada-kanunlaryny öwrenmekden boýun gaçyrýar.

Garaşsyz bu toslama ynanan beýleki okuwçylaryň üstünden gülýär. Ol öz isleýşi ýaly ýaşap, Jaliniň kanunlaryndan azat bolasy gelýär. Garaşsyz bu kanunlaryň diňe öz maksatlaryna garşy gelmeýän punktlaryna tabyn bolup, muny-da diňe öz islän wagty

edýär. Ol öz durmuşyny başganyň erkine tabyn etmek islemeýändigini görkezmekde diýseň ugurtapyjydyr.

## Aldanan

Aldanan atly ýigit Affabeliň bardygy babatda şübhelenmeýär. Ol Jalin patyşa ynanýar, hatda onuň wadalaryny halaýar. Aldanan pikirlerinde we dilde patyşanyň taglymaty, esaslary bilen ylalaşýar, emma durmuş ýörelgesi welin köp zatda bu taglymata laýyk gelmeýär. Ol patyşa we onuň taglymatyna jan-tenden berlendigini görkezmek maksady bilen, mekdepde diňe öz halaýan işlerine gatnaşýar, emma şahsy bähbidini tapmadyk ýagdaýynda pikirinden dänýär. Onuň durmuş ýörelgesi Jaliniň hakyky şägirdiniň durmuşyna meňzemeýär, ýöne häsiýetiniň güýçlüdigi sebäpli köpleri öz yzyna eýerdip bilýär. Aldanan hiç haçan öz synag döwri we kazylyk barada ymykly pikir etmeýär.

Aldanan Jalin babatdaky garaýyşlarynyň Garaşsyz bilen çapraz gelýändigine garamazdan, onuň bilen oňat oňuşýar. Aldanan şadyýan ýigit, ikisiniň umumy gyzyklanmalary bar, şonuň üçin-de Garaşsyz onuň ýanynda özüni oňat duýýar.

## Çekinjeň

Çekinjeň atly gyz okuwçylaryň arasynda iň göreldeli okuwçy. Ol sapaklarda ýygy-ýygydan jogap berýär we göreldeli bahalary alýar. Ol gaty işjeň we sapaklardan daşary köp çäreleri gurnaýar, okuwçylara jemgyýetçilik işlerine gatnaşmaga kömek edýär. Okuwçylary tanaýan islendik adam onuň Jaliniň iň sadyk şägirdidigini aýdyp biler.

## Egoist

Egoist atly ýigit (ýa-da başga sözler bilen aýdylanda – diňe özüni bilýän adam) hem Jaline we onuň taglymatyna ynanýar. Ol

Affabeliň hakykatdan-da bardygy babatda şübhelenmeýär, Jaliniň oňat, rehimli patyşadygyna, özüni onuň taglymatyna bagyş edenlere merhemetli kazydygyna ynanýar. Egoist Jaliniň adalatly we mukaddesdigini, şol bir wagtyň özünde-de söýýän we merhemetli öňbaşçydygyny unudýar. Umuman, ol Jaliniň tebigaty barada özüne ýaramly pikirleri toslady. Ol Aldananyň, Çekinjeňiň we Sahawatyň ajaýyp şalygyň raýatlary boljakdygyna şübhesiz ynanýar, ýöne Garaşsyzyň boýnuýogynlygy ony biraz biynjalyk edýär.

Egoist Jalini sözde ykrar edip, onuň esasy kanunlaryny bozmaýanlaryň Affabelde ýaşamaga rugsat aljakdyklaryna ynanýar. Emma adyndan belli bolşy ýaly, ol diňe öz işleri bilen meşgul bolýar. Onuň ýagşy işleriniň esasynda şahsy bähbidini aramaklyk bardyr. Ol käwagt rehimdarlykdan hereket edýär, emma basyşyň ýüze çykan ýagdaýynda, ol diňe öz gyzyklanmalaryna gabat gelýän zatlary agtarýar.

## Sahawat

Biziň soňky gahrymanymyz – Sahawat atly gyz. Ol Jaliniň ähli kanunlaryny ýürekden kabul edip, olary berjaý edýär. Ol Jaliniň islegini bilmeklige köp wagt sarp edýär; ol diňe bir onuň esaslaryny öwrenmän, eýsem olaryň her birinde öz patyşasynyň ýüregini düşünmäge dyrjaşýar. Ol wagtynyň aglaba bölegini öwrenmeklige we mekdep, Endeliň jemgyýeti üçin bähbitli bolan işlere özüni meýletin bagyş edýär. Sahawat on bäş ýaşan badyna beýik patyşanyň islegini Endelde amala aşyrmak üçin gysgawagtlaýyn mümkinçiligiň beriljekdigine düşünýär. Onuň maksady – Jalini şöhratlandyrmak. Şonuň üçin-de, ol bu maksada ýetmek üçin özüni ýoldan sowjak zatlara asla ýol bermez.

Sahawat Jalini söýýär we onuň bilen duşuşmagy arzuw edýär. Ol Jaline tabyn bolmakdan lezzet alýar. Ol başgalar bilen onuň rehimdarlygy barada aýdýar. Başgalar ony munuň ýaňsylansoňlar, ol ýalňyzlykda galýar. Hatda Jaliniň kanunlaryna ýürekden ber-

lendigi sebäpli çekýän ejirleri-de oňa patyşa wepaly bolmaga böwet bolmaýar.

## Uçurymlar

Endelitleriň ählisi on bäş ýaşady. Bellenilen günde beýleki okuwçylaryň iki müňüsi bilen birlikde uçurym boldular. Olaryň hersine aýratyn tabşyryk berlip, ilkibaşda berilmeli mukdardaky pul berildi. Bu puluň mukdary Jalin tarapyndan bellenilip, baş dolandyryjy ony mekdebi tamamlan günleri berýärdi. Biziň gahrymanlarymyzyň arasynda pul paýlanyşygy şeýle boldy: Garaşsyz elli müň dollar aldy. Aldanan bilen Çekinjeňiň hersine kyrk müň dollar berildi. Egoist hemmelerden köp – ýetmiş bäş müň dollar we Sahawat ýigrimi bäş müň dollar aldylar. Ýaşlar soňky ündewleri diňläp, jübüleri pully mekdepden uçurym bolup çykdyrlar.

## Satyjy

Garaşsyz mekdebe seýrek gatnan bolsa-da, özüni sapaklar heniz-de gerşinden basyp duran ýaly duýýardy. Mekdepde eşiden zatlarynyň käbiri oňa hakykat bolup görünýärdi. Eger şeýle bolsa, onda mekdebi tamamlanda beriljek pula öz erbet tertibiniň güýçli täsir etmejekdigine umyt baglaýardy.

Garaşsyz özüne gowşurylan talantly bukjany alanda, elleri sandyrady. Ol bukjany açyp, ondaky puluň mukdaryny görende, haýrana galyp, uludan demini aldy. Ol Çekinjeňden on bäş müň dollar artyk, Sahawatdan bolsa iki esseden gowrak puly artyk alypdy. Ol şeýle pikir etdi: *“Beý-bä, wagty şeýle biderek geçirse-de bolýar eken-ow! Sahawat we Çekinjeň bu boş sapaklarda şeýle köp wagt geçirip, olardan hiç peýda almadylar”.* Netijede bularyň bary onuň Jaliniň ýokdugy baradaky çaklamasyny tassyklady. Garaşsyz bu puly ençeme ýyl mundan ozal ýitirim bolan ene-atalary goýup gidendir diýip pikir etdi. Indi ol mekdepdäki ähli zatlaryň ýaşlary

gözegçilikde saklamak üçin mekdep ýolbaşçylary tarapyndan oýlanyp tapylan zat diýip özüni doly ynandyrdy.

Iki hepde dowam eden toý-şagalaňdan soň Garaşsyz öz işine başlamalydygyna aň ýetirdi. Ol puly eýýäm öz niýetlenäninden has köp sowupdy. Awtoulaglary satyp başlandan soň, ol özüniň zehinli satyjydygyna düşündi. Onuň işi örän şowuna boldy. Uçurymlaryň köpüsi ilkinji pul serişderini Garaşsyzyň awtosalonyndan ulanylan, käbirleri hatda täze ulaglary satyn almaga harçladylar. Garaşsyz girdejisini artdyryp, ony başga telekeçilik işlerine sarp edip, ýene-de üstünlik gazandy. Ol puluň täsir etmekde täsin gural bolup bilýändigine tiz göz ýetirdi, onuň göwnüne pula hatda bagty hem satyn alyp bolýan ýaly göründi. Täze mümkinçilikler, baýlyk we elpe-şelpelik aýallary oňa çekip, durmuşyny has-da gyzykly edýärdi.

Garaşsyz mekdepde her hepde geçirilýän ýygnaklara gatnaşmaýardy. Emma muňa garamazdan ilatyň aglaba bölegi ony hormatlanýan raýat hasaplaýardylar, sebäbi onuň şäher taslamalaryna goldaw hökmünde berýän pul kömeginiň gadyryny bilýärdiler. Göräýmäge, Endeliň bu zahmetkeşi üçin mundan has bagtly durmuş ýok bolup görünýärdi.

## Gurluşykçy we ýer satyjy

Aldanan hem birnäçe hepdeläp mekdebi gutaranyny belledi. Ol puly beýlekilerden az alan hem bolsa, Sahawatdan biraz köp alandygyna begenýärdi. Puluň şeýle paýlanylmagy onuň Jaliniň akyla sygmajak rehimdarlygy babatdaky şahsy pikiriniň dogrudygyna ynandyrdy. Şeýle rehimdarlyk käbir zatlary gözmezligede salyp biler ahyryn.

Ol mekdebiň kanuna garşy gelýändigine garamazdan, mekdep döwründe iki sany gyz bilen ýatyp-turýardy. Aldanan muny mesele saýmaýardy, sebäbi ol Jaline we onuň şalygyna berk ynanýardy. Onuň hatda durmuşa öz garaýşy-da emele gelipdi: “Men özümi Jaline bagyş edýändigimi tassyklasam we haýsydyr

bir düýpli zyýan ýetirmesem, patyşanyň hoşnutlygyny gazanyp bilerin”. Ol şeýle hasap edýärdi: “Jalin her kesiň şahsy mätäçligi-niň bardygyna düşünýär, sebäbi kämil ýekeje-de adam ýok ahy-ryn. Jalin Kazylyk gününde meniň ähli ýalňyşlarymy we ýazykla-rymy basyrar, çünki men oňa tüýs ýürekden ynanýaryn-a”.

Aldanan hem birki hepdeden Garaşsyz ýaly öz telekeçilik işine başlady. Ol gurluşykçy boldy. Ilkibaşda müşderileri tapmak aňsat bolmady. Onuň jaýlarynyň taslamalary hemmetaraplaýyn ajaýyp-dy, ýöne alyjylary tapmak başartmaýardy. Käbir alyjylar onuň jaýlaryny örän gymmat görýärdiler, käbirleriniň bolsa şeýle owa-dan jaýlary satyn almaga serişdeleri ýetenokdy. Aldanan lapykeç bolup, ajaýyp jaýlarynyň bahasyny arzanladyp, jaýlaryny müşderi-lere teklip etmegini dowam edýärdi.

Ol şindi hem ozalkysy ýaly wada berýärdi, hakykatda bolsa pes hilli materiallary ulanýardy. Materilallaryň käbirleri bellenilen standartlara bütinleý gabat gelmeýärdi. Aldanan şeýle standartlary tassyklan adamlaryň muny ätiýaçdan eden diýip hasaplaýardy. Ol özüniň saýlan materilallarynyň islendik basyşa we howa şertle-rine çydajakdygyna ynanýardy. Baglaşylýan şertnamalar indi örän amatly görünýärdi. Endeliň ýaşaýjylarynyň şeýle jaýlara bolan is-legleriniň artanlygy sebäpli ol indi jaýlary gurup-da ýetişmeýärdi. Onuň telekeçilik işi indi ugruna bolup başlady.

Birki ýyl geçenden soň, Aldanan mellek ýerleri satyp başlamagy ýüregine düwdi. Ol özüniň guran jaýlaryny satyn alan müşderile-riniň tükeniksiz arz-şikaýatlaryndan halys ýadansoň, mellek ýer-leri satyp, jaý satmaklykdan el çekesi gelýärdi. Şeýle ýagdaýda kepil hyzmatlaryny we abatlaýyş işlerini geçirmek hajaty bolmaýardy.

Aldanan bir sotkasy müň dollar bolan ýeri tapdy. Muňa as-la ynanar ýaly däldi. Has giňişleýin derňew geçirilenden soň, bu ýeriň sil akymlarynda suwa basylýandygy mälim boldy. Ýöne bu maglumaty sanlyja adamlar – diňe onuň dostlary bilýärdi. Al-danan şäher dolandyryjysyny – öz dosty Garaşsyzy bu ýeri degiş-

li geologiki barlaglary geçirmezden satmaga rugsat etmäge yrdy. Galyberse-de, bu ýerlerde siliň bolandygy onuň ýadyna düşenok, onsoň mesele näme? Şunlukda, şertnama aňsatlyk bilen baglaşyldy. Şondan soň ýaş telekiçiniň durmuşy ajaýyp boldy.

## Mugallymyň kömekçisi

Gutardyş agşamyndan soň Çekinjeň öz joralary bilen dükanlara aýlanmaga gitdi. Onuň iki maksady bardy: birinjiden, mekdebi gutaranlygyny ýakyn joralary bilen bellemek; ikinjiden bolsa täze durmuş üçin gerek bolan täze eşikleri satyn almak. Onuň pynhan islegi – Endeldäki mekdepde Mugallymyň Kömekçisi bolmak. Bu wezipäni almak üçin, indiki annada söhbetdeşlikden geçmelidi.

Dükanlara ikilenji gün aýlanyp ýörkäler Çekinjeňiň jorasy Gepçi oňa joralary Myjabatyň ony direktora ýamanlap, onuň mekdepdäki ýigitleriň biri ýakyn gatnaşykda durandygyny habar berenmiş diýip gürrüň berdi. Bu ýagdaý arzyly wezipä bellenmäge päsgel berip biljekdi. Emma bu bütinleý ýalan ahyryn! Ol özüni okuw döwründe päklikde saklapdy. Çekinjeň Myjabatyň muny göriplikden ýa-da hatda ýigrençden edendigine düşündi.

Çekinjeň dergazap boldy. Degnasyna gaty degleni zerarly ol dynç gününiň galan wagtyny jorasumagynyň dönükligi baradaky oýlanmalara sarp etdi. Ol Myjabata bu ýalan gepi üçin çäre görjekdigi barada özüne kasam etdi.

Söhbetdeşlik güni ýetip geldi. Geň zat, Çekinjeňi arzyly wezipä bellediler. Direktor käbir myş-myşyň dogrudan-da gulagyna ýetendigini tassyklady. Ýöne ol derňew geçirilenden soň bu myş-myşyň ýalandygyna göz ýetiripdir.

Çekinjeň bu wezipä bellenmek bilen çäklenmän, eýsem Ikiýüzli Durmuş atly söýgüli mugallymynyň kömekçisi edildi. Bu mugallym Jaliniň iň zehinli mugallymlarynyň biridi. Ol ýigrimi bäş ýaşyndady we birnäçe ýyl bäri ýaş endelitler bilen işleýärdi. (Mugallymlar kazyýete beýlekiler ýaly ýigrimi ýaşda däl-de, otuz ýaş-

da gelýärdiler.) Çekinjeň şeýle işjeň lider bilen işlemäge ynanç bildirilendigine geň galdy.

Sapaklar başlandy. Ähli zat gülala-güllükdi, ýöne onuň henizde Myjabatdan içi kitüwlidi. Ähli zadyň şeýle gowudygyna garamazdan, ol ozalky jorasynyň dönükligini bagyşlamaga güýji ýokdy.

Onuň durmuşy göräýmäge ajaýyp ýaly görünse-de, onda ýaramaz zatlar-da bardy. Ikiýüzli durmuş atly mugallymyň ady onuň asyl niýetlerini görkezýärdi. Ol işde bir adam, şahsy durmuşynda bolsa bütinleý başga adamdy. Kazyýetde ondan berk soralar, sebäbi ol Jaliniň mugallymy bolansoň, onuň hut özi bilen duşuşyp durýardy.

Bir gün agşamara Çekinjeň Ikiýüli durmuş bilen ikiçäklikde galanda, ol gyza el degirmek isledi. Çekinjeňiň zähresi ýarylyp, şobada ýanyndan çykyp gitdi. Ýöne Ikiýüzli durmuş niýetlerinden el çekäýenokdy, ol birnäçe hepdeläp erjellik bilen hereket etdi. Çekinjeň kem-kemden söýgüli mugallymyna bolan garaýşyny üýtgetdip, onuň aýdýanlaryna yrlyp başlady, sebäbi ol şeýle ajaýypdy. Söýgüli mugallymynyň özüne üns berýändigi Çekinjeňe ýaraýardy. Ol örän edepli, sypaýy we jemgyýetde iň görmegeý erkek diýip hasaplanylýardy. Çekinjeň ahyrsoňy yrlyp, olaryň arasynda joşgunly söýgi gatnaşyklary başlady.

Çekinjeň bütin ömründe şeýle duýgulary duýup görmändi. Ol bu adamy her gezek görende, ýüregi gürsüldäp, demi tutulan ýaly bolýardy. Onuň bilen pynhan duşuşygyň bellenilen güni Çekinjeň ähli zady, hatda Myjabata bolan öýke-kinesini hem unudýardy.

Dört aý geçenden soň, Ikiýüzli durmuş birdenkä Çekinjeňden sowaşdy. Aňka-taňka bolan gyz munuň sebäbini bilmek isledi. Şondan soň Ikiýüzli durmuş Myjabatdan Çekinjeňiň ozalky söýgülileri barada bilendigini gürrüň berdi. Bu, elbetde, ýönekeý bir bahanady, sebäbi ol indi Çekinjeňe bolan gyzykmasyny ýitiripdi. Ikýüzli durmuş eýýäm şäherdäki başga bir ýaşajyk gyzyň ugrunda ýanyp-köýüp ýördi. Çünki ýaşajyk gyzlar bu özüne çekiji we meşhur adamyň aýgytly okgunlylygyna garşy durup bilmeýärdiler.

Çekinjeň ruhdan düşdi. Indi ol bu adam bilen mekdepde nädip görşüp biler? Ol şobada arzasyny ýazyp, işden çykdy. Birnäçe gün gam-gussa çekenden soň, galan kyrk müň dollara gözellik salonyny açdy. Jaliniň ýygnagy taşlamazlyk barada beren görkezmelerine garamazdan, mekdepde her hepde geçirilýän ýygnaklara gatnamasyny taşlady. Ol ikiýüli adamlar bilen gatnaşasy gelmeýärdi. Çekinjeň olaryň köpüsi hut şeýledir diýip oýlaýardy.

Onuň ýüregi gün-günden gatap, mekdep bilen Jaliniň adyny seýrek ýatlaýardy. Adamlar bilen aňsatlyk bilen gatnaşmaga kömek edýän ruhubelentligi indi ýitirim boldy. Onda gönüläp soran ýagdaýlarynda, ol Jaline wepalydygyny tassyklaýardy, içinden bolsa şeýle azgyn adama mekdepde mugallym wezipesini eýelemäge ýol berendigi üçin ony günäkärleýärdi. Synag möhletiniň doljak pursadyna çenli Çekinjeň göwni kineli we öçli aýala öwrüldi. Emma ol özüniň şeýle aýala öwrülendigini boýun almaýardy. Ol ömrüniň galan günlerini adamlardan eden öýke-kinelerinden üstün gelmäge sarp etdi.

## Endeliň häkimi

Indi bolsa alan pul mukdaryna örän haýran galan Egoiste dolanalyň. Ol Jaliniň taglymatyny bilensoň, mekdebi tamamlaýyş dabarasyny bellände içgili meýlislere gatnaşmakdan saklandy. Birnäçe gün dynç alandan soň öz puluny telekeçilik işine goýup başlady. Söwda telekeçiligi girdejili bolup çykdy. Şonuň üçin-de, ol ilkibaşdaky pul serişdelerini çaltlyk bilen köpeltdi. Maliýe üstünlige eýe bolmak bilen, ol öz deň-duşlarynyň arasynda meşhurlyk gazandy.

Egoist şäheriň iň owadan ýerleriniň birinde jaý satyn aldy we at-abraýly, sözi ýöreýän adamlary myhmançylyga çagyrdy. Hökümet agzalary, sport hünärmenleri, telekiçiler we tanymal adamlaryň ýene-de ençemesi onuň sahylygyndan we myhmanparazlygyndan lezzet alýardylar. Şeýlelikde, ol jemgyýetde iň abraýly adamlaryň birine öwrüldi.

Üç ýyldan bolsa öz maliýe ýagdaýy we güýçli tanyşlyklary arkaly ol Endeliň häkimi wezipesine dalaşgärlik edip, bu saýlawda aňsatlyk bilen ýeňiş gazandy. Täze wezipä geçenden soň ol köpsanly çynlakaý çözgütleri kabul etmeli boljakdygyna göz ýetirdi. Käbir çözgütler mekdebe degişlidiler. Okuwçylaryň sany gitdigisaýy artansoň, mekdep üçin goşmaça jaýlar gerekdi. Bu mesele ýer satyn almagy, potratçylary tapmagy, gurluşyk çykdajylaryny we mekdebi enjamlaşdyrmagy öz içine alýardy. Meseläni çözmekdäki ilkinji ädim şäher ilatyndan pul ýygnamakdy. Şäher ilaty üçin her hepde geçirilýän ýygnakda pul serişdelerini ýygnamak tamamlanandan soň olaryň ýetmezçilik edýändigini eşiden Egoist öz jübüsinde müň dollary goşup, olaryň üstüni ýetirdi.

Soňra bolsa aňsat bolmadyk çözgüdi kabul etmek pursady gelip ýetdi. Mekdebiň indi belli bir ýeri satyn almaga ýeterlik serişdeleri bardy; teklip edilýän ýer bahasy býujete oňat sygýardy. Emma şol ýeri ägirt supermarketleriň eýeleri hem satyn alasy gelýärdi. Bu ýagdaýda şäher geňeşligi iki topara bölündi: mekdep kommersiýa guramasy bolmansoň, hiç hili girdeji berip biljek däldi. Emma supermarketler welin ägirt girdejileri berip, şäheri goşmaça iş ýerleri bilen üpjün edip biljekdi. Şunlukda, geňeşlik agzalaryň pikirleri biri-birine gabat gelmänsoň, häkimiň berjek sesi aýgytly bolmalydy. Egoisti gapma-garşylyklaýyn pikirler horlaýardy. Söwda torunyň eýeleri häkim saýlawlary döwründe onuň dalaşgärligine köp pul harçlapdylar, öz täsirlerini onuň bähbidi üçin ulanypdylar. Olar Egoistiň öýüne ýygy-ýygydan myhmançylyga barýardylar.

Şonuň üçin-de Egoist söwda toruny goldap ses berdi. Jemgyýetiň öňünde çykyş edende, ol bu çözgüdiniň Endeliň tutuş ilaty üçin bähbitli boljakdygyny aýtdy. Ol şäherde iş ýerleriniň artjakdygy we mundan alynjak salgytlaryň şäher gaznasyny doldurjakdygy babatda ynandyrdy. Egoist munuň mümkin däldigini bilse-de, mekdebe şindiki jaýyny eýdip-beýdip içinden giňeltmegi maslahat berdi. Onuň bu çözgüdi jemgyýetiň aglaba bölegini begendirse-de, Jaliniň hakyky şägirtlerini örän gynandyrdy.

Häkim wezipesindäki iki ýyllyk möhleti tamamlanyp gelýärdi. Öňde täze saýlawlar geçirilmelidi. Egoist muňa doly aň ýetirmese-de, synag möhletiniň pellehanasyna golaýlapdy. Ynsabyny köşeşdirmek üçin, ol Endeliň mekdebine şahsy pulundan bäş müň dollar sadaka berdi. Puly gowşurmak bilen, ol gurluşyk üçin amatly boljak ýeri tapjakdygyna söz berdi. Bu hereketleri Jaliniň şägirtleriniň oňa gaýtadan ynanmagyna ýardam berdi. Bu ýaş ýolbaşçy saýlawlarda ikinji gezek ýeňiş gazanjagy göz-görteledi.

## Restoranyň eýesi

Sahawat mekdebi gutarandan soň alan ýigrimi bäş müň dollarynyň üç müňüni mekdebiň täze binasyny gurmaga harç etdi. Sebäbi onuň ýüregi mugallymlarynyň öwreden zatlary üçin minnetdarlykdan dolup-daşýardy. Sahawat galan ýigrimi iki müň dollara restoran açmagy başardy.

Ol süýji tagamlary bişirmegi halaýardy. Mundan başga-da, ol ökde telekeçi bolup çykdy. Şunlukda, öz zehinlerini ýüze çykaryp, jemgyýete hyzmat etmekde restoran iň oňat gural boldy. Ol ähli welaýatlardan ökde aşpezleri işe çagyryp, olaryň başarnyklaryny birikdirdi-de, ajaýyp tagamlar menýusyny düzdi. Restoran bada-bat üstünlikli boldy.

Sahawat öz restorany üçin iň ýokary bahalary we sylaglary alanda, bu işde Jaliniň danalygyna daýanýandygyny aýdýardy. Ol interwýu berende elmydama mekdep mugallymlaryna we restoranyň ajaýyp işgärlerine minnetdarlyk bildirýärdi. Ol ýetilen üstünligi diňe öz hasabyna çekmeýärdi, ýeten sepgitleri bilen magtanmaýardy. Sahawat bularyň barynyň diňe Jaliniň ýardamy arkaly mümkin bolandygyny bilýärdi.

Sahawat öz telekeçilik üstünligini Endeliň jemgyýetine we mekdebine kömek etmek üçin ulanýardy. Ol mekdebiň naharhanasyna mätäçler üçin nahar getirýärdi. Ony paýlamak üçin käwagt boş

agşamlaryny nanarhanada geçirýärdi. Sahawat garyp-gasarlara gyzgyn naharlary paýlamagy halaýardy. Mundan başga-da, ol bütin girdejisiniň ýigrimi bäş göterimini mekdebiň hajatlary üçin sadaka berýärdi. Bäş ýyl dowam eden synag döwrüniň dowamynda ol mekdebe iki ýüz müň dollar sadaka beripdi.

Sahawat köp işleýändiklerine garamazdan güzeranlaryny zordan dolaýan adamlara höwes bilen kömek edýärdi. Ol pul kömeginden başga olara Jaliniň danalygy barada gürrüň berýärdi. Ol özüniň kömek edýän adamalaryna üstünlige diňe Jaliniň arkaly ýetendigini gaýta-gaýta aýdýardy.

Restoranyň pajarlaýandygyna garamazdan, Sahawat hiç haçan Egoistiň öýüne myhmançylyga çagyrylmaýardy. Oňa jemgyýetde haýsydyr bir ýolbaşçylyk wezipesini ýekeje gezek-de teklip etmändiler. Ol şäherde Jaliniň janköýeri hökmünde tanalýardy, galyberse-de, ol zenan maşgalady. Sahawat özüniň sözleri geçýän wezipeli adamlarynyň sanawyna girmeýändigine gynanmaýardy, bu ýagdaý ony gorkuzmaýardy. Ol ünsüni pes üstünlikli adamlara gönükdirýärdi. Ol her hepde geçirilýän ýygnaklara gatnaşmagy halap, ol ýerde adamlara pul we beýleki kömekleri berýärdi. Sahawat bagtly ýaş zenandy.

## Bellenilen Höküm güni

Synagyň soňky güni ýetip geldi. Kazyýete barmaly adamlar munuň indiki bäş ýylyň islendik gününde bolup biljekdigine düşünýärdiler, sebäbi ilkinji bäş ýyl eýýäm tamamlanypdy. Ýöne munuň şeýle tizara boljagyna olaryň biri-de oslamaýardy. Gün adatdakysy ýaly başlandy, emma ol bütinleý garaşylmadyk halda tamamlandy. Affabeli goraýan iki müň nöker ýarygije gelip, uçurymlary alyp gitdiler. Olar Endeliň ilaty süýji ukuda ýatyrka şäherden çykyp gitdiler.

Nökerleriň alyp gitmeginde ýaşlaryň iki müňüsi gizlin ýerasty geçelge arkaly şäherden çykyp gitdiler. Bu ýerasty geçelge Edon-

ga derýasynyň astyndan geçýärdi. Olar tunnelden geçenlerinden soň iki günläp öli çöllükden ýörediler. Ýörişiň tutuş dowamynda nökerleriň baştutany uçurymlaryň aladasyny edip, olara suw, azyk we gerekli zatlaryň baryny berýärdi.

Nökerler özlerini sypaýy, ýöne agras alyp barýardylar. Olar ähli ünsüni öňlerinde goýlan wezipä gönükdiripdiler. Şeýle-de olar diňe käbir soraglara jogap berýärdiler. Endelitler soraglaryň käbirlerine jogap bermegiň gadagan edilendigine düşünýärdiler. Olar gadagan edilen soraglaryň ählisine: “Tizara hemme zady bilersiňiz” diýen jogaby eşidýärdiler. Şeýle jogap ýolagçylaryň gyzyklanmasyny has-da artdyrýardy. Köp garaşylan beýik şähere tarap ýöremek bilen, olar amatsyzlyklary we çölüň jöwzasyny duýmaýan ýalydylar. Üçülenji gün daňdan olar bir baýra çykanlarynda, dogup gelýän günüň şöhlelerine gark bolup oturan beýik şäheri gördüler. Olar Affabel şeýle ajaýyp şäherdir diýip hatda göz öňlerine getirip-de bilmändiler.

Ýolagçylar şähere golaýlaşdygyça şäheriň ajaýyplygy köpden-köp açylýardy. Onuň heniz-de uzakdan görünýändigine garamazdan, oňa taý geljek başga şäheriň ýokdugy eýýäm aýdyňdy. Affabeliň merkezi çäklerine girenlerinde, ondaky ähli zatlarda durmuşyň möwç urýandygyny gördüler. Bu täsin ýerde guşlar diňe bir saýraman, eýsem gepläp hem bilýärdiler. Olaryň ajaýyp we hoş owazly aýdymlary beýik şäheriň gözelligini, şan-şöhratyny wasp edýärdi.

Bu endelitler üçin täsinlik bolup görünmedi, sebäbi olar nökerleriň atlarynyň gürleşýändigini eýýäm görüpdiler. Bu asylly haýwanlar diňe bir öz aralarynda gürleşmän, eýsem atlanyp barýan adamlara hem ýüzlenýärdiler. Adamlar bilen atlaryň arasynda mährem gatnaşyklaryň bardygy aýdyňdy. Mundan başga-da, Affabeldäki hemme haýwanlaryň geplemäge ukyply bolup, söýüp-de, şatlanyp-da bilýändikleri mese-mälimdi.

Endelitler göz aýlan ähli ýerlerinde haýsydyr bir ajaýyplygy ýa-da täsinligi görýärdiler. Olar Affabele bolan yzzat-hormat-

dan doldular. Affabeliň hatda howasy hem şähdiňi açyp, aňyňy ýagtylandyrýardy, ýadan bedenlerine dynç berýärdi. Tutuş şäher boýunça akyp geçýän suwlar ýolagçylaryň ünsüni özüne çekdi. Suw akymlary durmuşdan doly bolup görünýärdi. Ajaýyp mukamyň owazlary howany dolduryp, täsinliklere haýran galyp gelýän göwünlerini parahatlykdan doldurýardy. Töwerekdäki ähi zatlar: iň kiçijek ösümlikden başlap tä howa çenli janly bolup görünýärdi; ähli zat ýaşaýyş bermäge ukyplydy. Bu ajaýyp ýeriň her bir bölejigi ýaşaýyşdan dolup-daşýardy.

Ýaşlar özlerini saklap bilmän, hakykatdan-da beýik bolan bu şäherde görýän zatlarynyň ählisine el degirjek bolup ellerini uzadýardylar. Olar ylgap gidip, hemme zatlary özleri göresi gelýärdi, emma häzir muny etmäge rugsat berilmejekdigine aýdyň düşünýärdiler. Olary uly kabulhana getirdiler. Ol ýerde aýýallary we erkekleri aýry toparlara böldüler.

Olaryň eltilen binasy çäksiz bolup görünýärdi, sebäbi ol şeýle uludy. Onuň mermer diwarlarynyň içinde ýüz müň adam gürrüňsiz ýerleşip bilýärdi.

Jaýyň daşky otagynda olara, hoşboý ysly howuzlarda ýuwunmaga ygtyýar etdiler. Soňra bolsa patyşa bilen duşuşyga taýynlanmak üçin ýörite egin-eşik berdiler. Ýolagçylar ýolda tozana bulaşan egin-eşiklerini begenip çalyşdylar, sebäbi olaryň eşikleri bu parlak şäherde geň-taň görünýärdi.

Bu şäherde ýaşamak islegi her bir endeliti gurşap aldy. Olar özlerini öýlerine gaýdyp gelen ýaly duýýardylar. Suwa düşüp, täze eşikleri geýenlerinden soň, olar ertirlik edinmek üçin bir topara ýygnandylar. Ajaýyp binanyň howlusynda olara biraz gürleşmäge rugsat etdiler. Ol ýerde olara ajaýyp ertirlikli saçak garaşýardy. Ertirlikden soňra topary ýene-de böldüler, bu gezek atlary boýunça böldüler. Sahawaty, Egoisti we bäş ýüz ýaş adamlary sag tarapyndaky zala geçirdiler. Çekinjeňi, Aldanany, Graşsyzy we bir müň ýarym ýaş adamy çep tarapyndaky zala geçirdiler. Olar zala giren-

lerinde, bosagada öz atlarynyň ýazylandygyny gördüler. Atlar birtüýsli - endelitleriň düşünmeýän dilinde ýazylypdy. Zallaryň biri – "Ýaşaýyş Zaly", beýlekisi – "Adalat Zaly" diýip atlandyrylýardy.

## Ýaşaýyş Zaly we Adalat Zaly

Garaşsyz zalyň bosagasyndan ätlän badyna geň birahatlygy, eýmendirýän duýgulary duýdy. Ol aňynda mekdep sapaklaryna dolanyp, Jalin barada haýsydyr bolsa bir zatlary ýadyna salasy geldi, ýöne onuň aňy bulam-bujardy. Ol şeýle köp sapagy sypdyranyna ökündi. Wah, ol nähili bimamla eken, nähili ýalňyşan eken, çünki şäher dogrudan-da bar eken-ä! Gitdigisaýy güýjeýän gorkusyny togtatmak üçin, ol alňasap Jaliniň söýgüsi we rehimdarlygy barada ýatlaýardy. Garaşsyz şu pursat aňynda patyşanyň adalatlylygy we mukaddesligi baradaky pikirleriň ikiýana çarp urýandygyna garamazdan, olar barada asla pikir edesi gelenokdy. Ol özüniň gowy adam bolandygy we jemgyýetçilik işlerine gatnaşandygy bilen öz-özüni köşeşdirýärdi.

Uludan demini alyp, daş-töweregine ser salan Garaşsyz Endeliň iň erbet raýatlarynyň arasyna düşendigini gördi. Ol raýatlaryň arasynda kezzaplary, ogrulary we arakhorlary gördi. Bu ýerde işýakmazlar we işlemekden başga zady bilmeýänler hem bardy. Ony gorkynyň täze tolkuny gurşady we kalbyna howsala aralaşyp başlan pursadynda Çekinjeňi gördi. Garaşsyz gözüni ýumup, ýeňillik bilen demini aldy. Ol şobada Çekinjeňiň mekdepde Jaliniň iň zehinli we yhlasly okuwçysy bolandygyny ýatlady. Eýsem ol onuň Jaliniň mekdebinde-de işländigi barada eşitmänmidi näme? Eger ol hem bu zalda bolsa, belki, hemme zat gowy tamamlanar.

Garaşsyz oňa tarap ýönelende, Aldanana gabat geldi. Ýene-de bir ýagşy nyşan! Ol Çekinjeň bilen ýakyndan gatnaşmansoň, ol barada kän bilmeýärdi. Emma Aldanan welin güýçli imanlydy. Olar hatda köplenç Jalin barada jedel hem edýärdiler. Ol dostuny

gujaklan badyna keýpi üýtgedi. Aldanan hem ony ýitirip tapan boldy. Gorky-ünjüler ýatyşansoň, dostlar gürrüňe başladylar. Jaliniň rehimdarlygy olaryň umyt edişlerinden-de artyk bolmaly. Gör-ä, ol günäsi asla bagyşlanyp bolmajaklaryň hem günäsini geçipdir. Eýsem şeýle dälmi näme? Beýik mugallym Ikiýüzli durmuş olardan gereginden artyk zatlary talap etmändirmi näme? Aldanan indi ähli zadyň oňat boljagyna ynanýardy.

Emma Egoist bilen Sahawatyň bu ýerde bolmazlygy ony biraz alada goýýardy. Ýaramaz faktlaryň ýene-de biri (ony görmezlik mümkin hem däldi) burçlarda möňňürip aglap duran adamlar. Ýa olar Jaliniň rehimdarlygyna bolan minnetdarlyk duýgusyndan aglaýarlarmyka?

Beýleki zalda hem duýgular möwç urýardy. Mekdebi tamamlaryndan soň biri-birini ýitiren dostlar duşaşanlaryna begenýärdiler. Soňabaka her bir gürrüňde şol bir zadyň gürrüňi edildi: olar tizara Jalini görerler!

Öz çagyryşlaryny we wada berlen ykbaly synamagyň wagty gelip ýetdi. Olaryň bary ajaýyp şäher barada gyzygyp gürrüň edýärdiler. Olar bu ýeriň Endelden has gowudygyny hemişe bilýärdiler, ýöne gören ilkinji zatlary çaklaýyşlaryndan has artykdygyny gördüler. Ähli zat akyla sygmajak derejede artykdy. Eýsem olaryň bütin ömürlerini şeýle ajaýyp ýerde geçirjekleri çynmyka? Şeýle dereje üçin olaryň her biri ýer süpürip gezmäge-de taýyndy! Bu zaldakylaryň bary Jalin bilen boljakdygyny bilýärdiler, ýöne onuň adalatly kazylygynyň öňünde nädip durup biljeklerine asla düşünmeýärdiler. Biraz wagt geçenden soň zal dabaraly atmosfera gaplandy. Olar sadykmydylar? Wagt görkezer. Hawa, patyşa bilen duşuşmaga garaşyp duran bu tabyn hyzmatkärleri tolgunma we gorky duýgulary gaplap aldy.

Ilki bilen Ýaşaýyş Zalynda garaşyp duranlara kazylk edilmelidi. Ýöne biz olara biraz soňra gaýdyp geleris. Häzir bolsa habary Adalat Zalyndan alalyň.

## Adalat zalyna çagyrylyş

Günortandy. Adalat zalynda garaşyp duranlar köşeşdiler. Olara hiç howp abanmaýar diýen ynam gaýdyp geldi. Olary biynjalyk edýän ýa-da düşnüksiz zatlary bolsa Jaliniň rehimdarlygyna ýa-da onuň syrly ýollaryna degişli pikir etdiler. Şeýle pikirler olary rahatlandyrýardy.

Bir müň ýarym endelitleriň arasyndan Garaşsyzy ilki çagyrdylar. Dört şa nokeri ony Beýik Adalat Zalyna äkitmäge geldiler. Ol dartgynlylygy gowşatjak bolup, ýylgyrdy-da, tötänlikde gözi kaklyşan raýatyň birine gözüni gyrpdy. Bu hereketine hiç jogabyň bolmazlygy ony geň galdyrdy. Zala girip, gapylar ýapylandan soň ozal biynjalyk eden soraglar ýene-de gözüniň öňünde janlandy. Onuň ýüregi gürsüldäp, gursagyndan böküp çykara geldi. Onuň göwnüne ýürek gürsüldisi nökerler-de eşidilýän ýaly bolup göründi, ýöne olar töwerekde görünmediler. Wah, Aldanan şindi ýanynda bolsa bolmaýarmy! Ol häzir Kazynyň öňünde durmaly, ýöne ol Onuň bilen ikiçäklikde galasy gelenokdy. Garaşsyzyň ynamlylygy okgunlylyk bilen gaýyp bolýardy.

Beýik Zala girmezden ozal nökerleriň biri protokoly gysgaça okady, Garaşsyz okalanlaryň baryny ýatda saklap bilmez gorkusy bilen başyny atdy durdy. Onuň gulagynda damarlaryň urgusy şeýle bir güýçlüdi welin, ol hatda ker galmagyndan gorkdy. Nöker Garaşsyzyň iş tertibine düşünýändigine göz ýetirmek üçin başyny atdy. Zalyň gapylary giňden açyldy.

Ägirt zala birnäçe ädim ätländen soň Garaşsyz bütin durky bilen titreýändigine düşündi. Adatça sowuk maňlaýyny der damjalary örtdi. Ol özüni düýpli sarsdyran zatlary görenden soň, bütineý aljyrady!

3-NJI BAP

# AFFABEL ŞALYGY: KAZYLYGYŇ BIRINJI GÜNI

*Isa bu zatlaryň baryny halka tymsallar bilen aýdýardy. Olara tymsalsyz hiç zat aýtmaýardy. Bu pygamber arkaly aýdylan şu sözüň berjaý bolmagy üçindi: “Men size tymsal aýdyp bereýin, dünýä ýaradylaly bäri gizlin galan syrlary beýan edeýin”.*
— Matta 13:34,35

Öz allegoriýamy dowam etmezden ozal, men ýene-de bir gezek Isa Mesihiň ýetip gelýän Höküm güni barada aýdanlaryny ýatladasym gelýär. Ýohannanyň beýan eden hoş habarynda (12:48) biz şuny okaýarys: “Meni ret edip, sözlerimi kabul etmeýäne ahyrky günde Meniň hut şu aýdýan sözlerim höküm çykarar”. Biz Onuň tagtynyň öňünde haýsy standarta görä, ýagny Mukaddes Ýazgylara görä höküm ediljekdigimizi eýýäm bilýäris.

Şonuň üçin-de, Jaliniň Adalat Zalynda aýtjak zatlarynyň köpüsiniň gapdal ýanyndan sanlar arkaly bellenilen çykgytlar berlendir. Bu sanlar Mukaddes Ýazgylaryň dürli terjimelerinden alnan parçalaryna degişli bolup, olar kitabyň ahyrynda görkezilýär. Jaliniň köp sözleri Mukaddes Ýazgylaryň aýatlaryndan ybarat bolup, olar wakamyzyň gahrymanlaryna degişlilikde düzülendir.

Indi bolsa Affabele dolanyp baralyň.

## Garaşsyza höküm çykarylýar

Beýik zal Garaşsyzyň çaklaýşyndan hem täsin bolup çykdy. Eger oňa daşarda garaşyp duran bir müň ýarym adama görýän

zatlary barada gürrüň bermäge mümkinçilik berlen bolsady, ol bu ajaýyplygy we belentligi beýan etmäge söz-de tapmazdy. Endeliň islendik binasy bu zalyň binagärligi bilen deňeşdireniňde, örän köne bolup görünýärdi. Zalyň giňligi takmynan ýüz müň adamlyk mähelle üçin niýetlenilendi. Garaşsyz bir zalyň içinde birbada ýygnanan şeýle köp adamy heniz görmändi.

Garaşsyz golaý barandan soň tribunalarda oturan Affabel raýatlarynyň ýüz keşplerini saýgaryp başlady. Onuň ilki bilen üns beren zady – olardan gaýdýan nurdy. Garaşsyz olaryň biçak owadanlygyna haýran galdy: olar başga bir dünýäniň ýaşaýjylary ýaly görünýärdi. (Olardaky şeýle özgerişlik olara durmuş daragtynyň miwesinden iýmäge rugsat edilmeginiň netijesidi).

Garaşsyz öz içinden: “Be, bularyň bary Endeliň ozalky raýatlarymyka?” diýýärdi. Soňra ol öz tanşyny gördi. Onuň ady Päk ahlakdy. Ol birnäçe ýaş uly bolup, deň-duşlary onuň sada keşbiniň üstünden gülerdiler. Onuň şindiki keşbi haýrana goýýardy. Onuň ýüz keşbi öňküsi ýaly bolsa-da, şindi örän owadandy; ol hatda Endeliň iň owadan raýatyndan hem owadandy. Dogrusy, şu zalda oturanlaryň her biri, hatda owadan bolmadyklary-da Garaşsyzyň Endeldäki tanyşlaryndan has owadandy.

Ilkinji sarsgyndan soň özüne gelip başlan Garaşsyz ähli adamlaryň özüniň alnyp barylýan tarapyna gönükdirilendigini gördi. Ol beýle zady ömründe heniz görmändi. Bu şa tagtydy. Onuň owadanlygyny söz bilen-de, syýa bilen-de beýan edip boljak däldi. Garaşsyz tagtda oturany saýgarandan soň, tutuş şäheriň şanly belentliginiň gözbaşynyň kimdigine aň ýetirdi. Bu patyşady. Garaşsyz içinden: “Jalin diýilýäni şu bolmaly öýdýän” – diýip oýlandy. Birdenkä ol özüniň ömürboýy şeýle dikdüşdilik bilen ret edenine ynandy.

Jaliniň ýüz keşbi şu pursat agras bolsa-da, örän owadandy. Has dogrusy, owadanlygyna garamazdan, iniňi galpydadýandy. Jaliniň tutuş durky owadandy, ýöne Garaşsyzyň kalbynda gorky gitdi-

gisaýy güýçlenýärdi. Onuň öňki ynamlygyndan nam-nyşan galmandy. Garaşsyz özüni ýitirmejek bolup, rehim-şepagatly patyşanyň ýanyna golaýlaýandygyny özüne gaýta-gaýtda aýdýardy. Ol ähli zadyň gowy tamamlanjagyna gaty şübhelenip başlady.

Ol öňe ýöräp barýarka, bir darajyk platformanyň ütünde togtamagy buýurdylar. Jalin onuň üstüne abanyp durdy. Ol ýygnananlara ýüzlenip, şeýle diýdi:

...Şonda hemmeler Meniň ýürekleri we pikirleri (duýgulary, niýetleri, maksatlary) derňeýändigimi bilerler. Men siziň her biriňize eden işleriňize görä jeza bererin (*Aýanlyk 2:23, giňişleýin terjime).*

Garaşsyz hemmeler bilen birlikde diňläp durdy. Birdenkä Jalin onuň ýüzüne dikanlap seretdi-de:

– Özüňe ynanylan zatlaryň bary babatda hasabat ber – diýip talap etdi.

Garaşsyz agzyny açyp ýetişmänkä, tagtyň ýokarsynda ýerleşýän ekranda onuň bütin ömri – mekdepdäki ilkinji gününden tä düýnki gününe çenli bolan zatlar görkezilip başlandy. Onuň eden her bir hereketi, her bir sözi ýygnanan şaýatlaryň dykgatyna açykdy. Jalin barada aýan bolan hakykat ony dowla saldy: “Hudaýdan gizlin ýaradylan hiç zat ýokdur, Onuň nazarynda ähli zat açyk we mese-mälimdir. Biz Oňa hasabat bermelidiris”.

Garaşsyz özüniň akmak, ýaman we egoistik hereketlerini görende, ini düýrükdi. Ähli edenleriniň şeýle köp adama görkezilmegi masgaraçylykly we sarsdyryjy ýagdaýdy. Endelde şeýle ähmiýetsiz, hatda zyýansyz görnen zatlar şindi bu beýik kazynyň we Affabeliň abraýly raýatlarynyň öňünde şeýle bir ýürekbulanç bolup görünýärdi. Ol özüniň eden hereketlerinden hopukdy. Ol neneň edip şeýle akmak we düşünjesiz bolduka? Garaşsyz eden ýagşylyklarynyň ýamanlyklaryndan üstün geler diýen umyda bil baglaýardy.

Özüne berk jezanyň beriljekdigine garamazdan, Garaşsyz film gutarandan soň ýeňillik bilen dem aldy. Ol bu jemgyýetde iň kiçi

bolmagy özüne bagt saýjakdy we eden ýagşy işleriniň ýamanlyklaryndan üstün geljegine umyt baglaýardy.

Soňra Jalin mürzeden:

– Onuň ady ýaşaýyş kitabynda barmy? – diýip sorady.

Mürze bada-bat:

– Ýok, meniň jenabym. – diýip jogap berdi.

Şonda Jalin:

– Garaşsyz, sen ýamanlyk tebigatyny saýlap alanlygyňda aýyplanýaň we Lon topragyna kowulýaň. Sen şol ýerde tümlükde, umytsyzlykda we ýalňyzlykda ömürboýy ejir çekersiň.

Garaşsyz aljyrap:

– Jenabym, näme üçin? – diýip gygyrdy.

– Sen maňa ynanmadyň. – diýip Jalin jogap berdi. – Seniň halypalaryň şeýle öwredipdiler: ”Çünki Meniň Biribardygyma iman etmeseňiz, günäňiziň içinde ölersiňiz”, şeýle-de “Ondan başga Halasgär ýokdur. Onuň ady bütin älemde adamzady halas edip bilýän ýeke-täk atdyr”.

– Emma, jenap Jalin, meniň eden ýagşy işlerim babatda näme? Eýsem olaryň sany eden erbet işlerimden köp dälmi näme?

Jalin patyşa jogap berip, şeýle diýdi:

– Gürrüň seniň kanuny az ýa-da kän bozanlygyň barada däl, sebäbi “kimde-kim kanunyň hemme parzlaryny berjaý edip-de, diňe bir zatda günä etse, tutuş kanuny bozan hasaplanýandyr”.

Garaşsyz ähli erkini bir ýere jemläp, oňa garşy çykdy:

– Onda ynsan nädip halas bolup biler?

Jalin bu soraga özi jogap bermedi. Ol Affabeliň abraýly aýal ýaşaýjysyna üm bilen garady. Bu aýal onuň kömekçisi bolarly, sebäbi ol hem şanyň tagty ýaly tagtda, ýöne has kiçiräginde otyrdy. Aýal şeýle diýdi:

– Eýsem mugallymlaryň saňa Jaliniň seni aýratyn merhemetine görä halas edendigini aýtmadylarmy näme? Sen şol aýdylanlara ynanmalydyň. Gutulyşy gazanyp bolmaýar, ol Jaliniň

peşgeşidir. Ynsanlaryň öwnüp bilmezi ýaly, gutulyş ýagşy işler üçin berilmeýär.

Jalin onuň aýdanlarynyň üstüni ýetirip:

– Men birwagtlar raýatlaryň geçmişdäki we gelejekdäki kanun bozmalary üçin töleg töledim. Ynsanlaryň biri-de maňa garşy günä etmekden saklanyp bilmeýärdiler, kanunymy doly berjaý edip bilmeýärdiler, emma men ynsanlara bolan söýgim sebäpli olara derek jeza çekdim. Şonuň üçin-de, meniň gutulyşym peşgeş berilýär, ony gazanyp bolmaýar. Sen Affabeliň raýatlygyny alar ýaly ýeterlik ýagşy işleri etmediň. Bu raýatlyk maňa bolan iman arkaly berilýär. Sen bolsa meniň seniň gutulyşyň üçin edenlerimi ret etdiň.

Garaşsyzyň dili tutuldy, ol zordan:

– Düşnükli. – diýip seslendi. Ol umytsyzlyk girdabyna gark bolup barýandygyny duýdy. Howadan ýapyşýan ýaly, ol:

– Onda meniň edenlerimiň bary biderek-dä? – diýip sorady.

Jalin jogap berip, şeýle diýdi:

– Şeýle ýazylgydyr: "...ýöne ölüler hiç zat bilýän däldir. Olar üçin mundan beýläk peşgeş bolmaz, hatda olary ýatlamazlar hem. Olaryň söýgüsi, ýigrenji we gabanjaňlygy eýýäm ýok bolandyr. Ölüler Günüň astynda bolup geçýän ähli zatlara goşulyp bilmezler", şeýle-de: "Çünki ýamanlyk edýänleriň gelejegi bolmaz, erbetleriň çyrasy öçer".

Jaliniň sözleri Garaşsyzy sarsdyrdy. Onuň gürläre tutarygy galmady. Ol sypdyran sapaklary üçin ökünýärdi. Belki, eger ol hakykaty eşiden bolsa, ömründäki bu düzedip bolmajak ýalňyşy etmezdi.

Ümsümligiň indiki sekuntlarynda onuň kellesine başga bir pikir geldi. Bu pikir oňa uzakly günüň dowamynda janyna aram beripdi, indi bolsa umyt uçgunyny döredýärdi:

– Hawa, seniň aýdanlaryň bary hakykat. Emma, Jalin, sen rehimli patyşa ahyryn! Eger şeýle bolsa, sen neneň edip meni kowup bilýäň?

Jalin jogap berip, şeýle diýdi:

– Hawa, men rehimli, hut şu sebäbe görä-de men seni kowýaryn. Sen Endelde ýaşaýşyň ýaly ýaşamagy karar edeniňde, tümlügiň hojaýyny Dagonyň tebigatyny özüň üçin ömürlik saýlap aldyň. Eger men seniň ahlaksyzlygyňa bu ajaýyp şäheri bulamaga ýol bersem, onsoň neneň edip rehimli, hakyky we söýýän patyşa bolup bilerin? Eger seni bu ýerde galdyrsam, Affabeliň päkligine zyýan ýetirerin. Seniň saýlap alan tebigatyň tizara aýan bolup, päk ömürleriň müňlerçesini weýran eder. Sen öz ýörelgäňi özüň saýladyň. Munuň üçin öz eýeren Dagonyňa beriljek jeza saňa-da berler. Eger men saňa mundan pes höküm çykarsam, onda adalatsyz jenap bolaryn. Men bolsa adalatlydyryn!

Soňra Jalin ýygnananlara ýüzlenip, atasynyň gadymy aýdanlaryny gaýtalady:

– “Öwüdi äsgermeýän özüni heläk edýär, buýrugy saklaýan bolsa sylag-serpaý alýar”.

Onsoň patyşa öz hyzmatkärlerine şeýle diýdi:

– El-aýagyny daňyň-da, ony daşary, garaňkylyga taşlaň, ol ýerde agy we diş gyjama bolar. Çünki çagyrylanlar köp, emma saýlananlar azdyr.

Garaşsyz hopugyp gygyrdy, nökerleriň baştutany ony daňyp, zalyň gapdal gapysyna tarapa alyp gidende, ony güýçli agyry gurşap aldy. Ýygnanan müňlerçe adamlardan ýeke-de ses çykmady. Olar öz durmuşyny şeýle biderek sarp edip, baky jeza höküm edilene gynanç bilen seredýärdiler.

Garaşsyzy başga bir garaşylma zalyna alyp bardylar. Bu ýerde höküm edilenler üçin müňlerçe kameralar bardy. Bu zalyň girelgesiniň ýokarsynda şeýle sözler ýazylgydy:

> Onuň buýruklaryny berjaý edýänler bagtlydyr! Olaryň ýaşaýyş daragtynyň miwesinden iýmäge, şäher derwezesinden girmäge haklary bardyr. Emma “itler”, ýagny jadygöýler, zynahorlar, ganhorlar, butparazlar, ýalany söýüp, ony amal edýänler – bularyň bary şäheriň daşynda galar (Aýanlyk 22:14, 15)

Garaşsyz bu ýazga çiňerilip seretdi, onuň içi gahar-gazapdan gaýnap başlady. Indi ol öz erbet tebigatynyň täsirine doly düşdi. Ol onuň häsiýetindäki ähli ýagşy zatlary ýuwutdy. Garaşsyzyň hereketleri guduzlan itiň hereketlerini ýatladyp başlady. Patyşanyň täsiriniň bolmanlygy sebäpli ol özüniň erbet aňynyň ýesirine öwrüldi.

## Aldanan Jaliniň öňünde

Ýene-de birnäçe sagat geçdi. Gelenleriň köpüsini eýýäm Adalat Zalyna çagyrypdylar, ýöne Aldanan, Çekinjeň we Ikiýüzli durmuş heniz-de gezegine garaşýanlaryň arasyndadylar. Aldanan başyny belent tutýardy, bu beýlekileri-de ruhlandyrýardy.

Zalyň gapylary açylyp, dört şa nökeri peýda boldy. Olar bu gezek Aldanany çagyrdylar. Ol özüni gurşan dartgynlykdan ýaňa sandyrap başlady: ine, onuň wagty ýetip geldi. Ol tolgunmasyny gizlemek üçin (ol muňa gaty ökdedi), beýlekilere şeýle diýdi: “Gardaşlar, meniň utugym zordur!”

Aldanan protokol bilen tanşanyndan soň, açyk gapylardan Adalat Zalyna gadam urdy. Ol hem Garaşsyzyň başdan geçiren duýgularyny duýdy. Ol hem zalyň ajaýyplygyna, şanlylygyna we ondaky raýatlaryň arkaýynlygyna haýran galdy. Zaldan geçip barýarka, ol birnäçe tanşyny gördi: olaryň bary Endeldäki mekdepde okap, ondan birki ýyl öň gutarypdylar. Galyberse-de, ol Garaşsyzdan has köp tanşyny gördi, sebäbi ol mekdepdäki duşuşyklary sypdyrmaýardy.

Aldanan Rehimsiz diýen tanşyny hem gördi. Ol mekdebe hiç haçan gatmandy, öz zalymlygy bilen ile belledi. Aldanan aňka-taňka bolup:

– Ol bu ýerde näme işleýär? – diýip sorady.

Nökerleriň baştutany onuň bilen gürleşip bilýändigini üm bilen yşarat etdi. Aldanan Rehimsiziň ýanyna baryp:

– Eý, Rehimsiz, bu sen-mäý? – diýip sorady.

Ol adam jogap berip şeýle diýdi:

– Men birwagtlar Rehimsizdim, emma jenabym Jalin meniň adymy üýtgedip, maňa “Asuda” diýen ady berdi.

Aldanan haýran galyp:

– Sen bu ýere nädip düşüp bildiň-ow? Seni jemgyýetimizde iň rehimsiz hasaplaýardylar-a! Sen mekdebe gatnamaýardyň, Jalinede hemmelerden köp garşy çykýardyň.

– Hawa, bu şeýle. Emma men özümiň nähilidigim we edýänlerim üçin özümi ýigrenýärdim. – diýip Asuda jogap berdi. – Men mekdebe gatnamanlygym üçin Jaliniň durmuşymy özgerdip biljek sözlerini eşitmändim. Kazylyk Gününden bir hepde öň men Sahawatyň restoranynda naharlandym. Ol meniň durmuşymyň weýrandygyny bilýärdi, ol meniň agyrymy duýup başardy. Ol nahardan soň onuň bilen gürleşmäge galaryn şerti bilen meniň naharymyň tölegini töledi. Ol iki sagat wagtyny sarp edip, Jalin, onuň rehim-şepagaty, gutulyşy we Affabel diýen ajaýyp ýer barada gürrüň berdi.

Sahawat durmuşymy Jaline bagyş etmegimiň heniz-de giç däldigi barada aýtdy. Meniň şertsiz bagyşlanmany almak we onuň şalygyna girmek mümkinçiligim heniz-de bardy. Men Jaliniň söýgüsinden dolup-daşýardym we onuň hökmürowanlygyna özümi doly bagyş etdim. Meniň oňa Endelde bary-ýogy bir hepde möhletimiň galandygyna garamazdan, muny jan-tenden yhlas bilen etdim. Men göwnüne degen pidalarymyň, zatlaryny ogurlan adamlarymyň ýanyna gidip, olardan ötünç soradym. Men olara alanymdan has köp zady gaýtaryp berdim.

Aldanan dymdy. Ol yzyna garanda, nökeriň başyny atyp, aýdylan zatlary tassyklaýandygyny gördi. Soňra Asuda öz ýerine geçdi, Aldanan bolsa şa tagtyna garşy ýöneldi.

Ol edil şu pursat eşiden wakasy barada oýlanman bilenokdy. Oňa Jaliniň beýik rehimdarlygy barada köp aýdýardylar, şindi ol munuň diri şaýady boldy. Bu rehimdarlyk akyla sygardan ägirt-

di. Bu adam onuň tanaýanlarynyň arasynda iň erbedidi, bu ýerde bolsa beýlekiler ýaly şeýle belent boldy. Aldanan indi Jaliniň nazarynda merhemet tapjagyna şübhelenmedi, sebäbi ol oňa hemişe ynanýardy.

Şa tagtynyň öňünde durandan soň Aldanan hem Garaşsyzyň eşiden buýrugyny eşitdi:

– Özüňe ynanylan zatlaryň bary babatda hasabat ber.

Garaşsyz ýaly, Aldanan hem ekranda mekdebiň birinji gününden başlap tä düýnki güne çenli eden hereketlerini gördi. Sapaga yhlasly gatnaşyşyny we Jaliniň goldawyny ýygnanlaryň öňünde görmek oňa ýarady. Emma tizara onuň susty basyldy. Onuň durmuş ýörelgesi ony aýyplaýardy. Ol hemişe öz edenlerini aklaýardy, emma olar beýik kazynyň nazaryna we şaýatlaryň päk ynsabynyň öňünde peýda bolanda, ony utanç gaplap, aljyrady. Onuň ahlaksyzlygy we küntiligi abraýly jemgyýete aýan bolanda, gizlenere deşik tapsa, girjekdi.

Onuň diňe bir hereketleri däl, eýsem pikirleri-de, niýetleri-de ýagtylyga çykarylypdy. Jalin bularyň baryny nädip bildikä? Hiç kimiň hiç haçan bilmedik zady üçin Jalin ony neneň edip höküm edip bilýärkä? Onuň çuňňur syrlary indi gizlin däldi. Indi hemmeler onuň jaýlary we mellek ýerleri satmakdaky betnebisligini gördüler. Olar Aldananyň öz maksadyna ýetmek üçin gybat edip, myjabatlary ýaýradyşyny gördüler. Onuň ähli edenleri baýamak maksady bilen edilipdi. Ol hemme zady öz isleýşi ýaly we diňe özi üçin edesi gelýärdi. Onuň bu berk delillere garşy aýdara tutarygy ýokdy. Emma ol şonda-da öz-özüni köşeşdirip, etmişlerini ähmiýetsiz hasaplaýardy, çünki ol Jaline ynanýardy we özüni oňa bagyş edýändigini hemişe ykrar edýärdi.

Aldananyň durmuşyny synlap bolanlaryndan soň, Jalin mürzesine ýüzlenip:

– Aldananyň ady ýaşaýyş kitabynda barmy? – diýip sorady.

– Ýok, jenabym. – diýen jogap ýaňlandy.

Jalin hökümini yglan etdi:

– Aldanan, sen menden ýüz öwürmeklikde aýyplanýaň. Şonuň üçin-de, sen Lon topragyna kowulýaň. Sen şol ýerde tümlikde, umytsyzlykda we ýalňyzlykda ömürboýy ejir çekersiň.

Aldananyň ysgyny gaçdy. Onuň pikirleri aňynda ikiýana çapýardylar: “Ýok, bu ýalňyşlyk. Bu bolup biljek zat däl! Men Jaline iman edýärin. Ol: ‘Menden ýüz öwürdiň’ diýende nämäni göz öňüne tutdyka?” diýdi.

Ol gygyryp:

– Men senden haçan ýüz öwürdim?! – diýip sorady.

– Sen mugallymlaryň şu duýduryşyny eşidipdiň: olar Jalini tanaýarys diýseler-de, edýän işlerinde Ony ret edýändirler. Olar nejis, boýunegmezek bolup, ýagşylyk etmäniň nämedigini-de bilmeýärler.

Aldanan närazylygyny bildirip, özüni aklamaga synanyşdy:

– Ýöne, Beýik Patyşa, men seniň mekdebiňde okadym. Men ýekeje-de sapagy sypdyrmadym, mekdebiň köp işlerine gatnaşdym. Men seni hatda jenabym diýip atlandyrdym!

Jalin şobada şeýle jogap berdi:

– Näme üçin Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb!“ diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz? Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb“ diýen her bir adam Affabel Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer. Şol gün köpler Maňa: „Ýa Reb, ýa Reb, biz köplere Seniň adyňdan gürledik.... Şonda Men olara: „Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!“ diýip, açyk aýdaryn.

Aldanan gaharlanyp, şeýle diýdi:

– Emma men iman etdim ahyryn... Men saňa seniň sözüňe görä iman etdim, men hökman halas ediläýmeli!

Jalin sabyrlydy, ýöne şonda-da öz aýdanlarynda berk durdy. Ol üýşen raýatlara we has kiçiräk tagtda oturan mekdebiň ozalky mugallymyna seretdi-de, şeýle diýdi:

– Sapakda öwredilen zatlary Aldanana okap ber. Bu adam Mukaddes Ýazgylardan şulary okady: “Eý, doganlarym! Araňyzdan

biri ‘imanym bar’ diýibem, ony oňat işler bilen görkezmese, munuň näme peýdasy bar?! Beýle iman ony halas edip bilermi?! Käbiriniň: “Seniň imanyň bar, meniň bolsa oňat işlerim” diýmegi mümkin, hany, oňat işler etmezden maňa imanyňy görkez, men hem saňa imanymy oňat işlerim arkaly görkezeýin! Sen *Jaliniň* bardygyna ynanýarsyňmy? Gowy edýärsiň! Muňa hatda arwah-jynlar hem ynanýarlar we galpyldaýarlar. Eý, akmak, amalsyz imanyň peýdasyzdygyny bileňokmy näme?”

Jalin ýene-de bir gezek gaýtalady:

– Sen ynandym diýip gürleýärsiň, emma tabynlykdan edilen hereketleriň bolmadyk ýagdaýynda ynam ynam bolýan däldir. Ynam edýändigiňi aýtmaklyk ýeterlik däl, sebäbi hatda arwah-jynlar-da ynanýarlar, ýöne halas bolup bilmeýärler. Hakykatdan ynanýan adamlar özgeren tebigatlaryny aýan edýärler, erbet tebigatyň miwesini hasyl bermeýärler. Sen hemişe erbet jenap Dagonyň miwesini hasyl berdiň. Bu bolsa seniň maňa aslynda tüýs ýürekden ynanmandygyňy tassyklaýar.

Aldanan gulagynyň eşidýänlerine kynlyk bilen düşünýärdi:

– Onda bu betpäl Zalym babatda nähili? Men ondan gowudym-a! Sen neneň edip ony kabul edip, meni kowup bilýäň? Sen adalatsyz!

Jalin jogap berip, şeýle diýdi:

– “Ýöne siz: ‘Taňrynyň ýoly dogry däl’ diýýärsiňiz. ...Indi muny eşidiň, Meniň ýolum dogry dälmi? Nädogry ýol siziň ýollaryňyz dälmidir? Erbet adam-da eden erbetliginden dönüp, adalaty we dogruçyllygy ýerine ýetirse, ol adam öz janyny halas eder. Çünki ol özüniň eden ähli günälerine göz ýetirip, olara toba edendigi üçin, hökman diri galar, ol ölmez”.

Aldanan lapykeçlikden ýaňa gaharlanyp, gygyrmagyny dowam etdi:

– Emma men başgalara sen barada gürrüň berdim, olar bilen seniň sözüňi paýlaşdym. Men hatda seniň mekdebiňde käbir mugallymlaryň deregine meýletinlik bilen okatdym!

Ýöne Jalin başbermezlik bilen şeýle diýdi:

– Parzlarymy agzamaga, ähtimi diliňe almaga näme hakyň bar? Çünki Meniň terbiýämi ýigrenýärsiň sen, sözlerimi ýele sowurýarsyň sen. Bir ogryny göreňde, oňa goşulýaň, zynahorlara şärikdeş bolýaň. Ýamanlyga berdiň sen öz agzyňy, seniň diliň düzýär hile-pirimi. Sen oturyp, doganyňa garşy gepleýäň, öz ejeňiň ogluna myjabaty ýöňkeýäň. Sen bulary etdiň, Men gürlemedim, sen Maňa hem özüň ýalydyr öýtdüň. Emma Men saňa käýärin, göz alnyňda etmişleriňi goýaryn.

Aldanan dymdy. Pikirler onuň aňynda ikiýana çarp urýardylar, ýöne onuň indi aýdara hiç tutarygy ýokdy. Birnäçe sekunt geçdi. Onsoň patyşa hyzmatkätlerine şeýle diýdi:

– El-aýagyny daňyň-da, ony daşary, garaňkylyga taşlaň, ol ýerde agy we diş gyjama bolar.

Nökerleriň baştutany onuň ýanyna golaýlap gelýärkä, Aldanan Jaline, nökerlere we hatda Affabeliň raýatlaryna sögünip başlady. Ol gaharyndan ýaňa dergazap boldy. Ondaky ýagşy häsiýetleriň bary indi hakyky tebigatynyň aýan bolmagy arkaly ýom-ýok boldy.

Eli-aýagy daňlan Aldanyny zaldan alyp çykdylar, ol bolsa hemmelere sögünmegini dowam etdirýärdi. Garaşsyz ýaly, ony hem kazylygyň ahyryna çenli aýratyn bir kamera ýerleşdirdiler.

Aldanany zaldan äkidilen badyna Jalin ýygnaga ýüzlenip, şeýle diýdi:

– Şeýle adamlar bar, özüni tämiz saýýandyr, aslynda bolsa haramlykdan päklenen däldir.

## Çekinjeň Jaliniň öňünde

Adalat Zalynyň kabulhanasynda galan adamlaryň sany ýüzden köp däldi. Olaryň arasynda Çekinjeň bilen Ikiýüli durmuş hem bardy. Çekinjeň mümkin boldugyndan Ikiýüzli durmuşdan çeträkde durýardy, sebäbi onuň heniz-de öýkesi ýatyşmandy. Ikiýüzli durmuş hem ondan gaça durýardy.

Çekinjeňi äkitmek üçin dört nöker geldi. Ol özüniň nirä äkidilýändigini bilmän aljyrady. Emma muňa garamazdan, her nähili bolsa-da ýeňillik duýdy, sebäbi Ikiýüzli durmuş yzda galypdy. Beýlekilere edilişi ýaly, oňa hem Beýik Zalyň gapysynyň öňünde protokoly okadylar. Soňra ony Zala alyp girdiler.

Çekinjeň Affabeliň raýatlarynyň deňinden geçip barýarka, mekdebe gatnanlaryň köpüsini tanady. Olaryň köpüsi imanlary boýunça mekdepde Çekinjeň ýaly yhlasly we wepaly däldiler. Çekinjeň birnäçe adamyň bu ýere düşenligine haýran galdy. Onuň pikiriçe, bu adamlar bu ýerde bolmaga mynasyp däldiler.

Şa tagtyna golaýlan Çekinjeň onuň töwereginde birnäçe kiçi tagtyň durandygyny gördi. Ol käbir mugallymlary tanady – olar bu şalykda liderler bolaýmalydy. Emma ony tagtda oturanlaryň köpüsi geň galdyrdy – olar Endeliň iň ähmiýetsiz ýaşaýjylarydy. Tagtda oturanlaryň käbiri hakykatdan-da baýdylar. Ol öz içinden: “Baýlar bu tagtda nädip oturdyldyka?” diýip oýlandy.

Ol bu soraga özüne jogap berip ýetişmänkä, Jaliniň sesini eşitdi:

– Özüňe ynanylan zatlaryň bary babatda hasabat ber.

Çekinjeňiň durmuşy ägirt ekranda janlanyp başlady. Ol özüniň mekdep ýyllaryna höwes bilen tomaşa etdi. Onuň dostlaryna meýletinlik beren kömegi, sapakdan daşary geçiren işleri, klasdaky öňbaşçylygy gowy zatlara umyt edere tutarykdy. Ol özüniň batyrgaýlygyna we janypkeşligine buýsandy. Emma Myjabatyň ýalan gepine dörän garaýşy ekranda peýda bolanda, onuň keýpi bozulyp başlady. Onuň öýke-kineden heniz-de saplanmandygy mese-mälimdi. Onuň ýürek oýlanmaly mälim boldy, olar şeýle betnyşan görünýärdi.

Soňra Ikiýüzli durmuş bilen gatnaşyklary görkezildi. Ol özüniň bu ahlaksyz gatnaşygy babatda hiç haçan toba etmändi. Ol özüni pida hökmünde duýup, günäni Myjabatyň we Ikiýüzli durmuşyň üstüne ýükleýärdi. Bu bolsa oňa öz çözgüdi üçin jogapkärçiligi öz üstüne almaga päsgel berýärdi. Ol ajylygyň, gaharyň we ar alma

islegininň gitdigisaýy möwjändigini gördi. Öz duýgularyny basyrandygyna garamazdan, ol problemanyň köküni ýok etjek bolmandy. Bu Ikiýüzli durmuş bilen Myjabata bolan tükeniksiz öýke-kinesinde däl, eýsem hakykatda ähli kynçylyklarynda Jalini günäkärleýänliginden görünýärdi. Ol neneň edip Ikiýüzli durmuş ýaly adama öz mekdebinde okatmaga ygtyýar edip bildikä? Çekinjeňiň gahary we bagyşlap bilmezligi hemmeleriň öňünde mese-mälim aýan boldy.

Ekrandaky wakalar tamamlanandan soň, bu aýalyň ajylykdan doludygy, başgalara rehim-şepagatynyň ýokdugy mälim boldy. Emma bu zatlaryň köpçülige mälimdigine garamazdan, ol özüniň ozalky janypkeşligi patyşany göwnühoş eder diýip ynanýardy. Gutulgysyz jeza ony hopukdyrýardy, ýöne ol öňde garaşýan zatlary hatda göz öňüne-de getirip bilenokdy.

Jalin mürzesine tarap öwrülip:

– Çekinjeňiň ady ýaşaýyş kitabynda barmy? – diýip sorady.

– Ýok, jenabym.

Jalin hökümini yglan etdi:

– Çekinjeň, sen dogrulygy ýitirmekde we dönüklik edip, menden ýüz öwürmeklikde aýyplanýaň. Şonuň üçin-de, sen Lon topragyna kowulýaň. Sen şol ýerde tümlikde, umytsyzlykda we ýalňyzlykda ömürboýy ejir çekersiň.

Çekinjeňi elhenç gorky gaplap aldy. Ol bu ýerde ozal duranlaryň baryndan has güýçli sarsdy. Bu bolup biljek zat däl! Bu bir erbet düýş; ýok, garabasma, ol ýöne oýanaýmaly! Belki ol haýsydyr bir zada düşünen däldir?

Gulagynyň eşidenlerine ynanman, ol şeýle sorady:

– Jalin, men elhenç ýer bolan Lon topragyna gitmeli diýip aýtdyňmy?

– Hawa, Çekinjeň, sen hemme zada dogry düşündiň – diýip patyşa jogap berdi.

– Eý, patyşa Jalin, bu nädip beýle bolýar? Men saňa iman edýärin. Bu ekranda görkezilen durmuşymdan mese-mälim

göründi ahyryn. Meniň durmuşym imanymyň berk subutnamasy bolup dur-a! Men ýüregimiň doňup, onda söýginiň ölendigini boýun alýaryn, ýöne bu men muňa günäkär däl ahyryn. Muňa Myjabat bilen Ikiýüzli durmuş günäkär. Men şolar zerarly şeýle zabun boldum-a!

– Eýsem sen mugallymlar arkaly beren duýduryşymy unutdyňmy näme? – diýip Jalin sorady. – "Ýaman işleriň artanlygy zerarly, köpleriň söýgüsi sowar. Emma soňuna çenli çydan halas bolar". Sen soňuna çenli çydamadyň.

Çekinjeň muňa garşy çykyp, şeýle diýdi:

– Emma, jenap Jalin, men saňa iman edýänligim sebäpli dogruçyl ahyryn. Men, belki, şaýatlyk etmegiň yhlasyny ýitirendirin, emma men gutulyşy alan her adamyň ony asla ýitirip bilmeýändigine hemişe ynandym. Hatda mugallymlaryň käbiri-de şeýle öwredýärdiler. Olaryň aýdanlaryna görä, meni seniň eliňden hiç kim alyp bilmez.

Jalin oňa jogap berip şeýle diýdi:

– Hawa, bu hakykat. Seni meniň elimden hiç kim alyp bilmez. Ýöne seniň özüň menden gidip bilýänligiň barada hiç haçan aýtmandym. Şeýle güýç diňe sende bar. Eýsem sen Mukaddes Ýazgylardaky: "Adamlar Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihi tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden gaçyp gutuldylar. Eger olar mundan soňam ýene şunuň ýaly işlere baş goşup, günäniň guly bolsalar, onda olaryň soňky ýagdaýy öňki ýagdaýyndan-da beter bolar. Dogrulyk ýoluny bilenden soň özlerine tabşyrylan mukaddes buýrugy inkär edeninden bu ýoly asla bilmezlik olar üçin has gowy bolardy" – diýen aýatlary okamanmydyň näme?

Käbir adamlar gutulyşy alanlaryndan soň ozalkysyndan-da beter bolýarlar. Eger men şeýle adamlar üçin dogrulyk ýoluny bilmändikleri gowy diýip aýdan bolsam, sen neneň edip gutulyşyňy ýitirip bolmaýandyr öýtdüň? Eger bu mümkin bolmadyk bolsa, onda adam nädip gutulyşyndan soň öňküsinden-de beter bolup bilýär?

Sen näme üçin meniň sözüme çapraz gelýän zatlary öwredýän mugallymlara gulak gabartdyň? Men dogrulyk ýollaryny her bir adamyň bileri ýaly, hemmesini jikme-jik ýazdym ahyryn. Sen näme üçin özüňi aldatdyň? Eger sen meniň aýdanlaryma ynanan bolsadyň, onda ýüregiňdäki ajylygy ýeňerdiň. Sen bolsa özüňiň şertsiz howpsuzlygyň baradaky ýalan pikire eýerip, bu ajylyga gözegçilikde saklap bolmajak derejä çenli güýjemäge ýol berip, şindi şu hüküme duçar bolduň. Bu hökümiň öňüni alyp bolýardy, ýöne sen muny etmediň.

– Meniň ýagşy işlerim babatda nähili? – diýip Çekinjeň ýalbardy. Jenap Jalin şeýle jogap berdi:

– Ýene-de soraýaryn: sen meniň pygamber arkaly aýdanlarymy okadyňmy? “Ýöne dogruçyl adam öz dogruçyllygyndan dönüp, erbediň ähli nejis işlerini, pisliklerini etse, ol diri galarmy? Onuň eden dogry işleriniň hiç biri ýatlanylmaz; ol özüniň eden dönükligi bilen etmişi we günäsi üçin öler. Ýöne siz: „Taňrynyň ýoly dogry däl“ diýýärsiňiz. Eý, ....muny eşidiň, Meniň ýolum dogry dälmi? Nädogry ýol siziň ýollaryňyz dälmidir? Dogruçyl adam dogruçyllygyndan dönüp, erbetlik etse we ölse, ol öz eden günäsi sebäpli öler”. Ähli zat ýazylyşy ýalydyr: seniň ýagşy işleriň unudyldy, olar hasaba alynmaýar.

Çekinjeň soňky tutarygyna ýapyşyp, şeýle diýdi:

– Eý, jenabym, ýöne sen eger men seni öz Halasgärim hökmünde ykrar edýän bolsam, adym ýaşaýyş kitabyna ýazylar diýip adýdypdyň ahyryn. Meniň adym näme üçin Kitapda ýok? Seniň hyzmatkäriň näme üçin ony Kitapda tapyp bilenok? Ol neneň edip ýitip bildikä?

Jalin sabyrlylyk we berklik bilen şeýle diýdi:

– Sen ozal aýdylany eşitmediňmi? “Emma soňuna çenli çydan halas bolar”. Soňuna çenli, Kazylyk gününe çenli wepaly galanlar ýeňdiler. Men: “Ýamanlykdan üstün gelen ak lybasa beslener. Men onuň adyny ýaşaýyş kitabyndan öçürmerin” diýip açyk-

dan-açyk aýtdym. Eger men ýaşaýyş kitabyndan öçürmerin diýip aýdan bolsam, ony öçürip bolýandygyny aňladýar. Eger bu beýle bolmadyk bolsa, onda men: “Meni öz Rebbiňiz hasaplaýan bolsaňyz, adyňyz ýaşaýyş kitabyna baky ýazylar” diýerdim.

– Sen neneň edip meni Lon topragyna – diri ölüleriň kowulýan ýerine kowup bilýäň? – diýip ýalbardy.

– Endeliň ýaşaýjylaryna mälim bolangadymy ýazgylary oka. – diýip, Jalin kiçi tagtda oturanlaryň birine ýüzlendi.

Ol şuny okady okady:

– Düşünje ýolundan sowlan ölüler toparynda ornaşar.

Çekinjeň dymdy. Şonda patyşa hyzmatkärlerine şeýle diýdi:

– El-aýagyny daňyň-da, ony daşary, garaňkylyga taşlaň, ol ýerde agy we diş gyjama bolar. Çünki çagyrylanlar köp, emma saýlananlar azdyr.

Nökerleriň baştutany Çekinjeňe ýakynlaşanda, ol Jalini näletläp başlady. Ol biçak uly ajylyga gark bolan ýaly boldy, onuň iki gezek ölen tebigaty bütin dolulygynda äşgär boldy (Ýahuda 12-nji aýat). Ol güýzki şemalyň köki bilen goparýan gury daragtyna meňzedi.

Onuň el-aýagyny daňyp, gapdal gapydan çykardylar. Beýlekiler ýaly, ony hem aýratyn kamera ýerleşdirdiler. Ol Zaldan çykarylan badyna mürze gaty sesi bilen şuny jar etdi:

“Eger biz hakykat bilimini kabul edenimizden soňam bilgeşleýin günä etsek, günäleri bagyşlamak üçin indi gurbanlyk ýokdur. Diňe Jaliniň garaşylýan howply höküm güni we duşmanlaryny ýakyp-ýandyryjy ot bardyr.... Biz bu sözleri Aýdany tanaýarys: “Öç Meniňkidir, jezalandyrjak Mendirin”, şeýle hem: ‘Reb Öz halkynyň üstünden höküm çykarar’. Hawa, *Jaliniň* eline düşmek elhençdir!”

## Ikiýüzli Durmuşa höküm çykarylýar

Ikiýüzli durmuşy iň soňky çagyrdylar. Ol Jaliniň kanunlaryny bilýärdi we özüne çykaryljak hökümiň ýumşak bolmajakdygyna düşünýärdi. Ol eden etmişleriniň tölegini tizara biler.

Ol Adalat Zalyna äkidilip barýarka, özüni lapykeç duýdy.

Onuň durmuşy ekranda görkezildi we ol adynyň ýaşaýyş kitabynda ýokdugy baradaky ajy habary eşitdi.

Jalin berklik bilen şeýle diýdi:

– Ikiýüzli durmuş, sen dönüklik üçin, dogrulygy ýitirenligiň üçin, köpler üçin büdreme daşy bolanyň üçin höküm edilýäň. Sen Lon topragyna kowulýaň. Saňa ol ýerde iň berk jeza we ejirler garaşýar.

Ikiýüzli durmuş gorky bilen hökümi diňläp, ýalbarmaga başlady.

– Jenabym, men seniň mekdebiňde mugallym boldum ahyryn. Men ömrümi seniň işiňe bagyş etdim.

Jalin jogap berip, şeýle diýdi:

– Sen mugallym bolsaň-da, öwreden kitabyňy özüň okamadyň: “Eý, doganlarym, hemmäňiz ýygnakda öwrediji bolmaň! Sebäbi biz öwredijileriň *Jaliniň* has berk hökümine duçar boljakdygymyzy bilýänsiňiz”.

Ikiýüzli durmuş:

– Men neneň edip büdreme bolanmyşym? – diýip sorady.

Jaliniň äheňi has-da zabunlaşdy:

– Sen meniň pes göwünlilerimiň köpüsi üçin büdreme daşy bolduň. Olar saňa büdräp, baky heläk boldular. Çekinjeň-de şolaryň biri. Ol seniň aladaňa tabşyrylypdy. Men saňa ygtyýar berenimde, ony azdyrmak üçin däl-de, ony goramak üçin beripdim. Sen özüňe berlen ygtyýara daýanyp, öz aýgyrlygyňa ýol berdiň, Çekinjeňi we beýlekileri zorladyň. Oňa jorasy eýýäm köňül ýarasyny salypdy. Sen bolsa oňa şypa bermäge derek, ony ulandyň. Sen onuň imanyny weýran etdiň. Ol Lon topragyna sürgün edilmek arkaly jezalandyryldy. Meniň duýduryşym, elbetde, ýadyňdadyr: “Emma kimde-kim Maňa ynanýan bu pes göwünlilerden biriniň günä etmegine sebäp bolsa, onuň üçin boýnundan uly degirmen daşy asylyp, deňziň düýbüne zyňylmagy has gowy bolar”.

– Jalin, men Lon topragyna gitmelidigimi bilýän – diýip Ikiýüzli durmuş ýalbardy. – Ýöne men näme üçin iň zabun jezalara

hököm edildim? Sen näme üçin men babatda beýle zabun? Men bir imansyz däl-de, seniň hyzmatkäriň boldum ahyryn. Men seni tanamak islemedik Garaşsyz ýaly-da däldim. Näme üçin?

Jalin berk we ýanbermezdi.

– Sen Mukaddes Ýazgylary bilýärdiň. Onsoň sen näme üçin maňa bu soraglary berýärsiň? Eger sen unudan bolsaň, men saňa ýazylanlary ýatladaýyn. Mukaddes sözler aýdyňdyr: “Emma şol hyzmatkär öz içinden: ‘Hojaýynym giç geler’ diýip, gullary we kenizleri urmaga...başlasa, hojaýyny hem onuň oslamaýan gününde, oýlamaýan sagadynda gelse, ony parça-parça edip, onuň başyna biwepalaryň gününi salar. Hojaýynynyň islegini bilse-de, taýýar bolmaýan, onuň islegini ýerine ýetirmeýän hyzmatkär köp ýenjiler”.

Garaşsyz öz etmişlerine akyl ýetirerden uzakdy. Sen bolsa bilime we düşünjä eýediň. Garaşsyzyň berk jezasy her nähili bolsa-da seniňkiden ýeňil bolar. Men seniň üçin tümlik tümünde baky ýer taýynladym.

Onsoň Jalin baş nökere şeýle buýruk berdi:

– El-aýagyny daňyň-da, ony daşary, garaňkylyga taşlaň, ol ýerde agy we diş gyjama bolar; çünki çagyrylanlar köp, emma saýlananlar azdyr.

Nökerleriň gelerine garaşyp duran Ikiýüzli durmuş Jalini, nökerleri we Affabeliň raýatlaryny näletleýärdi. Ol garşylyk görkezip, boşanjak boldy we Jaline topulmak isledi. Onuň hakyky tebigaty aýan boldy. Onda şu wagta çenli bolan ýagşy zatlaryň baryny ikiýüzlülik ýuwutdy.

El-aýagy daňlan Ikiýüzli durmuş tä Zaldan çykarylýança gargap gitdi. Ol gapdal gapydan çykarylyp, hököm edilen bir müň ýarym adama goşuldy. Olar şobada Lon topragyna ugradyldylar.

Ikiýüzli durmuş Zaldan çykarylan badyna mürze ýygnaga şuny jar etdi:

– Eý, ...Mukaddes Hudaý! Sen şu hökümi çykarmak bilen adalatlydygyňy aýan etdiň. Men gurbanlyk sypasyndan bir sesiň: “...Seniň hökümleriň hakdyr, adyldyr” diýip jogap bereni eşitdim.

## Ret edilen Lon topragy

Hööküm edilen endelitleriň 1500-i kapasalara salnyp, hopukdyryjy Lon topragyna tarap ýola düşdüler. Bu topraga ýetmek üçin iki hepde wagt gerekdi, olara nökerler gözegçilik edýärdiler. Olaryň ýoly Beýik alaw çöllüginiň içinden geçýärdi. Köz ýaly gyzaran toprakdan çykýan howra çydar ýaly däldi. Birdenkä çölüň ortarasynda, howruň edil ojagynda, ägirt binanyň sudury göründi. Ýolagçylar oňa golaýlanlaryndan soň “Ret edilen Lon topragy” diýen ýazgyny okadylar.

Ýolagçylar oňa üns bilen garanlaryndan soň onda penjireleriň ýokdugyny, diňe ýeke-täk bir uly gapynyň bardygyny gördüler. Oňa girenlerinde, hööküm edilenleriň her biri onuň jümmüşinden gelýän sesleri eşitdiler. Bu sesler müňlerçe adamyň çirkin seslerini ýatladýardylar. Ýolagçylar nökerleriň baştutanyna ýalbaryp başladylar:

– Eýsem biz ýetip gelmedikmi näme? Biziň üçin rehim diläň, çünki biziň jezamyz juda zabun!

– Adamlar bu ýerde näçe wagtlap bolýarlar? – diýip Garaşsyz sorady.

– Bir ýyldan tä bir ýüz ýigrimi dokuz ýyla çenli. Aldanan şok ýagdaýyny düşdi, sebäbi ol köňlüni jümmüşinde soňky iki hepdäniň dowamynda bolup geçýän zatlar erbet bir düýş ýa-da gorkuzma serişdesidir diýip umyt edýärdi. Indiki soragy ol ýene şol nökere berdi:

– Men galan ömrümi bu ýerde geçirmelidigim hakykatmy?

– Hawa, saňa Endelde elmydama hut şu barada duýdurýardylar.

Has berk jeza hööküm edilen adamlar demir binanyň ýokarky gatlarynda ýerleşdirilýärdiler; ol ýerdäki howur gaty güýçlüdi. Jeza mynasyp bolan günäleri edip, hakykaty bilmedikler äpet binanyň aşaky gatlarynda ýerleşdirilýärdiler. Emma ol ýerde ýüzlerçe ýyl-a beýlede dursun, hatda ýekeje gün-de çydar ýaly däldi!

Ikiýüzli durmuşyň mesgeni akyla sygmajak tümlüge gaplanandy. Ony ýerasty zyndana ugratdylar; onuň gapdalynda gaýnap duran kükürt bardy. Onuň ysyndan ýaňa ol ýerde durar ýaly däl-

di, howry bolsa iň güýçlüdi. Zyndan hatda demir binana-da ýerleşmän, ýeriň jümmüşinde ýerleşýärdi. Bu ýeriň jebir-jepalaryň iň agyr ýeridigine hiç şübhe ýokdy. Ikiýüzli durmuş bu ýerde bütinleý ýalňyzlykda ejir çekmelidi. Bu zyndan deň jeza höküm edilenleriň bary sygar ýaly uludy. Olar biri-birinden aýra saklanylyp, diňe öz seslerini eşidip bilýärdiler.

Höküm edilenler ygtybarly gulplanylanyndan soň, şa nökerleri çykalga tarap ýöneldiler. Ägirt demir gapy olaryň arka tarapynda ses bilen ýapyldy. Indi binanyň içine ýeke-de gün şöhlesi geçip bilmeýärdi. Bu biçäre janlar bu ýerde bir ýüz ýigrimi bäş ýyldan gowrak wagty bütinleý tümlükde we ýalňyzlykda geçirmelidiler. Olar gün şöhlesini ýylda diňe bir gezek – höküm edilenleriň täze topary getirilende görýärdiler. Ýöne ony diňe äpet gapa golaý ýerleşýänler görüp bilýärdiler. Başgalar, mysal üçin, Ikiýüzli durmuş dagy gün ýagtysyny gaýdyp görmezler. Olar üçin tümlügiň garaňkylygy bellenilen jezady.

## Oýlanmalar

Bu dört endelit galan ömrüni birwagtlar aýdylan hakykata gulak asmandyklaryna ökünip geçirdiler. Olar öz akmaklygy barada dyngysyz oýlanýardylar. Olar akmaklygy zerarly Jaliniň Endelde elýeter bolan sözlerine biperwaý garapdylar. Olar geçmişe dolanyp, ykballaryny üýtgetmek üçin hemme zada taýyndylar. Wah, olar indi öz deň-duşlarynyň ýörgünli bolan pikirlerine gulak gabartjak däldiler, akmak ynamlaryny taşlap, mizemez we mäkäm gadymy Ýazgylara ýapyşaslary gelýärdi.

Olary iň ajaýyp şalyk baradaky ýatlamalar horlaýardy. Olar jebir-jepalarynyň içinde beýik şäheri diňe bir pursat görendiklerine garamazdan, onuň gözellegini arzuwlaýardylar. Bu gözellik jebir--jepalaryň agyrysyny, gowrup barýan howruny, ýiti porsy yslary we tümlügiň zarbyny has-da artdyrýardy. Bu gözellik olar üçin niýetlenipdi, ýöne olar öz akmak çözgütleri zerarly ony ret edipdiler.

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

## BIRINJI BÖLÜM: 1–3-NJI BAPLAR

1. Siz şu kitaby okap başlamazyňyzdan ozal “üstünlik” diýen düşünjä nähili kesgitleme berýärdiňiz? Siziň maksatlaryňyz, ileritutmalaryňyz we endikleriňiz şol kesgitlemäňizde nähili şöhlelenýärdi? Okan sahypalaryňyz garaýyşlaryňyza nähili täsir etdi? Olar ozalkysyndan üýtgedimi?

2. Bakylyk diýen düşünjäniň asyl manysy barada oýlanylanda, adamyň baky hüküme sezewar edilip bilinýändigi baradaky pikir bolup bilmejek zat ýaly görünýär. Ýöne Ýohannanyň birinji hatynda (4:17) hut şu barada ýazylandyr. Kitabyň galan böleginde biz şu wadanyň asyl manysyny açyp görkezeris. Siz bolsa öz bilimiňize daýanyp, şeýle ynamlylygyň nireden gözbaş alýandygyny aýdyň.

3. Siz şu bölümde Affabel şalygy barada bildiňiz. Ol ýer ýüzündäki durmuş bilen baky çagyrylyşymyzyň arasyndaky gatnaşygyň suratlandyrmasy bolup durýandyr. Sizi bu şalykdaky we ony dolandyrmakdaky haýsy zatlar haýran galdyrdy? Haýsy zatlar siziň üçin geň görünýär? Haýsy zatlar sizi şatlandyrýar? Mukaddes Ýazgylar wakanyň şu elementlerini nähili şöhlelendirýär?

4. Geliň, Endeliň ýaşaýjylary barada gürrüň edeliň. Siz ilkinji dört hüküme nähili garaýarsyňyz? Siz bu hükümler başga bolar öýdüpmidiňiz? Eger şeýle bolsa, nähili bolar öýdýärdiňiz?

5. Şu okuw toplumyny geçiş dowamynda sizi haýsy soraglar we gorkular has köp tolgundyrýar?

# IKINJI BÖLÜM

4-NJI BAP

# ÖLÜLER ÜÇIN BAKY JAÝ

*Şägirtleri Ondan: “Bu tymsalyň manysy näme?” diýip soradylar. Ol şeýle diýdi: “Hudaýyň Şalygynyň syrlaryna düşünme (has aýdyň we çuň saýgarma we düşünme) ukyby size berildi, emma başgalar seretse-de, görmesinler, eşitseler-de, düşünmesinler diýip, olara tymsallar arkaly aýdylýar.*
— Luka 8:9,10 (giňişleýin terjime)

Biz gürrüňimizi şu ýerde goýup, indiki dört bapda Garaşsyz, Aldanan, Çekinjeň we Ikiýüzli durmuş daga höküm çykarylyşy baradaky wakada gören hakykatymyza has jikme-jik garap geçeris. Soňra bolsa wakanyň nädip tamamlanandygyna dolanyp geleris. Biz Sahawata we Egoiste näme bolandygyny bileris. Galan baplarda bolsa olaryň durmuş wakalarynda mälim bolan hakykata garap geçeris. Kitabyň iň oňat bölüminde bolsa, elbetde, Isa Mesihe eýerenler üçin taýýarlanan baky sylaglar barada gürrüň berler.

## Binýady hakykat

Biziň tymsalymyzda Jalin Isa Mesihiň keşbi, patyşa Ata bolsa Gudratygüçli Ata Hudaýyň keşbi bolup durýandyr. Dagon iblisiň keşbi bolup durýar; Endeldäki durmuş bolsa ynsanyň ýer ýüzündäki ýaşaýşyny şekillendirýär. Affabel Hudaýyň gökdäki şäheriniň keşbidir. Ret edilen Lon topragy bolsa ýanyp duran otly kölüň keşbidir. Isa Mesihiň halas edýän merhemetini kabul etmedik her bir adam bu kölde baky ejir çeker. Geçen baplarda gür-

rüňi edilen gahrymanlar dürli ykballary beýan edip, baky hököm ediljekleri suratlandyrýar. Hudaý bize muny aç-açan aýdýar.

Hawa, siz dogry okadyňyz – baky hököm edilenler. Men şu kitaby ýazmaga taýýarlananymda Mukaddes Ýazgylaryň “baky hökümler” barada aýdýanlaryny okyjylara nädip ýetirmelidigi barada köp oýlandym. Şuny ünsli okaň:

> Şonuň üçin, geliň, Isa Mesih baradaky başlangyç taglymda saklanman, öňe hereket edeliň; Ölüme eltýän işlere toba etmek, Hudaýa iman etmek, ....we baky hököm (jeza) barada gaýta-gaýta esasy taglym almagymyzyň geregi ýok (Siz bu barada bireýýäm bilmelidiňiz). (Ýewreýlere 6:1,2, giňişleýin terjime)

Görşüňiz ýaly, men ölüme eltýän işler babata toba etmek, Hudaýa iman etmek ýaly binýady taglymlary sypdyryp, baky hökümleriň we jezanyň Isa Mesihiň başlangyç taglymy bolup durýandygyny nygtadym.

Sözlükleriň biri *başlangyç* diýen söze şeýle düşündiriş berýär: “binýady düzýän, düýpli, möhüm ýa-da esasy bölüm”. Bu möhüm binýady biz ilkibaşdan bilmeli, bu esasy zat bolup durýar. Muňa has oňat düşünmek üçin, bilim ulgamymyzy mysal getireliň. Başlangyç mekdepde biz okuw, ýazuw, arifmetika ýaly esasy bilimi alýarys. Biz olary soňra bilim almakda doly peýdalanýarys. Şu esasy bölümi sypdyrsak, bilimi bolmalysy ýaly alyp bilmeris. Imanlylar barada hem hut şuny aýtsa bolýar. Baky hökümler barada berk düşünjeli bolmazdan, biz Isa Mesijdäki dogry durmuşy gurmaga ukypsyz bolarys. Bularyň baryny okamagy öwrenmezden bilim derejämizi ýokarlandyrmak synanyşyklary bilen deňeşdirse bolýar.

Ýöne her nähili bolsa-da, ýigrimi ýyl hyzmatda bolup, dürli ýerlere syýahat etmek bilen, men köp adamlaryň, şol sanda Isa Mesihiň janypkeş şägirtleriniň-de baky hökümler barada hiç zat bilmeýändiklerini ýüze çykardym. Üns beriň, awtor: “Siz bu bara-

da bireýýäm bilmelidiňiz" diýip ýazýar. Ol siz "ýöne tanyş bolmaly" diýenok, ol muny *bütinleý, doly* bilmeli diýip aýdýar. Okamak bilen ýazmagyň bilimiň binýady bolşy ýaly, "bireýýäm" sözi munuň imanymyzyň binýady bolmalydygyny nygtaýar.

Doly mesihi durmuşyny gurmak üçin baky hökümiň näme üçin başlangyç taglymy bolup durýandygyna gysgaça garap geçeliň. Kitaby okamagy dowam edeniňizde, muny ýatda saklaň, sebäbi muňa düşünmezden pikir alşylýan mowzugy kabul etmek kyn bolar. Sizde, belki, *"Umuman, gürrüň näme barada-ý?"* diýen soragyň döremegi ahmal.

## Dozah: deňeşdirmemi ýa-da hakykat?

Şu kitaby ýazmaga girişmezden ozal men bir pikir bilen göreşdim: "Häzirki ýaşlara – "diňe şu gün ýaşalýar" diýen ýörelgä eýerýän ýaşlara baky çözgütleriň hakykylygyny nädip ýetirsemkäm? Bu çözgütler biziň ykballarymyz babatda tizara älemiň Kazysy tarapyndan kabul ediler ahyryn". Birnäçe gün göreşenimden soň dileg edip otyrkam aňyma şu pikir geldi: "Isa Mesih adamlara ruhy hakykaty aňsat ýetirmek üçin wakalary, tymsallary gürrüň berýärdi". Şeýdip, Affabel baradaky allegoriýa döredi.

Şu kitaby ýazyp, hökümleriň beýanatyna, wakanyň gahrymanlarynyň Lon topragyna sürgün edilip, baky jeza höküm edilmäniň beýanatyna golaýlanymda, içimdäki zatlaryň bary galpyldaýardy. Geçen babyň jemlemesini men iş sapardan dolanyp gelýärkäm uçarda ýazdym. Şol gün men üç ýygnakda wagyz edipdim. Meniň kömekçilerim asuda uklap ýatyrdylar, men bolsa saklanyp bilmän kitabymy dowam etdirdim. Öýüme ýarygije barandygyma garamazdan, gözüme hiç uky gelmedi. Sebäbi men haçan-da bolsa birwagt *ýanyp duran kükürtli köl* diýip atlandyrylýan elhenç ýere düşjekleriň ykbalyndan hopukýardym. Isa Mesihiň sözlerine görä, şeýle adamlaryň sany köplük bolar:

> Dar gapydan giriň, sebäbi heläkçilige eltýän gapy inlidir we onuň ýoly giňdir. Bu ýoldan girýänler köpdür. Emma ýaşaýşa eltýän gapy insizdir, ýoly dardyr. Bu ýoly tapýanlar azdyr (Matta 7:13,14).

Düşegimde ýatyrkam, men birki ýyl mundan ozal Günorta Afrikadaky berk tussaglykda saklanylýan erkekler türmesine wagyz etmäge çagyrylyşymy ýatladym. Men şol zyndana girişimi ýatladym: aňkap duran yslar, ýürekbulanç şertler, her kamerada biri-birinden sanlyja santimetr aralykda oturan 20-30 erkek, diwarda asylgy duran prezerwatiwler – bular meniň şaýat bolan ýagdaýlarymyň ujypsyzja bölegidi. Men ozal Amerikanyň birnäçe türmesinde wagyz edipdim, emma şeýle çykgynsyz şertleri ömrümde görmändim. Biziň türmelerimiz şol türme deňeşdirende obadaky medeniýet öýi ýaly görünýär.

Men şeýle ýürekbulaýjy şertlerde 40-50 ýyl (erkekleriň köpüsi ömürlik tussagdylar) ýaşamaga beýlede dursun, hatda bir hepdede nädip ýaşap bolýandygyny göz öňüme getirip bilemok. Isa Mesihe ynanmaýanlaryň ýüzünde umytsyzlygyň çuňňur nyşany bardy. Men olaryň pikirlerini eşidýän ýalydym: “Günleriň birinde men ölerin we bu ýerden çykaryn). Bu hakykatdan-da elhençdi. Olar bütinleý umytsyzlyk ýagdaýynda ýaşaýardylar. Eger adam erkinlikde ýaşap (erkekleriň hemmesi-de birwagt erkinlikde ýaşaýardylar) soňra-da ömrüniň ahyryna çenli bu türmä düşen bolsa, bu ýer ýüzündäki ejirlikdi.

Men şol ýerde bolanymda, bu ýerdäki aýylganç şertlere garamazdan, bu türme dowzahdan has oňat ýer diýip pikir etdim. Tussaglaryň bärde hiç bolmanda goňşulary bar. Adamlar hiç bolmanda dar penjireleriň gözeneginden geçýän gün şöhlelerini görýärler. Dowzahda ne ýoldaşlar, ne ýagtylyk bar. Ol ýerde sönmeýän oduň şöhlesinden başga ýagtylyk ýok. Ýanyp duran kükürtli kölden asla boşanmak mümkin däl – ol ýere düşen janlar şotaýda dyngysyz ejir çekerler! Adam dowzahda: “Günleriň bir güni men bu ýerden çykaryn” diýip pikir edip bilmez, sebäbi ol ýerdäki jeza *bakydyr*!

Dowzah baradaky tagymyň Isa Mesihiň binýady taglymlarynyň biri bolany üçin, Ol bu barada ýygy-ýygydan aýdýardy. Biziň günlerimizde wagyz edilýän münberlerden bu barada seýrek aýdylýar. Hudaý dowzahyň tükeniksiz ejirlerini beýan etmek bilen adamlara bolan rehim-şepagatyny unutmandy. Tersine, Ýagşy Çopan hökmünde Ol muny akylymyza aýlanmagymyz üçin edipdi. Onuň eden we öwreden zatlarynyň ählisi rehim-şepagatdan doly ýüreginiň jümmüşinden gaýdypdy. Diýmek, dowzah baradaky taglym söýgüden ylhamlanyp berlen taglymdy. Men öz-özümden şuny soraýan: biziň günlerimizde münberden bu taglymy aýtmanymyzda bu adamlar barada alada etdigimiz bolýarmyka? Eýsem bu hakyky söýgümikä?

Mukaddes Ýazgylarda dowzahyň birnäçe ady bar. *Şeol* (diňe Köne Ähtde), *dowzah, gabyr* – aralykdaky ölüm zyndanynyň birnäçe ady. Geýenna we ýanyp duran kükürtli köl – baky dowzaha berlen atlar. Biz aralykdaky we baky ýeriň arasyndaky tapawuda gysgaça garap geçeris.

Mukaddes Ýazgylar dowzahyň toslama ýer däl-de, hakykatdygyny aýdýar, jemgyýetimiz bolsa bu söz göçme manyda berlen diýip nygtaýar. Çölde kitabynda (16-njy bap) ýer ýarylyp, adamlaryň gözüniň alnynda üç maşgalany ýuwutdy. Täze Ähtde Mesihiň duşmany we onuň ýalan pygamberi barada şeýle diýilýär: “Isa Mesihiň duşmany-da, galp pygamber-de diriligine ýanyp duran kükürtli köle zyňyldy” (Aýanlyk 19:20) Ölümden soň ol ýere diňe ruhlary däl, eýsem fiziki bedenleri-de zyňyldy.

## Lazar we baý

Lukanyň beýan eden hoş habarynda Isa Mesih hakykatda bolup geçen wakany gürrüň berýär. Bir baý adam diňe özi üçin ýaşap, gapysynda günde dilegçilik edip gününi görýän gedaýy ýigrenipdir. Biz munuň tymsal däldigini bilýäris, sebäbi Isa Mesih

gürrüňi: “Bir baý adam bardy” diýen sözler bilen başlaýar. Ikinjiden, Ol Ybraýym pygamberiň adyny agzap, gedaýyň anyk adyny – Lazar diýip aýdýar. Isa Mesih Öz tymsallarynda adatça adamlaryň adyny aýtmaýardy.

Lazar ölenden soň perişdeler ony Ybraýymyň ýanyna äkidýärler (bu ýer Köne Ähtde mukaddesler üçin teselli we rahatlyk ýeridi. Täze Ähtde bolsa Isa Mesih olara Hudaýyň gökdäki barlygyna bolan ýoly açdy). Baý adam bolsa ölenden soň dowzaha düşýär. Biz şuny okaýarys:

> Dowzahda ejir çekýän baý gabagyny galdyryp, uzakdan Ybraýymy we onuň ýanyndaky Lazary görýär. Şonda ol gygyryp: „Eý, Ybraýym ata, maňa rehim et! Lazary iber, barmagynyň ujuny suwa batyryp, meniň dilimi sowatsyn, sebäbi bu oduň içinde men ejir çekýärin“ diýýär (Luka 16:23,24).

Baý adamyň çydardan güýçli bolan ejir çekýändigine üns beriň. Terjimeleriň beýleki wariantlarynda akyla sygmajak jebirleri beýan etmek üçin *agoniýa (ölüm halyndaky agyry), ejir* diýen sözleri ulanylýar. Dowzah dyngysyz ejirleriň ýeridir. Ýenede bir zada üns beriň: baý adam Ybraýymy we Lazary tanady, olar hem baýy tanadylar. Adamlar dowzahda ozalkylary ýaly: duýgulary, pikir ýöretmeleri, ýüz keşpleri, emosiýalary bilen galarlar. Bu adam eşidip, görüp we agyryny duýup bilýärdi. Ol bedendedi; bu onuň isleginden äşgär bolýar – ol kimdir biriniň diliniň ujuny suw bilen sowatmagyny isleýär. Isa Mesih bedeniňde, janyň-da dowzahda baky weýran ediljekdigi barada aýdypdy (ser.: Matta 10:28). Başga sözler bilen aýdylanda, adamyň bedeni dowzahyň odundan we gurçuklardan dyngysyz ejir çeker.

Baý adam hem edil wakamyzdaky Lon topragyna sürgün edilen adamlaryň dileýşi ýaly rehim-şepagat diledi. Ýöne dowzahdan gaýdyp gelme ýok! Ol ýerdäkileriň tesellini şeýle küýseýändiklerine garamazdan, olary köşeşdirmäge hiç kim barmaz. Meniň

pikirimçe bu hakykata düşünip, oňa doly akyl ýetirmek mümkin däl. Ybraýym baý adama şuny ýatlatdy: “Bulardan başga-da, biziň bilen siziň araňyzda äpet bir uçut goýlupdyr, şonuň üçin bu ýerden siz tarapa *(size teselli bermek üçin)*, ol ýerden hem biz tarapa hiç kim geçip bilmez“ diýip jogap berýär (Luka 16:26, nygtama awtoryňky). Men dowzahyň hakykatynda özünde duýup gören aýaly tanaýaryn. Ol maňa şol ýerde gören her bir adamyň akyla sygmajak ejir çekişini görendigini gürrüň berdi. Bu ýokardaky aýatda baý adamyň çekýän ejirleri baradaky sözlere meňzeş. Okamagy dowam edeliň:

> Emma Ybraýym oňa: „Eý, ogul! Sen öz ýaşaýşyňda ýagşy zatlary alanyňy, Lazaryň bolsa ejir çekenini ýadyňa sal. Indi bolsa ol bu ýerde rahatlyk görýär, emma sen ejir çekýärsiň. ....Şonda baý adam: „Beýle bolsa, atam, saňa ýalbarýaryn, Lazary kakamyň öýüne iber. Sebäbi meniň bäş doganym bar. Bu gynalýan ýere düşmezleri ýaly, Lazar barып şeýle ýeriň bardygyny olara duýdursyn“ diýýär (Luka 16:25, 27,28).

Siz, belki, “jebir köpçüligi halaýar” diýen gadymy jümläni eşidensiňiz. Emma ol bu ýagdaýa laýyk gelmeýär. Bu adam näme üçin başgalaryň oňa goşulmagyny islemidikä? Munuň jogaby şeýle – dowzahda aragatnaşyk-da, ýoldaşlyk-da ýok. Käbir adamlar dowzahda uly meýlisler gurnalar öýdüp, ol ýerde dost-ýarlary bilen bolarlar diýip öz-özlerini köşeşdirýärler. Eger bu şeýle bolýan bolsa, bu baý adam ýakyn adamlarynyň baryny öz ýanynda göresi gelerdi. Emma ol ýakynlarynyň bu jebir-jepalar ýerine asla düşmezligini isledi. Bu ýer bütinleý ýalňyzlyk we umytsyzlyk ýeri. Mundan başga-da, bu baky ýatlamalar ýeri. Meniň pikirimçe bu ejirleriň iň ulusydyr.

Baýyň öz doganlary baradaky ýalbaryşyna Ybraýymyň berýän jogabyny okalyň:

> Emma Ybraýym: „Olarda Musanyň we pygamberleriň ýazgylary bar ahyry, goý, şolara gulak assynlar“ diýýär. Ol hem: „Ýok, eý,

> Ybraýym ata! Olar diňe ölülerden biri ýanlaryna baranda toba ederler“ diýýär. Ybraýym oňa: „Olar Musa we pygamberlere gulak asmaýan bolsalar, onda ölülerden biri direlse-de, ynanmazlar“ diýip jogap berýär (Luka 16:29–31).

Bu sözleriň aňyrsynda beýik hakykat bar. Köp adamlar Hoş Habara ynanmak üçin gudratly bir duýgulary başdan geçiresleri gelýär. Emma Isa Mesih Hudaýa soňuna çenli eýerip bilerimiz ýaly güýçli imany Onuň Sözünden başga zadyň berip bilmeýändigini aýdyň görkezýär. Maňa dogry düşüniň: gudratly duýgular adamda gorky döredip, diňe gysgawagtlaýyn özgerişligi döredýär. Şeýle duýgular adamyň ýüregine mizemez ynançlary getirmeýär.

Men heniz imana gelmän, gije-gündiz meýlisden meýlise entäp ýören ýetginjekkäm kakam meni Çarlton Hestonyň gatnaşmagyndaky “On tabşyryk” diýen filme tomaşa etmäge äkitdi. Men gözümi aýyrman filme seretdim. Filmde ýer ýarylyp, adamlar dowzaha opurylýarlar. Bu surat meni kalbymyň jümmüşine çenli sarsdyrdy. Men kinoteatrdan bütenleý başga adam bolup çykdym. Indiki hepdäniň dowamynda men başgaça ýaşamaga synanyşdym, emma kem-kemden hemme zat öňküligine dolandy. Name üçin? Sebäbi men Hudaýyň Sözüni diňlemeýärdim, öz ýörelgelerim barada toba gelmändim, Isa Mesihiň merhemeti meni özgerdip bileri ýaly durmuşymy Oňa bagyş etmändim.

Men we dostlarym başga-da gudratly duýgulary başdan geçirdik, ýöne men adatdan daşary ýagdaýlar arkaly halas bolmadym. Meniň durmuşym tä kursdaşym otagyma gelip, Hudaýyň Sözi, Isa Mesihiň Hoş Habary bilen tanyşdyrýança özgeren däldir. Bize şeýle diýilgidir: “Şunlukda, iman eşitmekden, hawa, Isa Mesih hakdaky Hoş Habary eşitmekden döreýändir” (Rim.:10:17) we “Siz wagtlaýyn tohumdan däl-de, eýsem, ebedi tohumdan, ýagny Hudaýyň diri hem baky galýan sözi arkaly täzeden doguldyňyz” (1 Pet.:1:23). Şonuň üçin-de, öz duýgularymyzy däl-de, Hudaýyň Sözüni öwrenip, ony wagyz etmegimiz wajypdyr.

Mundan başga-da, ýokarda aýdylanlary aýdyňlaşdyrmak üçin, şuny nygtamaga rugsat ediň: *eger başdan geçirilen duýgular Hudaýyň Sözüni güýçlendirmäge we ony tassyklamaga ýardam berýän bolsa, olar ajaýypdyr we gerekdir*. Hoş Habary ýaratmakda şaýatlyklaryň ähmiýeti uludyr, emma baky ýaşamak mümkinçiligini bize diňe iman we Hudaýyň Sözüni kabul etmeklik berýändir.

## “Men näme üçin bu ýere ýönelýärin?”

Indi bolsa men Mukaddes Ýazgylary tassyklaýan bir şaýatlygy siziň bilen paýlaşasym gelýär. Bir gün agşamara biz dostumyzyňka oturmaga gitdik. Ol bize ýaşlyk döwründe Karib adalarynda başdan geiçirenlerini gürrüň berdi. Ol ýagyş möwsüminde ýagyş suwunyň ýygnalýan çuň çukuryna gaçypdyr. Dogany ony halas etmek üçin yzyndan böküpdir, sebäbi biziň dostumyz ýüzüp bilmeýän eken. Dogany ýagdaýyň hötdesinden gelip bilmänsoň, çukurdan çykyp, kömek çagyrmaga gidipdir. Kömek ýetip gelende bu oglan eýýäm ýarym sagat bäri öli eken.

Ol soňra beren gürrüňinde bedeninden çykandygyny, şol bir wagtyň özünde-de duýgularynyň birini-de ýitirmändigini aýtdy. Ol çuň tümlüge tarap okgunlylyk bilen gaçýandygyny duýupdyr. Tümlük şeýle bir goýy eken welin, ol hatda öňe uzadan elini-de görüp bilmändir. Onuň göwnüne bolmasa tümlük ony fiziki gurşap alan ýalydy. “Gorky şeýle bir elhençdi welin, mundan güýçli gorky bardyram öýtmeýärdim. Emma men aşaga ýykyldygyçam bu gorky has-da güýjeýärdi. Men ýerde beýle gorkyny duýup görmändim, ony hatda söz bilen beýan edip-de bolmaz. Soňra men ýagtylyk yşyny görüp, dowzaha golaýlaýandygyma düşündim. Men: “Näme üçin bu ýere ýönelýärin? Men mesihi ahyryn!” diýip gygyrdym” – diýip dostumyz gürrüň berdi. Onuň ene-atasy imanlydylar, ol bolsa olar bilen ýygnaga öz isle-

gi boýunça däl-de, ýöne bir ýoldaş bolmak üçin gatnaýan eken. Ol öz wakasyny gürrüň berende, munuň nädip beýle bolandygyny düşündirip bilmedi.

Dostumyz ýatlamasyny dowam edip, elhenç gykylygy, jebir çekýänleriň sesini eşidendigini gürrüň berdi. Onuň aýdanlary meniň anyk ýadymda: “Jon, Liza, adaty ses, gykylyk bar. Ýöne depe saçyňy düýrükdirýän sesler-de bar. Men şolary eşitdim. Soňra men endamy gowly bir jandara pete-pet ýüz boldum. Ol maňa: “Bäri gel, sen meniňki” diýip dyngysyz gaýtalaýardy. Men onuň bilen göreşmäge başladym. Başda gorkudan ýaňa dilim tutulyp, ýekeje-de sözi aýdyp bilmedim, ýöne soňra: “Goýber meni, goýber meni” diýip gygyrmaga başladym.

Birdenkä men barmagyny damagyma salan lukmany itekläp, gygyryp ýatyşyma öz bedenimde oýanypdyryn. Şol pursat ejem operasion palatanyň agzynda oturyp: “Eý, Hudaý, Atam, eger sen maňa oglumy gaýtaryp berseň, men ony saňa baky bagyş ederin!” diýip Hudaýa ýalbarýan eken. (Dostumyz başdan geçirenlerini ejesine aýdyp berenden soň, ol ogluna şuny gürrüň beripdir). Soňra ol Karib adalarynda ýygnagyň düýbüni tutan ilkinjileriň biri boldy.

Siz onuň başdan geçirenleri babatda şübhelenip bilersiňiz, emma şular ýaly duýgulary başdan geçiren erkekleriň, aýallaryň we çagalaryň sany ep-eslidir. Lukmanlar ýygy-ýygydan kliniki ölümiň şaýady bolansoňlar, şu ýagdaýy derňäp öwrenmegi maksat edindiler. Olardan biri – Melwin Morç atly lukman, ol kliniki ölümi başdan geçiren çagalaryň ýagdaýyny öwrenýär. Ol çagalaryň iki toparyny öwrendi. Birinji topar 121 çagadan ybarat bolup, olar howply saglyk ýagdaýynda bolsalar-da kliniki ölümi başdan geçirmändiler. Üç ýaşdan on alty ýaş aralygyndaky çagalar reanimasiýada emeli dem beriş apparatlarda ýa-da agyr dermanlaryň kömegi arkaly bejergi alypdyrlar. Olardan biri-de öz teninden çykyp gidendigini habar bermändir.

Ikinji topar bolsa şol ýaşdaky çagalaryň 12-sinden ybaratdy. Olar ýürek togtamasyna duçar bolan eken (gark bolmalar, awariýa heläkçiligi we ş.m.). Şu azsanly topardaky çagalaryň hemmesi bedenlerinden çykyp gidendikleri barada habar beripdirler. Olaryň käbiri öz bedenlerini keseden çalaja görendiklerini gürrüň berip, lukmanlaryň şol pursat eden hereketlerini suratlandyryp beripdirler.

Kimdir biri dostumyzyň başdan geçirmelerini ýönekeý bir gallusinasiýa hasaplap biler, emma ikinji topardaky çagalar babatda geçirilen barlaglaryň netijeleri munuň beýle däldigini doly subut edýär. Galyberse-de, eger ol eýýäm ýarym sagatlap öli bolan bolsa, nädip gallusinasiýa görüp bildikä?

## Dowzah ýanyp duran köl bilen deňeşdirilende

Biziň dostumyz hem kliniki ölümi başdan geçirenleriň beýlekiler ýaly jebir-sütemleriň aralyk ýerini gördi. Bu ýer dowzah diýip atlandyrylýar. Bu ýer halas bolmadyklar üçin baky mesgen bolman, Beýik Ak Tagtyň öňündäki Höküme garaşylma ýeri bolup durýandyr. Hökümden soň höküm edilen adamlar we Hudaýa dönüklik eden perişdeler hemişelik ýerlerine düşerler. Bu ýer *ýanyp duran kükürtli köl* diýip atlandyrylýar. Muny Mukaddes Ýazgylardan aýdyň görse bolýar:

> Soňra men uly ak tagt we onuň üstünde Oturany gördüm... Deňiz özündäki ölüleri berdi. Ölüm we ölüler dünýäsi-de özündäki ölüleri berdi. Olaryň her birine eden işlerine görä kazylyk edildi. Onsoň ölüm we ölüler dünýäsi ýanyp duran köle zyňyldy. Ine, bu otly köl ikinji ölümdir. Atlary ýaşaýyş kitabyna ýazylmadyklaryň ählisi ýanyp duran köle zyňyldy (Aýanlyk 20:11–15, gysgaldylma awtordan).

Men ilki bilen bir zady aýdyňlaşdyrmakçy: aralyk ýer bolan dowzahdakylaryň bary höküm çykarylma getirildiler. Höküm çykarylandan soň günäkärleriň we bikanuny ýaşanlaryň ählisi,

şol sanda Hudaýy ret eden perişdeler-de, dowzahyň özi-de ýanyp duran köle zyňlar.

## Ýanýan köl görnüşi

Liza ikimiziň dostlarymyz bar. Olar är-aýal jübüti bolup milleti boýunça grekler. Aýalynyň ady – Joý. Ol öz maşgalasynda hyzmatçylaryň üçünji neslidir. Onuň Gresiýada doglup, şol ýerde-de önüp-ösen garry enesi ýaş wagtyndan Hudaýy agtaryp başlapdyr. Onuň garry enesiniň ady Ýefrosinýady. Ol daş-töweregindäki adamalara berýän soragy ýa ýaňsylamalara, ýa-da biperwaýlyga duçar bolupdyr. Ol ybadathana gitjek bolupdyr, ýöne oňa: “Hudaý ýok” we “Samsyk gürlemäňi, samsyk soraglaryňy bes et” diýip aýdypdyrlar.

Günleriň birinde, grek baýramçylygynyň geçirilýän wagty, ol öz deň-duşy bilen oba meýdançasynda milli tansy oýnap durka, bir ses eşidýär. Bu ses oňa ýüzlenip: “Ýefrosinýa, baky tans barada oýlan, çünki seniň şindi oýnaýan tansyňyň hiç gymmatlygy ýokdur” diýip aýdýar.

Ýefrosinýa gaty erbet gorkýar! Ol: “Muny kim aýtdy?” diýip haýrana galýar. Ol şobada tansyny goýbolsun edip, beýleki gyzlara oýnaýan tanslarynyň gowy däldigi barada aýdýar. Bolup geçen zatlara hiç kim düşünmeýär, ol bolsa gyssagly gaçyp gidýär. Öýlerine tarap ylgap barýarka, ol agyr bir zadyň öz gerşinden basýandygyny duýýar.

Ol öz ýatak jaýyna girip, dyzyna çökýär-de, möňňürip aglaýar. Ol şol sesiň Eýesi bilen gürleşesi gelýär. Onuň bilen kim gürleşdikä? Bu sözler nämäni aňladýar? Ol oňa näme diýjek bolduka? Bu soraglar onuň aňyny horlady. Ýöne bu uzaga çekmedi.

Ol dyzyny ýere degrip ýetişmänkä, otagyna oda meňzeş bir zadyň girip, özüni gurşandygyny duýýar. Ol arkan ýykylyp, bir görnüş görýär. Bu görnüşde bir perişde ak lybasda peýda bolup,

ony göterýär-de dumanly ýagty ýere çykaryp, şol ýerde-de goýýar. Ol töwerek-daşyna göz aýlandan soň Golgofanyň öňünde durandygyna düşünýär. Reb haçdan asylgy durdy, Onuň ýaralaryndan gan damjalary damýardy. Onuň ýüzünde çydardan güýçli agyrynyň yzy bardy.

Ýefrosinýa şol pursat uzakdan eşidilýän gykylyk seslerini eşidýär. Ol yzyna öwrülip garanda, Haç bilen ýerden äpet ot ýalynlarynyň ýokary göterilýän ýeriň arasynda ägirt gorpy görýär. Bu ot ummanydy. Eşidilýän sesler Hudaýy näletleýän mähelläniň sesine meňzeşdi. Pursatlaryň birinde ol haýsydyr bir güýjüň ony şol gorpa itekleýändigini duýýar. Onuň bilen ozal gürleşen ses bolsa: “Sen şu ýere degişlisiň” diýip seslenýär.

Ol hopugyp aglap başlaýar we rehim-şepagat dileýär! Öz gerşinde agyr ýüki göterip gelşine, ol Haçyň düýbüne ýykylyp, şol ýerde uzak wagtlap galýar. Soňra söýgüden we rehim-şepagatdan doly bir ses oňa ýüzlenip, şele diýýär: “Ol muny seniň üçin etdi! Ol seniň üçin öldi! Eger sen ötünç sorap, Onuň gurbanlygyny kabul etseň, şol otly ýere gitmek gerek bolmaz!”

Şu sözlerden soň Ýefrosinýa öňküsinden-de güýçli möňňürip aglady. Ol eşiden sözlerine bada-bat seslenýär. Ol ötünç soraýar. Şeýle eden badyna onuň ýüki ýeňleýär, sebäbi gerşinden basyp duran ýük Haçyň düýbüne gaçýar.

Ýefrosinýa gözlerini ýokary galdyranda, öňünde şöhratly lybasa beslenip duran Isa Mesihi görýär. Ol ony göterip, uzakda görünýän iň owadan baýra tarap äkidýär. Indi ol Isa Mesih bilen aňynda gürleşip bilýärdi. Gyz soraýardy, Ol bolsa jogap berýärdi. Bu şeýle bir täsindi!

Ýefrosinýa Ondan nirä barýandyklaryny sorady. Ol: “Gökdäki Ataň bilen bilen duşuşmaga!” diýip jogap berdi.

Baýryň depesine galanlaryndan soň, ol şäheriň derwezelerinden gelýän nury görýär. Ähli ýerde ajaýyp mukam we aýdym ýaňlanýardy, olary güller we agaçlar emele getirýärdi. Olar der-

wezeden bile girdiler. Şäheriň owadanlygyny söz bilen beýan eder ýaly däldi!

Olar göni tagtyň ýanyna bardylar. Ol Hudaýyň ýüzüni görüp bilmedi, sebäbi Onuň ýüzi nura gizlenendi. Ýöne ol ullakan bir kitaby we Onuň nurdan çykyp duran elini gördi. Bu el ýazyp başlady. Gyz ýazylýan zatlary saýgarmak üçin öňe egilmeli boldy. Ol öz adynynyň ýaşaýyş kitabyna ýazylandygyny görende haýran galdy! (Ol şol wagt şeýle kitabyň bardygyndan-da bihabardy).

Onuň gökdäki Atasy adyny ýaşaýyş kitabyna ýazandan soň: “Maşgala hoş geldiň!” diýdi. Ol gyzyň maňlaýyndan ogşan pursady perişdeleriň aýlawa duranlaryny we ullakan şatlyk bilen aýdym aýdyp, tans oýnap başlanlaryny gördi! Ol perişdeleriň aýdymynda öz adyny aýdyň eşidýärdi. Ýefrosinýa hem olaryň tansyna goşuldy. Şonda ol Rebbiň: “Baky tansy agtar!” diýen sözlerini ýatlady. Gyz perişdeleriň bu beýik dabarany onuň halas bolanlygyyň hatyrasynda gurnandygyna ilkibaşda düşünmändi.

Birnäçe wagt geçenden soň Reb oňa ýere dolanmalydygyny aýtdy, sebäbi Ol gyz üçin ullakan işleri meýilleşdiripdi. Ol Rebbiň ady üçin otly synaglardan geçmelidi, ýöne Ol hemişe onuň bilen boljakdyny, gyz etmeli işlerini tamamlandan soň Onuň ýanyna dolanyp geljekdigini aýtdy. Indiki pursat ol öz otagynda oýandy. Ýefrosinýa şol gören ajaýyp görnüşlerinden soň ýere dolanmaly bolandygyna lapykeç boldy. Emma başga çykalga ýokdy.

Ýefrosinýanyň geň duýgulary baraky gürrüň oba ýaýranda, ony yzarlap başladylar. Ähli zat atasyndan başlady. Ol eger gyz ynanjyndan dänmese, ony paltalap öldürjekdigini aýtdy. Gyz bolsa gören zatlaryny hiç haçan ret edip biljek däldigini oňa aýtdy. Yzarlanmalar güýçlenýärdi. Günleriň birinde bolsa onuň gyz dogany adamlaryň ony irden tutup, meýdançada ýerleşýän grek prawoslaw ybadathanasyna äkitmegi meýilleşdirýändiklerini duýdurdy. Olar ybadathanadan Bogomater ikonasyny çykaryp, gyz oňa baş egip, ony ogşamadyk ýagdaýynda onuň üstüne benzin guýup otlamagy meýilleşdirýändiklerini duýdurdy.

Ýefrosinýa adamlaryň şol derejä ýetjeklerine ynanmaýardy, ýöne olar hakykatdan-da öz niýetlerini amal etmekçi bolýana meňzeýärdi. Sebäbi şol gijäniň özünde Rebbiň perişdesi gelip, onuň gerşine ýuwaşja kakyp oýardy. Gyzyň oýanandygyna göz ýetirenden soň bolsa oňa geýnip, gapa barmalydygyny aýtdy. Ol gulak asdy. Ol gapynyň agzyna çykanda kimdir biriniň ony ýerden göterendigini duýdy. Ol öýünden howpsuz ýere – öýlerinden birnäçe kilometr uzaklykda ýerleşýän bir oba geçirildi.

## Aňa sygmajak ejirler

Joýuň enesi Ýefrosinýa dowzahy däl-de "ikinji ölüm" diýip atlandyrylýan otly köli görüpdi. Onuň durmuşy özgerdildi, sebäbi ol bütin ýüregi Isa Mesihe eýermekligi saýlapdy. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär:

> Emma gorkagyň, imansyzyň, kezzabyň, ganhoryň, zynahoryň, jadygöýüň, butparazyň we hemme ýalançylaryň – ählisiniň paýyna ýanýan kükürtli ot köli düşer.: Ikinji ölüm, ine, budur (Aýanlyk 21:8).

Bu kölüň ot bilen kükürdiň ýanýan köldügine üns beriň. Kükürt metall däl substansiýa bolup, gaty ýokary temperaturalarda ýanyp, ýaramaz ys çykarýar. Dowzahy beýan edenleriň köpüsi erbet ys barada aýdýarlar. Onuň iň ýörgünli suratlandyrmasy – "çydap bolmajak porsy ys". Hakykatda welin, bu ölüm ýerinde bolup gören adamlar şol ýerdäki elheçligi we jebirleri ynsan sözleri bilen beýan edip bolmaýandygyny belleýärler.

Şeýle-de *ikinji ölüm* diýen jümlä üns beriň. Isa Mesih şeýle diýýär: "Gulagy bar adam Mukaddes Ruhuň ýygnaklara (*Onuň imansyzlara däl-de, imanlylara diýjek zadyny*) näme diýýänini eşitsin! 'Ýamanlykdan üstün gelen ikinji ölümiň jebirlerine duçar bolmaz'" (Aýanlyk 2:11, *nygtama awtordan*). Ol muny ýygnaklara aýtmaklygy sizi geň galdyranokmy? Üns beriň, ýanýan kölde

adamlaryň üç görnüşi bolar: birinjisi – Oňa eýermegi bes edenler; ikinjisi – Oňa biwepa bolanlar; üçünjisi – Onuň bilen asla bolmadyk günäliler. Ilkinji iki toparyň kesgitlemesi ýygnagyň agzalary bolanlara degişlidir. Wakamyzyň ilkinji üç gahrymanyny ýatlaň: Çekinjeň, Aldanan we Garaşsyz. Olaryň ikisi Endeliň mekdebinde işjeň işgärlerdi. Endel mekdebi biziň wakamyzda ýygnagy suratlandyrýar. Biraz soňra muňa has jikme-jik garap geçeris.

*Ikinji ölüm* – bu ýanýan kölde baky dowam etjek ýiti agyrylar. Ýadyňyzdamy, biz birinji bapda bakylygyň asyrlardan asyrlara, tükeniksiz, baky wagtdygy barada gürrüň edipdik. Ol ýerden hiç çykalga, hiç boşanma ýok! Käbir adamlar hemme zat haçanda bolsa bir wagt tamamlanar diýip pikir edýärler. Emma şeýle ynam Hudaýyň Sözüniň öwredýänlerine garşy gelýär: “Olar gije-gündiz ebedilik ejir çekerler” (Aýanlyk 20:10).

Ejirleriň soňunyň bolmajakdygyny görkezmek üçin, Isa Mesih Onuň Sözüne gulak asmaýanlaryň hemmesine şeýle diýýär: “Bular ebedi jeza, dogry adamlar bolsa baky ýaşaýşa gowşarlar” (Matta 25:46). *Ebedi jeza* diýen sözlere üns beriň. Başga sözler bilen aýdylanda, jezanyň soňy bolmaz, ol ebedidir! Isa Mesih bize şeýle diýýär:

> Eger gözüň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony oýup çykar. Saňa ýeke gözli bolup Hudaýyň Şalygyna girmek, iki gözli bolup dowzaha zyňylmakdan gowudyr (Mark 9:47).

Parçadan görnüşi ýaly, Ol ýanýan köl barada aýdýar. Indi şu aýadyň başga bir terjimedäki wariantyna garalyň:

> Eger seniň gözüň imanyňy ýitirmäge sebäp bolýan bolsa, ony oýup çykar! Iki gözüňi saklap dowzaha zyňlanyňdan, ýeke gözli bolup Hudaýyň Şalygyna gireniň gowudyr. Ol ýerde “olaryň jesetlerini iýýän gurt ölmez, olary ýakýan ot sönmez” (Mark 9:47,48).

Jesetleri iýýän gurtlaryň ölmeýändigine üns beriň. Bu bolsa öz gezeginde olaryň hemişe iýmäge iýmitiniň boljakdygyny

aňladýar. Geliň, muny tebigat bilen deňeşdireliň. Adam ölende, gurtlar onuň tenini iýip, diňe süňklerini galdyrýarlar; soňra bolsa ölýärler. Ýanýan köldäki gurtlar bolsa hiç haçan ölmeýärler, sebäbi olaryň iýýänleri hiç haçan ýok bolmaýarlar. Dowzahy gören adamlaryň biri otda towlanjyraýan adamlaryň tenini iýýän äpet gurtlary görendigini aýdýar. Olaryň dowzahda näçe wagtlap bolandygyna garamazdan, olaryň heniz-de iýmäge tenleri bar.

Hawa, bütinleý dogry, bu ýeri göz öňüne getirer ýaly däl! Ýöne biz elmydam Hudaýyň bu ýanýan köli ilkibaşda adamlar üçin ýaratmandygyny ýatda saklamaly. Isa Mesihiň şol ýere gitmeli adamlara näme diýýändigine gulak goýuň:

> Onsoň solundakylara şeýle diýer: eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan ebedi oda ýanyň! (Matta 25:41).

Ýanýan köl adamlar üçin däl-de, iblis bilen onuň perişdeleri üçin ýaradylypdy. Emma iblis aldawlary bilen köp adamlary özi bilen baky jeza äkidýär. Şu ýagdaýy biz öz allegoriýaly wakamyzda görýäris. Dagonyň täsiri köpler üçin duzaga öwrüldi. Şonuň üçin-de Jaliniň Dagona niýetlenen gazaby onuň täsirine düşenleriň depesinden indi. Şeýle etmedik bolsa, Jalin adalatly bolmazdy.

## Baky bagtyýar bolmak

Geçen baplarda biz Jaliniň gazabynyň nähili bolandygyny gördük. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Hudaýyň gazap käsesinden içer... mukaddes perişdeleriň we Guzynyň öňünde ot, kükürt bilen gynalar. Gynalmalarynyň tüssesi bolsa ebedi tütär. Jandara we onuň heýkeline sežde edenler ýa-da onuň adynyň tagmasyny basdyran adamlar ne gije, ne-de gündiz dynç alarlar” (Aýanlyk 14:10,11). Ebedi diýmek näme? Birinji bapda bakylyk

baradaky gürrüňlerimiz ýadyňyzdamy? Bakylygyň nämedigine düşünmek synanyşygymy? Bakylyga aň bilen akyl ýetirmek kyn, ýöne ýürek bilen düşünmek mümkindir. Şol sebäpden Hudaý Ony diňlemek islemedik tutuş nesil barada şeýle agy sözlerini aýdýar:

> Käşgä olar diňe şu pikirde bolup, Menden gorkup, ähli buýruklarymy hemişe saklasadylar, onda olar we olaryň çagalary *baky* eşretde ýaşardylar! (Kanun taglymaty 5:29, nygtama awtoryňky).

“Baky” diýen söze üns beriň. Eger olar bakylykdan ylhamlanyp, oňa höwes eden bolsadylar! Ol: “Meniň ähli buýruklarymy hemişe saklaň” diýdi; Ol “diňe belli bir wagt saklaň” diýmedi. Şeýle-de Ol: “Meniň käbir buýruklarymy hemişe saklaň” diýmedi. Ýok, *hemişe ählisini* saklamaly. Bize Onuň erkini hemişe berjaý etmek wesýet edildi.

Siziň: “Men Onuň ähli buýruklaryny berjaý edemok. Men höküm edilerin!” diýmegiňiz ahmal. Hawa, bu bütinleý dogry. Hudaýyň Kanuny adamlaryň ýekejesiniň-de Onuň dogrulyk standartlaryna laýyk gelmeýändigini kesgitleýär we subut edýär. Şonuň üçin-de her bir adam Onuň öňünde günäli bolar. Hiç bir adam Hudaýyň öňünde durup: “Men Seniň Şalygyňa mynasyp durmuşda ýaşadym we baky hüküme duçar bolmaly däldirin” diýip bilmez.

Biziň kämilsizligimiziň syry ilkibaşda gizlenilgi: adam Erem bagynda Hudaýa bilgeşleýin gulak asmady we bu arkaly günäniň tebigatyny kabul etdi. Hudaýa dönüklik etmek bilen, ol iblise gul boldy, onuň hökmürowanlygyna tabyn boldy we özüni boşatmak ýa-da halas etmek mümkinçiliginden mahrum boldy. Şeýle günäli tebigat Adam atanyň her bir nesline, her bir adama geçip başlady, sebäbi biz ene-atamyzyň tebigaty bilen dogulýarys.

Adamyň öz ýykylyşyna özüniň jogapkärdigine garamazdan, Hudaý oňa bolan päk söýgüsinden ylhamlanyp, bize Halasgär iberjekdigini wada berdi. Bu Halasgär – Isa Mesihdir. Ol dogul-

mazdan ýüzlerçe ýyl öň Onuň päk gyzdan doguljakdygy pygamberlik sözi arkaly aýdyldy (ser.: Işaýa 7:14). Onuň Atasy – Hudaý; ejesi bolsa – Dawudyň neslinden bolan Merýem atly gyz. Bu hut şeýle bolmalydy, ýogsa, eger ene-atanyň ikisi-de ynsan bolan bolsa, Isa Mesih Adam atanyň tebigatyna, ýagny günä tabyn bolmaly bolardy. Ol kämil durmuşy ýaşap bilmezdi, şol sebäbe görä-de bizi boşadyp bilmezdi. Emma ol aýal arkaly dünýä inmelidi, sebäbi adamyň ýykylyşy we dönükligi üçin adam tölemelidi. Isa Mesih 100% Hudaý we 100% adamdy.

Haça çüýlenen Isa Mesih biziň ähli günälerimizi Öz üstüne alyp, ganyny dökdi we günäniň muzduny töläp, öldi. Ýöne Ol dogruçyl durmuşy ýaşansoň, Atasy Ony ölüleriň arasyndan direldip, Öz sagynda oturtdy. Dawut pygamber Isa Mesihiň nesil arkaly bolmak bilen, şol wakalaryň bolmazyndan müň ýyl ozal Isa Mesihiň haça çüýlenmeginden soňra boljak zatlary öňden görüp, ýazyp goýdy. Petrus onuň aýdanlaryny Ellinji gün baýramynda mysal getirdi:

> Dawut bir pygamberdi. Hudaýyň ant içip, beren sözüne görä, Dawut öz neslinden biriniň onuň tagtynda oturjakdygyny bilýärdi. Dawut gelejegi öňden görüp, Mesihiň direlişi barada şeýle diýipdi: „Hudaý Ony ölüler dünýäsinde galdyrmady, Onuň bedeni gabyrda çüýremedi“. Hudaý Isany ölümden direltdi, biziň hemmämiz muňa şaýatdyrys (Resullar 2:30-32)

Isa Mesih bizi boşatmak üçin ölümden direldi. Onuň dowzahda galdyrylmandygyna üns beriň. Bu sözler bize Onuň şol ýerde bolandygyny aýdyň aýdýar. Ol şol ýerde haçan boldy? Haç bilen Direlişiň haýsydyr bir pursadynda. Isa ölümi ýa-da dowzahy datdy, Ol muny her birimiz üçin, baky jezany almazlygymyz üçin etdi. Şindi, diňe özümiz üçin ýaşamagy ret etmek bilen, özümizi Onuň hökmürowanlygyna doly bagyş etmek bilen, Öz ganyny döküp, ölümden dadyp, biziň üçin edenlerine özümizi doly

bagyş etmek bilen, biz günälerimiziň ýuwulmagyny we Hudaýyň öňündäki aklanmany kabul edýäris. Indi biz Onuň dogrulygyna laýyk gelýäris we Onuň höküm tagtynyň öňünde ynamly durup bilýäris. Hudaýa baky şan-şöhrat bolsun!

Hut şu sebäpden hem bize çürt-kesik şeýle diýlen: “Çünki siz iman arkaly Hudaýyň merhemeti bilen halas edildiňiz. Bu siziň öz tagallaňyz bilen bolmady, muny size Hudaý peşgeş berdi. Hiç kim ynsan tagallasy bilen halas boldum diýip öwünmesin” (Efesliler 2:8,9).

Eger siz öň hiç haçan toba etmedik bolsaňyz, durmuşyňyzy Isa Meshiň hökmürowanlygyna doly tabşyrmadyk bolsaňyz, şu kitabyň ahyryndaky Goşundyny açyň. Onda Hudaýyň sizi halas etmek babatdaky meýliniň düşündirişi bar. Şeýle-de onda berilýän dilegi okap, Isa Mesihi öz Rebbiňiz we Halasgäriňiz hökmünde kabul edip bilersiňiz.

Imanlylar soňky birnäçe sahypada gürrüňi edilen zatlar bilen öňat tanyşdyrlar. Emma iş ýüzünde belli bolşundan, olaryň köpüsi indiki baplarda aýtjak zatlaryma düşünmeýän ekenler. Özlerini mesihi diýip atlandyrýan imanlylaryň köpüsi Mukaddes Ýazgylardan açylýan hakykaty bilenlerinde, şok ýagdaýyny duýarlar. Indiki bapldarda biz her bir mesihiniň sagdyn ösüşi üçin baky jeza baradaky binýady bilimiň näderejede wajypdygyna garap geçeris.

5-NJI BAP

# ALDANAN HÖKÜM TAGTYNYŇ ÖŇÜNDE

*Biz şeýle iş edýänleriň Hudaýyň hökümine duçar boljakdygyny bilýäris. Bu höküm adalatlydyr.*
— Rimliler 2:2

Isa Mesih bizi günä üçin berilýän baky jezadan halas etmek üçin geldi. Bu baky jeza ilkibaşda diňe iblis we onuň ülpetleri üçin niýetlenipdi. Isa Mesihiň biziň üçin gurban eden ömri Hudaýyň ajaýyp söýgüsini açyp görkezýär.

Şu barada oýlanyň: Hudaý ynsany, haýwanlary, guşlary, mör-möjekleri, deňiz jandarlaryny, kämil atmosferaly ýer togalagyny ýaratdy. Biz şuny okaýarys: “Hudaý Öz ýaradan zatlarynyň juda gowudygyny gördi” (Gelip çykyş 1:31). Soňra Ol bu kämil ýaradylyşy saklap goramagy üçin ynsanyň eline tabşyrdy. Mezmurçynyň aýdyşy ýaly: “Gökler Rebbiňki, ýeri bolsa Reb ynsan ogullaryna berdi” (Zebur 113:24). Adam ata diňe özüni däl, eýsem tutuş ýaradylyşy Hudaýyň baş duşmany Lýusiferden goramalydy.

Hudaý bagda robotlary göresi gelenokdy, sebäbi robotlaryň Ony söýmekde we Oňa gulak asmakda erkin saýlawy bolmaýar. Şonuň üçin-de, bagdaky müňlerçe baglaryň arasynda bir daragt ýerleşdirilip, ol barada şeýle aýdylypdy: “Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň (Gelip çykyş 2:16-17). Hudaýyň bu aýdan ölümi diňe bir fiziki ölüm däldi, sebäbi Adam ata ýene-de

enççeme ýyl ýaşady we öz bitabynlygynyň netijelerini bada-bat duýmady. Reb adama onuň Hudaýyň durmuşyndan kesilip, Lýusiferiň tebigatyny, ýagny ölümi kabul etjekdigini görkezdi.

Birnäçe wagt geçenden soň Lýusifer How enäniň nazarynda Hudaýyň häsiýetini ýoýup, ony aldady. Ol How enaniň ünsüni bagda elýeter bolan agaçlardan sowup, diňe gadagan edilen daragta gönükdirmegi başardy. How ene daragtyň miwesiniň oňat we ýakymlydygyny görüp, ondan datdy. Şonda ol Rebbiň "beriji" däl-de, "alyjydygy" barada "täze bilimi" edindi. Emma şonda-da bu tapgyrda adamzat heniz günä ýykylmandy. Diňe onuň äriniň oňa goşulan pursadynda, Hudaýyň ýaradylyşy ölüm tebigatyny kabul etdi. Şonuň üçin-de, onuň günäsi has agyr boldy: How ene aldanypdy, Adam ata bolsa Hudaýyň tabşyrygyny bilse-de, ony bilgeşleýin bozdy (ser.: 1 Timoteos 2:14).

Munuň netijesinde diňe Adam ata däl, eýsem tutuş ýaradylyş şobada ölümiň tebigatyny aldy. Adam atanyň günä etmezinden ozal haýwanlar ýyrtyjy däldi, olar et iýmeýärdiler we ölmeýärdiler. Ýertitremeler, tüweleýler, tupanlar, açlyk, keseller ýokdy. Bularyň bary adamyň Hudaýyň özüne tabşyran zatlaryny saklap bilmändigi zerarly peýda boldy. Şu pursatdan başlap diňe bir adamzat däl, eýsem bütin ýaradylyş ölümli boldy. Biz şuny okaýarys:

> Sebäbi ýaradylyş öz islegi boýunça däl-de, Hudaýyň islegi boýunça puçluga tabyn bolupdy. Indi bolsa Hudaýyň perzentleriniň şan-şöhrata gowşan pursadynda ýaradylyş özüniň hem çüýreme näletinden azat edilip, şol şöhrata gowşaryn diýip umyt edýär. Biz bütin ýaradylyşyň şu wagta çenli ahy-nala çekip, burgy jebirlerini çekýändigini bilýäris (Rimliler 8:20–22)

Tebigat ölüm näletine öz erki boýunça däl-de, adamyň Hudaýa garşy pitne turuzmagynyň netijesinde duçar boldy. Adam ata özüniň aladasyna tabşyrylan zady gorap başarmady. Hudaýdan aýrylmak we ölüme berilmek ilkibaşda diňe Lýusifer üçin niýetlenipdi. Emma Adam ata bulara diňe tebigaty däl, eýsem özüni-de,

aýalyny-da, tutuş neslini-de duçar etdi. Gör nähili dönüklik, nähili haýynlyk! Hudaý: “Meniň şeýle söýen Adamym, ýalkanan we kämil ýaradylan Adamym Lýusiferi saýlap aldy. Goý, ol indi ýanýan köle düşsün, Biz (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) bolsa hemme zady gaýtadan başlaly – başga bir dünýäni ýaradalyň, onda Bizi söýýän wepaly ýaradylyşlary ornaşdyralyň we olary söýeliň” diýip bilerdi.

Eger Reb şeýle eden bolsa, Ol Öz çözgüdinde bütinleý adalatly bolardy. Emma Özüniň täsin söýgüsiniň hatyrasyna Ol adamzada Halasgäri ibermegi wada berdi. Bu Halasgär adamzady düşen gulçulygyndan azat etmäge ukyplydy. Bu Halasgär Onuň Ogly bolar, Ol Onuň bilen gögi we ýeri ýaratdy. Başga sözler bilen aýdylanda, jeza laýyk gelýän hiç bir günä etmezden, bizi juda söýeni üçin, bizi günäniň penjesinden sypdyryp, ölümiň tebigatyndan boşatmak üçin, Ol aýylganç tölegi töledi. Diýseň täsin söýgi!

Golgofanyň maksady-da hut şudur. Men şuňa haýran galýaryn: käwagt imansyzlar mesihilerden: “Adamzady söýýän Hudaý Hoş Habary eşitmedik adamlary neneň edip dowzaha iberip bilýär?” diýip soranlarynda, olar muňa näme jogap berjeklerini bilmän aljyraýarlar. Munuň jogaby aňsat: “Bu Onuň günäsi däl-de, biziň günämiz”. Isa Mesih adamzadyň azatlygy üçin juda elhenç bahany töledi we bize, Hoş Habary eýýäm kabul edenlere, ähli ýerlere gidip, näletden boşanmak habaryny heniz eşitmediklere bu habary aýtmagy tabşyrdy. Biz öz neslimiz üçin jogap bereris, sebäbi Hudaý Öz iş paýyny eýýäm etdi!

## Biz Hudaýyň tebigatyny alýarys

Biziň günälerimiz üçin Isa Mesihiň tölän bahasy bizi diňe hökümden azat etmän, eýsem täze tebigaty – Hudaýyňky ýaly tebigaty berýär. Günä bu tebigaty gul edinip bilmeýär. Şoňa görä-de, öz durmuşyny Isa Mesihe doly bagyş edýän adam bütinleý täze adam bolýar.

> Şoňa görä-de, adam mesihi bolanda içinden bütinleý täze adama öwrülýär. Ol öňküligine galmaýar. Täze durmuş başlanýar! (2 Korintoslylar 5:17, giňişleýin terjime).

Isa Mesihi Reb hökmünde kabul edenimizde, biz ölýäris. Biziň köne tebigatymyz öldürilýär; bu tebigat Hudaýyň nazarynda Isa Mesih bilen haça çüýlenýär. Bütinleý täze adam – Hudaýyň häsiýetine eýe adam dogulýar. Biz gaýtadan dogulýarys. Indi biz öňki tebigatymyzdan – durmuşymyzda öz erkini amal etmegi talap eden tebigatdan azatdyrys. Mukaddes Ýazgylarda şu aýdyňlyk bilen aýdylýar: “Hawa, biz suwa çümdüriliş arkaly Mesih bilen ölüp, jaýlandyk. Şoňa görä-de, Atanyň şöhratly gudraty arkaly Mesihiň ölümden direlişi ýaly, biz hem täze ýaşaýşa eýe bolup bileris. ...Biz mundan beýläk günäniň guly bolmaz ýaly, köne tebigatymyzyň Isa Mesih bilen haça çüýlenendigini bilýäris. Biz indi günäniň boýuntyrygyndan boşandyk. Ölen adam günäniň ygtyýaryndan azatdyr. Eger biz Mesih bilen ölen bolsak, onda Onuň bilen ýaşajakdygymyza hem ynanýarys” (Rimliler 6:4,6–8).

Indi biz Adam atanyň dönükligi zerarly tabyn bolan tebigatymyza görä däl-de, Isa Mesihiň tebigatyna laýyk ýaşap bileris.

Isa Mesihi öz Rebbi hasaplamaýan adamy ýigrenmek mesihiler tarapynda nadanlykdyr. Sebäbi şeýle adam günäniň ruhy DNK-syna görä hereket edýär. Emma günäniň nämedigini bilibem, günä içinde ýaşaýan “imanlylar” akyla sygmaýan we tebigy bolmadyk ýagdaýdyr. Men *imanly* sözüni goşadyrnaga almak bilen, Isa Mesihi öz Halasgäri we Rebbi hasaplasa-da, hakykatda, iş ýüzünde muny görkezmeýän adamlary göz öňüne tutýaryn. Eger Isa Mesih hakykatdan-da onuň Rebbi bolan bolsady, onda onuň durmuşynda Hudaýyň häsiýetleri aýan bolardy. Isa Mesih bu barada öwran-öwran aýdypdy:

> Şonuň ýaly-da her bir oňat agaç oňat miwe berýändir, erbet agaç bolsa erbet miwe berýändir. Oňat agaç erbet miwe, erbet agaç-da

> oňat miwe berip bilmez. Oňat miwe bermeýän her bir agaç çapylyp, oda taşlanýandyr. Şeýlelik bilen, olary miwelerinden tanarsyňyz (Matta 7:17–20).

Onuň bu diýýänlerine düşünmek kyn däl, ol üýgewsizdir. Aslynda mesele bu ýerde miwelerde däl-de, agajyň tebigatyndadyr; ýöne bu tebigat miweler arkaly mälim bolýandyr. Mysal üçin, otlaryň arasynda oňat ir-iýmişleri tapanymyzda, biz bu ösümligiň miweleriniň iýmäge ýaramlydygyny bilýäris. Başga bir tarapdan bolsa, eger biz zäherli ir-iýmişleri tapan bolsak, bu ösümlik gowy däldir. Agajyň getirýän miweleri onuň iýmit üçin ýaramly ýa-da ýaramsyzlygynyň subutnamasy bolup durýar. Şeýlelikde, Isa Mesih bize adamyň hakyky mesihi bolup-bolmazlygyny onuň sözlerinden, ýa hudaýhon keşbinde, ýa-da ýygnaga sypdyrman gatnaýanlygyndan däl-de, onuň edýän hereketlerinden kesgitlemegi öwredýär Onuň miwesi nähili? Onuň ünsi Gögüň Şalygyndamy ýa-da özi bilen bu dünýäde? Resul Ýohanna muny öz hatynda şeýle beýän edýär:

> Dünýä we ondaky zatlara köňül bermäň. Dünýäni söýýän adamda Atanyň söýgüsi ýokdur. Sebäbi dünýädäki ähli zatlar: günäli höwesler, açgözlük we baýlyk bilen magtanmak Atadan däldir, dünýädendir. Dünýä we onuň höwesleri geçer gider, emma Hudaýyň yradasyny berjaý edýän adam baky ýaşar (1 Ýohanna 2:15–17).

Çagalarymyzy şular babatda ynandyrmak üçin Liza ikimiz köp wagt sarp etmeli bolduk. Olar mesihi mekdebe gatnaýarlar we ene-atalary bilen ýygnaga yzygiderli gatnap, özlerini mesihi atlandyrýan käbir klasdaşlarynyň Isa Mesihiň häsiýetine özgermäge derek ýokardaky parçada beýan edilişi ýaly hereket edýändiklerini görýärler. Bu klasdaşlary Hudaýyň islegini bilip, ony berjaý etmekden kanagatlanmaga derek, özleri üçin ýaşaýarlar. Biziň çagalarymyzyň mekdepdäki ýagdaýy san-sajaksyz mysallaryň diňe biridir. Bu mesele maşgalalarda, işewürlik gurşawynda, hatda

ýygnaklarda we hyzmatlarda duş gelýär. Gynansak-da, biziň günlerimizde köp adamlar özlerini mesihi atlandyrsalar-da, bütinleý tersini subut edýän miweleri getirýärler.

## Adaty "öwrülme"

Biziň wagyz edýän Hoş Habarymyz günäkäriň dilegini okamyzda Isa Mesihi kabul edip, Ony bir gezek "Reb" diýip çagyrmak bilen baly halas edilýänligimizi nygtamak arkaly ýoýulandyr. Emma Isa Mesih bize muny öwretmeýär. Ol bize şeýle diýýär: "Maňa: „Ýa Reb! Ýa Reb" diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer" (Matta 7:21).

Eger biz Onuň sözlerini wagyzlaryň, Hudaýyň merhemeti hakyndaky kitaplaryň we aýdymlaryň birýanlaýyn taglymynyň süzgüjinden süzmän diňlesek, onda olaryň biziň şindi wagyz edýän Hoş Habarymyza garşy gelýändigini göreris. Isa Mesihiň sözleri aýdyň; günäkäriň dilegini okap, Isa Mesihi Reb diýip atlandyran her kes Gögüň Şalygyna girmez. Eger olar göge gitmeýän bolsa, onda geçen bapdan görnüşi ýaly, diňe bir ýol galýar.

Geliň, hoş habarçynyň adaty hyzmatyna garap geçeliň. Wagyzçy "Isa Mesihe gelip, 'ýalkanyşlary' al" diýen mowzugy wagyz edýär. Ol Isa Mesihiň bize şatlyk, parahatlyk, üstünlik, bagt, saglyk, Gökler Şalygyny we ş.m. zatlary berjekdigini aýdýar.

Maňa dogry düşüniň. Hudaý dogrudan-da bizi ýalkamak isleýär, ýöne Isa Mesih adamlaryň Onuň yzyna eýermegi üçin ýalkanyşlary albaý hökmünde asla ulanan däldir. Kyrk bäş minutlyk mahabatlandyrma aksiýasy gutarandan soň, wagyzçy diňleýjileri başlaryny egmegini haýyş edip, olara sorag berýär: eger olar şu gije ölmeli bolsalar, olar asmana giderlermi? Wagyzçy her biz diňleýjisini gapdalyna seredip, bu soragy sagynda we solunda oturanlara bermegi soraýar. Soňra: "Eger seniň goňşyň "hawa"

diýip jogap berip bilmeýän bolsa, ony elinden tutup, öňe çykar” diýen çagyryş ýaňlanýar.

Şeýle adamlar öňe çykýarkalar, “Bolşy ýaly” görnüşdäki bir aýdym ýaňlanýar. Başga bir ýagdaýda şeýle adamlar zalyň el çarpyşmalary we dabaraly sazyň çalynmagy bilen orta çykýarlar.

Wagyzçy öňe çykan adamlary baş egip, adaty dilegi okamagy haýyş edýär. Mysal üçin, “Atam, men günäkärdigimi boýun alýaryn, meniň günälerimi bagyşla. Şu gün men Isa Mesihiň durmuşyma Reb we Halasgär bolup girmegini Ondan dileýärin. Meni Öz perzendiň edýändigiň üçin minnetdar. Isa Mesihiň ady bile dileg edýärin. Omyn”.

Zal el çarpýar, saz ýaňlanýar we “täzelikde iman edenler” öz ýerlerine “ozal bolşy ýaly” dolanýarlar. Diňe bir tapawut bar: olar indi aldananlar. Bitabyn durmuşlary babatda toba etmek, Hudaýyň islegine ýapyşmak üçin öz şahsy isleglerini ret etmek, Isa Mesihiň hatyrasy üçin öz janlaryndan geçmek barada ýekeje-de söz ýaňlanmady. Olar Isa Mesihi öz “Rebleri” diýip yglan etdiler, ýöne ýüreklerinde hiç hili özgerişlikler bolmady. Isa Mesih ýöne olaryň durmuş parçasy boldy. Sizi şundan habardar etmäge rugsat ediň: şalaryň Şasy we rebleriň Rebbi kimdir biriniň durmuşyna ikinji ýa-da köpleriň arasynda birinji bolup gelmeýär. Ol ýeke-täk Şa bolup gelýär, Ol biziň ýüregimizde Öz orny üçin adam bilen-de, zat bilen-de, iş bilen-de bäsleşmeýär. Ol Reb: Hökmürowan Reb we Hojaýyn bolmaly; diýmek, biz mundan beýläk durmuşumyzy özümiz dolandyryp bilmeýäris .

Şuny göz öňüne getirip görüň. Siz söýgüliňiz bilen nikalaşýaňyz diýeli. Ol bolsa siziň bilen ýaşajakdygyny, ýöne beýleki söýgülilerini-de taşlaman, sizi bu sanawda birinji goýjakdygy barada habar berýär diýeli. Siz muňa nähili gararsyňyz? Onsoň älem Şasynyň nähili beýikdigine düşünýäňizmi? Ol: “Söýgülilerimiň arasyda Sen birinjisiň” diýýän gelinligini kabul eder öýdýäňizmi? Şeýle ýagdaýda ne äht gatnaşyklary, ne-de bütewi bir birikme bolar. Nähili ýalňyşlyk!

Bu “täzelikde iman edenler” Haçyň egosentrik durmuşlaryndan parran geçip, içlerinde Isa Meshiň täze tebigatynyň emele gelmegi üçin ýer arassalamagyna ýol bermediler. Olar şu taýda, ýerde, gowy durmuş umydyny we Gökler Şalygyna girme wadasyny aldylar. Gyzykly bir fakt: mesihileriň yzarlanýan ýurtlarynda adamlar Isa Mesihi kabul edenlerinde janlaryny ýitirýändiklerine doly düşünýärler. Biz bolsa, günbatar medeniýetinde ýaşaýanlar, Ony oňat durmuşy we Gökler Şalygyny almak üçin kabul edýäris. Aslynda welin biz hem janymyzy edil şu tärde ýitirmelidiris.

Häzirki wagtda hoş habarçylar hereketiniň adaty wekilleri jemgyýetimizde biziň wagyz edýän hoş habarymyz zerarly ýalanda ýaşaýarlar. Täzelikde iman edenler täze “imanlaryndan” ylhamlanyp, mesihilik hereketine goşulýarlar, ýygnaklara gatnaşýarlar, hatda Hoş Habary ýaýratmaga gatnaşýarlar, sebäbi bularyň bary olar üçin täze we ajaýyp zat ýaly görünýär. Bu, mysal üçin, täze klubuň agzalygyna kabul edilen ýaly, sportuň täze görnüşinde özüňi synap göremek ýaly, täze mekdebe gatnamak ýaly, täze bir işe durmak ýaly bir zada meňzeş. Bularyň barynda terlik we täzelik bar, ýöne olar Isa Meshiň Öz hakyky şägirtlerine tabşyranyny etmediler. Bu tabşyryk Isa Mesihe eýermegiň çykdajylaryny hasaplap, bu bahany Oňa hyzmat etmek üçin öz janlaryny tölemek arkaly gutarnykly çözgüdi kabul etmekden ybarat (ser.: Luka 14:27–33).

## Edinmek üçin ýitirmek

Bu alyş-çalyş, biz öz ömrümizi bütinleý berip, oňa derek Onuň durmuşyny (häsiýetini) almaly. Isa Mesih şu aşakdaky pikiri öwran-öwran gaýtalady:

> Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de (unutsyn, nazaryny öz bähbidinden, özünden sowsun), haçyny alyp yzyma (Maňa şägirt we eýeriji hökümde goşulyp) düşsün (hemişelik, Menden berk ýapyşsyn) (Mark 8:34, giňişleýin terjime).

Biz hemişe Ondan ýapyşmaly. Bu diňe bir gezek dileg edip, soňra öňkiň ýaly ýaşamagy aňlatmaýar. Öňki bilen täze durmuşyň arasynda diňe “ýokardan doglup” gökleri wada alanlaryň klubuna girmegiň ýaly tapawut bolmaly däl. Isa Mesih dowam edip, şeýle diýýär: “Kim janyny halas etmek islese, ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň we Hoş Habaryň ugrunda ýitirse, ony halas eder” (Mark 8:35). Giňişleýin edilen terjimede bu şeýle ýaňlanýar: “Meniň we Hoş Habaryň ugrunda janyny (diňe şu taýda – ýerde ýaşajak durmuşy üçin) ýitiren islendik adam ony (baky Gökler Şalygynda iň ýokary ruhy durmuşy üçin) halas eder.

Bu gürrüňsiz alyş-çalyş; biz Onuň isleglerine eýermek üçin öz durmuşymyzy dolandyrmak hukugyny Oňa berýäris, muňa derek bolsa Onuň baky ýaşaýşyny alýarys. Häzirki döwürde wagyz edilýän Hoş Habar Isa Mesihe eýermekligiň juda wajyplygyna kän bir üns berenok; biz diňe bähbitler barada eşidýäris. Hakykatda biz *haçyň täsirini* wagyz etmän, *direliş wadasyny* wagyz edýäris.

Bu ýagdaýy ýaragly güýçleriň hatarynda kontrakt esasynda gulluk etmegi mahabatlandyrýan gepleşigi görýän ýaş ýigit bilen deňeşdirse bolýar. Ol öz deňindäki bir ýigidiň ýylgyryp, ykjam deňiz harby eşiginde durandygyny görýär. Bu oglan ajaýyp gämide çüýşe ýaly gök asmanyň astynda açyk deňze tarap ýüzüp barýar. Mahabatlandyrmada dünýäniň ähli şäherlerlerindäki myhmanhanalar gezek-gezegine görkezilýär, olaryň hemmesi şeýle elýeter görünýär. Ýaş ýigir şobada gidip, harby gulluk kontraktyna gol çekýär. Ol hatda onuň şertleri bilen tanşanok, sebäbi onuň ähli ünsi aljak bähbitlerinde jemlenen. Ol özüni bagtyýar saýýar, sebäbi onuň indi dünýäni görmek, şöhratly goşunyň agzasy bolmak we köp täze dost-ýarlaryň edinmek mümkinçiligi bar.

Emma ol tizara ozal endik edişi ýaly sagat dokuza çenli ýatma hukugynyň ýokdugyny bilip galýar. Ol indi özüniň ajaýyp uzyn saçlaryny gyrkmaly. Aýda birki gezek berilýän dynç günlerinden galanyny harby bazada geçirip, indi köpçülik ýerlerine-de baryp

bilmeýär. Iň erbedem – gün tertibi; ol asla boş wagty goýanok. Wagtyň bary hajathanalary ýuwmaga, gulluk otaglaryny arassalamaga, aňsat bolmadyk fiziki türgenleşiklerine gidýär. Ozal boş wagty bolelin bolan ýaş ýigit indi her agşam ysgynsyz halda düşegine zordan ýetýär. Ýöne ol heniz-de umytdan doly, sebäbi tizara gämide boljagyny bilýär.

Ýaş ýigit esasy okuwy tamamlandan soň öz gämisine gidýär. Emma onuň işi şol öňküsi ýaly köp bolýar, ýeke-täk tapawudy – indi ol açyk deňizde zähmet çekýär. Uruş başlanýar we ol indi gol çekmedik uruş herketlerine gatnaşmaly bolýar.

Ýigit durmuş amatlyklaryna gol çekipdi. Ol bu amatlyklary öz hasabyna edinip biljek däldi, galyberse-de, şeýle durmuş mugt teklip edilýärdi. Hawa, bu zatlaryň hemmesi mugt, ýöne kontraktyň şertleri bilen tanyşmansoň, ol munuň öz azatlygyny aljakdygyny oslamandy. Ýigit özüni aldanan ýaly duýup, indi hemme zada başgaça garaýar. Ýigidi amatly teklip bilen öz tarapynda çekdiler, emma onuň nämelerden mahrum boljagyny aýtman, diňe bähbitli taraplaryny görkezdiler.

Biz mugt Hoş Habary wagyz etdik, ol dogrudan-da mugt. Ýöne biz ony kabul etmek isleýänleriň ählisiniň şahsy azatlygyndan mahrum boljakdygy baradaky habary aýtmazlygy makul gördük. Azatlyk diýenimde hakyky azatlygy göz öňüme tutamok. Men bu sözi Isa Mesihden daşary günä bilen bagly bolan adamlaryň azatlyk diýip hasaplaýan ýagdaýyny göz öňüne tutýaryn. Bu adamlar gul bolsalar-da, öz azatlyklary babatda doly ynamlydyr. Şeýle ýagdaýy “Matrisa” filminiň sýužeti bilen deňeşdirse bolýar. Bir gün agşam oglum bu filmi prokatdan alyp geldi, biz ony tutuş maşgala bolup gördük. Men bu filmde täsin bir parallel gördüm.

“Matrisada” filminde: “Eger sen ukudan oýanmadyk bolsaň, hakyky dünýä bilen düýş dünýäsini nädip tapawutlandyrmaly?” diýen gyzykly mesele gozgalýar.

Bu filmde ýigriminji asyryň durmuşy bolmalysy ýaly dowam edýär. Soňra, ýigrimi birinji asyrda adam emeli aňy (ýöne maşyn

diýip atlandyrylýan) döredýär. Bu Maşynlar ýerdäki häkimiýeti basyp alýarlar, adamlar-da ony yzyna gaýdyp almak isleýär. Urşuň netijesinde dünýä ýok edilip, Maşynlar ýeňýär. Olar adamyň bedeniniň çykarýan energiýasy arkaly heniz-de işläp bilýändiklerini ýüze çykarýarlar. Şonuň üçin-de, adamazady öz maksatlary üçin ulanar ýaly, beýik illýuziýany döredýärler. Dünýä heniz-de öňküsi (ýigriminji asyrdaky) ýaly "görünýar", hakykatda welin adamlaryň bedenleri ägirt "fermadaky" zyndanlara salnyp goýlupdyr. Olaryň aňy bolsa "Matrisa" diýip atlandyrylýan bütindünýä wirtual hakykatyň kompýuter programmasyna çatylypdyr. Garaz, olaryň durmuşyndaky azatlyk hakyky däl, olar gullar.

Filmiň şu pursadynda erkekler bilen aýallaryň bir saýlama topary peýda bolýar. Olar özleriniň aslynda kimdigini ýüze çykaryp, Matrisadan boşanmagy başarýarlar. Olar hakyky dünýäde (jansyz dünýäde) Siýon atly koloniýany döredýärler. Soňra käbirleri adamlary Maşynlardan boşatmak üçin ýene-de Matrisa dolanyp gelýärler. Söweş gaty zabun bolýar, durmuş-da aňsat däl, ýöne olar indi ýalan azatlykda ýaşanlaryndan hakyky azatlykda ýaşamagy isleýärler. Olar ýalan amatlyklarda ýaşap, gulçulykda bolanlaryndan kynçylykly bolsa-da, hakyky azatlykda ýaşanlaryny gowy görýärler.

Bu ýerde belli bir parallellik yzarlanýar. Imansyz adamlaryň köpüsi özlerini azat saýyp, mesihilere azatlygyny ýitiren adamlar kimin garaýarlar. Aslynda welin Isa Mesihe bagly bolmadyklar, ýagny Maşynlaryň gullary ýaly ýalan azatlykda ýaşaýanlar guldur. Olar günäniň gullarydyr.

## Mesihi bolmak kyndyr

Gulçulygyň toruna diňe ömründe Hoş Habary eşitmedikler ýada oňa ynanmakdan boýun towlaýanlar däl, eýsem şu nesliň "täzelikde iman edenleriniň" köpüsi hem çolaşandyr. Biz şeýle ýag-

daýy özümiz döretdik, biz sebäbi adamlary Isa Mesihe eýermegiň bahasy bilen tanyşdyrmak borjumyza geleňsizlik etdik. Köp adamlar özlerini azat saýýarlar, hakykatda welin azat däldirler, durmuşlary bolsa muňa şaýatlyk edýändir. Isa Mesih şeýle diýýär:

> Men size dogrusyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň guludyr. Gul hiç haçan öýüň agzasy bolup bilmez, ýöne Ogul öýüň hemişelik agzasydyr. Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz, hakykatdan hem, azat bolarsyňyz (Ýohanna 8:34–36).

Bu sözler agajyň miweleri baradaky hakykatyň manysyny gaýtalaýar. Eger kimdir biri hemişe günä edýän bolsa, ol günäniň guludyr. Ol ogul däl, sebäbi onuň tebigaty özgermedikdir. Ol özüni azat saýyp biler, sebäbi ol günäkäriň dilegini okady. Emma okasa-da, öz hukuklaryny Isa Mesihe doly bermedi. Ol özüniň ýalan azatlygyny saklap, halas bolmaklygyň bähbitlerinden peýdalanasy gelýär. Ýöne iki garpyzy bir elde tutup bolýan däldir!

Ozal aýdyşymyz ýaly, adamlar "göklerden dogluşyny" şatlyk, bagtyýarlyk we hyjuw bilen kabul edýärler, sebäbi bu haýsydyr bir täze, ter zat. Emma olaryň mesihiligiň adalgalaryna we durmuş ýörelgelerine bukulyp, heniz-de özgermedik tebigaty irugiç ýüze çykyp başlar. Şeýle tebigat özüni eýýäm mesihi jemagatlarda aýan eder. Şonuň üçin-de bu ýalňyşy saýgarmak kyn bolýar. Ýöne Täze Äht bizi şeýle ýalňyşlar babatda aýratyn duýdurýar.

Resul Pawlus şeýle ýazýar: "Eý, oglum, ahyrky günlerde mesihi bolmagyň örän kyn boljakdygyny bilip goý" (2 Timoteos 3:1, iňlis dilinden terjime). Biz soňky günlerde ýaşaýarys. Muňa hiç şübhe ýok. Mukaddes Ýazgylaryň ähli pygamberlikleri Isa Mesihiň tiz wagtda dolanyp geljekdigi barada aýdýar. Pawlus "mesihi bolmak" düşünjesi babatda biziň günlerimiziň iň kyn we agyr döwrüň boljagyny öňdengörüjilik bilen aýdypdy.

Terjimeleriň beýleki wariantlarynda biziň döwrümiz babatda *howply* we *elhenç* diýen sözler ulanylýar. Näme üçin? Pawlusyň

ýaşan döwrüni öwrensek, onuň güýçli garşylyklara duçar bolandygyny bileris. Ol bäş gezek gamçylandy, taýak bilen otuz dokuz gezek ýenjildi, çybyk bilen üç gezek uruldy, bir gezek daşlandy, ençeme ýyllap zyndana salyndy. Ol nirä gitse-de, yzarlanmalara sezewar bolupdy. Emma şonda-da Pawlus mesihiler üçin biziň günlerimiziň has kyn boljakdygy barada aýdýar. Näme üçin? Munuň jogabyny onuň özi berýär:

> Adamlar diňe özüni söýýän, pula gyzan, öwünjeň, tekepbir, Hudaýa dil ýetirýän, ata-enesine boýun egmeýän, gadyr bilmez, adamlary sylamaýan, doňýürek, geçirimlilik etmeýän, myjabatçy, özüne erk edip bilmeýän, zalym, ýagşylygy ýigrenýän, haýyn, göçgünli, gopbamsy bolup, keýpi-sapany Hudaýdan köp söýerler (2 Timoteos 3:2–4).

Eger onuň sözlerini ünsli öwrensek, onuň bize diýjek bolýan zatlary barada heniz-de soraglaryňyzyň bolmagy ahmal. Eýsem ýokardaky parçada agzalýan häsiýetler Pawlusyň döwründe ýaşan adamlara mahsus bolmadymyka? Ýok, Pawlusyň döwürdeşlerinde hem bu häsiýetler bardy. Olar diňe özüni söýýän, pula gyzan, öwünjeň, tekepbir we ş.m. häsiýetler eýediler. Hatda resul Petrus Ellinji gün baýramynda: “Özüňizi bu azgyn nesilden halas ediň!” (Resullar 2:40) diýip aýdypdy. Onda resul Pawlus biziň neslimizi we mesihiler üçin döwri iň kyn döwre öwürjek şol häsiýetlerini näme üçin aýratyn nygtaýarka? Ol sözüni dowam edip, şuny düşündirýär: “Olar hudaýhonsyrasalarda (hakyky imanlarynyň bardygyny aýtsalar-da), Hudaýyň güýjüni inkär edýändirler (öz hereketleri bilen imanlarynyň hakykylygyny ret edýärler)” (2 Timoteos 3:5, giňişleýin terjime).

Şunlukda, siz biziň döwrümizde mesihi bolmagyň näme üçin kyndygyny görýärsiňiz. Köp adamlar (Täze Ähtiň beýleki aýatlaryna laýyklykda) özüni mesihi, gökden doglan ýa-da halas edilen diýip hasaplasalar-da, Haça öz günäli tebigatlaryny öldürmäge

ygtyýar etmezler. Olar Isa Mesihe eýermek üçin ähli hukuklaryny taşlamaga razy bolmazlar. Şeýle adamlar Isa Mesihi çyn ýürekden Halasgärleri diýip hasaplarlar, ýöne Oňa Onuň aslynda kimdigi üçin däl-de, Onuň özleri üçin edip biljek zatlary üçin goşularlar. Bu edil haýsydyr bir aýalyň erkege onuň puly üçin durmuşa çykyşy ýalydyr. Ol, belki, ony söýüp çykýandyr, ýöne onuň asyl niýeti nädogrudyr. Şu niýetden adamlar şu durmuşdaky üstünlik we gutulyş üçin Ony agtararlar. Olar Ony tüýs ýürekden öz Halasgärleri diýip hasaplasalar-da, durmuşlaryny Oňa bütinleý tabşyrmazlar.

## Bulaşyk serhetler

Ýene-de bir kynçylyk bulaşyk serhetlerden ybarat. Geliň bir mysala garap geçeliň. Adam öz bähbidini arasa-da, özüni gökden doglan hasaplaýar, hakyky imanlynyň dilinde gürleýär, hudaýhon dostlary bilen gatnaşýar, mesihi ýygnaklardan hyjuwlanýar, ýöne öz tebigatyny heniz-de özgerdenok. Aslynda şeýle adam bilkastlaýyn bolmadyk kezzaplyk edýändir, iň kyn ýeri-de – onuň özözüni aldamasy kesel kimin ýaýraýar. Eger adam öz durmuşyny gökleriň esaslary bilen gabat gelmeýän mesihi medeniýetiniň “esaslarynda” gurnaýan bolsa, hakyky mesihi bolmak örän kyn. Resul Pawlusyň döwründe, eger adam imanly bolan bolsa, onda onuň durmuşynyň her bir sagady howp astynda geçipdir. Onuň özüni Isa Mesihe bagyş edip-etmänligi barada şübhe-de döremändir, sebäbi ol öz durmuşynda aýdyň araçägi geçirýän eken. Pawlus dowam edip, şeýle diýýär:

> Emma sen meniň taglymatymy, durmuş ýörelgämi, maksadymy, imanymy, sabyr-takatymy, söýgimi, çydamlylygymy bilýänsiň. Antiýoh, Ikoniýa we Listra şäherlerindäki yzarlanmalar zerarly gören görgülerimi, olara näderejede çydandygymy hem bilýänsiň. Reb meni bu görgüleriň baryndan halas etdi. Umuman, Isa Mesihe

> eýerip, Hudaýyň ýörelgesine laýyklykda ýaşamak isleýänleriň bary yzarlanmalara sezewar bolar. Pisler we kezzaplar bolsa aldap, aldanyp, öz pisliklerinde barha ilerlärler (2 Timoteos 3:10–13).

Pawlus hemme zady aýdyň düşündirdi. Ol diňe öwretmek bilen çäklenmän, ýeke-täk bir maksat bilen bakylykdan ylhamlanyp ýaşaýardy (bu barada kitabyň dowamynda gürrüň ediler). Şol sebäpdenem Timoteos oňa ynanyp bilýärdi. Pawlus şeýle durmuşy öz dileglerine jogap alýandygy, gudratly işleri amala aşyrýan täsin peşgeşleriniň bardygy, Hudaýyň Sözüni öwretmekde ajaýyp zehininiň bardygy üçin saýlamandy. Ýok, ol bularyň ýekesini-de agzamaýar. Pawlus durmuş ýörelegesi barada diýýär. Hut şunuň özi-de aýgytly faktorlaryň biri bolmalydyr.

Ol pikirini şeýle sözler bilen dowam edýär: *“pisler we kezzaplar”* pisliklerinde barha ilerlär. Biz pis, erbet adamlardan gaça durmalydygyny bilýäris. Emma kezzaplar welin iň howply adamlar, sebäbi olaryň daşky keşbi içki tebigatyna meňzeş däldir. Şeýle adamlar özlerini mesihi diýip atlandyrýarlar, daşky keşpleri boýunça mesihilere meňzeýärler, emma durmuşlarynda özgerdiji merhemetiň güýjüniň bardygynydan nam-nyşan ýokdur. Pawlusyň diýýänlerine üns beriň: şeýle adamlar diňe töweregindäki adamlary däl, eýsem özlerini hem aldaýandyrlar.

Bu biziň allegoriýamyzdaky Aldananyň wakasynda aýdyň beýan edilendir. Ýaş ýigit Endeldäki mekdebiň jenypkeş okuwçysydy, özüni wepaly şägirt diýip atlandyryp, patyşanyň hoşamaýlygyny gazanandygyna tüýs ýürekden ynanýardy. Ol öz wepadarlygyny durmuşy arkaly tassyklamaga derek muny sözler bilen ynandyrmaklyga köp wagt sarp edýär. Ol diňe özüni aldaman, eýsem töwerek-daşyndakylaryň hem aldaýar. Aldananyň durmuş ýörelgeleri köp adamalaryň: onuň ýatyp-turan gyzlarynyň-da, öz *wagyzlary* bilen täsirini ýetiren beýleki okuwçylaryň-da ýykylmagyna sebäp boldy.

*“Wagyzlary? Ol mugallym bolmandy ahyryn”* – diýmegiňiz ahmal. Hä, hawa, men bu ýerde wagyz diýenimde, durmuşymyzy göz öňüne tutýaryn, biziň durmuşymyz aýdýan sözlerimizden has gaty ýaňlanýandyr. Endel mekdebinde özlerini Jaline yhlas bilen bagyş eden okuwçylara Aldananyň güýçli häsiýetiniň we durmuş ýörelgesiniň täsirine düşmezlik gaty çetindi. Imanda bekemedik adamlar onuň täsirine aňsat düşýärdiler.

Şeýle söweş babatda bize diňe Pawlus däl, eýsem Täze Ähtiň beýleki awtorlary-da duýdurypdylar. Ýahuda öz hatynda şeýle ýazýar:

> “Eý, söýgüli doganlar! Men size Hudaýyň meni we sizi nähili halas edendigi barada ýazmagy juda makul bilýärdim. Emma muňa derek Hudaýyň Öz halkyna bir gezekde müdimilik tabşyran imany ugrunda sizi göreşmäge ruhlandyryp ýazmagymyň has-da wajypdygyna göz ýetirdim” (Ýahuda 3)

Onuň sözlerinde ýaňlanýan tutanýerlilige üns beriň. Biziň gutulyş arkaly alýan ajaýyp zatlarymyzy barada ýazmak isleýändigine garamazdan, ol käbir başga zatlar barada ýazmaly bolýar. Ol bizi iman ugrundaky söweşe çagyrmaly bolýar. Nähili söweşe? Ol sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Sebäbi käbir hudaýsyzlar ogrynça araňyza sümlüp girdiler. Olar Hudaýyň ajaýyp merhemeti bize azgynlyk etmäge ygtyýar berýär diýip öwredýärler we ýeke-täk Hojaýynymyz we Rebbimiz Isa Mesihi ret edýärler. Şeýle adamlaryň jezasy gadymdan bäri ýazylyp goýlandyr” (Ýahuda 4).

Bu söweş öz haramlyklaryny aklamak üçin Hudaýyň merhemetini ýoýýan adamlaryň täsirine garşy göreşmekden ybaratdyr. Şeýle adamlaryň hüjümleri ýygnagyň daşky yzarlanmalaryndan has howpludyr. Olar Mukaddes Ýazgylaryň esaslaryna garşy gelýän kanunlardan, mysal üçin çaga düşürtmekligi kanunylaşdyrmak, neşe çekmek, bir jynsdan bolanlaryň özara nikalaş-

mak ýa-da mekdeplerde ewolýusiýa teoriýasyny hökmany surat-da geçmeli diýen ýaly kanunlardan has howpludyr. Olaryň täsiri haýsydyr bir kultuň ýa-da ýalan diniň täsirinden-de güýçlüdir. Olar baky heläkçilikdir!

Siz: “Bu nädip ýygnakdaky adamlara degişli bolup bilýär? Ýahudanyň sözleri Isa Mesihi kabul etmedik ýa-da Ony ret eden adamlara degişli ahyryn” diýmegiňiz ahmal. Biziň günlerimizde şeýle eden adamyň ýekejesi-de mesihi hökmünde kabul edilmezdi. Onsoň siz näme üçin şol döwürde başgaça bolandyr öýdýärsiňiz? Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasyny ýene-de bir gezek ünsli okaň: bu adamlar biziň aramyza *ogrynça sümlüp* girdiler. Isa Mesihi aç-açan ret eden adam biziň günlerimizdäki ýa-da Ýahudanyň döwründäki ýygnaklarda göze ilmän galmazdy. Onda olar Ony nädip ret edýärlerkä? Munuň jogabyny Täze Ähtiň başga bir hatydan bileris: *“Olar Hudaýy tanaýarys diýseler-de, edýän işlerinde Ony ret edýändirler...”* (Titus 1:16). Olar Isa Mesihi sözleri bilen däl-de ýaşaýan durmuşlary arkaly ret edýärler. Olar Hudaýy tanaýarys diýýärler, Isa Mesihe Reb hökmünde iman edýärler, hakykatda bolsa öz hereketleri arkaly bütinleý ters zatlary görkezýärler. Olaryň diňe başgalary däl, eýsem özlerini-de aldaýandygyny unutmaň, sebäbi olar özlerini dogrudan-da mesihi saýýarlar.

## Hudaýyň hakyky merhemeti

Ýahuda şeýle adamlaryň Hudaýyň merhemetiniň habaryny ýoýýarlar diýip nygtaýar. Biziň şindi ýaşaýan soňky döwrümizde bu ýagdaý giňden ýaýrandyr, bu biziň öwredýän taglymatymyz sebäpli şeýledir. Biz Hudaýyň merhemeti bitabynlygymyzy örtýär diýip öwretdik. Ýygnaklarda köp adamlaryň şeýle diýýänini eşitmek mümkin: “Men özümiň bolmalysy ýaly ýaşamaýandygymy bilýärin, ýöne Hudaýa Onuň merhemeti üçin

şükürler edýärin”. Bu özüňi çynlakaý aldamaklykdyr! Mukaddes Ýazgylar *merhemetiň Hudaýyň güýjüdigi* barada, *hakykatyň bizden isleýänlerini berjaý edip bilerimiz ýaly, bu güýjüň içimizde ýerleşdirilendigi* barada öwredýär.

Merhemet barada öwredenlerinde onuň diňe Hudaýyň hoşamaýlygy, biz oňa mynasyp däl diýip öwretdiler. Merhemet dogrudan-da Hudaýyň hoşamaýlygy, ony ne satyn alyp, ne-de gazanyp bolýar. Emma ol bize Hudaýa tabyn bolarymyz üçin gujur-gaýrat berýär. Biziň dogruçyl durmuşymyz dogrudan-da Hudaýyň merhemetine eýedigimizi subut edýär. Onuň Sözüne tabyn bolmagymyz durmuşymyzda Onuň merhemetiniň bardygyny tassyklaýar! Şoňa görä-de Ýakup şeýle diýýär:

> “Iman babatda hem şeýledir, eger iş ýüzünde görkezilmese (tabynlyk hereketleri we ony tassyklaýan işleri), ol öz-özünden ölüdir. Käbiriniň: ‘Seniň imanyň bar, meniň bolsa oňat işlerim’ diýmegi mümkin. Emma men aýdýaryn, hany, oňat işler etmezden maňa (şübheli) imanyňy görkez, men hem saňa imanymy (tabynlykdan edýän) oňat işlerim arkaly görkezeýin! Sen Hudaýyň ýeke-täkdigine ynanýarsyň. Gowy edýärsiň! Muňa hatda arwah-jynlar hem ynanýarlar we galpyldaýarlar” (Ýakup 2:17–19, giňişleýin terjime)

Ýakup biziň häzirki döwürde öwredýän taglymytymyzdaky bulam-bujarlygy görkezýär. Biz Mukaddes Ýazgylardan “Rebbimiz Isa iman et, ... halas bolarsyň” (Resullar işleri 16:31) diýen parçany üzňelikde alyp, ony wagyz edýäris. Eger halas bolmaklyk üçin Hudaýa ynanmak, Isa Mesihiň Onuň Ogludygyna ynanmak ýeterlik bolýan bolsa, onda Ýakubyň aýdyşy ýaly, jynlar-da halas bolarlar, sebäbi olar ynanýarlar. Ýöne bu barypýatan biderekliк ahyryn! Ýakup öz pikirini has aýdyňlaşdyrmak üçin, jynlaryň hatda galpyldaýandygyny ýatladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, iman edýändiklerini aýdyp, muny tabynlykdan edýän işleri bilen tassyklamaýan adamlara garanda, jynlar Hudaýdan has köp gorkýarlar.

Biziň dogrudan-da Isa Mesihiň merhemeti arkaly halas bolandygymyzyň aýdyň subutnamasy biziň durmuşymyz bolup durýar. Hut şu sebäpden resul Ýohanna şeýle diýýär:

> Eger Hudaýyň buýruklaryny berjaý edýän bolsak, onda Ony tanaýandygymyzy mälim edýäris. “Hudaýy tanaýaryn” diýibem, Onuň buýruklaryny berjaý etmeýän adam ýalançydyr, onda hakykat ýokdur. Emma Hudaýyň sözüni berjaý edýän adamda Onuň söýgüsi hakykatdanam kämildir. Ine, biz Hudaý bilen ýaşaýandygymyzy şeýdip bilýäris. “Men Hudaýa sygynyp ýaşaýaryn” diýýän adam Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr (1 Ýohanna 2:3–6)

Ýohanna Isa Mesihiň buýruklaryny berjaý etmekligiň Ony hakykatdan-da tanamaklygyň subutnamasydygy barada aýdyň aýdýar. Isa Mesihi tanaýandygyny ykrar edip, Onuň Sözüni saklamaýan adam ýalançy we aldawçydyr, ol Hudaýyň Sözüni oňat bilýändigine garamazdan, hakykatdan uzakdyr. Şoňa görä-de, Ýohanna şeýle diýýär: “Eziz balalarym! Men size şulary *günä etmezligiňiz* üçin ýazýaryn. Emma kimdir biri günä *etse*, Atanyň huzurynda aklawçymyz Isa Mesih bar, Ol adyldyr. Ol biziň üçin gurban boldy. Hudaý Ol arkaly biziň günälerimizi, diňe biziň däl, eýsem, bütin dünýäniň günälerini bagyşlady” (1Ýohanna 2:1,2).

Üns beriň, ol: “Men size şulary günä edeniňizde .....Aklawçyňyzyň bolmagy üçin ýazýaryn” diýip aýdanok. Ýok, munuň maksady – günä etmezlik. Hudaýyň merhemetini almak bilen, biz Isa Mesihe meňzemäge ymtylyp bileris (Onuň ýaşaýşy ýaly ýaşamaga). Sebäbi biz bitabyn tebigatymyzyň gözegçiliginden boşandyk. Ýöne günä düşäýsek-de, Aklawçymyz bar.

Imanlynyň şatlygy şindi Hudaýymyza Onuň halaýşy ýaly hyzmat edip bilýänligimizden ybaratdyr.

> “Şonuň üçin hem yranmaz patyşalyga gowşandygymyz üçin şükür edeliň. Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň” (Ýewreýlere 12:28).

Ine, many şundan ybarat. Merhemet bize Hudaýa Onuň halaýşy ýaly hyzmat etmäge gujur-gaýrat berýär.

Biz näme üçin Hoş Habary tutuşlygyna däl-de, diňe bölekleýin ykrar edýärkäk? Hawa, gutulyş – bu peşgeş; ony satyn alyp-da, gazanyp-da bolmaýar. Bu hakykatdan-da şeýle. Emma biz adamlara bu gutulyşy almagyň ýeke-täk mümkinçiliginiň nämeden ybaratdygyny aýtmagy unudýarys. Bu mümkinçilik – hemme zady ret edip, Isa Mesihi Reb diýip ykrar etmekden we durmuşyňy Oňa bagyş edip, Onuň tebigatyna görä ýaşar ýaly güýji kabul etmekden ybaratdyr. Petrus bu barada şeýle ýazýar:

> “Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi. Ol muny ýagşylyk we şöhrat bilen bizi Çagyrany tanamagymyz üçin etdi. Hudaý bize juda gymmatly beýik wadalary berdi. Ol bu wadalar arkaly siziň bu dünýädäki erbet höweslerden döreýän azgynçylykdan gaça durup, Özüniň tebigatyna *şärik bolmagyňyzy* niýet etdi” (2 Petrus 1:2–4).

Üns beriň: bize *merhemet* Isa Mesihi tanamaklyk arkaly berildi, ol *Hudaýyň güýji* bolup, bize Onuň *Hudaý tebigatyna* görä dogruçyl ýaşamaga gujur-gaýrat berýär. Şunlukda, biz dünýä Adam ata arkaly aralaşan we adamzadyň Hudaýa garşy bolan azgynlygy zerarly köpelen çüýremeden azat edilendiris. Siziň içiňizde Hudaýyň tebigaty ýerleşdirilendir. Hiç kime ne söz, ne-de hereket arkaly bu tebigata görä ýaşamak islegine äsgermezlik etdirmegine ýol bermäň. Pawlus aýdyňlyk bilen şeýle diýýär:

> Çünki Hudaýyň hemmeleri halas edýän merhemeti äşgär boldy. Bu merhemet bize hudaýsyzlygy we dünýewi höwesleri ret etmegi öwredýär, bu döwürde özümize erk etmegi, dogry ýaşamagy, Hudaýyň ýörelgesine eýermegi ündeýär. Biz bu ýörelgä eýerip, ajaýyp umydymyz bolan beýik Hudaýymyz we Halasgärimiz Isa Mesihiň şan-şöhrat içinde göklerden inmegine garaşýarys. Isa Me-

> sih bizi ähli günälerden halas etmek üçin, Özüni gurban etdi. Ol muny Özüne ýagşylyk etmekde erjel, päk, eziz bir halky gazanmak üçin etdi. Hawa, bularyň baryny öwret. Doly ygtyýar bilen öwüt-ündew ber, günä edýänleri paş et. Goý, hiç kim saňa äsgermezlik etmesin (Titus 2:11–15).

Rebbiň merhemeti bize ahlaksyz we dünýewi höwesleri ret etmegi, päk we dogruçyl durmuşda ýaşamagy öwredýär. Hudaýyň merhemeti durmuşymyzda bize görkezmeleri we oňa eýermeklik ukybyny berýän mugallym kimindir.

Üns beriň, biz muny beýlekilere-de öwretmeli. Pawlus sözüni dowam etdirip, şeýle diýýär: “Bu sözleriň bary hakykatdyr. Hudaýa iman edenleriň ýagşylyk etmekde ilerlemekleri üçin, bu zatlary (*dyngysyz*) nygtamagyňy isleýärin. Bu zatlar ynsanlar üçin oňat we peýdalydyr” (Titus 3:8).

Biz Hudaýyň durmuşymyzdaky merhemetiniň güýji arkaly ýagşylyk etmelidiris. Biz heniz halas edilmänkäk, bizde bu merhemet ýokdy; ol Köne Äht döwründe ýaşan imanlylar-da ýokdy. Bu merhemet Hudaýyň Isa Mesih arkaly beren peşgeşidir. Şoňa görä-de, Isa Mesih bize Köne Äht döwründe kimdir birini öldüren adamyň ganhor saýylyp, dowzaha mynasyp bolandygyny aýdýar. Emma merhemet astynda eger sen doganyňa akmak diýen bolsaň, kimdir birini ýazgaran bolsaň, kimdir biriniň günäsini geçmek islemeseň ýa-da ýigrenç duýgusynyň islendik görnüşini duýýan bolsaň, dowzahyň ody saňa howp salýandyr (ser.: Matta 5:21,22). Näme üçin? Sebäbi biziň indi merhemetiň güýji arkaly içimizden-de, daşymyzdan-da Hudaýyň tebigatyna laýyklykda ýaşama ukybymyz bar.

## Dyngysyz tassyklamak

Mukaddes Ýazgylaryň ýokardaky Titusa ýazylan hatyň (3:8) parçasynda bize muny *hemişe* tassyklamak ýa-da ol barada öwretmek wesýet edilýär. Eşitdiňizmi? Biziň günlerimizde muny

hemişe etmeg-ä beýlede dursun, hatda wagyz münberlerinden ýa-da imanlylaryň söhbetdeşliginde hem gaty seýrek eşitmek bolýar. Şol sebäpden-de biz Hudaýyň merhemeti arkaly amal edilen ýagşy işleriň näderejede wajypdygyna düşünmekden boýun gaçyrýarys. Dogrusy, biz iman azlygy we bilim ýetmezçiligi zerarly içimizdäki güýjiň hereketsiz galmagyna ýol berdik. Iman merhemete ýol açýar, şonuň üçin-de ol ynanýan zadymyzy ykrar etmek arkaly işjeň bolmalydyr. Pawlus şeýle diýýär: "Men bizi birikdirýän imana görä hereket etmegiňi Hudaýdan dileýärin. Şonda sen Isa Mesihe hyzmat etmek üçin edilmeli ýagşy işlere düşünersiň" (Filimun 6).

Eger biz muny dyngysyz tassyklamasak, hakykatdan kem-kemden uzaklaşarys. Ýewreýlere hatyň awtory bu barada aýdyňlyk bilen şeýle ýazýar:

> "Şonuň üçin imandan dänmez ýaly, eşidenlerimize has köp üns bermelidiris. Hudaýyň perişdeler arkaly aýdan habary berk bolup, günä edenler ýa-da bitabyn bolanlar öz adalatly almytyny alýardylar. Indi biz şundan soň halas bolmagyň bu ajaýyp ýoluny inkär etsek, onda heý-de jezadan halas bolup bilerismi? Halas bolmagyň bu ýoluny owal-başda Reb yglan etdi we muny Isa Mesihiň hut Özünden eşidenler tassykladylar (Ýewreýlere 2:1–3).

Muny tassyklap we öwretmek bilen, biz öz öňümizde elmydama bakylygyň wajyp taraplaryny görýäris, bu bolsa bizi ýykylmadan saklaýar.

Men oglanjykkam balyk tutmagy halaýardym. Biziň bar ünsümiz balyk tutmakda bolany üçin, gaýygymyzyň suwuň akymy bilen akyp gidýändigini bilmän galýardyk. Kyrk bäş minut çemesi wagtdan daş-töweregimize seredenimizde bolsa, nirededigimizi saýgaryp-da bilmeýärdik. Bu biziň aňymyzyň başga zatlara, şu ýagdaýda balyk tutmaklyga berlendigi zerarly bolýardy.

Derýalarda balyk tutýan adamlaryň käbiri üçin bu gaty howply ýagdaý bolup, akymyň kert gaýadan gaýdan wagtlary heläkçi-

likli tamamlanýardy. Sebäbi olar gaýyklarynyň ilkibaşdaky ýerlerinden gaty uzaga gidip, kert gaýadan inýän şaglawuklara düşendigini bilmän galýardylar.

Bu bakylygyň möhüm taraplary babatda hem hakykatdyr. Eger Hudaý bize bu zatlary dyngysyz öwretmeli diýip aýdýan bolsa, onda biz bu babatda örän ünsli bolmalydyrys. Biz näme üçin Hudaýa gulak asyp, dogruçyl durmuşda ýaşamaga gujur-gaýrat berýän merhemetiň güýjüni nygtamaýarys?

Men ilkinji Ýygnagyň muny edendigini görýärin. Irki Ýygnagyň atalarynyň birnäçe golýazmalaryny öwrenenimde, olaryň biziň şindi öwredýän taglymatymyza bütinleý gabat gelmeýän, ýöne Mukaddes Ýazgylara garşy çykmaýan taglymaty öwredendigini görýärin. Ilkinji birnäçe asyryň dowamynda Ýygnagyň ýaşululary gutulyşy tassyklamakda işleriň wajyp orny eýeleýändigine ynanypdyrlar. Geliň, birnäçe mysala garap geçeliň.

Men ilki bilen resul Ýohannanyň dosty we Smirnadaky ýygnagyň ýepiskopy bolan Polikarpyň (b.e. 69–156-njy ýyllary) aýdanlaryny mysal getireýin. Polikarp garran döwründe tussag edilip, otda ýakyldy. Ol şeýle ýazypdy: “Biziň işler arkaly däl-de, merhemet arkaly halas edilendigimizi bilmek bilen, köpler bu (gutulyşyň) şatlygyna girmegi arzuwlaýarlar”. Häzirki döwürdäki hoş habarçylar jemagatynda bu sözler adaty zat hökmünde kabul edilerdi, sebäbi biz ýagşy işlerimiz arkaly halas bolmaýandygymyzy aýratyn nygtaýarys. Polikarp imanlylara şuny hem ýazypdy: “Ony ölümden Direlden bizi hem direlder. Ol muny eger biz Onuň erkini berjaý edýän bolsak, Onuň tabşyryklaryny saklaýan bolsak we ähli nädogrulyklardan gaça durup, Onuň söýýänlerini söýýän bolsak, eder”. Biziň günlerimizde wagyzçynyň münberinden şeýle sözler örän seýrek eşidilýär.

“Eger” diýen söze üns beriň. Direlişi almak üçin, bize Onuň erkini we buýruklaryny berjaý etmeklik tabşyryldy. Bu barada Isa Mesih hem aýdypdy.

Meniň indiki getirjek mysalym – Rimli Kliment (b.e. 30–100-nji ýyllary). Ol resullar Pawlus we Petrusyň egindeşi bolup, Rimdäki ýygnaga ýolbaşçylyk edýärdi. Ol şeýle ýazýar: “Biz öz-özümizden, öz dogrulygymyz we işlerimiz bilen aklanamzok. Biz diňe iman arkaly aklanýandyrys. Gudratygüýçli şeýle iman arkaly ähli adamlary aklaýandyr”. Bu sözler hem şindiki döwürde mesihi jemagatynda giňden kabul edilerdi. Ýöne Kliment imanlylara şuny hem ýazýar: “Biz ýagşy işleri amal etmekde erjel bolmalydyrys. Ol bize Özüniň Hudaýdygyny, her kese onuň işlerine görä garaýan Hudaýdygyny ýatladýar” (Rimliler 2:6–10)”.

Belki, hut şu sebäbe görä Palus synaglardan geçýän döwründe şeýle ýazandyr: “Şonuň üçin hem, eý, Agrip şa, men gökden gelen görnüşe boýnuýogynlyk etmedim. Ilki bilen Damaskda, Iýerusalimde, soňra tutuş Ýahudyýada, şeýle hem, keseki milletleriň arasynda: ‘Günäleriňiz üçin toba ediň, Hudaýa dolanyň, *toba edendigiňizi oňat işleriňiz bilen subut ediň*’ diýip wagyz etdim” (Resullaryň işleri 26:19, 20). Eger resul Pawlus işleriň wajypdygyny nygtan bolsa, onda onuň işdeşi Klimentiň hem şu äheňdäki sözleri bizi geň galdyrmaly däl.

Bulardan başga-da, aleksandriýaly Klimentiň (b.e.150–200-nji ýyllary) sözlerini mysal getireýin. Ol Müsürdäki Aleksandriýa şäherindäki ýygnaga ýolbaşçylyk edýärdi we täzelikde iman edenleriniň mekdebini ýöredýärdi. Ol iman etmedikler barada şeýle ýazýar: “Eger olar iman etmedik bolsa, ýagşy işleri edendiklerine garamazdan, bu ýagşy işler olara ölümden soň hiç peýda getirmez”.

Bu sözler hem mesihiler jemagatynda uşy şatlyk bilen kabul edilerdi. Geçen baplarda biz şulary aýdypdyk: iman etmeýän adam ýagşy işleri köp edýändigine garamazdan, bu işleriň oňa Hudaýyň Şalygyna girmegini kepillendirmeýär; biz Hudaýyň merhemeti arkaly halas edilendiris. Emma Klimentiň imanlylara ýazanlaryna üns beriň:

> “Hakykata aň ýetirip, ýagşy işleri edýän her kes baky ýaşaýşy sylag alar. ...Käbir adamalar Hudaýyň (gutulyş üçin) güýç berýändigine dogry düşünýärler, ýöne gutulyşa eltýän işlere uly üns bermeýärler; şonuň üçin-de, olar arzuwlaýan zadyna ýetmekdä şowsuzlyga duçar bolýarlar”.

Siziň käbiriňiz: “Bu adamlar Täze Ähti bütinleý okamadyk ýalyla!” diýmegiňiz ahmal. Ýok, okadylar. Joş Makdauell özüniň “Hasaba alynmaly subutnamalar” atly kitabynda Aleksandriýaly Klimentiň öz golýazmalaryndaky jümleleriniň 2400-sini Täze Ähtden (üç kitabyndan daşary) alandygyny görkezýär. Bu beýleki awtorlara hem degişlidir. Belläp geçilmeli başga bir zat: biziň günlerimizde mesihilik dükanlarynda satylýan kitaplarda Mukaddes Ýazgylar az ulanylýar. Biz hakykatdan-da wajyp zatlary däl-de, başga zatlary öwredýänligimiz sebäpli başga ugra sowlaýdykmykak?

## Biziň doly däl Hoş Habarymyz

Gynansak-da, biz Mukaddes Ýazgylardan diňe şeýle aýatlary ýatlaýarys: “Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň” (Rimliler 10:9). Biz adamlara diňe gudratly dogany okamagy we şondan soňra halas boljakdyklaryny aýdýarys. Emma biz näme üçin Isa Mesihiň: “Näme üçin Maňa: ‘Ýa Reb! Ýa Reb!’ diýip-de, aýdanlarymy etmeýärsiňiz?” (Luka 6:46) diýen sözlerini ýatlamzok? Biz “Reb” sözüniň Iň Beýik Eýe, Hojaýyn diýmegi aňladýandygyna garap geçipdik. Şunlukda, Isa Mesih şeýle diýýär: “Eger öz-özüňize hojaýyn bolmagy dowam edýän bolsaňyz, Maňa Hojaýyn diýmegi bes ediň. Öz-özüňizi aldamazlyk üçin, Maňa, gowusy, “Beýik Pygamber” ýa-da “Mugallym” diýiberiň”.

Indi bolsa, şu çekeleşigi başlan sözlermize, ýagny Isa Mesihiň: “Maňa: ‘Ýa Reb! Ýa Reb’ diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez...” (Matta 7:21) diýen sözlerine ýene-de bir gezek garap geçeliň.

Biz Isa Mesihe *Reb* diýen her kesiň Gögüň Şalygyna girip bilmeýändigi barada eýýäm aýdypdyk. Bu ýagdaý “günäliniň dogasyny” okamaklygyň Göklere eltýän ýoly açmaýandygyny bize mesemälim görkezýär. Mende şeýle sorag ýüze çykýar: “Onda Gögüň Şalygyna kim girip biler?” Isa Mesih muňa şeýle jogap berýär: “... diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer” (Matta 7:21).

Gaty gyzykly zat. Polikarpyň aýdanlary bilen doly gabat gelýär. Bizi Gökler Şalygyna diňe Isa Mesihi Reb saýmalyk däl-de, eýsem iman we Hudaýyň islegini berjaý etmeklik ýetirer. Onuň islegini berjaý etmekligiň ýeke-täk usuly – Onuň bize berýän merhemeti arkaly özümizi tabyn etmeklik, özümizi ret edip, Ony Hojaýynymyz hökmünde kabul etmeklik. Ykrar etmek aňsat, ýöne iň kyn bölegi özüňi hakykatdan-da Isa Mesihiň hökmürowanlygyna doly tabşyrmakdan ybaratdyr.

> Meniň bu barada näme üçin şeýle erjellik bilen diýýändigime gulak asyň: “Şol gün köpler Maňa: ‘Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup, köp gudratlar görkezmedikmi?’ diýerler. Şonda Men olara: ‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’ diýip, açyk aýdaryn” (Matta 7:22,23).

Geçen asyryň 80-nji ýyllarynyň ahyrynda Hudaý maňa bir görnüş berdi. Men adamlaryň ägirt bir mähellesini gördüm, onuň çäkleri-de görünmeýärdi. Bu juda ägirt mähelledi. Men bu adamlaryň arasynda imansyzlaryň, günäkärleriň ýa-da haýsydyr başga bir dine uýýanlaryň ýokdugyny bilýärdim. Tersine, olaryň bary mesihilige uýýardylar. Bu adamlaryň bary Kazylyga gelenlerinde, Isa Mesihiň olara: “Öz Rebbiňiziň şatlygyna, Hudaý Şalygyna giriň” diýjekdigine berk ynanýardylar. Muňa derek olar şeýle sözleri eşiderler: ”Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!” (Matta 7:23).

Men olaryň ýüzleriniň gorkudan ýaňa ak tam ýaly boandygyny gördüm. Siz özüňiziň eýe bolmadyk gutulyşyňyz babatda şeýle

ynamly bolup bilşiňizi göz öňüne getirip bilýäňizmi? Siz Gökler Şalygyny özüňiziňki hasaplap-da, dowzahyň oduna ebedilik oklanjakdygyňyzy göz öňüne getirip bilýäňizmi? Özüňiziň we, belki-de, size wagyz edenleriň bakylyga ýeňilkellelik bilen garandygyňyz baradaky pikirlerden bakylykda ejir çekmegi göz öňüne getirip bilýäňizmi?

Eger-de hyzmatçy adamlara Isa Mesihiň duýduryşlary barada aýtmaýan bolsa, bu hyzmat ýerliklimikä?

Siz Hudaýyň habaryny wagyz edenimizde, onuň diňe ruhlandyryjy we bähbitli ýerlerini däl-de, eýsem dolulygyna wagyz etmelidigimize indi düşünýäňizmi? Hawa, bize ýalkanyşlar ýaraýar, biz olar barada aýtmaly we olardan lezzet almaly. Ýöne biz muny Hudaýyň tabşyryklary we duýduryşlary barada dil ýarmazlygyň hasabyna etmeli däldiris!

Men konferensiýalaryň birinde: “Höküm gününde kimdir biriniň ganynyň meniň ellerimden damyp durka, onuň meni hakykaty aýtmandygym babatda aýyplanasym gelenok” diýip aýdanym ýadyma düşýär.

Şol wagzy tamamlan badyma ýanyma lapykeç, dogrusy, gaharly halda bir çopan geldi. Ol maňa: “Sen neneň edip bize, hyzmatçylara, Köne Ähtiň taglymatyny boýnumyza dakmaga milt edýäň? Hoş Habary doly wagyz etmänligim üçin adamlaryň gany meniň boýnumda bolmaz”. Ol Mukaddes Ýazgylardan diňe ruhlandyryjy aýatlary halaýandygy görnüp durdy. Ol Hudaýyň Sözüniň galan bölegini wagyz etmekden saklanýardy.

Şonda men oňa: “Eý, agam, resul Pawlusyň Efesdäki ýygnagyň ýolbaşçylaryna näme aýdanyny oka” diýdim. Men elimdäki Mukaddes Kitaby açyp, şol çopana şuny okamagy haýyş etdim: “Şonuň üçin bu gün size şuny yglan edýärin: men hiç kimiň ganyna jogapkär däldirin. Sebäbi men Hudaýyň *ähli* islegini size wagyz etmekden boýun towlamadym” (Resullaryň işleri 20:26, 27).

Çopan maňa aljyraňňy seretdi, onuň gözleri we agzy giňden açykdy. Ol: “Täze Ähti ençeme gezek okasam-da, muny hiç haçan

görmändim” diýdi. Şondan soň biz dostlarça söhbetdeşlik etdik. Men özümiziň diňe bir öwretmän, eýsem her bir adama duýdurup, onuň Isa Mesihde ösüp kämilleşmegine kömek etmelidigimizi ýatlatdym (ser.: Koloseliler 1:28). Näme barada duýdurmak? Hakykatdan sowulmazlyk barada, ýalan mugallymlaryň wagyzlaryna köňül bermezlik barada duýdurmaly. Sebäbi şeýle mugallymlar diňe özlerini aldaman, eýsem biçak köp janlary dogrulyk ýolundan azaşdyrýandyrlar.

Biz Resullar işleriniň 20-nji babyndan resul Pawlus efeslileriň ýanynda köp wagtlap bolandygyny bilýäris. Resul Pawlus olary çyn ýürekden söýýärdi we olar bilen mundan beýläk ýer ýüzünde görüşmejekdigini Mukaddes Ruh arkaly bilýärdi. Şu barada oýlanyp görüň: siz öz çagalaryňyz kimin eý görýän ezizleriňize iň soňky gezek ýüzlenip aýtjak sözleriňizi saldarlap-saýlamarmysyňyz?

Onuň hoşlaşyk sözleri şeýledi:

> ”Özüňize we Mukaddes Ruhuň siziň gözegçiligiňize beren ählisürüsine göz-gulak boluň. Hudaýyň ýygnagyna çopançylyk ediň. Ol bu ýygnagy Öz Oglunyň gany bilen satyn aldy. Men gidenimden soňra, *araňyza* ýyrtyjy möjekleriň geljegini bilýärin, olar sürini aýap goýmazlar. Hatda *öz araňyzdan käbir adamlar* çykyp, şägirtleri yzyna eýertdirjek bolup, hakykaty ýoýarlar. Şonuň üçin hüşgär boluň. Üç ýyllap gije-gündiz gözýaşlarym bilen her biriňize üznüksiz nesihat edenimi ýadyňyzda saklaň” (Resullaryň işleri 20:28–31, nygtama awtordan).

Olar hakykaty nädip ýoýarlar? Belki, sözler bilen, ýöne hereketleri bilen ýoýjakdyklary örän ähtimal. Üns beriň, resul Pawlus muny şeýle güýçli duýansoň, üç ýylyň dowamynda olara gaýta-gaýta duýdurypdy. Biz bu zatlary dyngysyz tassyklap, olar barada aýtmalydygymyz baradaky nygtamany ýene-de görýäris.

## Söýgi we adalat Hudaýy

Biziň wakamyzy okanyňyzda, Aldananyň duýan sarsgynyny we jebrini duýup bilensiňiz. Siz Lon zyndanynyň hakykylygyny duýduňyz. Siz tümlükde we çydap bolmajak yssyda, howasy zäherlenen gutuda 130 ýyllap bolmaly diýen pikirden depe saçyňyz düýregendir. Ýöne eger biz Hudaýyň ähli maslahatlaryny atmasak, san-sajaksyz aýal-erkekleriň duçar boljak zadyny ýokardaky mysal bilen deňeşdirip-de bolmaz.

Jaliniň söýgüsi we adalatlylygy, elbetde, siziň ýadyňyzdadyr. Onuň kazylyk eden wagtyndaky adalatlylygy Dagonyň häsiýetine we tebigatyna eýe bolanlaryň ýekejesine-de Affabel şäherine girmäge ýol bermänliginden aýan bolýar. Eger ol şeýle zada ýol beren bolsa, onda şähere we onuň ilatyna zyýan ýetirerdi. Onuň söýgüsi bigünäleri goraýardy.

Şonuň bilen birlikde-de, onuň adalatlylygy Dagonyň häsiýetini alan adamlara olaryň bitabynlyklary üçin Dagondan pes jezany bermezlige mejbur edýärdi. Hut şu sebäpden, Jaliniň yzyna eýermekden boýun gaçyranlaryň hemmesi şol Lon zyndanyna taşlanylmalydy.

Mundan başga-da, Hudaýyň söýgüsi özünde şeýtanyň häsiýetini saklaýan adama Onuň baky şäherine girmegine ýol berip bilmeýär. Eger Ol şeýtany we onuň ülpetlerini otly köl bilen jezalandyryp, onuň ygtyýaryndaky adamlara başgaça garan bolsa, onda adalatsyz bolardy. Şeýtanyň häsiýetine eýe bolanlaryň bary onuň bilen birlikde baky hüküme duçar bolarlar. Hudaý şol bir wagtyň özüne hem söýýar, hem-de adalatlydyr. Ol şeýle hem bolar, Ol üýgewsizdir. Onuň şan-şöhraty bütin ýer ýüzüne äşgär bolar.

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

### IKINJI BÖLÜM: 4,5-NJI BAPLAR

1. Şu bölümi okap başlanyňda, siz baky hökümi mesihi üçin binýady taglym hasaplaýardyňyzmy?

2. Mesihileriň köpüsi dowzahyň hakykatdan-da bardygyny başgalara aýtmaýarlar, sebäbi olar adamlaryň özleri barada negatiwden we ýazgarmadan doly öýderlerlerinden gorkýarlar. Hakykatda welin, bu zatlar barada aýtmaklyk – rehimiň alamaty. Imanlylar (ýekelikde ýa-da ýygnakda) bu soragy nädip söýgi bilen aýdyp bilerler?

3. Siz iman bilen (ýagşy işleriň) netijeli arasyndaky baglanyşygy nädip düşündirip bilersiňiz? Eger gutulyş – bu peşgeş bolsa, onda näme üçin biziň işlerimiz imanymyza laýyk gelýär?

4. Biz 5-nji bapda Hoş Habary wagyz edenimizde, Isa Mesihe eýermekligiň adamyň durmuşyna nähili täsir etjekdigi baradaky meseläni gozgamazdan wagyz etmäge ýykgyn edýändigimiz barada pikir alşypdyk. Isa Mesihe hökmürowanlygyna tabyn bolan durmuş näme üçin ýöne ruhy kömegi alyp, durmuş ýörelgämizi özgertmegi talap etmeýän durmuşdan has baý?

5. Halas bolmak, Höküm güni we durmuşymyzyň bakylyga nähili täsir edýändigi babatda bilenleriňiziň ählisi barada oýlanyň. Bäşinji bapda merhemetiň tebigaty barada okanyňyzdan soň bu baradaky pikirleriňiz nähili üýtgedi?

# ÜÇÜNJI BÖLÜM

6-NJY BAP

# ELHENÇ ÝYKYLMA

*Emma soňuna çenli çydan halas bolar.*
— Matta 24:13

Indi biz Çekinjeň bilen Ikiýüzli Durmuşyň wakasynda äşgär bolýan hakykata gelip ýetdik. Olar belli bir wagt aralynda Jaline çyn ýürekden eýeripdiler. Ýöne Çekinjeň dogry niýetleri ýitirdi, Ikiýüzli Durmuş bolsa ahyrda onuň ýolundan çykdy. Olaryň pellehasy gynançly boldy.

## “Ynanýan zadymyzy okamak” ýa-da “Okaýan zadymyza ynanmak”

Men şu bapda maslahatlaşjak bolýan meselämiň hoş habarçylaryň käbir toparlarynda jedelli bolup durýandygyny ýüze çykardym. Emma Mukaddes Ýazgylary ymykly öwrenilenden soň, bu jedeller aradan aýrylýar.

Şunlukda, Çekinjeň we Ikiýüzli Durmuş ýaly adamlar barada Mukaddes Kitabyň näme diýýändigini bilmezden öň, men sizden açyk ýürek we aň bilen okamagyňyzy haýyş edýärin.

Hudaýyň islegini bilmekde iň uly böwet Mukaddes Kitaby şu tärde okamaklyk bolup durýandyr: *adamlar okaýan zadyna ynanmaga* derek *öz ynanýan zatlaryny okaýarlar*. Biz hakykaty bulaşyk aýnadan görmekligi saýlap alanymyzda, ynanýan zadymyzy okaýarys. Şeýle bulaşyklyk takyk däl bilim: başgalardan öwrenen zatlarymyz, denominasiýalarymyzdan öwrenen zatlarymyz ýa-

da Hudaýyň Kimdigi we Onuň ýollarynyň nähilidigi baradaky öz şahsy düşünjelerimiz sebäpli döreýär. Bu bilim gaty howpludyr, sebäbi ol sizi ýalňyşlyga uçradyp bilýär. Biz munuň mysalyny Eýýup kitabyndan görüp bilýäris.

Ýaňy-ýakynda Mukaddes Kitaby okamakçy bolup ony elime alanymda, Mukaddes Ruhuň maňa: “Eýýup kitabyny açyp, ony 32-nji babyndan okap başla” diýenini eşitdim. Men şobada degişli baby açanymda, ol ýerde Elihunyň gürläp başlaýandygyny gördüm.

Şondan öň bolup geçen zatlary gysgaça ýatladaýyn. Eýýup pajygaly wakalary başdan geçirip, köp ýitgiler çekýär. Şu ýitgilerden we agyrylardan ýaňa ol indi Hudaýyň ýollaryna hiç düşünip bilmeýär. Eýýup Hudaýyň danalygyny agtarmaga derek indi Oňa öz agyrylary arkaly seredýär (ser.: Ýakup 1:2-8). Wagtyň geçmegi bilen onuň pikirleri öz-özüni aklamaga gönügýär. Eýýubyň geçen baplarda öz pikirlerini beýan eden üç dosty din taglymatyny özbaşdak öwrenipdiler. Şonuň üçin-de, olar bilimde bulaşyp, Eýýubyň betbagtçylyklarynyň sebäbi düşündirmekçi bolýardylar. Bu ýagdaý bolup geçýän wakalary has-da agyrlaşdyrýardy. Dostlar Eýýubyň durnuksyz pikirlerini ret edip bilmänsoňlar, onuň özüni ýazgarýarlar.

Olaryň arasynda iň ýaşkiçi bolan Elihu Eýýuby we onuň üç dostuny köp wagtlap diňläp oturdy. Olar Hudaýyň danalygy baradaky pikirlerini beýan edip, aýtjak zatlaryny hemmesini aýdyp bolansoňlar, Elihu şeýle diýýär: “Ine, men sözleriňize garaşdym, aýtjak zadyňyzy agtarýarkaňyz, parasatly gepiňize gulak asdym. Sizi dykgat bilen diňledim, emma hiç biriňiz Eýýubyň nähaklygyny subut etmediňiz, hiç biriňiz onuň sözlerine jogap bermediňiz. Siz: „Biz paýhas tapdyk, ony Hudaý nähak çykarsyn, ynsan däl“ diýmäň (Eýýup 32:11–13).

Elihu üç dosty paş edip, şeýle diýýär: “Hudaý isleýşiňe görä saňa adalatlylyk bersinmi? Sen Ony ret etdiň. Sen karara gelmelisiň, men däl, şonuň üçin bilýäniňi aýt” (Eýýup 34:33). Wah,

ýüregime jüňk bolaýdy-da! Elihu biziň günlerimizde köpleriň goýberýän ýalňyşyny şeýle anyk aýtdy. Ýygnakdaky nädogry taglymatyň esasy kökleriniň biri, ine, şudur: *biz Hudaýyň Sözüne hakykaty aýan etmägine ýol bermän, eýsem ony ejirlerimize we tejribämize görä teswirleýäris!*

Elihu ynsan pikirlerine görä ýa-da Hudaýyň Kimdigi baradaky duýduryşlar, ýagdaýlar, wakalar esasynda emele gelen taglymata görä gürlemedi. Ol hakykaty ýoýmazdan, Hudaýyň Sözüni sap wagyz etdi. Onuň sözi tamamlanansoň, biz şuny okaýarys:

> "Onsoň Reb harasadyň içinden Eýýuba şeýle jogap berdi: 'Nadan sözleriň bilen nesihatymy garalar ýaly kim bolupsyň? Erkek kimin biliňi berk guşa, seni sorag etjek, Maňa jogap ber!" (Eýýup 38:1–3)

Mukaddes Kitabyň giňişleýin edilen terjimesinde bu parça şeýle terjime edilen: "Danalygy bilimsiz sözler bilen garalaýan kim?" Hawa, biz Hudaýyň Sözüni öz tejribämizden, başgalaryň pikirlerinden ýa-da öňden galan ters pikirlerinden süzenimizde, hut şeýle ýagdaý döreýär. Biz Onuň danalygyny garalaýarys, öz täsirimizdäki adamlar üçin ony elýetmez edýäris. Biz Hudaýyň danalygyny öwrenmek isleýän adamlardan ony gizleýäris. Hudaýyň Eýýuba we onuň dostlaryna gaharlanmagynyň sebäbi hut şodur. Ol şindi hem Öz ýollary ýoýulanda gaty gaharlanýar. Biz adamlary Onuň hakykatyny bilmekden saklaýarys! Soňra dört babyň dowamynda Reb Öz Sözüni Eýýuba aýan edýär. Reb sözüni tamamlansoň, Eýýup perişan halda şeýle diýýär:

> "Men bilýän, Seniň eliňden hemme zat gelýär, göwnüňe gelen zady amala aşyrýaň. Nesihatyňy garalajak barmy? Şonuň üçinem men düşünmedik, asla akyl ýetirip bilmedik zatlarym barada gepledim. Indi maňa gulak assana, men geplejek, Senden soraýyn, maňa jogap bersene. *Sen hakda gulagym bilen eşidipdim*, indi Seni öz gözlerim bilen gördüm. Munuň üçin özümi ýigrenip, başymdan gumdur kül sowrup toba edýärin". (Eýýup 42:2–6)

Eýýubyň diýýänlerine üns beriň: “Men ozal diňe başgalaryň özüme aýdanlaryny bilýärdim, indi bolsa Seni öz gözlerim bilen görýärin”. Şu sözlerde beýik hakykat bardyr. Mukaddes Ýazgylar biz Hudaý barada eşidenimizde däl-de, Oňa seredenimizde nurlanýandygymyz barada aýdýar (ser.: 2 Korintoslylar 3:18). Isa Mesih – Hudaýyň diri Sözi; Ony görmeklik Ony bilmekligi we Onuň ýollaryna düşünmekligi aňladýar.

Adama aýan bolan hakykat şuny görmäge ygtyýar edýär. Biz Hudaýyň Sözüni eşidäýris, ýöne tä *bilim* alýançak, özgermeýäris. Biziň ýüregimize Hudaýyň Sözüne düşünmeklik aralaşanda, biz: “Görýärin, görýärin!” diýip gygyrýarys. Şeýle pursatlarda biz bilim alyp özgerýäris we Onuň keşbine golaýlaýarys.

Bu ruhy delil resul Pawlusy şeýle doga etmäge höweslendiripdi: “Siziň üçin Hudaýa dyngysyz şükür edip, doga-dileglerimde sizi dilimden düşüremok. Men Hudaý – Rebbimiz Isa Mesihiň beýik Atasyna siziň üçin dileg edýärin. Goý, Ol size Ony has oňat tanap bilmegiňiz üçin, size Mukaddes Ruhuň akyldarlygyny hem ylhamyny bersin, *ýüregiňiziň gatyny nurlandyrsyn* diýip dileg edýärin...” (Efesliler 1:16-18). Eýýup pajygaly wakalara duçar bolmazdan ozal hem dogruçyl ýaşandygyna garamazdan, ol indi Hudaý barada ozalkasyndan has köp bildi. Ol indi Hudaýy has ýokary derejede bildi.

Eýýup bilen gürleşip bolandan soň, Hudaý onuň dosty Elipaza şeýle sözler bilen ýüzlenýär: “Meniň saňa we seniň beýleki iki dostuňa garşy gazabym lowlaýar, çünki siz gulum Eýýup ýaly Men barada hakykaty sözlemediňiz” (Eýýup 42:7).

Reb Ony we Onuň ýollaryny nädogry göz öňüne getirýänligimize gaty çynlakaý garaýar. Bu ýagdaý danalygy bulaşdyrýar we Onuň adalatyny ýoýýar. Şoňa görä-de, adamlar tutuş Mukaddes Ýazgylaryň danalygy bilen tassyklanmandyk taglymatyny öwredenlerinde, bu meni diýseň geň galdyrýar. Gör, bu nähili

elhenç! Eger biz hakykaty öwrenmek we ol arkaly düzelmek isle-meýän bolsak, ony nädip bileli?

Eýýup kitabyny okap bolanymdan soň Reb beýleki köp soraglaryma-da jogap berdi. Ol şeýle diýdi: “Oglum, sen Eýýup bilen dostlarynyň Men barada nädogry gürlänlerinde, dymandygyma üns berdiňmi? Men kimdir biri hakykaty aýdyp başlamanka Öz barlygymy aýan etmedim!”

Hudaýyň ýüregimde aýdan zatlaryna haýran galyp, olara barada oýlanyp başladym. Soňra men ýene-de Onuň şeýle diýýänini eşitdim: “Hut şu sebäpden köp adamlar, ýygnaklar we tutuş denominasiýalar Meniň huzurymy we durmuşlaryny özgerdip biljek güýji başdan geçirmeýärler. Olar Meniň sap Sözümi dälde, öz “süzgüjinden” süzülen teswirlemelerini we pikirlerini ykrar edýärler. Şeýdip, olar Eýýupdan we onuň dostlaryndan hiç tapawutlanmaýarlar. Olar öz manysyz sözleri bilen Meniň danalygymy garalaýarlar”.

Eger biz Hudaýyň hakyky huzuryny we güýjüni bilmek isleýän bolsak, hakykaty ýoýman agtarmaly. Şonuň üçin-de, Mukaddes Ýazgylary Hudaýyň hökümleri babatda öwreneniňizde, Hudaý baradaky ýalňyş düşünjeleriň, nädogry taglymatlaryň, şahsy tejribäňiziň ýa-da haýsydyr bir ýagdaýlaryň Onuň eýýäm ap-aýdyň aýdan zatlaryny ýoýmagyna ýol bermäň. Tersine, Hudaýyň ýollarynda bilimli bolaryňyz ýaly, Ony Onuň açyk Sözünde agtaryň.

## Ýalkanyşlara kowalaşmak

Geliň, ýene-de Ikiýüzli Durmuşyň ykbalyna dolanalyň we geçen bapda Isa Mesihiň aýdan şu sözlerinden başlalyň:

> “Şol gün köpler Maňa: ‘Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup, köp gudratlar görkezmedikmi?’ diýerler. Şonda Men olara: ‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’ diýip, açyk aýdaryn” (Matta 7:22,23).

Grek “ýamanlyk” (anomia) sözi *Hudaýyň kanunyna (ýa-da islegine) garşy hereket etmekligi* aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, bu Hudaýyň ygtyýaryna bitabyn bolmaklygy aňladýar.

Isa Mesih “*ýamanlyk*” sözüniň yzýanynda “*edýänler*” (durmuş ýörelgesi) sözüni ulanmak bilen, gürrüňiň täzelikde iman edip, indi günäden saplanmak üçin erjellik edýän we bitabynlygyny ýigrenýän, wagtal-wagtal büdreýän adam barada däldigini görkezýär. Tersine, Ol Hudaýyň isleglerine garşy bolan durmuşda ýaşaýan, äsgermezçilik edýän we şeýle durmuşy aklaýan adam barada aýdýar. Isa Mesihiň bu sözleri Aldanan ýaly azaşanlara ýa-da Ikiýüzli Durmuş ýaly biwepalara degişlidir. Isa Mesih şeýle häsiýetli adamlaryň birgiden mähellesine ýüzlenip, höküm çykarar. Bu höküm şeýle adamlaryň kalbynda baky nälet bolup ýaňlanar. Hojaýynyň duýduryşlaryna biperwaý garaman, olary çynlakaý kabul etmek örän wajypdyr.

Geliň, Isa Mesihiň Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasynda kime ýüzlenýändigine jikme-jik garap geçeliň. Hudaýyň Şalygyna kabul edilmejek adamalaryň birtopary *arwah-jynlary Isa Mesihiň ady bilen kowanlar* bolar. Olar kim? Arwah-jynlary kowmak üçin Reb Isa Mesihiň adyny ulanyp, Onuň bilen başga gatnaşygy saklamadyk erkekdir aýallaryň bolmagy mümkinmi? Bu soragyň jogabyny bilmek üçin Resullar işleri kitabyna ýüz tutmalydyrys.

> “Şäherden-şähere aýlanyp, arwah-jynlary kowup çykarýan käbir ýahudylar topary hem bardy. Olar arwah-jyn eýelänlere Reb Isanyň ady bilen şypa bermäge synanyşyp: ‘Pawlusyň wagyz edýän Isasynyň ady bilen size buýruk berýärin!’ diýýärdiler. Ýahudylaryň Skewa atly baş ruhanysynyň ýedi ogly-da bu iş bilen meşgullanýardy. Bir gezek arwah-jyn olardan: ‘Isany tanaýaryn, Pawlusy-da bilýärin, ýöne siz kim?’ diýip sorady. Onsoň erbet ruh eýelän adam olaryň üstüne topulyp, ählisini basdy. Şonda olar bu öýden ýalaňaç hem ýaraly gaçyp gitdiler” (Resullar işleri 19:13–16).

Bu ekzorsistlere arwah-jynlary Isa Mesihiň ady bilen kowup çykarmak başartmady! Hakykat şundan ybarat: arwah-jynlary

kowmak üçin diňe ady ulanmak ýeterlik däl. Adam şol adyň Eýesi bilen ýakyn gatnaşykda bolmaly. Adam Isa Mesihe eýermeli we Onuň hyzmatkäri bolmaly.

Indi siziň şeýle oýlamagyňyz mümkin: "Emma Isa Mesih olary asla tanamaýandygyny aýdypdy. Onsoň olar nädip arwah-jynlary Onuň ady bilen kowup, gudratlar görkezip bildikä? Bu nädip mümkin bolduka?"

Halas bolmak we şahsy bähbidini aramak maksady bilen Isa Mesihe goşulan adamlar köpdür. Olar diňe Hudaýyň güýjüni we ýalkanyşlaryny almak isläp, Onuň ýüregini asla bilmediler. Resul Pawlus şeýle adamlardan ägä bolmagy tabşyrýar: "Bular zerarly pikirleri zaýalanan adamlaryň arasynda agzalalyklar ýüze çykýar. Olar hakykaty ýoýup, Hudaýyň ýörelgesi gazanç ýoludyr öýdýärler. Beýle adamlardan gaça dur" (1 Timoteos 6:5).

Olar Isa Mesihi şahsy bähbitleri üçin agtardylar, şonuň üçinde olaryň hyzmaty söýgüden däl-de, gara nebislerinden hereket edýärdi. Isa Mesih olary tanamaz, biz şuny okaýarys: "Emma ynsan Hudaýy *söýýän* bolsa, ol eýýäm Hudaý tarapyndan *tanalýandyr*" (1 Korintoslylar 8:3). *Tanalýandyr* sözi ýöne kimdir birini bilýär diýmegi aňlatmaýar, sebäbi Hudaý hemmeler barada hemme zady bilýär, Ol hemme zady bilýän Hudaý! Bu söz özünde ýakynlyk manysyny jemleýär. Mukaddes Kitaby giňişleýin terjimesinde şeýle diýilýär: "Eger kimdir biri Hudaýy hakykatdan-da söýýän bolsa (näzik galpyldy, bada-bat gulak asmaklyk, Onuň ýalkanyşlaryna aýratyn minnetdarlyk bilen), Hudaý ony tanaýandyr (Özi bilen ýakyn bolmaga we söýmäge mynasyp saýýar, şeýle adam Oňa degişlidir)".

Isa Mesih Höküm gününde uly mähellä: "Men sizi asla *tanamok*" diýýär. Şunlukda, Hudaýy söýmeýänler (bu bada-bat gulak asmaklygyň, näzik galpyldynyň, şüküriň bolmazlygy arkaly mälim bolýar) Hudaýdan gutulyşa garaşandyklaryna garamazdan, Ata ýa-da Isa Mesih bilen ýakyn gatnaşyklarda tanalma-

dyk adamlardyr. Isa Mesihi söýmek – öz durmuşyňy Oňa bagyş etmeklikdir. Sen indi özüň üçin däl-de, Onuň üçin ýaşaýarsyň.

Ýudasyň durmuşy şeýle mysallaryň biridir. Ol öz durmuşyny Isa Mesih bilen baglady. Ähli zat, hamala, ol Hudaýy söýýän ýaly görünýärdi. Onuň Isa Mesihe eýermegi munuň subutnamasydy. Ýudas ähli zadyny taşlap, Rebbiň hyzmatyna goşuldy, Onuň bilen bir ýoldan ýöredi. Ýudas hatda yzarlamalar döwründe-de Onuň bilen boldy. Şägirtleriň köpüsi Isa Mesihden ýüz dönderenlerinde-de, ol Reb bilen galdy (ser.: Ýohanna 6:66). Ol arwah-jynlary kowdy, syrkawlary sagaltdy we Hoş Habary wagyz etdi (ser.: Luka 9:1).

Emma Ýudasyň niýetleri ilkibaşdan nädogrudy. Ol özüni herekete getirýän egoistik niýetleri babatda hiç haçan toba etmändi. Onuň asyl niýetleri: “Eger men...etsem, maňa näme berersiňiz?” (Matta 26:15) diýen sözlerden mälim bolýar. Ol öz şahsy bähbidi üçin aldaýardy we ýaranjaňlyk edýärdi (ser.: Matta 26:25), öz hajatlary üçin Isa Mesihiň hazynasyndan pul ogurlaýardy (ser.: Ýohanna 12:4–6). Bu sanawy uzak dowam etse bolar. Ýudas Rebbiň huzurynda üç ýyl geçirendigine garamazdan, Ony ýakyndan asla tanamandy. Şonuň üçin-de Isa Mesih ol barada şeýle diýipdi: “’Siz Onkileri Özüm saýlap almadymmy? Muňa garamazdan, araňyzdan biri iblisdir’. Ol muny Simun Iskariýodyň ogly Ýudasy göz öňünde tutup aýtdy” (Ýohanna 6:70, 71).

Ýudas ýaly köp adamlar bar: olar hyzmatyň hatyrysyna köp zatlary sadaka berýärler, adamlary arwah-jynlardan boşadýarlar, syrkawlary sagaldýarlar, Hoş Habary wagyz edýärler, Isa Mesihe gutulyş babatda ynanýarlar, ýöne Ony ýakyndan tanamaýarlar, sebäbi olaryň hereketleri Hudaýa bolan söýgüden däl-de, şahsy bähbitlerinden ugur alýarlar. Bu suratlandyrma wakamyzdaky Ikiýüzli Durmuşa laýyk gelýär. Ol Jaliniň berýän erk-ygtyýaryny, güýjüni söýensoň, oňa eýerdi. Onuň niýetinde Jalini söýmeklik asla ýokdy.

Şeýle adamlara höküm we jeza garaşýar. Isa Mesih Ýudas barada şeýle diýdi: “Ol adam eneden dogulmadyk bolsa, onuň

üçin has oňat bolardy” (Matta 26:24). Isa Mesih öz şahsy bähbitleri we adamlara täsir etmek üçin Hudaýyň adyny ulanýan dini ýolbaşçylara ýüzlenip, şeýle diýýär: “Waý halyňyza, Töwrat mugallymlary we fariseýler! Eý, ikiýüzlüler! Siz dul aýallaryň öýlerini talap, göz üçin uzyn-uzyn dogalar okan bolýarsyňyz. Şonuň üçin hem siz iň agyr jeza sezewar bolarsyňyz” (Matta 23:14). Bu aýallardyr erkekler hem Ikiýüzli Durmuş ýaly dowzahyň iň garaňky we ejirli ýerine düşürler.

## Gutulyşy ýitirmek

Ýokarda aýdylanlaryň bary Ikiýüzli Durmuşyň keşbine laýyk gelýär. Çekinjeň babatda näme? Ol Jalin bilen dogrudan-da ýakyndan gatnaşýardy. Onda ol näme üçin soňuna çenli ýetip bilmedi? Mukaddes Ýazgylar bu barada aýdýarmy? Geliň, muny Ezekiýel pygamberiň kitabyndan derňäp başlalyň:

> “Ýöne *dogruçyl* adam öz dogruçyllygyndan dönüp, erbediň ähli nejis işlerini, pisliklerini etse, ol diri galarmy? Onuň eden dogry işleriniň hiç biri *ýatlanylmaz*; ol özüniň eden dönükligi bilen etmişi we günäsi üçin *öler*” (Ezekiýel 18:24).

Birinji we esasy zat: Hudaý muny özüni *dogruçyl saýýan adam* barada däl-de, hakykatdan-da *dogruçyl* adam barada diýýär. Şeýle adamyň azaşan ýa-da aldanan däldigi gürrüňsizdir.

Hudaý onuň dogrulygyny *ýatlamajakdygyny* aýdýar. Ol ony asla bolmadyk bir zat ýaly unudýar. Biz Hudaý günälerimizi unudýandygy barada aýdanymyzda, gündogaryň günbatardan uzak bolşy ýaly, Onuň olary bizden uzaklaşdyryp, unudylma deňzine taşlaýandygyny göz öňüne tutýarys. Hudaý şeýle diýýär: “Men olaryň etmişlerini bagyşlaryn, indi günälerini ýatlamaryn” (Ýewreýlere 8:12). Biz Isa Mesihi Rebbimiz hökmünde kabul edenimizde, Hudaý biziň günälerimizi unudýar. Şeýtan bizi günäkärlejek bolýar, emma Hudaý olary gaýdyp ýatlamajakdygyny aýdýar.

Hudaý biz barada pikir edende, bize, hamala, asla günä etmedik ýaly garaýar. Hmm, munuň beýlesi hem hakykatdyr. Eger Hudaý adamyň dogrulygy barada ýatlamaryn diýýän bolsa, ony birwagtlar tanandygyny unutjakdygyny göz öňüne tutýar, sebäbi onuň gatnaşygy günä sebäpli kesildi.

Geliň, Mukaddes Ýazgylaryň gutulyşdan dyngysyz uzaklaşýan imanly adam barada näme diýýändigine ünsli garalyň. Resul Ýakup şeýle ýazýar:

> "Doganlarym, şuny ýatda saklaň: eger araňyzdan biri hakykat ýolundan *azaşsa* we başga biri ony ýene ýola salsa, günäkäri dogry ýola salan adam bir jany *ölümden* halas edip, köp günäleriniň üstüni örtýändir" (Ýakup 5:19,20).

Ilki bilen üns berilmeli sözler: "*Doganlarym*, eger *araňyzdan biri*..." Ýakup bu ýerde özüni mesihi saýýanlar barada aýdanok. Ol hakykatdan azaşan *imanly* barada aýdýar. Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasynda şeýle dogan *günäkär* diýip atlandyrylýar. Bu onuň indi gutulyşy ýitirendigini däl-de, onuň günä içinde ýaşaýandygyny we dogry ýola dolanyp gelmelidigini aňladýar. Ýakup şuny duýdurýar: eger ol öňküsi ýaly nädogry ýoldan gitse we Hudaýa dolanmasa (toba etmese), janyny öldürer (ýiten jan). Süleýmanyň pähimlerinde munuň paýhasly tassyknamasy bar: "Düşünje ýolundan *sowlan* ölüler toparynda ornaşar" (Süleýmanyň pähimleri 21:16).

Tymsal resul Ýakubyň sözlerini tassyklaýar. Onda Hudaýyň ýolundan azaşyp, dogrulyga dolanasy gelmeýän adamyň duçar boljak netijesi barada aýdylýar. Şeýle adam ölüleriň arasynda, ýagny dowzahda, soňra bolsa otly kölde ornaşar.

## Ýaşaýyş kitaby

Ýaşaýyş kitaby Täze Ähtde sekiz gezek agzalýar. Resullar Pawlus we Ýohanna bize bu kitapda ady ýazylan adamlaryň bakylygy Isa Mesih bilen geçirjekdigini görkezdiler. Biz iman edip, gaýtadan doglanymyzda, atlarymyz bu kitaba ýazylýar.

Dördünji bapda beýan edilen wakany ýatlalyň. Ýefrosinýa öz durmuşyny Isa Mesihe tabşyranda. Ata Hudaý onuň adyny ýaşaýyş kitabyna ýazyp, şeýle diýdi: “Maşgala hoş geldiň!” Resul Pawlus doganlarynyň birine şeýle ýazýar: “Eý, meniň sadyk ýoldaşym, saňa-da ýalbarýaryn: bu aýallara kömek et. Olar men, Klement we ýaşaýyş kitabyna atlary ýazylan beýleki işdeşlerim bilen birlikde Hoş Habary ýaýratmakda tutanýerli işlediler” (Filipililer 4:3).

Munuň beýlesi hem hakykat: ady ýaşaýyş kitabyna ýazylmadyklaryň bary ýitirilendir. Aýanlyk kitabynda aýdylýanlara üns beriň: “Atlary ýaşaýyş kitabyna ýazylmadyklaryň ählisi ýanyp duran köle zyňyldy” (Aýanlyk 20:15).

Ýohanna bize Hudaýyň şäherine: “diňe Guzynyň ýaşaýyş kitabyna atlary ýazylanlar girerler” (Ýohanna 21:27) diýip köpmanyly aýdýar; galanlar ölüleriň üýşmeleňine düşerler.

Aýanlyk kitabynda (3-nji bap) Isa Mesih şähere, azaşan adamlaryň toparyna ýa-da butparazlara ýüzlenmeýär. Ýok, Ol hakykatdan-da Oňa degişli bolanlara duýdurýar: “Ýamanlykdan üstün gelen hem ak lybasa beslener. Men onuň adyny ýaşaýyş kitabyndan *öçürmerin*, Atamyň we Onuň perişdeleriniň huzurynda adynyň bu kitapda ýazylandygyny tassyklaryn” (Aýanlyk 3:5). Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde Onuň sözleri şeýle ýazylan: “Men onuň adyny ýaşaýyş kitabyndan öçürmerin we pozmaryn”.

Siz *pozmaryn* diýen söze üns berdiňizmi? Ýaşaýyş kitabyndan ady pozmak üçin, ony ilki oňa ýazmaly. Diňe hakykatdan-da gökden doglan adamlaryň ady Isa Mesihe bolan imanlary arkaly bu kitaba ýazylýarlar. Imansyzlaryň we hatda Isa Mesihi hiç haçan hakykatdan Reb hökmünde kabul etmän aldananlaryň ady bu kitaba ýazylan däldir. Şonuň üçin-de, olary pozmak mümkin däl. Gürrüň “maşgala agzalary” barada gidýär.

## Aýňaldyjy görnüş

Ýigriminji asyrda bir hyzmaçy ýaşapdy. Ol Hudaýa sadyklyk bilen ýetmiş ýyla golaý hyzmat edipdi. Onuň Isa Mesihiň Bedenine eden täsiri ägirtdi; onuň kitaplary 65 million tiražda çap edildi, onuň dini mekdebi 20 000 talyby uçurym edip çykardy.

Ol bu barada özüniň bir kitabynda beýan edýär. 1952-nji ýylda oňa Mukaddes Ýazgylary açýan Isa Mesih görünýär. Reb görnüşde oňa tanyş çopanynyň aýalyny görkezýär. Bu aýal öz ukyplaryny we owadanlygyny hyzmata biderek sarp edendigi baradaky ýalana ynanýar. Wagtyň geçmegi bilen ol dünýewi durmuşda edinip biljek şan-şöhraty, meşhurlygy we baýlygy barada oýlanyp başlaýar. Ol ahyrda bu meýle gyzygyp, ýanýoldaşyny taşlaýar-da, arzuwlaýan bagtynyň gözlegine ugraýar.

Hudaý hyzmatça şuny anyk diýýär: "Bu aýal Meniň gyzymdy". Soňra bolsa oňa bu aýal üçin gaýdyp dileg etmezligi tabşyrýar. Indiki parça onuň kitabyndan üýtgedilmän alyndy:

> Men: "Reb, oňa indi näme bolar?" – diýip soradym.
>
> Reb: "Ol bakylygy agy we diş gyjama boljak ýerde geçirer" – diýip jogap berdi. Soňra men bu aýalyň dowzahyň çuňlugyna inişini gördüm. Men onuň hopukdyryjy gygyryşyny eşitdim.
>
> "Bu aýal Seniň perzendiňdi, Reb. Ol Seniň Ruhuňdan doludy we hyzmatlara gatnaşýardy. Emma muňa garamazdan, Sen onuň üçin dileg etmezligi tabşyrdyň. Men muňa düşünemok!"
>
> Reb maňa Mukaddes Ýazgylaryň şu aýadyny ýatlatdy: "Eger biri doganynyň ölüme eltmeýän günä edýänini görse, goý, onuň üçin Hudaýa ýalbarsyn. Hudaý oňa ýaşaýyş berer. Muny ölüme eltmeýän günä edýänler hakda aýdýaryn. Ölüme eltýän günä-de bardyr. Beýle günä edýän adam üçin Hudaýa ýalbaryň diýmeýärin" (1 Ýohanna 5:16).
>
> Men şeýle diýdim: "Ýa Reb, men bu ýerde gürrüň adamyň fiziki ölümi barada we adam günä edendigine garamazdan, alan gutulyşyny ýitirmeýär diýip düşünýärdim".
>
> Reb: "Bu ýerde fiziki ölüm barada aýdylmaýar, - diýip anyklady. – Sen muny özüňden goşduň. Eger sen 5-nji baby tutuşlygyna üns-

li okasaň, ol ýerde ýaşaýyş we ölüm – ruhy ýaşaýyş we ruhy ölüm barada aýdylýandygyny görersiň. Bu ýerde ölüme eltýän günäni edýän imanlynyň ruhy ölümi barada aýdylýar; Men şu sebäpden onuň üçin dileg etmezligi aýtdym. Men saňa bu aýal üçin dileg etmezligi aýtdym, sebäbi ol ölüme eltýän günäni etdi”.

Men: “Ýa Reb, bu meniň ylahyýet bilimimi bütinleý weýran edýär. Sen ýene-de bir gezek düşündirip bilýäňmi?” diýip soradym. (Käwagt Hudaýyň Sözüne gabat gelmeýän ylahyýet bilimiňi weýran etmek gerekdir.)

Isa Mesih maňa Mukaddes Ýazgylaryň Ýewreýlere hatynyň 6:4–6-njy aýatlaryny ýatlatdy:

> “Kim öň bir gezek Hudaýdan nurlanyp, gögüň peşgeşini alandan soňam, şeýle hem Mukaddes Ruha şärik bolup, Hudaýyň Hoş Habarynyň ýagşylygyny dadyp, geljekki döwrüň gudratyny görenden soňam, Hudaýdan ýüz öwrüp, ýoldan çyksa, ony täzeden toba getirmek asla mümkin däl. Sebäbi ol adam Hudaýyň Ogluny gaýtadan haça çüýläp, ile ryswa edýändir”.

Bu parçada üns berilmeli häsiýetnamalaryň birnäçesi agzalýar. Birinjiden, adam gögüň peşgeşini dadyp gördi we ony aldy. Bu Isa Mesihi kabul edenlere degişli, sebäbi Ol Gökleriň Peşgeşidir. Ikinjiden, adam Mukaddes Ruhdan dolýar. Üçünjiden, ol Hudaý Sözüniň ýagşylygyny we gelejekki dünýäniň güýjüni datdy. Bu öz içine Mukaddes Ruhuň peşgeşlerini, mesh edilmekligi alýar. Biz ýokardaky parçadan gürrüňiň ýaňy ýakynda iman edip gökden doglan imanly barada däl-de, akyly goýalyşan imanly baradadygyny görýäris.

Geçmişde meniň ýanyma birnäçe adam gelip, öz wakalaryny aglap gürrüň berdiler. Olar günleriň birinde indi Rebbe hyzmat etmek islemeýändiklerini aýdypdyrlar. Bu adamlar soňra edenlerine ökünip, toba edipdirler. Olar Mukaddes Ýazgylaryň şu we beýleki ýerlerini okanlarynda, olary güýçli gorky gaplapdyr. Emma bäbekler käwagt bilmezlikden akmaklyk edýärler, Reb hem bu barada bilýär. Ýewreýlere hatyň awtory Isa Mesihdäki bäbekler barada däl-de, akyly goýalyşan imanlylar barada ýazypdy.

Men şonda öz ýanyma howsala düşüp gelen adamlary köşeşdirip, eger olar (Mukaddes Ýazgylardan görnüşi ýaly) ölüme eltýän günä eden bolsadylar, onda özlerinde Isa Mesih bilen gatnaşygy dikeltmek isleginiň döremejekdigini aýtdym. Olaryň Isa Mesihi küýsemegi we çyn ýürekden toba edip, oňat hasyl getirmekleriniň özi Mukaddes Ruhuň olary bu gatnaşyga çekýändigini aňladýardy. Eger olar Heýgin doganyň görnüşindäki aýal ýaly hemişelik giden bolsadyar, onda olar Isa Mesihi küýsemezdiler, mukaddes ýaşamagy islemezdiler.

Isa Meih şol görnüşde bu aýalyň Hudaýyň hakyky perzendiniň bolandygyny aýtdy. Şu şaýatlygy ýazan hyzmatçynyň çagalyk döwri gutulyşy asla ýitirip bolmaýandygyna ynanýan denominasiýada geçipdir. Şol denominsiýadaky adamlaryň aglaba bölegi gutulyşy ýitirip bolýandygyna ynanmaýarlar, olar bakylygyň şertsiz kepillendirilendigine ynanýarlar. Hut şu sebäpdenem şol hyzmatçy Isa Mesihe: “Bu meniň ylahyýet bilimimi bütinleý weýran edýär” diýip aýdypdy.

Şol aýal Hudaýyň perzendi bolmak bilen, ýaşaýyş kitabyna ady ýazylypdy. Emma, soňuna çenli ýetmän, dünýewi durmuşa hemişelik dolandy. Şonuň üçin-de, onuň ady öçürildi. Ol meýletin gitdi. Şonuň üçin-de, Ýewreýlere hatyň awtory şeýle adam üçin dikeldiş mümkinçiliginiň ýokdugyny aýdýar. Şol aýal iki gezek öldi. Ol birwagtlar günä içinde ölüdi, soňra baky ýaşaýşy miras aldy, emma hemişelik gidip, günä içinde gaýtadan öldi (ser.: Ýahuda 12).

Adamlar şeýle derejä baryp ýetensoňlar, hiç haçan gökden doglup bilmeýärler. Şonuň üçin-de, Ýewreýlere hatyň awtory “ony täzeden toba getirmek asla mümkin däl” diýip ýazýar. Käbir ýagdaýlarda adam gökden gaýta-gaýtda doglup bilýär diýen düşünje ýalňyşdyr.

Maňa gaýtalap aýtmaga rugsat beriň: eger adamlar edil şeýle günä etseler, olarda toba gelip, özlerini gaýtadan Isa Mesihe doly bagyş etmek islegi bütinleý bolmaýar. Bizi Isa Mesihe Mukaddes

Ruhdan başga hiç kim çekip bilmeýär. Emma olar hyzmatçy doganyň görnüşindäki aýal ýaly taşlap gidenlerinde, Mukaddes Ruh birwagtlar hakyky imanly bolanlary taşlaýar we olara gaýdyp dolanmaýar. Şol sebäpden hem Mukaddes Ruh örän sabyrlydyr, Ol aňsatlyk bilen ýeň bermeýär.

## Tüm garaňkylyk

Resul Petrus bu meseläni has-da aýdyňlaşdyrýar:

> "Adamlar Rebbimiz hem Halasgärimiz Isa Mesihi tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden gaçyp gutuldylar. Eger olar mundan soňam..." (2 Petrus 2:20).

Birinjiden, geliň, Petrusyň kim barada aýdýandygyny anyklalyň. Eger kimdir biri Halasgär we Reb Isa Mesihi tanamak arkaly dünýäniň pisliklerinden gaçyp gutulan bolsa, onuň mesihidigi kesgitlidir. Bu beýanat ozal gürrüňi edilen azaşan ýa-da aldanan adamlara (Hudaýy tanaýan diýibem, Ony asla tanamaýanlara) degişli däldir. Tersine, gürrüň Isa Mesihiň halas edýän merhemeti arkaly bu dünýäniň pisliklerinden azat bolan adamlar baradadyr. Petrusyň hakykatdan-da gökden doglan adamlar barada diýýändigi şübhesizdir.

Dowamyny okalyň:

> "...ýene şunuň ýaly işlere baş goşup, *günäniň guly bolsalar*, onda olaryň soňky ýagdaýy öňki ýagdaýyndan-da beter bolar. Dogrulyk ýoluny bilenden soň, özlerine tabşyrylan mukaddes buýrugy inkär edeninden *bu ýoly* asla bilmezlik olar üçin *has gowy bolardy*. Ine: 'It öz gusugyna dolanyp geler', şeýle hem: 'Ýuwnan doňuz ýene batga bulaşmaga geler' diýen nakyllaryň hakykatdygyny olar öz durmuşynda subut etdiler" (2 Petrus 2:20–22).

Petrus günäniň gulçulygyna dolanýan mesihiler barada aýdýar. Ol sözüniň üstüni ýetirip, şeýle adamlar üçin Isa Mesih

arkaly halas bolmagyň hakykatyny asla bilmezligi has gowy bolardy diýip aýdýar. Şeýle adamlar tabynlykda we mukaddeslikde ýaşamaga derek elmydama lezzeti, eşreti, aýgyrlygy we ýaşaýyş tekepbirligini saýlaýarlar.

Näme üçin olara dogrulyk ýoluny bilmezlik has gowy? Munuň jogabyny Ýahuda berýär: “Olaryň halyna waý! Olar Kabylyň göreldesine eýerýärler. Bilgam ýaly, pul üçin adamlaryň gözüni gapýarlar. Kora ýaly baş galdyrandyklary üçin heläk bolýarlar” (Ýahuda 11).

Kabyl, Bilgam we Kora – bularyň hersi öz wagtynda Hudaý bilen gatnaşykda bolanlar, ikisi hatda hyzmat hem edipdiler. Kabylyň ýalňyşy – Hudaýa bitabyn bolmagy; Bilgamyňky – puly söýmegi; Koranyňky bolsa – oturdylan häkimiýete garşy pitne turuzmagy.

Ýahuda sözüni dowam edip, şeýle diýýär:

> “Bu adamlar siziň üçin *gorkunçdyr*, olar öz garynlaryny doýurmak üçin siziň bilen bir saçakda iýip-içýärler. Şemal bilen kowlan ýagmyrsyz bulutlar kimin, möwsüminde miwe bermeýän daragtlar kimindirler. Olar düýbünden goparylyp taşlanandyrlar, *bütinleý ölüdirler*. Olaryň şer işleri bulanyk suw tolkunlary ýaly äşgär bolýar we özleri-de sergezdan ýyldyzlar kimindir. Tüm garaňkylyk olar üçin ebedilik saklanýar” (Ýahuda 12,13).

Ilkinji ýygnaklaryň dörän döwründe onuň agzalary agşamlyk naharyny edinmek üçin bir saçagyň başyna ýygnanyp, Hudaýa we birek-biregine bolan söýgülerini mälim edipdirler. Şeýle naharlar adatça çörek bölme mukaddes adaty bilen tamamlanýardy. Indi bolsa aýňaldýan delil: hyzmatçynyň görnüşindäki aýal ýaly, gutulyşy ýitirenleriň hemmesi ýerli ýygnakdan gitmezler. Bu ýagdaý şeýle adamlary täzelikde iman eden mesihiler üçin has hem howply edýär, sebäbi täzelikde iman edenler heniz gowşak we ölüm ýaralary üçin açyk bolýarlar.

Kora şeýle adamlaryň bir mysalydyr. Ol Harunyň hyzmatynda kömek edýärdi, emma Musa pygamber bilen Haruna şeýle diý-

di: “Siz juda öte geçdiňiz! Bütin halk, her bir kişi mukaddesdir, Reb hem *olaryň* (hemmesiniň) *arasyndadyr*. Şonda-da siz özüňizi näme üçin Rebbiň jemagatyndan ýokary tutýarsyňyz?” (Çölde 16:3). Onuň täsir etmegi zerarly 250 ýolbaşçy we Ysraýyl jemagatynyň 14 700 agzasy ölüm bilen jezalandyryldy!

Ýahuda şeýle başbozarlaryň beýlekiler üçin *büdreme daşyna* öwrülýändigini aýdýar. Olar biziň ýygnanyşygymyzda galyp, birwagtlar eýe bolan merhemetleriniň heniz-de bardygyna ynanýarlar, ony ýoýýarlar, Hudaýdan gormaklygy ýitirip, öz isleglerine görä ýaşaýarlar.

Kora hem “Hudaý biziň hemmamiz bilendir” diýýärdi. Ol hem howpsuzlykda ýaşaýandygyna ynanýardy, emma ertesi gün ýer ýarylyp, ony diriligine ýuwutdy-da, dowzaha indirdi. Şeýle adamlar imanlylar bilen bir dilde gürleşerler, olar bilen wagt geçirerler. Ýöne olary Isa Mesihiň dolanyp, äkitjek ýeňijileriň arasyndan tapyp bolmaz. Isa Mesih *birkemsiz* ýygnagyň yzyndan gaýdyp geler (ser.: Efesliler 5:27).

Ýahuda şeýle adamlara *iki gezek ölenler* diýýär. Iki gezek nädip ölüp bolýar? Günäler içinde öli bolup, gaýtadan dogulmak arkaly baky ýaşaýşy kabul etmek, soňra bolsa toba edilmedik günä zerarly gaýtadan pajygaly ölmek mümkinmi? Ýakubyň aýdanlaryny ýatlaň. Ol hakykatdan azaşyp, şol halda-da galýan mesihiniň jany *öler* diýip aýdýar. Ýohanna imanlylar üçin ölüme eltän gününiň bardygy barada aýdýar. Bularyiň ikisi hem *iki gezek ölenlere* degişlidir. Ýahudanyň sözlerine üns beriň: “...*Tüm garaňkylyk* olar üçin *ebedilik saklanýar*”. *Tüm garaňkylyk* baky jezalaryň iň erbedidir. Bu Isa Mesihiň Özüniň gaýdyp gelmegi we hökümi barada aýdýanlaryndan bellidir:

“Hojaýyny dolanyp gelende, onuň oýa görjek hyzmatkärleri neneňsi bagtly!... Emma şol hyzmatkär öz içinden: ‘Hojaýynym giç geler’ diýip, gullary we kenizleri urmaga, iýip-içip, serhoş bolmaga başlasa, hojaýyny hem onuň oslamaýan gününde, oýlamaýan

sagadynda gelse, ony parça-parça edip, onuň başyna biwepalaryň gününi salar.

> Hojaýynynyň islegini bilse-de, taýýar bolmaýan, onuň islegini ýerine ýetirmeýän hyzmatkär köp ýenjiler. Emma bilmezlikden taýaga mynasyp iş eden adam az ýenjiler. Kime köp berlen bolsa, ondan has köp talap ediler. Kime köp zat ynanylan bolsa, ondan köp zat hem isleniler" (Luka 12:37, 45–48).

Bu aýatlarda şeýle köp zat aýdylýar. Size onuň birnäçe pursatlaryny görkezmäge rugsat ediň. Ilki bilen onuň butparaz ýa-da günäkär däl-de, *hyzmatkärdi*. Ol öz *eýesiniň islegini* bilýärdi, emma şonda-da oňa garşy hereket etdi. Muny Garaşsyz babatda aýdyp bolmaz; ol hakykaty bilmänsoň az urlanlaryň hataryna degişli. Bu Aldanana hem degişli däldir, sebäbi ol özüni hyzmatkär saýýardy, Jaliniň nazarynda bolsa hiç haçan hakyky hyzmatkär bolmandy. Isa Mesihiň ýokardaky parçada agzaýan adamy hojaýynyň özi *hyzmatkär* diýip atlandyrýardy, ol öz hojaýynynyň islegini doly bilýärdi. Bu adam öz hojaýynyny meýletin taşlaýar.

Bu hyzmatçynyň beýleki gullary we kenizleri ýenjendigine hem üns beriň. Bu ýerde başgalaryň hasabyna öz şahsy bähbitlerini araýan adamyň durmuş ýörelgesi barada aýdylýar. Ol bir günüň hasaby bilen ýaşaýar. Ol garnyny doýurýar, içip serhoş bolýar, öz isleglerine eýerip ýaşaýar. Ýadyňyzdamy, Ýahuda beýleki imanlylar bilen bir saçak başynda oturýan başbozarlar barada aýdypdy. Şeýle adamlar Hudaýdn gorkmaýarlar we göwünleriniň islänini edýärler. Olar hudaýhonsyrap, diňe öz bähbitlerini araýarlar.

Ýokardaky parçada hyzmatkäriň jezasy barada aýtsak – ony imansyzlaryň (gutulyşy kabul etmedikler) we *birnäçe gezek taýak urlan* gullaryň ýanyna iberdiler. Ol öz Hojaýynynyň islegini bilip-de, şeýle edeni üçin hemmelerden *köp ýenjildi*. Bu onuň otly köle ýa-da tüm garaňkylyga baky höküm ediljekdigi barada aýdýar!

## Ajy bagyşlamazlyk

Bu kesgitleme, elbetde, Çekinjeňe (şeýle-de Ikiýüzli Durmuşa) laýyk geler. Çekinjeň bagyşlamaklygyň – Jaliniň islegidigini bilýärdi, ýöne muny etmekden boýun towlady. Ol Myjabata eden öýke-kinesini unutmazlygy karar etdi. Bu öýkäniň ajysy onuň zäherlenmegine sebäp boldy. Biz şuny okaýarys: "Hüşgär boluň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum bolmasyn. Bir ajy kök gögerip, size ezýet bermesin, köp adamlar munuň bilen zäherlenmesin" (Ýewreýlere 12:15).

Täze Ähti öwrenmekligiň we köp ýyllyk hyzmatymyň netijesinde edinen şahsy tejribämiň esasynda men adamlaryň Hudaý bilen gatnaşygy kesenlerinde uly duzaga – bagyşlamazlyk duzagyna düşüşini gördüm. Çekinjeňiň wakasyndan görşümiz ýaly, bagyşlamazlyk dürli ýalňyş ynançlara we hereketlere gapyny açýar.

Mattanyň beýan eden hoş habarynda (18-nji bap) Isa Mesih bir patyşa barada tymsal gürrüň berilýär. Bu patyşa hyzmatkärlerinden özlerine ynanylan serişdeler barada hasabat soraýar. Hyzmatkärleriniň biri patyşa on müň talant bergili bolýar. Talant – bu pul birligi däl-de, agram ölçegi. Bu agram ölçegini altyn (2 Şamuwel 12:30), kümüş (1 Patyşalar 20:39), başga metallary ýa-da harytlary ölçänlerinde ulanypdyrlar. Tymsalda talant berginiň mukdaryny aňladýar. Şonuň üçin-de bu ýerde gürrüňiň altyn ýa-da kümüş baradadygy şübhesizdir. Geliň, by altyn diýeli.

Bir talant altynyň agramy takmynan 75 funt. Bu bir adamyň göterip äkidip biljek altynynyň agramydy (2 Patyşalar 5:23). On müň talant – bu takmynan 750 000 funt ýa-da 375 tonna bolýar. Men şu kitaby ýazyp oturan döwrümde altynyň bir unsiyasynyň (28,3 gr.) bahasy takmynan 1200 dollar. Indi bolsa, geliň, hasaplap göreliň. Häzirki döwürde altynyň on müň talanty on dört milliard dollara barabardyr! Hawa, şol adam patyşa hut şu möçberde ber-

gilidi! Isa Mesih bu tymsaly nygtamak bilen, adamyň bergisiniň juda uly bolandygyny we ony üzüp bilmejekgini aýdýar.

Patyşa bergisini almak üçin şol adamy we onuň maşgalasyny gulçulyga satmagy buýurýar. Hyzmatkär patyşanyň aýagyna ýykylyp, merhemet etmegini ýalbarýar. Patyşa merhemet edip, onuň ähli bergisini bagyşlaýar.

Biz şu tymsalda patyşanyň Ata Hudaýy şekillendirýändigini görýäris. Bergisi geçilen adam bolsa Isa Mesih arkaly bagyşlanmany kabul eden adamy şekillendirýär. Kimdir birine zyýan ýetirilende bergi döreýär. Siz: "Ol munuň muzdyny tölär" diýen jümläni eşidipmidiňiz? Bagyşlama – bu berginiň geçilmegi. Adam indi azat edildi. Siz bu tymsalda patyşa Ata Hudaýy, hyzmatkär bolsa – Isa Mesih arkaly bagyşlanmany alan adamy suratlandyrýar.

Emma biz tymsalyň şeýle dowamyny okaýarys: "Ýaňky dolandyryjy çykyp gidýär. Ol özüne ujypsyzja bergisi (100 dinar) bolan bir ýoldaşyna sataşýar. Ony tutup: 'Bergiňi ber' diýip, onuň bokurdagyndan ýapyşýar" (Matta 18:28).

Dinar – bu bir iş günüň zähmet haky. Ol takmynan 100 dollara barabar diýeli. Berginiň umumy möçberi 10 000 dollar bolýar. Görşüňiz ýaly, bu az pul däl.

Dowamyny okalyň: "Ýoldaşy onuň aýagyna ýykylyp: „Sabyr et, bergimi bererin" diýip, oňa ýalbarýar. Emma ol etmeýär, gaýtam, bergisini berýänçä, ony zyndana saldyrýar" (Matta 18:29, 30). On dört milliard dollar bergisi geçilen adam 10000 dollar bergili ýoldaşynyň bergisini geçmeýär we ony bergisini tölemäge mejbur edýär. Belläp geçilmeli wajyp bir zat: biziň biri-birimizden öýkekine edişimiz Hudaýyň biziň günälerimizi geçişi bilen deňeşdirenimizde 10 000 we on dört milliarda deňdir! Biz babatda nähili ýamanlyklaryň edilendigine garamazdan, olary biziň Hudaý babatda eden etmişlerimiz bilen deňeşdirip-de bolmaz. Belki, siz öz ýagdaýyňyzy iň erbet ýagdaý hasaplaýansyňyz. Ýöne siz Isa Mesihe edilen zatlaryň nähili elhençdigine hatda aň-da ýetirýän

dälsiňiz. Bigünä we müýnsüz Guzy biziň on dört milliard bergimizi tölemek üçin gurban edildi!

Bagyşlamagy başarmaýan adam özüniň nähili bergisiniň geçilendigini unudýar! Siz Isa Mesihiň sizi elhenç ölümden we baky jebirlerden boşadandygyna düşüneniňizde, başgalary aňsatlyk bilen bagyşlarsyňyz.

Bakylygy ýanýan kölde geçirmekden elhenç zat ýok. Ol ýerden azat bolma ýok, bedeni iýýän gurt ölmeýär we ot sönmeýär. Hudaý Öz Ogly Isa Mesih arkaly bizi bagyşlamazdan öň biz hut şol ýere ýönelýärdik. Eger adam bagyşlap bilmeýän bolsa, ol dowzahyň hakykylygyna aň ýetirmeýär we Hudaýyň söýgüsine we Onuň bagyşlamasyna düşünmeýär.

Geliň, tymsalyň dowamyny okalyň:

> “Ýaňky adamyň ýoldaşlary bu wakany görüp, gaty gynanýarlar. Olar gidip, bolan ähli zady onuň hojaýynyna habar berýärler. Hojaýyny ony çagyryp: ‘Eý, ýaramaz gul! Maňa ýalbaranyň üçin, men seniň bergiňiň baryny geçdim. Meniň saňa rehim edişim ýaly, sen hem ýoldaşyňa rehim etmeli dälmidiň?‘’ diýýär” (Matta 18:31–33).

Siziň ünsüňizi şu tymsala has düýpli çekesim gelýär. Isa Mesih bu tymsalda imansyzlar barada aýtmaýar. Ol patyşanyň hyzmatkärleri, ýagny gökden doglanlar barada aýdýar. Bu adamyň eýýäm ägirt uly bergisi geçildi (halas edildi) we patyşanyň hyzmatkäri diýip atlandyryldy. Onuň bagyşlap bilmedik bergidary bolsa onuň dostudy. Şonuň üçin-de, onuň ykbalynyň hem bagyşlamak islemeýän “imanlynyň” ykbaly ýaly bolar diýip çaklap bolar.

Men gyzykly bir fakty görýän. Adamlar hoş habarda beýan edilen tymsallaryň baryny düşündirmegi haýyş edýärdiler. Emma bu tymsaly welin Isa Mesih hiç haýyş edilmezden düşündirdi. Men muňa Isa Mesihiň Öz diňleýjilerine ýetirmekçi bolan tymsalynyň manysynyň sebäp bolandygyna ynanýaryn. Bu many gaty wajypdy, şonuň üçin-de Ol hemmeleriň oňa doly düşünendi-

gi babatda ynamly bolasy gelýärdi. Onuň düşündirişi, ine, şeýle diýýär:

> "Hojaýyny gazaba münüp, bergisini berýänçä, ony gynaýanlaryň eline tabşyrýar. Eger her biriňiz öz doganyny ýürekden bagyşlamasa, gökdäki Atam-da size şeýle eder" (Matta 18:34,35).

Men şu iki aýatdaky üç wajyp zada ünsüňizi çekesim gelýär. Birinjiden, bagyşlamagy başarmadyk hyzmatkär jebirlere höküm edilýär. Ikinjiden, indi ol ilkibaşdaky bergisini – 375 tonna altyny gaýdyp bermeli, üçünjiden, öz doganyny bagyşlamadyk islendik "imanly" babatda hut şeýle eder.

Geliň, şu zatlaryň hersine aýratynlykda garap geçeliň. Birinji zat: *jebirler* sözi hereketi, akyla sygmajak agyryny, bedeniň we aňyň agyrysyny, adaty ýagdaýy ýitirme ýagdaýyna eltýän hereketi aňladýar. Gynaýjy – bu gynap, agyry çekdirýän.

Bagyşlamagy ret edýän imanly arwah ruhlar tarapyndan gynalar. Gynaýjylara gynamaga, bedeni we aňy agoniýa derejesine ýetirmäge ygtyýar berlendir. Men hyzmatlarda diňe bagyşlamaýandyklary zerarly dileg wagtynda şypa, teselli we azatlyk alyp bilmedik adamlara köp duş geldim. Bagyşlamazlyk ajylygy öz gezeginde hemişe diýen ýaly Hudaýa bolan gahara we öýkä eltýär. Bagyşlamagy ret edýän adamlaryň imany zäherlenýär we eger toba gelip, bagyşlamasalar, olaryň soňy gözgyny bolar.

Ikinji zat: bu hyzmatçy özüniň ilkibaşdaky bergisini gaýdyp bermeli. Indi ol edip bolmajak zady etmeli! Bu bergini Isa Mesih Kelleçanak diýen ýerde töläpdi. Siziň iniňiziň düýrükmegi mümkin, ýöne Isa Mesihiň başga ýagdaýda aýdan sözlerine gulak goýuň: "*Hudaýa doga okamaga duran mahalyňyz* birinden öýkekinäňiz bar bolsa, ony bagyşlaň, şonda *gökdäki Ataňyz* hem siziň ýazyklaryňyzy bagyşlar" (Mark 11:25).

Isa Mesih kim barada diýýär? "Gökdäki Ataňyz" diýen sözlere üns beriň. Hudaý günäkärleriň atasy däl, Ol imanlylaryň

*Atasydyr*. Imansyzlar dileg etmeýärler. Şunlukda, Onuň Hudaýyň perzentleri barada diýýändigi mese-mälim zat.

Geliň, dowam edeliň. “Eger bagyşlamasaňyz, gökdäki Ataňyz hem siziň günäleriňizi bagyşlamaz” (Mark 11:26). Mundan has aýdyň aýdyp-da bolmaz. Bu bizi üçünji punkta eltýär. Eger adam bagyşlamakdan boýun towlasa, ol özüniň töläp başarmajak bergisini tölemeli bolar. Bu bolsa mümkin däl, sebäbi hiç kim öz janyny ýa-da doganynyň janyny Hudaýdan satyn alyp bilmez (ser.: Zebur 48:8). Isa Mesih gökdäki Ataňyzyň ýazyklaryňyzy bagyşlaman, baky jebirlere duçar etjekdigini aýdýar. Eýsem bagyşlaman, şeýle zatlara duçar bolanyňa degýärmi?

Biz bu ýerde öýke-kinesiniň unutmak we bagyşlap bilmegi üçin dileg edýänler barada aýdamzok. Biz Çekinjeň ýaly dikdüşdilik bilen bagyşlamakdan boýun gaçyrýanlar barada aýdýarys. Ýadyňyzdamy, biziň allegoriýamyzda onuň bagyzşamazlygy şeýtanyň hereketleri üçin gapyny giňden açdy we ol kem-kemden Jalinden uzaklaşdy. Eýsem bu baky heläk bolanyna degýärmikä? Şu sebäpde Ýewreýlere hatyň awtory bize ajylygyň islendik görnüşinden saplanmak üçin özümizi barlamagy erjellik bilen tabşyrýar, sebäbi *köp* adamlar bu ajy kökden zäherlenipdiler.

Isa Mesihiň Ýygnagyň soňky günleri baradaky sözlere bize indi düşnükli bolýar: Ol şeýle diýýär: “Şonda köpler Menden el çekip, bir-birlerine haýynlyk ederler, bir-birlerini ýigrenerler. ...*Ýaman işleriň artanlygy zerarly*, köpleriň *söýgüsi* sowar. Emma soňuna çenli çydan halas bolar” (Matta 24:10,12,13).

Üns beriň, biziň günlerimizde “kabirleri” ýa-da “birnäçesi” däl-de, eýsem *köpler* öýke-kineli bolar. Köpler diýen söz ägirt uly mukdary aňladýar. Öýke-kine we bagyşlamazlyk ýaman işlere elter, onsoň köp adamlaryň söýgüsi sowar.

Grek sözi *söýgi*, “agape” Hudaýyň söýgüsini aňladýar. Bu söýgi mesihiler halas bolan pursadynda olaryň ýüregine guýulýar. Isa Mesih azaşanlar barada diýmeýär, sebäbi olar Hudaýyň söýgüsi-

ni hiç haçan çynlakaý kabul etmändiler. Ýok, Ol hakyky imanlylar barada aýdýar: “Emma soňuna çenli çydan halas bolar”. Günäkäre ýa-da aldawça: “Soňuna çenli çyda, şonda halas bolarsyň” diýip bolmaýar, sebäbi olar öz ylgawlaryny hatda başlanoklar!

## Imandan dänmek

Mukaddes Ýazgylar biziň döwrümizde imanlylaryň arasynda imandan dänmekligiň boljakdygy barada duýdurýar. Pawlus şeýle diýýär: “Özüňizi hiç kime hiç ýol bilen aldatmaň. Çünki köpler *Hudaýa garşy baş galdyrar*... Ýöne bu zatlar amala aşýança, Rebbiň güni gelmez” (2 Salonikliler 2:3). Soňra ol ýene-de pygamberlik edip, şeýle diýýär: “Mukaddes Ruh ahyrky günlerde käbir adamlaryň *imandan dänip*, azdyryjy ruhlara we jynlaryň taglymatlaryna eýerjekdiklerini *aýdyň aýdýar*” (1 Timoteos 4:1).

Näme üçin? “Çünki adamlaryň sagdyn taglymaty diňläsi gelmejek zamanasy geler. Şonda olar öz höweslerine ýaraşykly, gulaklaryna-da ýakymly sözleri aýtjak öwredijileri gözlärler. Olar *hakykata gulak asman, toslamalaryň yzynda selpärler*” (2 Timoteos 4:3, 4). Üns beriň, ýokardaky parçada Pawlus olaryň “imandan dänjekdigi” barada aýdýar. Onuň aýdýan imany – Isa Mesihe bolan hakyky iman. Diňe ozal iman edilen ýagdaýda imandan dänip bolýandyr, sebäbi iman etmedik ondan dänip-de bilmez.

Imanlynyň imandan dänip bilýändigi babatdaky siziň bilen paýlaşan hakykatym Täze Ähtiň ähli awtorlarynda diýen ýaly duş gelýär. Indi bolsa maňa Ýygnagyň atalarynyň aýdanlaryny dykgatyňyza ýetirmäge rugsat ediň. Olaryň käbiri Täze Ähti kagyz ýüzüne geçiren resullaryň işdeşleridi. Men olaryň golýazmalarynyň Mukaddes Ýazgylardan okan maglumatlarymyza doly gabat gelýändigini görýärin.

> “Iň ahyrda halas bolar ýaly, dogruçyllygy amal edeliň”.
>
> — Rimli Kliment

“Durmuşynda beýik ýagşy işleri edip-de, ýoluň ahyrynda ýamanlyga ýüz uran adama ozal eden ýagşy işleriniň haýry degmez, sebäbi ol durmuşynyň iň ýokary derejesinde öz paýyny ýitirdi”.

— Aleksandriýaly Kliment

“Käbirleri Hudaý Öz wada eden zadyny hatda mynasyp bolmadyklar-da bermeli diýip hasaplaýarlar. Olar şeýle garaýyş arkaly Onuň sahylygyny gulçulyga öwürýärler...Eýsem köpler soňra merhemetden dänmeýärmi? Eýsem bu peşgeş köplerden yzyna alynmaýarmy?”

— Tertullian

“Adam dogruçyllyga eýe bolup-da, ondan dänip bilýär”.

— Origen

“Hudaýa gulak asmaýanlar mirasdan mahrum bolup, Onuň ogullary bolmagy bes edýärler”.

— Lionly Irineý

Meniň Mukaddes Ýazgylardan getiren hakykat sözlerimi eşidenleriň käbirleri sypaýyçylygy ýitirip, maňa: “Jon, sen arminiýançy” diýýärdiler. Sözlükde bu adalga şeýle kesgitleme berilýär: “Ýakow Arminiýanyň we onuň şägirtleriniň (olar kalwinistleriň öňden bellenilen täleý we saýlanma baradaky taglymatyna garşy çykýarlar) taglymatyna laýyklykda adamyň erkin erki Hudaýyň garaşsyzlygy bilen ylalaşyklydyr”.

Özüme şeýle diýlende, men olara: “Ýok, men kalwinist-de däl, arminiýançy-da däl, men Mukaddes Kitabyň – Hudaýyň şeksiz Sözüdigine ynanýan mesihi” diýip aýdýaryn.

Ýakow Arminiý Täze Ähtiň awtorlaryndan we hatda meniň ozal sözlerini mysal getiren irki liderlerden-de köp ýyl soňra ýaşan adam. Eýsem Arminiýadan öň ýaşan adamlara “arminiýançy” diýip bolarmy? Munuň beýle däldigi mese-mälimdir. Meniň şu ýazýan zatlarym ýöne şahsy pikirler, konsepsiýa ýada ynanç däl-de, hakykat. Iman edýän her kese Hudaý aýdyň

duýduryş berdi. Biz özümizi akyldarlaryň taglymaty bilen çäklendirmän, Mukaddes Ruhuň ylhamdyran Mukaddes Ýazgylaryň manysyna açyk bolmaly, sebäbi:

> "Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy. Olar öwretmek, günä edýänleri paş etmek, ýola getirmek, dogrulykda terbiýelemek üçin peýdalydyr. Şeýdip, Hudaýyň adamy haýyr işleriň ählisine taýýar we kämil bolar" (2 Timoteos 3:16,17).

Şuny belläp geçesim gelýär: Isa Mesihiň paş edýän ýalan ýolbaşçylary adatça haýsydyr bir mekdebiň töwereginde ýygnanyp, şol mekdebiň taglymat tärinde öwredýärdiler. Emma Ýohanna Çokundyryjy, Isa Mesih we hakykatyň beýleki jarçylary barada aýdylsa, umumy bir zady görse bolýar: "Isa olara Töwrat mugallymlary ýaly däl-de, erk-ygtyýarly biri ýaly öwredýärdi" (Matta 7:29). Şoňa görä-de, Pawlus Titusa şeýle nesihat berýär: "Hawa, bularyň baryny öwret. Doly ygtyýar bilen öwüt-ündew ber, günä edýänleri paş et..." (Titus 2:15). Ol Timoteosa-da şeýle ýazýar: "Men Makedoniýa ugranymda, Efes şäherinde galmagyňy haýyş edipdim. Sen ol ýerdäki adamlaryň käbirine ýalan taglymatlary ýaýratmazlygy buýur" (1 Timoteos 1:3). Pawlus Timoteosa şuny öwredýär:

> "Hudaýyň Sözüni ýetir we wagyz et! Pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et (amatlymy ýa-da amatsyz, kabul edilýärmi ýa ýok – tapawudy ýok, sen Sözüň wagyzçysy hökmünde adamlara edýän nädogrulyklaryny görkez, günä edýänleri paş et, gadagan et, sabyrlylyk bilen nesihat et) (2 Timoteos 4:2, giňişleýin terjime).

Pawlus özi barada şeýle ýazýar: "Men gorkman, bolmalysy ýaly wagyz etdim" (Efesliler 6:20). Bu Hudaýyň hakyky jarçylarynyň hemmesine mahsusdyr. Olaryň ygtyýary Hudaýyň Sözüne esaslanýandyr. Olary birikdirýän zat ne şahsy duýgular, ne haýsydyr bir mekdebe degişlilik, ne-de köpleriň pikiri. Köpler

käwagt ýalňyşyp-da bilýär. Biz Hudaý etmekçi bolýan zadyny aýdýandygyny we aýdan zadyny edýändigini bilmelidiris!

## Seni büdremeden saklamak

Mukaddes Ýazgylar adamyň merhemeti ýitirip bilýändigi barada aýdyň aýdýar. Adamlar bu habary eşidenlerinde gulagyna ynanmajak bolýarlar. "Men baky kepilligim barmyka öýdýärdim!" diýip, howsalaly ýagdaýda maňa ýüzlenen adamlaryň sany köp. Men olara şeýle jogap berýärin: "Bu dogrudan-da şeýle. Biziň baky kepilligimiz bar! Isa Mesih Öz Atasynyň Oňa berenleriniň ýekesini-de ýitirmejekdigini aýtdy (ser.: Ýohanna 18:9), sebäbi Ol bizi hiç haçan taşlamaz we ýeke goýmaz. Emma Ol biziň özümiziň Ony taşlap, ýitip bilmeýändigimizi aýtmady". Şeýle diýenimde, diňleýjilerimiň ýüzünde aljyraňňylyk peýda bolýar. Şonuň üçin-de, men olara şeýle diýýän: "Eger siz Isa Mesihi hakykatdan-da gowy görýän bolsaňyz, Ondan gitmek nämä gerek? Eger siz Ony hakykatdan-da söýýän bolsaňyz, Ondan ýüz döndermersiňiz!"

Eger siz Hudaýy söýýän bolsaňyz, Onuň tabşyryklaryna gulak asmak kyn bolmaz! Eger Hudaýa hyzmat etmeklik borja öwrülen bolsa, onda siz kanunçylyk gatnaşyklaryna başlansyňyz we bu ýagdaýda Onuň tabşyryklaryny saklamak gaty kyn bolýar. Biz Hudaýa Ony razy etmek üçin däl-de, Ony söýýändigimiz üçin hyzmat etmeli!

Ýahuda hatda ýygnakda fariseýleriň hamyrmaýasy bolaýan ýagdaýynda-da bu söýgini nädip ter saklap bolýandygyny gürrüň berýär. Ol şeýle diýýär: "Rebbimiz Isa Mesih Öz rehimdarlygy arkaly sizi baky ýaşaýşa gowşurýança, Hudaýyň söýgüsi bilen ýaşamagy *dowam etdiriň*" (Ýahuda 21, nygtama awtordan). Biz Rebbe her pursat garaşmalydyrys (ýadyňyzdamy, etmişli hyzmatçy öz hojaýynynyň gelerine garaşmaýardy!). Ol Özüni bize

köpden-köp aýan bolary ýaly, biz Ony her dem küýsäp, dyngysyz agtarmalydyrys. Sebäbi:

> “Oňa umyt baglaýan her bir adam Mesihiň päk bolşy ýaly, *özüni päk saklar*” (1 Ýohanna 3:3).

Siz Ony agtaranyňyzda, Onuň Ruhy bilen gürleşeniňizde, Ondan aýrylyp gidesiňiz gelmez. Şonuň üçin-de alada edere zat ýok. Ýahudanyň hatynyň ahyrynda meniň iň halaýan wadalarymyň biri bar. Hudaýy söýüp, Isa Mesihiň aýanlygyna garaşýanlara Ol şeýle diýýär:

> “Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn” (Ýahuda 24,25).

Men hem siziň üçin ýürekden şu dilegi edip, siziň üçin şeýle bolmagyny arzuwlaýaryn!

## 7-NJI BAP

# BINÝAT

*Dogruçyllar ebedi berkdir.*
— Süleýmanyň pähimleri 10:25

Egoist bilen Sahawata näme karar çykarylandygyny bilmek üçin Affabel baradaky allegoriýamyza dolanmazdan öň, soňky üç bapda aýdanlarymyzy jemläliň. Dördünji bapda mysal getirilen aýatlary ýatlalyň:

> ”Şonuň üçin, geliň, Isa Mesih baradaky *başlangyç* taglymda saklanman öňe hereket edip, imanda berkäliň, yza gaýtmalyň... ebedi höküm barada gaýta-gaýta esasy taglym almagymyzyň geregi ýok” (Ýewreýlere 6:1-2).

Baky höküm we jeza baradaky hakykatda berk binýadyň bolmazlygy bize Isa Mesihde sagdyn durmuşy bina etmekde päsgel berýär. Muny başlangyç synplarda binýady bilimi alman, mysal üçin okamagy we ýazmagy öwrenmän, ýokary bilimi almak synanyşygy bilen deňeşdirse bolýar.

Bu näme üçin beýle? Hoş habarlary ünsli öwrenseňiz, Isa Mesihiň jennete garanda dowzah barada has köp aýdandygyny görersiňiz. Ol muny bizde binýady – Hudaýdan gorkmaklygy döretmek maksady bilen edipdi. Ine, mysallaryň biri:

> “Garaňkylykda näme aýtsaňyz, ýagtylykda eşidiler, içki otaglarda çakan çawuşyňyz üçeklerde yglan ediler. Eý, dostlarym, Men size şuny aýdaýyn: bedeni öldürýän, emma ondan soňra hiç zat edip bilmeýänlerden gorkmaň. Men size kimden gorkmalydygyňyzy aýdaýyn: öldürenden soň dowzaha zyňmaga güýji ýetýän Hudaýdan gorkuň. Hawa, size aýdýaryn, Ondan gorkuň” (Luka 12:3–5).

Onuň sözleri güýçli we ýiti: baky höküm we jeza aýdyň düşünmek arkaly olar biziň ýüreklerimize Hudaýdan bolan gorkyny mäkäm ornaşdyrar.

Maňa düşündirmäge ygtyýar ediň. Dowzahdaky baky jezany diňe Hudaý belläp bilýär. Biziň gizlinlikde aýdan zatlarymyz Höküm gününde Onuň şah-şöhratynda jar ediler. Biziň diňe sözlerimiz däl, eýsem niýetlemiz-de, gatnaşyklarymyz-da, işlerimiz-de aýan bolar. Hudaýdan gorkmaklyk hiç zadyň, hatda iň pynhan zatlaryň-da Ondan gizlin däldigini bize dyngysyz ýatladyp durýar. Biz hiç bir zadyň Onuň hököminden gutulyp bilmeýändigini, Onuň höküminiň adalatlydygyny bilýäris. Eger biziň aýdyň düşünjämiz bolmasa, Hudaý üns bermeýär ýa-da hatda etmişleri-de görmeýär diýen pikire ynanyp, bolmadyk merhemet bilen öz-özümizi köşeşdirip (Aldanan, Çekinjeň we Ikiýüzli Durmuş dagy ýaly), aňsat azaşyp bilýäris. Biz soňky döwürlerde Hudaýa sadyk bolmakdan aýrylyp, bikanunlyga ýykgyn edýän adamlaryň köplügine aňsatlyk bilen goşulyp bilýäris.

Şeýle binýady bolmadyklar adamlardan gorkmaklygy saýlap alyp, öz gorkýanlaryna jan-tenden hyzmat ederler. Eger biz Hudaýdan gorkýan bolsak, onda köp basyşlaryň bolmagyna garamazdan, Oňa tabyn bolarys. Eger biz adamlardan gorkýan bolsak, onda olar bilen ylalaşarys. Hawa, hatda basyşyň bardygyna garamazdan, öz bähbidimiz we ten höweslerini kanagatlandyrmak üçin olar bilen ylalaşarys. Ten höweslerini elmydama kanagatlandyrmak ahyrda çynlakaý netijelere uçradyp bilýär. Şunlukda, baky hökümlere we jezalara doly aň ýetirmesek, Hudaýdan gorkmarys, sebäbi Isa Mesihiň hökümleri Hudaýdan gorkmaklygyň esasy tarapy bolup durýandyr. Pawlus bu barada şeýle diýýär:

> “Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys. Biz Hudaýdan gork-

> magyň nämedigini bilenimiz üçin, başgalary hem toba etmelidigi barasynda ynandyrjak bolýarys...” (2 Korintoslylar 5:10,11).

Pawlus Isa Mesihiň öňýanyndaky aýatda agzan Höküm gününiň beýik ak tagty (adamlar ol ýerde dowzaha höküm ediler) barada aýtmaýar. Ol imanlylara çykaryljak höküm barada gürrüň edýär (bu barada indiki bapda gürrüň berler). Pawlusyň Isa Mesihiň kazylygyny Hudaýdan gorkmaklyga (bu beýik ak tagta hem degişlidir) deňeýändigine üns beriň. Aslynda ol bu aýatda höküm çykarylyşy “Rebden gorkmaklyk” diýip atlandyrýar. Munuň manysy Rebden gorkmaklygy höküm çykarylyşdan aýryp bolmaýanlygyndan ybarat, Rebden gorkmaklyk bolsa sagdyn durmuşyň açarydyr.

Işaýa pygamberiň sözlerine gulak goýuň: “Ol seniň döwürleriň berk binýadydyr, bol danalyk hem bilim bolar; Ol yzygiderli halas eder. Rebden gorkmak halkynyň hazynasydyr” (Işaýa 33:6).

Mukaddes gorky berk binýadyň açarydyr. Geçen bapda aýdylany ýatlalyň: Isa Onuň ady bilen gudrat görkezip, baky jeza höküm ediljek adamlaryň köplügi barada aýdýar. Mattanyň hoş habarynyň 7-nji babynda Isa Mesihiň olaryň şeýle ýykylyşynyň sebäbini bada-bat düşündirmegi geň zat däl. Bu adamlaryň binýady nädogrudy. Olar öz durmuşlaryny akyl delillerine we ýürek ynançlaryna esaslanyp gurupdylar; olar bolsa durmuş gaý-tupanlaryna çydap bilmediler.

> “Şonuň üçin hem bu sözlerimi eşidip, olary berjaý edýän her bir adam öýüni gaýanyň üstünde guran akylly adama meňzeýär. Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy, emma öý ýykylmady, sebäbi ol gaýanyň üstünde gurlupdy *(Hudaýyň berk binýady... Hudaýdan gorkmaklyk).* Meniň bu sözlerimi eşidip, olary berjaý etmedik her bir kişi öýüni çägäniň üstünde guran akmak adam ýalydyr. Ýagyş ýagyp, siller geldi, ýeller öwsüp, ol öýe urdy. Öý ýykylyp, bütinleý wes-weýran boldy” (Matta 7:24–27).

Soňuna çenli çydanlar berk binýatlary sebäpli gaý-tupana döz geldiler. Bu binýat – Rebden gormaklykdyr, ol biziň ählimize

durnuklylyk berýär. Rebden gorkmaklyk Hudaýyň baýlygynyň hazynasydyr; Onuň gutulyşy, danalygy we bilimi şonda gizlenendir.

## Rebden gorkmaklyk

Rebden gorkmaklyk näme? Hudaýdan gorkmak gerekmi? Bütinleý gerek däl, sebäbi, eger biz Ondan gorkýan bolsak, Onuň bilen nädip ýakyn gatnaşyk (Ol bu gatnaşyklary örän isleýär) saklap bolar? Hudaý Musa bilen gatnaşaşy ýaly, Ysraýyl bilen hem gatnaşmak üçin Özüni ysraýyllara açmak niýeti bilen geldi. Ýöne olar gorkup, gaçyp gitdiler we Oňa ýakynlaşmakdan boýun towladylar. Musa pygamber halka şeýle diýdi: "*Gorkmaň*, çünki Hudaý sizi synamak üçin we *Ondan gorkup,* günä etmezligiňiz üçin geldi" (Müsürden çykyş 20:20).

Göräýmäge, bu aýatda gapma-garşylyk bar. Emma Musa pygamber Hudaýdan gorkmaklyk bilen Rebden gorkuly bolmagy tapawutlandyrýar. Hudaýdan gorkýan adam Ondan haýsydyr bir zady gizleýär. Adam ata Hudaýyň tabşyrygyny bozanda näme edenini ýada salyň: ol Rebbiň huzuryndan gizlendi. Başga tarapdan, Rebden gorkusy bolan adam Hudaýdan jyda düşmekden gorkýar; ol bitabynlykdan gaçýar.

Geliň, Hudaýdan gorkuly bolmagyň manysyny derňemegi dowam edeliň. Rebden gorkmak – bu Ony hemmeden we hemme zatdan köp hormatlamagy, gadyryny bilmegi, söýmegi aňladýar. Bu Onuň söýýänini söýmegi, Onuň ýigrenýänini ýigrenmegi aňladýar. Onuň üçin ähmiýetli bolan zat siziň üçin-de ähmiýetli, Onuň üçin ähmiýetsiz zat siziň üçin-de ähmiýetsizdir. Eger biz Ondan gorkýan bolsak, biz *Onuň Sözüniň öňünde galpyldarys* we ony hatda özümiz üçin manysyz we amatsyz bolup görnen ýagdaýlarynda-da berjaý ederis. Şunlukda, Rebden gorkmaklyk Onuň Sözüne, ýollaryna we tabşyryklaryna *gulak asmaklykda* aýan bolýandyr.

Mukaddes Ýazgylar Rebden gorkmaklygy danalygyň başy diýip hasaplaýar. Başga sözler bilen aýdylanda, ol danalygyň *binýady* bolup durýandyr. Danalyk – bu dogry wagtda dogry çözgüdi kabul etmek bilimi we başarnygydyr. Biz oňa indiki baplarda has ymykly garap geçeris. Haýsydyr bir basyşyň astynda karara gelýän adama danalyk ýetmezçilik edýär, danalygyň gözbaşy bolsa Rebden gorkmaklykda jemlenýär.

Mukaddes Ýazgylar biziň durmuşymyzy jaýyň gurluşygy bilen deňeşdirip bolýanlygy barada aýdýar: biz ilki binýady gurýarys, soňra onuň üstünde jaýy galdyrýarys. Biz şuny okaýays: "Öý danalyk bilen gurulýandyr, düşünje bilenem berkarar edilýändir" (Süleýmanyň pähimleri 24:3). Eger biz durmuşymyzy dogry çözgütleri kabul edip bilme başarnygy bilen gurýan ýolsak, sagdyn durmuşy gurarys; onsoň biz Höküm gününde arkaýyn durup bileris. Bu danalygyň başlangyjy ý-da binýady – Rebden gormaklyk.

## Bizi imandan dänmeklikden goraýar

Eger Rebden gorkmaklyk mesihileriň ýüreginde kök uran bolsady, onda olar Ondan dänmezdiler. Biz Isa Mesihe çyn ýürekden eýererdik we Ondan uzaklaşmazdyk. Biz Onuň Sözüni öz-özünden bolan zat hökmünde kabul etmezdik, oňa ýüzleý garamazdyk. Biz günä bilen "näz-kerem" edişmezdik, sebäbi bu ýüregi gatadyp, ahyrda Hudaýdan uzaklaşdyrýar (ser.: Ýewreýler 3:12, 13). Biz gizlinlikde aýdylan we edilen işleriň Höküm gününde jar çekdirilip aýdyljakdygyny hemişe bilerdik. Täze Äht döwrüniň adamlary barada Hudaýyň Ýermeýa pygambere näme diýýändigini okalyň:

> "Olar Meniň halkym bolar, Men-de olaryň Hudaýy bolaryn. Olar hemişe Menden gorkar ýaly, bir ýürek we bir ýol bererin. Bu olaryň özleri üçin hem, özlerinden soňky çagalary üçin hem ýagşylyk bolar. Ýagşylyk etmekden ýüz döndermejekdigime olar bilen ebedi äht baglaşaryn. Menden hiç ýüz öwrüp gitmezlikleri üçin, ýüreklerine Menden gorkmagy salaryn" (Ýermeýa 32:38–40).

Üns beriň, Hudaý: “*Menden hiç ýüz öwrüp gitmezlikleri üçin, ýüreklerine Menden gorkmagy salaryn*” diýýär. Men Malaýziýadyky hyzmatymy ýatlaýaryn; şonda Hudaýdan gormak Ruhy güýçli aýan bolupdy. Meniň wagyz edýän auditoriýam Ýer togalygynyň Gündogar ýarymyndan gelen adamlardan hyryn-dykyndy. Ol ýerde Mukaddes Ýazgylar mekdebinde okaýan talyplar, çopanlar we başgalar bardy. Ýygnagyň ahyrynda köpler saklanyp bilmän, ýere ýatyp, möňňürip aglaýardylar.

Zalyň içi Rebden gorkmaklykdan doludy. Şonda men içimden: “Jon, ýekeje nädogry hereket ýa-da söz – sen şobada ölersiň!” diýip pikir etdim. Bu şeýle bolarmydy ýa-da ýok, bilemok, ýöne Täze Zelandiýadan gelen bir erkek bilen aýal şeýle barlykda nädogry hereket edensoňlar ölendigini aýdyp bilýän. Olara bada-bat çykarylan hökümiň netijesi şeýledi: “Tutuş ýygnagy we bu hakda eşidenleriň baryny uly gorky gurşap aldy” (Resullaryň işleri 5:11).

Hyzmatdan soň ýanyma Hindistandan bir är-aýal gelip, maňa şeýle diýdi: “Jon, biz içimizde şeýle päklik duýýarys”. Men hem özümi şeýle duýýandygymy aýtdym.

Ertesi gün myhmanhanany otagynda otyrkam şu aýady tapdym: “Rebden gorkmak päkdir, *ýaşaýar ol ebedi*” (Mezmur 18:10).

Mukaddes Ruh şol pursadyň özünde maňa şeýle diýdi. “Lýusifer göklerde şöhrat aýdýan perişdedi, ol mesh edilendi, ajaýypdy we ýalkanyndy. Emma ol Menden gorkmaýardy, şonuň üçin-de *ebedi galmady*”.

Aýdylanlar barada oýlanyp otyrkam, şuny eşitdim: “Tagtymy gurşap, Meniň şah-şöhratymy gören perişdeleriň üçden bir bölegi Menden gorkmaýardy, olar *ebedi galyp bilmedi*”. Men bu aýanlykdan ýaňa doňan ýaly bolup galdym. Onsoň men şuny eşitdim” Adam ata bilen How ene Meniň huzurymda gezerdiler, Meniň bilen söhbetdeş bolardylar, ýöne Menden gorkmaýardylar. Olar *Meniň huzurymda ebedi galyp bilmediler*”.

Rebden gorkmaklyk bize ýaşamaga gujur-gaýrat berýär. Ol bizi Hudaýyň Sözüne tabynlykda saklaýar. Imanlylar şundan

habarlydyr: “Hudaýyň dynçlyk mekanyna girmek hakyndaky wadasy henizem güýjüni saklaýandyr. Şonuň üçin-de, hüşgär boluň, araňyzdan hiç kim dynçlyk mekanyna girmekden mahrum bolmasyn” (Ýewreýlere 4:1).

Gyzykly zat: awtor “söýüň” diýenok-de, “hüşgär boluň, gorkuň” diýýär. Bizi günä dolanmakdan Hudaýyň söýgüsi däl-de, Ondan gorkmaklyk saklaýandyr.

## Tanymal hoş habarçy

Men meşhur hoş habarçynyň halyny soramak üçin türmä barşymy asla unutmaryn. Oňa bäş ýyl jeza kesilip, soňky ýyly galypdy. Onuň işi giň köpçülige belli bolup, öz wagtynda Gökler Şalygynyň adyna köp aýyplamalaryň aýdylmagyna sebäp bolupdy. Her nähili bolsa-da, ol türmede oturan birinji ýylynda Reb bilen hakyky duşuşygy başdan geçirýär. Dört ýyldan, men onuň ýanyna görme-görşe baranymda, onuň ilkinji diýeni şu boldy: “Jon, bu türme meniň üçin Hudaýyň jezasy däl-de, ýalkamasy boldy. Eger men ozalkym ýaly ýaşamagy dowam eden bolsam, dowzaha baky düşerdim”.

Şeýle sözler bilen ol meniň tutuş ünsümi özüne çekdi. Men Hudaýyň wepaly adamy, Isa Mesihiň sadyk guly bilen gürleşýändigimi bilýärdim. Men bu adamyň öz hyzmatyny başlanda Isa Mesihe örän aşyk bolandygyny hem bilýärdim. Onuň Hudaýa bolan ymtylyşlary mese-mälimdi. Meni geňirgendirýän zat – hyzmatynyň iň ýokary derejesinde bolubam, Hudaýdan nädip şeýle daşlaşyp bildikä? Men ondan şuny soradym: “Seniň Isa Mesihe bolan söýgiň haçan sowady?” Ol maňa seretdi-de: “Ol hiç haçan sowamandy!” diýip, bada-bat jogap berdi.

Onuň jogaby meni aljyratdy we men: “Onda soňky ýedi ýylyň dowamynda poçta arkaly eden kezzaplyklaryň, azgynçylyklaryň – hököm edilen zatlaryň babatda näme?” diýip soradym.

Ol maňa şeýle jogap berdi: “Jon, men Isa Mesihi hemişe söýýärdim, ýöne Ol meniň iň ýokary ygtyýarlyk bolmasyny bes etdi”. Soňra ol meni kalbymyň jümmüşine çenli sarsdyran sözleri aýtdy: “Jon, men ýaly mesihileriň Amerikada millionlarçasy bar. Olar Isa Mesihi öz Halasgaräleri hasaplaýarlar, Ony söýýärler, ýöne Ony iň ýokary ygtyýarlyk – Reb hökmünde kabul etmeýärler.

Şol pursat meniň içimde nur parlady. Men Rebbi söýüp bilýändigimizi, ýöne bu söýginiň öz-özünden bizi ýykylmadan saklap bilmeýändigine aň ýetirdim. Biz Hudaýdan gorkmaly. Musa pygamberiň sözlerin ýada salyň: “Hudaý sizi synamak üçin we *Ondan gorkup, günä etmezligiňiz üçin geldi*” (Müsürden çykyş 20:20). Imanda berk durup, Hudaýa tabyn bolmakdan sowulmazlyk üçin güýji diňe Rebden gorkmaklyk berýändir. Bu güýç bizi Lýusifer bilen perişdeleriň üçden bir bölegininiň, Adam atanyň we soňky günlerde azaşan ýygnaklaryň eden ýalňyşyndan saklaýar.

## Gutulyşyňy amal etmek

Şu sebäpden hem resul Pawlus şeýle ýazýar: “*Gorky we galpyldy bilen* (özüňize bil baglaman, çynlakaý ägälik we duýgur ynsap bilen, albaýlaryň bardygyna akyl ýetirip, Hudaýy gynandyrýan we Isa Mesihiň adyna şek ýetirýän ähli zatdan ýüz öwrüp) öz gutulyşyňyzy amal ediň (*maksada we dolulyga ýetmek bilen*, ösdüriň) (Filipililer 2:12, giňişleýin terjime).

Biz öz gutulyşymyzy *gorky we galpyldy* bilen ýetirýäris. Bu bize her bir pikiriň, sözüň we hereketiň Hököm gününde aýan boljakdygyny ýatladýar. Muny aňlamaklyk bizi pespällikde, aň sagdynlygynda, duýgurlykda saklaýar we bitabyn bolmak aldawyny, Hudaýyň halamaýan her bir zadyny ýeňmäge ukyply edýär.

Üns beriň, Pawlus biz öz gutulyşymyzy söýgi we ýagşylyk bilen amal edýäris diýip aýtmady. Rebden gorkmaklyk bize Onuň merhemetinden günä içine ýykylmazlyga güýç berýär. Başga bir tarap-

dan Hudaýyň söýgüsi bizi kanunçylykdan goraýar, sebäbi kanunçylyk hem Hudaý bilen ýakyn gatnaşygymyzy bozup bilýär. Biziň Hudaýa bolan söýgimiz niýetlerimizi we maksatlarymyzy höweslendirýär, olary hyjuwly we anyk edýär. Sagdyn gatnaşykda bolmak üçin, bizde hem söýginiň beýik güýji, hem-de gorky bolmalydyr. Şoňa görä-de, Pawlus Hudaýy "Gökdäki Atamyz we Abba ("Kaka" diýmegi aňladýar), şeýle-de Hudaýymyzyň "ýakyp-ýandyryjy otdugyny" (Ýewreýler 12:29). Hudaý Söýgüdir, ýöne şeýle-de Ol Adalatly we Mukaddes Kazydyr. Ondan gorkmazlyk – dik durmaga mümkinçiligiň ýokdugyny aňladýar. Isa Mesih gaýta-gaýta: "soňuna çenli çydan halas bolar" diýip aýdýar (Matta 10:22).

## Biziň täsirimiz

Biz baky höküm we jeza baradaky başlangyç taglymata ymykly düşünmeli, sebäbi biz başga adamlara täsir ýetirýäris. Eger bizde Rebden gorkmaklyk ýeterlik bolmasa, sözlerimiz we hereketlerimiz bilen Hoş Habary başgalara ýoýulan görnüşde ýetireris. Bu bolsa öz gezegeinde biziň täsirimizdäki adamlaryň imanda büdremegine, hatda dänmegine hem sebäp bolup bilýär.

Hoş habarçylar, çopanlar, mugallymlar binýady bolmadyk ýagdaýlarynda Mukaddes Ýazgylardan diňe durmuşy ýalkanyşlardan doly, üstünlikli we bagtly etmegiň esaslaryny öwrederler. Bu esaslar ozaldan bellenilişi ýaly işläp, saglyk, baýlyk, parahatlyk we gatnaşyklaryň gowulanmagyny we ş.m. getirer. Emma baky höküm baradaky binýadymyz bolmasa, haç we Isa Mesihe eýermegiň netijeleri barada wagyz etmäge utanarys. Biz habarlary dost-ýarlarymyzy artdyrmak üçin wagyz ederis, öz janymyzy gurban etmek babatdaky zatlary aýtmakdan saklanarys.

Eger biziň hereketlerimiz bakylykdan ylhamlanmasa, durmuşa bakylyk nukdaýnazaryndan garaman, şu günki gün üçin ýaşarys. Biz adamlara "Hudaý tarapyndan bina edilýän we gu-

rulýan berk binýatly şähere garaşan” (Ýewreýer 11:10) iman atalary ýaşaman, şu günki bilen ýaşamagy öwrederis.

Hawa, bu durmuşda Hudaýyň prinsiplerine tabyn bolmaklyk üçin sylaglar bar. Olary bize oňat öwretdiler, ýöne, geliň, özümiziň bu dünýäde bir gelmişekdigimizi unutmalyň. Biz durmuşda üstünlikli bolmaly, ýöne bu üstünlik medeniýetimizdäki ülňülere däl-de, Gökleriň ülňüsine laýyk gelmelidir. Biziň hakyky öýümiz bu ýerde däldir. Hudaýa eýermek üçin bu dünýäni taşlan mukaddesleriň nämeden höweslenendigini ünsli okaň:

> “Bu adamlaryň hemmesi iň soňky demine çenli Hudaýa iman edip ýaşadylar. Olar wada edilen ýurda gowuşmasalar-da, ol ýeri uzakdan görüp şatlandylar. Özleriniň ýer ýüzünde *gelmişek hem ýatdyklaryny* boýun aldylar. Gelmişekdiklerini boýun alýan adamlar özleriniň bir watan agtarýandyklaryny aýdyň görkezýärler. Eger olar çykyp gaýdan ýurtlaryny küýseýän bolsadylar, onda yzlaryna dolanmagyň alajyny tapardylar. Emma olar has gowusyny, ýagny gökdäki watany arzuw edýärdiler. Şonuň üçin Hudaý Özüni olaryň Hudaýy diýip atlandyrmakdan utanmaýar. Hudaý hatda olar üçin bir şäher taýynlady” (Ýewreýler 11:13–16).

Hudaýyň şäherini agtaran bu mukaddesler üçin Täze Iýerusalim öý boldy. Biz ol barada kitabyň galan böleginde gürrüň ederis. Bu şäheriň ýaşaýjylary *ýeňijiler* diýip atlandyrylýarlar. Olaryň sylaglaryny şu taýda – ýer ýüzündäki iň oňat sylaglar bilen hatda deňeşdirip-de bolmaz.

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

## ÜÇÜNJI BÖLÜM; 6, 7-NJI BAPLAR

1. Siziň pikiriňizçe Isa Mesihe eýermeligiň haýsy bähbitli taraplary sizi Isa Mesihiň hut Özi bilen gatnaşmakdan has köp çekip bilerdi? Siziň ýüregiňizi näme gorap biler?

2. Imanlynyň imandan dänip bilýändigi baradaky hakykat sizi gynandyrýarmy? Bu sizde garşy durmaklygy oýarýarmy? Bu meseläni imanly bolmak bilen diňe bir gorkuda däl-de, Rebden gorkymyzyň bolmagy baradaky hakykatyň nukdaýnazaryndan maslahatlaşyň.

3. Mattanyň hoş habarynda (18:23–25) zalym hyzmatkär barada ýazylanlar barada oýlanyň. Siziň pikiriňizçe Hudaý näme üçin bagyşlamak meselesine şeýle çynlakaý garaýarka?

4. Hudaýyň merhemetine (mukaddes gorkynyň täsiriniň bolmadyk ýagdaýynda) nädogry düşünmeklik imanlyny nädip aldap bilýändigini öz sözleriňiz bilen düşündiriň.

5. Biziň bakylyk baradaky düşünjämiz diňe bize degişli däl. Biz başgalara hem täsir edýändiris. Siziň pikiriňizçe adamlara Isa Mesihe eýermegiň ýer ýüzündäki bahbitleri (mysal üçin, saglyk, üstünlik, abadançylyk) barada aýdanyňyzda ünsi esasy zatlardan sowman nädip aýdyp bolar?

# DÖRDÜNJI BÖLÜM

# 8-NJI BAP

# AFFABEL ŞALYGY: KAZYLYGYŇ IKINJI GÜNI

*Meniň ýürekleri we pikirleri (duýgulary, niýetleri) derňeýän Hudaý. Men siziň her biriňize eden işleriňize görä [sylag] bererin.*
— Aýanlyk 2:23 (giňişleýin terjime).

Geliň, Egoist bilem Sahawata näme bolandygyny bilmek üçin, Affabel şalygy baradaky allegoriýamyza dolanalyň. Biz imanlylara kazylyk edilmeginiň wajyp taraplaryna garap geçeris. Imanlylara höküm çykarylanda hemmeler birmeňzeş sylag almazlar.

## Imanlylara kazylyk edilýär

Endelitler irden Beýik Zala gelenlerinden soň olara tizara kazylyk edildi. Ýaşaýyş zalynda takmynan 500 adam ýygnanypdy; olar Jalin bilen ilkinji duşuşyklaryna sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar. Sahawat-da, Egoist-de garaşyp duran adamlaryň arasynda köne we täze dostlaryny tapyp, olar bilen ýürekden gürrüňdeş bolup durkalar, zalda şa nökerleri peýda boldy. Nökerleriň başlygy zaldakylara ýüzlenende, gürrüňler bada-bat kesildi.

– Siz tizara öz patyşaňyzy görersiňiz. Ol sizi hemişe söýýärdi we şu birikme gününe garaşýardy. Siz ony görmeseňiz-de, ol sizi elmydama görýärdi. Ol siziň ýürekleriňize serdýärdi we getirýän miweleriňizi synaýardy. Ol siziň ýürekleriňizi, niýetleriňizi,

pikirleriňizi, duýgularyňyzy we işleriňizi bilýär; ondan hiç zat gizlin däl. Onuň hökümleriniň adalatlydygyny bilip goýuň. Siziň hiç biriňiz ne gözden salnarsyňyz, ne-de paýsyz galdyrylarsyňyz.

Nökerleriň başlygy olara Beýik Zala nähili äkidiljekdikleri we ol ýerde nämeleriň boljakdygy barada düşündiriş berenden soň, şuny yglan etdi:

– Jaliniň ýanyna ilkinji bolup Egoist çagyrylýar. Onuň ýanyna äkitmegimiz üçin, öňe çyk.

## Egoist we oňa kazylyk edilmegi

Egoist Endeliň häkiminiň wezipesini eýeleýändigi üçin özüniň birinji çagyryljakdygyny çak edýärdi. Ol patyşanyň daşky mülkünde ýolbaşçy wezipesini eýeleýändigi sebapli sahylyk bilen sylaglanjakdygyna ynanýardy. Ol gadymy Mukaddes Ýazgylarda Endelde sadyk bolanlar üçin Affabel şalygynda beriljek sylaglar we ýokary wezipeler barada ýazylanlary ýatlady. Ol iki ýyl häkim bolan döwründe jemgyýetde köp üstünliklere ýetilendigini gördi. Ol patyşa bilen duşuşmaga ynamly gadam basdy.

Beýik Zalyň gapylary açyldy we Egoisti patyşanyň ýanyna alyp bardylar. Ägirt zalyň şanlylygyndan ýaňa demi tutulan Egoist ondaky ýerleriň hemmesi diýen ýaly eýelenendigini gördi. Zaldakylaryň ählisi dik durdy. Egoist boş ýerleriň galdyrylandygyna geňirgendi, ýöne munuň patyşalygyň raýatlary erkin oturdylandyklary sebäpli şeýledir öýtdi.

Şol ýerde, ondan uzak ýerde, Jaliniň tagty ýerleşýärdi. Onuň ululygy Egoistiň öňde-soňda çaklap biljeginden-de uludy. Egoist ýene-de birnäçe kiçiräk tagtlary gördi we olaryň Jaliniň kömekçileri üçin niýetlenendigini dogry çaklady. Onuň ýüregi jümşüldedi – taglaryň birnäçesi heniz-de boşdy. Ol bularyň biriniň özüne niýetlenendigini duýdy.

## Köne dost

Egoist tagta tarap ýöräp barýarka, ozal Endeliň ýaşaýjylary, şindi bolsa Affabel şalygynyň raýatlary bolan adamlaryň şanly özgerişlikleri onuň ähli ünsüni çekdi. Tagta tarap birki ädim ädenden soň, ol auditoriýanyň iň ahyrynda oturan dostuny gördi. Onuň ady Şagalaňçydy. Ol birwagtlar restoranyň başlygydy, Egoist şol restoranda käwagt naharlanardy. Ol nökerleriň başlygyna seredip, onuň bilen gürleşip bolýandygyny sorady. Nökerleriň başlygy başyny atyp, razylygyny bildirdi.

Egoist dostunyň ýanyna bardy; dostlar gujaklaşdylar.

– Eý, Şagalaňçy, işler neneň? – diýip sorady.

– Ähli zat gülalla-güllük, - diýip, köne dosty jogap berdi, - ýöne indi meniň adym başga. Meniň adym indi Kanagatly. Jalin hojaýyn maňa täze at berdi. Ol öz tagtynyň ýanyna gelýän her bir guluna täze at berýär. Affabel biziň çaklanymyzdan-da owadan eken. Bu Beýik Zal owadan, parlak we ajaýyp beýik şäheriň girelgesidir. Patyşa bolsa öňde-soňda tananlarymyzyň iň söýýäni, açygy we beýigidir.

Eger men Endelde ýaşan döwrümde şindi bilýän zatlarymy bilen bolsadym, onda durmuşymy başgaça ýaşardym. Men patyşany hoşnut etjek işleri köpden-köp ederdim. Men Endelde ýaşan gysga wagtymy has mynasyp ýaşardym. Eger men şeýle eden bolsadym, onda şu wagt oňa has golaý bolardy.

– Sen näme diýmekçi bolýaň? – diýip Egoist gyzyklandy. – Sen Endeliň oňat raýatydyň ahyryn! Sen iň oňat restoranlaryň birini dolandyrýardyň, jemgyýetiň köp taslamalary üçin maliýe goldawyy berýärdiň. Sen maliýe kömegi soralanda, köp sadakalar berýärdiň. Sen munuň üçin köp zatlary gurban edýärdiň!

Şagalaňçy başyny ýaýkap, şeýle diýdi:

– Men bu zatlary abraý gazanmak üçin edýärdim. Men bu zatlaryň müşderilerimi köpeltjekdigini bilýärdim. Meniň niýetim adamlary ýalkamak däl-de, öz üstünligimi berkitmekdi. Men

Jaliniň sözlerine gulak asmalydym. Ol bize şeýle diýýärdi: “Sadaka bereniňde dostlaryňy, garyndaşlaryňy, baý goňşularyňy çagyrma, muny olaryň hem soňra seni çagyryp, öwezini dolar ýaly etme. Garyplary, maýyplary, agsaklary we körleri çagyr. Şonda sen ýalkanarsyň, sebäbi olar muny saňa yzyna gaýtaryp bilmezler; sen sylagyňy direlişde alarsyň”. Men şol sadakalary jemgyýetiň bähbidi üçin däl-de, öz bähbidim üçin berýärdim. Men Endeliň abraýly adamlarynyň arasynda bolasym gelýärdi.

Egoist has ymykly bilmek üçin şeýle diýdi:

– Ýöne sen ýygy-ýygydan Endeliň mekdebi üçin sadakalar berýärdiň-ä. Bu Jaliniň hoşnut etmedimi näme?

– Men dogrudan-da Endeliň mekdebine sadakalar berýärdim, ýöne bu gazanjyma proporsional däl, aslynda men ujypsyzja bir bölegini berýärdim. Men lüt galyp, tozmakdan gorkamsoň, girdejimiň köp bölegini aýryp goýýardym. Muňa “owadan durmuşda” ýaşamak islegi-de goşulýardy. Meniň asyl niýetim özümi gorap saklamakdy. Berýän ownuk-uşak sadakalarym ynsabymy köşeşdirmek üçindi. Men muny mejbury edýärdim, sebäbi mugallaymlar şalyk we mätäçler üçin sadakalar bermegiň näderejede wajypdygy barada ýygy-ýygydan diýýärdiler. Garaz, men berenlerimiň ählisini söýgi we şepagat bilen däl-de, özümi müýnli we mejbury duýamsoň beripdim. – Şagalaňçy sözüni dowam etdirdi, - Men Jaliniň Affabel şalygyny söýýän dul aýal baradaky mysalyny unutdym. Ýadyňdamy, ol şeýle diýipdi: “Size dogrusyny aýdýaryn, bu garyp dul aýal hemmelerden köp atdy. Bu adamlaryň hemmesi sadaka gutusyna özlerinden artany atdylar, bu aýal bolsa garyplygyna garamazdan, bar-ýoguny, elindäki ähli çörek puluny atdy”.

Egoist öz öýünde gurnan toý-meýlislerini ýatlady: ol ýerde garyplar, hatda öz derejesinden pes bolanlar-da ýokdy. Soňra ol ynsabyny köşeşdirmek üçin sadaka berden bäş müň dollaryny ýatlady. Ol muny gurluşyk üçin niýetlenen ýeri supermarkete bereninden närazy bolan raýatlaryň göwnüni awlamak üçin

edipdi. Şonda onuň göwnüne ol köp pul beren ýaly görnüpdi, häzir welin şeýle az bereninden utandy. Munuň üçin Jaliniň öňünde özüni nädip aklap bilerkä?

Şagalaňçynyň sözleri onuň ýatlamalarynyň arasyny böldi:

– Eger men dogrudan-da Jaline we onuň halkyna sadyk bolan bolsam, köp wagtymy mekdepde hyzmat etmäge sarp ederdim. Eger her kim öz paýyna düşen işi eden bolsady, onda ýük agyr bolmazdy; emma ähli ýük sanlyja adamyň gerşine düşüpdi. Eger Jaliniň niýetlänleri berjaý edilen bolsady, onda hiç kim artyk ýük götermeli bolmazdy. Öz gerişlerine agyr ýük alanlaryň sylagy uly boldy. Netije şeýledir: meniň beren şol ujypsyz sadakalarym özümi Jaliniň şalygyna doly bagyş etmänim üçin ynsabymy köşeşdirmek üçin beripdim.

Meniň durmuşymy yzyna aýlanlarynda, diňe öz amatlygym, howpsuzlygym we abraýym üçin ýaşandygym hemmelere aýan boldy. Indi men şu şäheriň az ähmiýetli raýatlarynyň biri. Emma şeýle ýagdaýyma garamazdan, men patyşanyň maňa bolan merhemeti we söýgüsi üçin oňa çäksiz minnetdardyryn.

Aslynda, men özüme berlenleriň birine-de mynasyp däldim. Jaliniň söýgüsi we sahylygy akyla sygardan ägirt; sen muňa özüň tizara göz ýetirersiň. Men onuň çäksiz rehimi üçin oňa ömürboýy bergilidirin.

– Raýatlaryň iň kiçisi?! – diýip, Egoist haýran galdy. – Sen bu ýerde synplara bölünme bar diýjek bolýarmyň?

Şagalaňçy ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Hawa, belli bir derejede şeýle. Bize bu barada Endelde aýdypdylar, ýöne biz oňa çynlakaý üns bermändik. Kalbymyzyň jümmüşinde bolsa munuň hakykatdygyny bilýärdik: sen bu barada hatda zala girip gelýärkäň-de pikir etdiň. Men seniň pikirleriňi eşitdim, sen tagtda oturmagy umyt etdiň. Sen bu barada öwrenen gadymy Mukaddes Ýazgylardan bilýärdiň. Emma Endelde ýaşan döwrüňde muňa ynananyňy boýun aljagyňa gaty şübhelenýän.

Biziň Endeldäki gysgawagtlaýyn durmuşymyzda Jaline sadyk galanlar jemgyýetde has görnükli wezipeleri eýeleýärler. Olar şäheriň iň owadan etraplarynda ýaşaýarlar we patyşa bilen ýygy-ýygydan görşüp durmaga haklary bardyr. Biz ýaly Endelde diňe özleri üçin ýaşanlara şäheriň daşyndaky ýerlerden orun berildi. Bu auditoriýadaky ýerleriň paýlanyşyndan hem bellidir. Yzky hatarlarda oturanlar – düzlüklerde ýaşaýanlar. Olaryň paýyna iň güýçli depgindäki işler düşdi. Biz şalykda iň pes orny eýeleýäris. Ortaky hatarlarda oturanlar daglyk ýerlerde ýaşaýarlar we has döredijilikli orunlary eýeleýärler. Birinji hatarlarda we tagtlarda oturanlar bolsa şa merkezinde ýaşaýarlar. Ol ýerde patyşanyň hut özi ýaşaýar, şol ýerde ýaşaýanlara patyşanyň ýanynda ýaşamak we zähmet çekmek aýratyn hukugy belendir. Eý, dostum Egoist, Jaliniň adalatly we söýýän hökümdardygy babatda ynamly bolaý. Onuň saňa berjek sylaglarynyň ählisi hakykydyr. Eger Jaliniň rehimdarlygy bolmadyk bolsa, biziň hiç birimiz şalyga, hatda onuň iň ähmiýetsiz bolup görünýän bölegine-de, düşüp bilmezdik – diýip, Kanagatly sözüni tamamlady.

Ol bulary aýdyp, ýerine dolandy. Nökerleriň başlygy başyny atyp, Egoiste tagta tarap ýöremegi ümledi.

## Meşhur mugallym

Egoist öňe birnäçe ädim ätländen soň ýene-de bir tanyş ýüze gözi düşdi. Onuň ady Höweslendirijidi, Egoist ony diýseň sylaýardy. Bu adam mekdepde mugallymdy we Egoist ony görnükli adam hasap edýärdi. Ol öz pikirlerini hemişe aýdyň beýan edýärdi, bilimini paýlaşýardy we Egoisti öz sözleri bilen ruhlandyrýardy. Bu ajaýyp halypa öwredende, talyplar höweslenip, galkynýardylar. Beýleki mugallymlar hem okuwçylary galkyndyrýardylar, ýöne wagtal-wagtal juda talap ediji bolup görünýärdiler, sözleri bolsa ýüz görmezden paş edijidi. Höweslendirijiniň

sapagynda beýle zatlar bir gezek-de bolmandy. Ol Egoistiň iň söýgüli mugallymydy.

Egoist ýene-de nökerleriň başlygyna seredip, ozalky mugallymy bilen gürleşmäge rugsat sorady. Ol başyny atyp, razylaşdy. Egoist Höweslendirijiniň ýanyna bardy, olar birek-biregi bilen mähirli salamlaşdylar.

Egoist sorag bermekden saklanyp bilmedi:

– Sen näme üçin bu ýerde – yzky hatarlarda otyrsyň?

– Bu meniň ornum we ýerim. Men Affabeliň iň pes raýatlarynyň biri. Men düzlükde ýaşaýaryn we suw turbalaryny bejerýärin.

– Näme?! – diýip Egoist gulaklaryna ynanmajak boldy. – Sen mekdepde iň oňat mugallymlaryň biridiň-ä! Sen näme üçin raýatlaryň iň pesi bolduň? Sen tagtda oturanlaryň arasynda oturmaly ahyryn.

– Jaliniň dolandyryjylarynyň arasynda we bu beýik ýygnanyşykda birinji orunlary eýeläp bilmeýänligimiň birnäçe sebäbi bar! Köp wagtyňy almaz ýaly, men gysgaça gürrüň bereýin. Ýadyňdamy, durmuşlaryny Jaline bagyş eden adamlary gurluşykçylara meňzedýärdiler. Bize muny mekdep ýyllarynda öwrän-öwrän öwredipdiler. Endelde mugallymlaryň iň esasy wezipeleriniň biri okuwçylarynyň durmuşyny gurmakdan ybaratdy. Biz muny sözler, şahsy göreldämiz we işlerimiz arkaly edýärdik. Maňa hem halypa hökmünde şeýle aýratyn hukuk we jogapkärçilik berlendi. Men okuwçylara Jaliniň taglymatyny we ýörelgelerini öwredýärdim. Emma köp zatda men gaty bir gowy mugallym däldim.

Meniň taglymatym birtaraplaýyndy. Men Jaline hyzmat etmegiň diňe pozitiw taraplaryny nygtaýardym. Men okuwçylarymy üstünliklere ymtylmaga höweslendirýärdim we munuň soňunyň nähili boljakdygy barada oýlanmaýardym. Men olara durmuşyň asyl maksadynyň Jalini hoşnut etmekdigini öwretmedim. Men olara üstünlikli durmuşa ýetmek üçin şalygyň esaslaryny

nädip ulanmalydygyny öwretdim. Şeýlelikde, men olary jemgyýetimizdäki duzaklar we torlar barada habardar etmedim.

Gadymy Ýazgylar Jaliniň tutuş kanunyny öwretmelidigimi aýdyň aýdýar. Bu “adamy *Jaliniň* bedeniniň kämil agzasy hökmünde hödürlär ýaly, her bir ynsana öwüt-ündew edip, uly akyldarlyk bilen taglym bermegi” aňladýar. Men öwredýärdim, ýöne öwüt-ündew we duýduryş bermek üçin jan etmeýärdim. Men diýseň pozitiw mugallym bolmak bilen, sagdyn duýduryşlary etmezden köpleriň durmuşyny gurdum, ýöne Jalina az şan-şöhrat getirdim. – Ol başyny sallady. – Olaryň köpüsi indi höküm edildi.

Egoistiň ýüzüniň ak tama öwrülenini gören mugallym ýene-de bir gezek:

– Hawa, olar heläk boldular. Meniň birtaraplaýyn taglymym sebäpli olaryň köpüsi indi Lon topragyna düşdüler. Men okuwçylaryma bermeli zady bermän, olaryň islän zadyny berdim. Men öz meşhurlygymy ýitiresim gelmändi. Hut şu sebäpdenem men nädogry öwretdim. Men okuwçylarymyň durmuşymyň gowşak we nädogry taraplaryny ýok etmeýärdim. Tersine, olara diňe öz egoistik isleglerini goldaýan bilimi berýärdim.

Ýadyňdamy, gadymy Ýazgylarda mugallymlara şeýle duýduryşlar aýdylypdy: “Olar parahatçylyk ýok ýere ‘parahatçylyk’ diýip, Meniň halkymy azdyrýarlar; biri diwar salanda, olar muňa hek çalýarlar. Şonuň üçin-de hek çalýanlara diwar ýykylar diý; güýçli ýagyş bilen daşly dolular ýagar; diwary tupanly ýel ýumrar”. Köp okuwçylar öz durmuşlarynyň diwarlaryny wagtlaýyn zatlar bilen gurdular we goradylar. Men bolsa kalbymyň jümmüşinde bu diwarlaryň mäkäm däldigini bilsem-de, olara muny duýdurmadym. Men ähli zat gülüla-güllük diýýärdim, aslynda welin beýle däldi. Men olaryň saýlan ýollaryny oňlaýardym we edýänleriniň ýalňyşdygyy aýtmaýardym.

Men şindi Lon topragyna düşen okuwçylaryma gaty gynanýan. Olaryň diňe kähiri Affabele düşdi. – Ol daş-töweregine äňedip, pyşardap diýen ýaly sözüni dowam etdi: –Ýöne olaryň köpüsi yz-

ky hatarlarda otyrlar. Olar durmuşlaryny biderek sarp etdiler we olaryň ähli gazananlary edil şu Hököm tagtynyň öňünde ýanyp kül boldy.

– Şu tagtyň öňünde ýanyp kül boldy? – diýip Egoist gaýtalap sorady.

– Hawa, – diýip mugallym jogap berdi. – Eýsem gadymy Ýazgylardaky şu şözler ýadyňa düşenokmy: "Bu binýadyň üstünde bolsa kimiň altyndan, kümüşden, gymmatbaha daşlardan, agaçdan, çöp-çalamdan ýa-da samandan gurandygy soňra belli bolar. Çünki şol gün ot-alaw arkaly aýan bolar. Ot-alaw her kesiň eden işiniň nähilidigini synar. Eger onuň guran binasy oda çydasa, ol öz sylagyny alar. Guran binasy otda köýse, ol ýitgi çeker. Ýöne altyn-kümşüň otda arassalanyşy ýaly saplanyp, halas bolar".

Gadymy resulyň diýýän binýady – Jaliniň hökmürowanlygyna tabyn bolmak. Bilşimiz ýaly, bu adamlar üçin onuň şalygyna düşmegiň ýeke-täk usulydyr. Biz oňa hakykatdan-da degişli bolsak, bu binýadyň üstünde gurmalydyrys.

Men öz durmuşymy gadymy Ýazgylaryň ülňülerine laýyklykda ölçämde, Jaliniň dogrulyk ülňülerine laýyk gelmändigini gördüm, sebäbi öz okuwçylaryma täsir edip bilmedim. Men okuwçylary Affabel şalygyna taýýarlamakda öz abraýymy ulanmadym, netijede bolsa, öz sylagymy ýitirdim. Beýik mugallym Pawlusyň sözleri ýadyňdamy? Ol öz täsiriniň ýetirýän adamlary barada şeýle diýipdi: "Biziň umydymyz we şatlygymyz kimdir? Rebbimiz Isa gelende Onuň öňünde guwanjak täjimiz kimdir? Siz dälmisiňiz? Elbetde sizsiňiz! Hawa, biziň şatlygymyz-da, guwanjymyz-da sizsiňiz".

Men okadyp başlan döwrümde Jaliniň hakykatlaryny oňat bilýärdim, emma öz ynamsyzlygyma, hemmeleriň göwnünden turmak islegime we tekepbirligime maňa "boýuntyryk" salmagyna ýol berdim. Az salymdan bolsa men ugrumy ýitirdim. Men ilkibaşda wagyz edşim ýaly ýaşaýardym. Emma soňabaka Jaliniň meniň öz durmuşym babatdaky duýduryşlaryny ünsden

düşürdim. Men aldandym. Şu ýerde, şalykda, meşhurlyga we tanymallyga başgaça garaýarlar. Endelde beýik hasaplanýan zatlar bu ýerde biderek hasaplanylýar.

Egoist çyny bilen şuny sorady:

– Höweslendiriji, meniň dostum Jalin her kime täze at daklýar diýip aýtdy. Seniň indi adyň näme?

Mugallym ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Maňa indi Tabyn diýýärler.

Soňra ol başyny sallap, öz ýerine geçdi. Egoist nökereriň baştutanyna tarap öwrüldi we onuň aýdylan zatlary tassyklap, başyny atýandygyny gördi.

Egoist tagta tarap ýöneldi. Indi ol ilkibaşdakysy ýaly ynamly däldi. Ol öz durmuşyny ýatlady. Onuň niýetleri nähilidi? Ol şäheri Jaliniň şan-şöhraty üçin dolandyrdymy ýa-da öz şahsy şöhratparazlygy üçin? Ol durmuşyny nähili ýaşady? Durmuşy Jaliniň sözlerine laýykmydy? Ýa-da ol hem aldanaýdymyka? Ol başgalara öwüt berdimi ýa-da olary öz üstünligini gurmak üçin ulandymy?

## Hökümdar

Egoist zalyň orta gürpünden geçenden soň bu ýerde oturan raýatlaryň has görnüklidigini gördi. Olaryň her bir nazary söýgi bilen şatlykdan doludy. Olaryň gözleriniň saçýan nurundan we mährem ýüzlerinden Egoistiň jany aram tapdy. Bu oňa diýseň kömek etdi, sebäbi olindi özi we özüniň görjek zatlary babatda ynamy gowşap ugrady.

Tagta ýetýänçä, göwnüne tutuş ýüzýyllyk geçen ýaly bolup göründi. Ädimsaýyn Endeldäki durmuşy aýyl-saýyl görnüp başlady. Egoist häkimlik eden döwründe gazanylan üstünlikler sebäpli ýolbaşçylyk orny eýelär diýip heniz-de umyt edýärdi.

Indi Egoist dolandyryjylaryň arasynda durdy; olaryň egninde şa lybaslary, başlarynda bolsa täçleri bardy. Olaryň hersiniň

elinde şa hasasy bardy. Aslynda bular beýik şäheriň iň abraýly raýatlarydy. Egoist bu adamlaryň şöhratdan näderejede doludygyna haýran galýardy.

Şu raýatlaryň arasynda Egoist şäher geňeşliginiň bir agzasynyň kätibini gördi. “*Ol näme üçin tagtda otyrka?*” diýip, Egoist haýran galdy. Ol görnükli hiç iş etmändi. Bu gyz mekdebi bir ýyl öň tamamlapdy. Egoist ony örän gowy tanamaýardy, sebäbi ol biraz çekinjeňdi.

Gyz bir ädim öňe ätlende, nökerleriň baştutany oňa baş egdi. Gyz Egoisti gujaklady, mähirli ýylgyryp, salamlaşdy.

– Hoş geldiň, Egoist. Meniň adym Çydamly. Jalin onuň ýanyna barmazyňdan öň seniň bilen gürleşmegimi haýyş etdi. Men onuň Affabeldäki dolandyryjylarynyň biri.

– Dolandyryjy? Sen nädip dolandyryjy bolup bilýämişiň? Sen Endelde hiç zat etmändiň-ä. – Egoist gödeklik edenini duýup, özüni oňaýsyz duýdy.

Çydamly onuň diýjek bolýanyna düşünýändigini bildirmek üçin başyny atdy.

– Utanma. Bu Beýik şäher zalynda ýalan-ýaşryga hiç ýer ýokdur. Sen dogryňy aýtdyň. Sen Endeldekäň at-abraýyň we daşky sypatyň barada köp alada edensoň, adamlar bilmezden bialaç ýalan-ýaşryk gürleýärdiler. Bu ýerde sözler ähmiýetli, ýöne niýetler we maksatlar has-da gymmatlydyr, sebäbi olar görünýändir. Sen muňa özüň göz ýetirersiň, sebäbi aýdan her bir sözüň üçin höküm edilersiň.

– Aýdan her bir sözüm üçin? – diýip Egoist gygyrdy. – Sen her bir gürrüňdäki her bir anyk söz üçin diýmekçi bolýarmyň?

– Hawa, – diýip çydamly jogap berdi, – aýdan her bir sözüň üçin. Hökmürowan Jaliniň gadymy Ýazgylarda aýdanlary ýadyňdamy? Olarda şeýle ýazlan: “Men size şuny diýýärin: adamlar aýdan her bir boş sözi üçin kyýamat güni hasap bererler. Siz öz sözüňiz bilen aklanyp, öz sözüňiz bilen höküm edilersiňiz”. Boş

sözler peýdasyz, biderek we akmakdyr, olar Jaliniň tebigatyna garşy gelýändir.

– Men hemişe uly ýalan sözlerimiz üçin ýa-da ýagşy we görnükli işlerimiz bilen bir hatarda aýdylan hakykat sözlerimiz üçin hasabat bereris öýdýärdim. – Egoist birsalym dymyp, sözüni dowam etdi: – Maňa näme garaşýar?

Çydamly şeýle jogap berdi:

– Mukaddes Ýazgylar şuny anyk aýdýar: "Ynsan diliniň miwesinden ýagşylyk tapar, elleriniň hyzmaty özüne serpaý bolar". Şunlukda, sen diňe edenleriň üçin däl, eýsem aýdan her bir sözüň üçin-de höküm edilersiň. Olara agzyňdan çykan ýagşy, hatda boş sözleriň-de degişlidir. Ýöne diňe sözleriň däl, eýsem olaryň aňyrsynda ýatan niýetleriň-de derňeler. Şeýle-de seniň aňyňdaky pikirleriň-de derňeler. Jaliniň hökümleriniň adalatlydygyny unutma, ol "ýüregi we aňy synaýar"; onuň hut özi şeýle diýipdi: "*Men-Jalin*, her ynsana tutan ýoluna, eden işlerine görä jeza bermek üçin, ynsanyň ýüregini barlaýaryn, *pikirlerini synaýaryn*". Diňe her bir hereket, her bir söz däl, eýsem olaryň aňyrsynda ýatana her bir niýet hem derňeler.

Hut şu sebäpdenem, sen meni tagtda göreniňde, gaty haýran galdyň. Sen maňa baha bereňde, Endeldäki ülňülere daýanýardyň. Jaliniň hökümi bolsa başgaça, sen ony şindi görüp başladyň we tiz wagtda dolulygyna görersiň. Mähriban doganym, sen Endeldäki durmuşyň üçin mynasyp sylag alarsyň.

Egoist şeýle ýiti hakykaty ömründe eşidip görmändi, emma ol çuňňur söýgi bilen aýdylypdy. Egoist şeýle söýgini heniz duýmandy. Indi ol Jaliniň söýýän we rehimli bolmalydygyny bilýärdi. Ol muny şu pursat Jaliniň dolandyryjysyndan gördi. Bu söýgi bilen aýdylan käýinç sözleridi. Söýginiň başgalaryň göwnünden turmakdan ybarat däl-de, hakykatdygy birdenkä Egoistiň aňyna baryp ýetdi.

Çydamly sözüni dowam edip: "Patyşa saňa garaşýar" diýdi. Şeýle diýmek bilen, ol yzyna – tagta geçdi, nökerleriň baştutany

bolsa üm bilen tagta golaýlamagyny sorady. Olar oňa aşakda – dolandyryjylaryň tagtlarynyň duran ýerinde garaşarlar.

## Egoist Jaliniň öňünde

Egoist basgançaklardan ätläp, öwredilişi ýaly, şanly tagtyň öňündäki meýdança seresaplylyk bilen çykdy. Soňra ol ýokary seredip patyşanyň hut özüni gördi. Şu zalda oturanlaryň biri-de Jaliniň ýaly görmegeý, beýik we şanly däldi. Onuň nuranalygy özüne ýesir edip, haýrana goýýardy. Egoist olar ýaly adamy ömründe görmändi. Ol şol pursadyň özünde Jaliniň danalygyna we güýjüne garşy durup bilmejekdigine düşündi.

Egoist Jaliniň ýüzüne ilkinji gezek sereden badyna patyşanyň has mähirli we ozal göz öňüne getirşinden has wehimli ekendigini gördi. Onuň nazary Egoistiň içinden parran geçýän ýaly bolansoň, ol özüni ýalaňaç kimin duýup, patyşanyň nazaryndan hiç bir zadyň gizlin däldigine düşündi. Egoist hökümiň mähirli boljakdygy babatda ähli umydyny ýitirdi, ýöne bu indi ony asla gyzyklandyranokdy. Ol şu pursat hemme zatdan ileri adalaty isleýärdi.

– Egoist, meniň şalygyma hoş geldiň, – diýip, Jalin oňa ýüzlendi. – Men şu pursada garaşýardym. Sen meniň Endeldäki halkymy dolandyrýardyň. Sen Affabeldäki tagtlaryň birinde oturyp, dolandyrmaga mynasypmyň?

Adatça özüne göwni ýetip, özüni asla ýitirmeýän bu adam şindi näme gürlejegini bilmän, dymdy. Ol ozal özüni baştutan bolmak wezipesiniň hötdesinden gelmäge ukyply saýýardy. Ýöne soňky gürrüňleri eşideninden soň bu pikiriň hem ýalan bolup bilýändigi barada oýlandy.

Jalin iň golaýdaky tagtda oturan dolandyryjylarynyň birine ýüzlenip, şuny sorady:

– Egoist raýatlaryň näçesine täsirini ýetirdi?

Bary-ýogy birnäçe adamyň ady tutuldy. Şeýle aç-açanlykdan ýaňa Egoistiň dili tutuldy.

Patyşa şol dolandyryja ýene-de sorag ýerdi:

– Çydamly näçe adama täsirini ýetirdi?

– Bäş müňden gowrak adama, jenabym – diýip dolandyryjy jogap berdi.

– Bu nädip beýle bolup bilýär? – diýip, Egoist mydardady. – Ol ýönekeý bir kätipdi, men bolsa häkimdim. Biziň sanlarymyzyň şeýle düýpli tapawutlanmagy eýsem mümkin zatmy?

Jalin berk gürläp, şeýle diýdi:

– Men seniň näçe adama täsir edeniňi däl-de, şalygyň hatyrasyna näçe adama täsir edeniňi soradym! – Soňra onuň äheňi biraz ýumşasa-da, şol berkligine galdy. – Hatda seniň ozalky mugallymyň Höweslendiriji (Ol şindi Tabyn adyny aldy) saňa garanda has köp adama täsirini ýetirdi. Ýöne olardan diňe käbiri maksada ýetdi. Şol sebäpdenem ol bu şäherde dolandyryjylaryň arasyndan orun almady. Gürrüňi edilýän täsir Kyýamat gününde diňe meniň sözlerime we şalygyma gabat gelýän ýagdýynda durup bilýändir. – Biraz dymandan soň, Jalin sözüni dowam etdi: – Men saňa Çydamlynyň bäş müňden gowrak adama nädip täsir edendigini görkezesim gelýär. Ol mekdep üçin jomartlyk bilen sadakalar berýärdi we başga zatlarda-da kömek edýärdi. Mekdepde kömek alanlaryň bary onuň hasabyna ýazyldy.

– Ýöne menem mekdep üçin sadakalar berýärdim-ä!

– Seniň sadakalaryň ynsabyňy köşeşdirmek, gazanmak we abraýyňy dikeltmek üçindi. Sen şol sadakalaryň üçin Endelde sylagy doly aldyň. Çydamly bolsa şalygy we adamlary söýýänligi üçin sadakalar berýärdi. Çydamly Gazaply atly adamy imana getirdi. Ol şu wagt Ýaşaýyş Zalynda meniň ýanyma gelmek üçin öz gezegine garaşyp dur. Oňa täze at – Hoş habarçy ady berler, sebäbi ol meniň ýollarymyň beýik jarçysy boldy. Ol müňlerçe adamlaryň durmuşyna täsir etdi. Onuň täsir eden adamlarynyň bary Çydamlynyň hasabyna ýazylar, sebäbi ol Zalymy hyzmata getirdi, oňa öwüt berdi we mekdepde goldady.

Egoist heniz Endeldekä Zalym bilen eden gürrüňdeşligini ýadyna saldy. Ol şonda Zalymy juda dindar we imanynda gyzgyn saýypdy. Zalym şäher gazeti üçin ýygy-ýygydan makala ýazardy we olarda raýatlaryň şalyga jan-tenden berilmeýändigi baradaky pikirlerini paýlaşardy. Ol endelitleriň köpüsine jaň edip, şäher geňeşiniň agzalaryna elektron poçtasy arkaly hat ýazyp, mekdebi giňeltmekde goldamaklaryny haýyş edýärdi. Egoist ýer paýlaşygynda öz sesini mekdebi däl-de, supermarketi gurmaklyga berende, Zalym diýseň närazy bolupdy. Şonuň üçin-de, Egoist Zalymy halap baranokdy. Indi bolsa ol utanjyndan ýaňa näme etjegini bilenokdy, sebäbi ol Zalymyň göreşen ähli zatlarynyň Jaliniň kanunyna laýyk bolup, Affabeliň bähbidi üçin bolandygyna düşündi. Ol neneň edip şeýle kör bolup bildikä?

Jalin Çydamlynyň endelitlere şalygyň hatyrasy üçin nähili täsir edendigini gürrüň bermegini dowam etdirdi. Ol gyzyň eden ujypsyzja işlerini sanap, olaryň umumy jeminiň ägirt netijleri berendigini gürrüň berdi. Çydamly ähli adamlara mähir bilen päk ýürekden garaýardy. Ol mätäçlere köp sahylyk edýärdi. Ol hakykat ugrunda mäkäm durýardy.

Çydamly barada gürrüň bermegini tamamlandan soň, Jalin Egoistiň durmuşyna jikme-jik garady. Çydamlynyň duýduryşy ýaly, her bir söze, her bir niýete we herekete baha berildi. Egoist patyşanyň hatyrasy üçin az iş etmändigini gördi, ýöne durmuşynda egoistik niýetlerinden, şahsy howpsuzlygy we abraýy üçin eden hereketleriniň köp bolandygyna gynandy. Durmuşyna syn edilip bolnan pursadynda, Egoist özüni höküme duçar edilen kimin duýýardy.

– Men ömrümiň ahyryna çenli höküm edilmä mynasyp – diýip, Egoist gygyrdy. – Men Lon topragyna iberilmäge mynasyp. Men özüme berlen wezipäni eýelemek bilen, köp sarp etdim, emma şeýle az gaýtardym!

Ony güýçli agyry gurşap aldy, ýaňaklaryndan gözýaşlary syrygyp gaýtdy. Bu Beýik Zala şeýle ynamly gadam basan Egoist in-

di sypaldan ýapyşýana dönüpdi. Onuň indi bar umydy – rehimdi. Ol patyşanyň Lon topragyna sürgün edilýändigi baradaky jeza hökümini tabynlyk bilen diňlemäge taýýarlandy.

Agyr dymyşlykdan soň patyşa şeýle diýdi:

– Egoist, sen meniň hyzmatkärim; sen şeýle köp sowrandygyňa garamazdan, sen maňa ynandyň we meniň hökmürowanlygyma tabyn bolduň. Men seni söýýärin we ömrüňi meniň şalygymda geçirmäge çagyrýaryn.

Egoist aňk-taňk boldy. Ol ýokary seredip, gaýtadan aglap başlady, ýöne bu gezek ol gynançdan däl-de, söz bilen beýan edip bolmajak şatlygykdan aglaýardy. Onuň kalby beýik patyşanyň rehimdarlygy we merhemeti üçin bolan minnetdarlykdan dolup-daşýardy. Jaliniň häsiýeti barada eşidenleriniň bary göz açyp-ýumasy salymda oňa birdenkä şeýle aýdyň boldy. Bir sekunt mundan öň ol öňde-soňda duýmadyk utanjy we agyryny başdan geçiripdi. Ol sürgün edilip, jezalandyrylmakdan başga zada mynasyp däldi – ol jeza mynasypdy, onuň ömri muňa şaýatlyk edýärdi. Indi bolsa iň mähirli we rehimli sözleri eşidýär. Şeýle sözleri diňe patyşanyň öz ajaýyp şäherinde garşylaýan wagtynda eşidip bolýandyr. Nähili rehimdarlyk! Nähili ajaýyp söýgi!

Egoist işleriniň ählisiniň diýen ýaly ýanyp kül bolşuny gördi, emma gulaklarynda: “Men seni söýýärin we öz şäherimde garşy alýaryn” diýen sözler heniz-de ýaňlanýardy. Ol birdenkä Kanagatlynyň hakykaty aýdandygyna düşündi. Patyşanyň her bir çözgüdi garaşylanyndan hem üstün çykýardy.

Patyşa sözüni dowam etdi:

– Egoist, seniň adyňy indi beýle tutmazlar. Ine, men saňa täze at berýärin. Meniň şalygymda saňa Gözi dok diýerler. Men seniň üçin düzlükde jaý taýynlap goýdum, sen ol ýerde daşky gurşawy rejeleleşdirmek bilen meşgullanarsyň. Sen bu şäheriň ýolbaşçysy bolmajakdygyňa garamazdan, onuň daşky çäklerini dolandyrmakda maňa kömek edersiň.

– Seniň bilen onuň daşky çäklerini dolandyrmak? – diýip, Egoist gulaklaryna ynanmajak bolup sorady.

– Bu şäherde ýaşaýanlaryň ählisi ýolbaşçy, – diýip, Jalin jogap berdi. – Meniň çäklerim planetanyň iň äňry çäklerine çenli uzalyp gidýär, meniň şalygymda başga-da köp şäherler bar. Bu şäherleriň ýaşaýjylary Affabeliň raýatlary hökmünde Endeldäki ýaly türgenleşikleri geçmediler we hökümde bolmadylar. Şonuň üçin-de, bu şäheriň ýaşaýjylarynda bolan ukyplar we başarnyklar olarda ýok. Affabeliň özünde ýolbaşçy bolmajakdygyňa garamazdan, sen maňa giňişleýin dolandyrylyşda kömek edersiň. Seniň anyk wezipäň – ýolbaşçylyk etmek, hyzmat etmek we Benjil kontinentiniň ýigrimi şäherindäki daşky gurşaw dizaýnerlerini okatmak.

Gözi dok başyny sallap, möňňürýärdi. Patyşanyň rehimdarlygy aňa sygardan juda beýikdi.

Patyşa stoluň ýanyna baryp, ondan bir zat aldy-da, Gözi dokuň ýanyna ýöneldi. Meýdança düşüp, patyşa şeýle diýdi:

– Indi şuny al-da, iý.

Gözi dok patyşanyň elinden miwäni alyp iýdi. Ol şeýle datly tagamy öňde-soňda iýip görmändi. Bu onuň aňyna we kalbyna aýdyňlyk beren ýaly boldy. Onuň pikirleri beýik söýgüden we hyzmat etmek isleginden dolup daşýardy. Ol miwäni iýýärkä, ozalky agyry we garaňky oý-pikirleri ondan aýrylyp gitdi. Gözi dok özüni kuwwatly, bagtly, umytdan we imandan doly duýdy. Onuň bu iýen miwesiniň ozal mugallymlarynyň gürrüň beren şol ýaşaýyş daragtyndandygyna düşünmek üçin kän wagt gerek bolmady. Gözi dok begenjinden ýaňa ýylgyrdy, Jalin bolsa göwnühoşluk bilen ony synlaýardy.

Soňra Jalin şeýle diýdi:

– Yzyňa öwrül-de, maşgalaňy gör.

Gözi dok derrew yzyna öwrüldi. Ol şu ýerde bolanlaryň onuň durmuşynyň jikme-jiklerini eşidendikleri sebäpli heniz-de özüni oňaýsyz duýýardy. Emma ol auditoriýa tarap öwrülende, güýçli el

çarpyşmalary, şatlyk seslerini eşitdi, saz ýaňlanyp başlady we şalygyň raýatlary tans oýnamaga başladylar. Gözi dok şeýle abraýly adamlaryň oňa şeýle söýgi we gadyr goýýandyklaryna kynlyk bilen ynanýardy. Bu ýagdaý ony Endeldäki ähli ýalňyşlaryndan saplap, şypa berdi. Ol indi bütinleý päkdi.

Yzyna öwrülende, ol Jaliniň ýüzünde iň mähirli ýylgyryşy gördi. Gözi dok onuň gözlerine üns berdi. Onuň gözleri Gözi doka şeýle bir söýgi we mähir bilen seredýärdi. Ol beýle zady ozal görmändi. Indi ol Çydamly we beýleki köp raýatlar ýaly Jaliniň pikirlerini eşidip bilýärdi. Bu pikirler lezzetlidi, onuň söýýän adamlaryny garşy almak we olaryň köp ýyl duýjak lezzeti baradady. Gözi dok ýüzin düşüp, patyşa tagzym etdi. Patyşa ony aýagyna galdyryp, pugta gujaklady-da, ýylgyryp, şeýle diýdi:

– Eý, dost, hoş geldiň.

Soňra Gözi doky auditoriýanyň yzky hataralaryndaky ýerine ugratdylar. Ol şol ýerden öz tanyş endelitlerine çykarylýan hökümlere syn edip bilýärdi. Indi her bir göz ýaş süpürilipdi. Hiç bir gaýgy, agyry ýa-da jebir galmady, köne zatlaryň bary geçip gitdi.

## Sahawat we oňa çykarylan höküm

Günortan heniz gelip ýetmändi we, ine, Sahawatdan başga hemmeler gezek-gezegine Höküm zalyna çagyrylypdylar. Onuň ýeke özi galdy. Emma onuň ýüregi gysara maý bolmady, sebäbi garaşylma zalynda ol ajaýyp şäheriň awtorlary tarapyndan ýazylan ençeme kitaplary tapdy. Nökerleriň baştutany Sahawaty çagyrmaga gelende, ol “Affabeliň ýyl ýazgylarynyň ikinji kitabyny” okap otyrdy.

– Sahawat, patyşa saňa garaşýar.

Ýürek şatlykdan ýaňa gürsüldedi. Ol hazir şeýle köp garaşanyny we şeýle güýçli söýýänini görer. Ol bu pursada ençeme ýyl garaşypdy. Ine, şol garaşylan pursat ýetip hem geldi. Nöker ýylgyrdy we olar Beýik Zala bile girdiler.

Zalyň gapylary açylan badyna, ondaky ajaýyplykdan ýaňa demi tutulara geldi. Emma girelgeden uzakda beýgelip duran Jaliniň tagty ähli ünsi özüne çekýärdi. Şu pursatdan başlap, ol diňe şonuň suduryny görýärdi. Sahawat auditoriýada oturan Affabeliň abraýly raýatlaryna göz aýlady. Ol öz içinden: "Ah, nähili ajaýyp adamlar!– diýip oýlady. – Haçan hem bolsa bir wagt menem şolaryň biri bolup bilermikäm?"

Sahawat adamlaryň deňinden geçende, olaryň oňa baş egýändiklerini gördi. Bu abraýly erkekdir aýallar näme üçin oňa baş egýärkäler? Ol tagta golaýldygyça, bu oturan adamlaryň eginbaşlaryndan saçylýan nur has-da güýçlenýärdi. Olar adatdan daşary adamlar kimin görünýärdi. Şeýle adamalar nädip oňa baş egip bilýärkä?

Şol adamlaryň arasyndan ol Endeldäki tanyşlarynyň käbirini tanady. Olaryň ýylgyryşlary şatlykdan we söýgüden doludy. Sahawat aýak çekip, olaryň her birini gujaklasy gelýärdi, emma bu pursadyň munuň üçin amatly däldigini duýýardy. Ol Zalymy görende, özüni saklap bilmedi. Ol onuň ýanyna ylgap bardy-da, ony pugta gujaklady. Olaryň şatlygy ikitaraplaýyndy.

Zalym başyny egip, şeýle diýdi:

– Täze öýüňe hoş geldiň.

– Zalym, sen näme üçin maňa baş egýärsiň? – diýip, Sahawat sorady. – Maňa sežde eder ýaly, men Hudaý däl.

– Sežde etme bilen hormat goýmaň arasynda tapawut bar, – diýip, raýat Ýaraşdyrylan jogap berdi. – Seždä diňe Hökmürowan mynasypdyr, biz bolsa bu şalykda Endelde bize oňat hyzmat edenleriň baryna hormat goýýarys. Şeýle-de biz aramyzda dolandyrýanlaryň ählisine hormat goýýarys. Biz Endelde hormat goýmaklygyň ähmiýetine düşünmeýärdik. Sahawat, sen Endelde maňa hyzmat etdiň. Eger sen patyşa gulak asmadyk bolsadyň, men bu ýerde bolmazdym, men ret eilen Lon topragyna düşerdim. Men ilki bilen we hemme zatda öňürti patyşanyň

öňünde bergilidirin, ýöne men saňa hem minnetdardyryn. Men saňa höwes bilen hyzmat ederin we soňuna çenli saňa hormat goýaryn. Sahawat, maňa indi Zalym diýmeýärler. Jenap Jalin maňa täze at – Ýaraşdyrylan diýen ady berdi. Maňa, belki, patyşa tarapyndan iň uly rehimdarlyk edildi.

– Ýaraşdyrylan, nähili ajaýyp at! – diýip, Sahawat seslendi. – Eziz dostum, men saňa Endelde seniň bu ýerde maňa hyzmat ederiň ýaly derejede hyzmat etmändim. Men ony saňa bolan söýgim we gelejekki ykbalyň baradaky aladam sebäpli edipdim.

– Seniň niýetleriň saňa goýjak hormatymyň we etjek hyzmatymyň sebäbi bolup durýandyr. Patyşa seni jomartlyk bilen sylaglar. Sen Jaline bolan söýgiň üçin zähmet çekdiň, abraý ýa sylag gazanmak üçin işlemediň. Jalin onuň söýgüsi bilen başgalara hyzmat edýänlere merhemet edýär. Endelde bolanymyzda, diňe onuň görnüşini kabul etmek däl-de, onuň ýüregine ýetmek wajypdy. Sen bularyň ikisiniň-de hötdesinden geldiň, eý, mähriban uýam. Seniň ýüregiň niýetleri maňa-da geçdi. Hut şu sebäpdenem, Endelde ýaşan soňky hepdämiň dowamynda köplere ýürekden hyzmat etmäge dyrjaşdym. Hyzmatymyň şeýle gysgawagtlaýyn bolandygyna garamazdan, men indi öz zähmetim üçin jomart sylaglandym.

Sahawat ýylgyrdy.

– Ýaraşdyrylan, men muňa gaty begenýän. Men saňa ömrümiň ahyryna çenli hyzmat ederin.

– Sahawat, sen Affabelde eýýäm ençeme ýyl bäri ýaşap gelýänleriň biri kimin gürleýärsiň, – diýip, Ýaraşdyrylan jogap berdi. – Biz bu beýik şäherde biri-birimize hyzmat etmek üçin ýaşaýarys. Hakykatda, bize ýolbaşçylyk edýänler iň uly hyzmatkärler bolup durýandyr. Biziň bolsa wezipämiz iň kyn wezipelerdir, ýöne biz olary berjaý etmekden lezzet alýarys. Bu ýerde Endeldäki ýaly däl. Ýolbaşçylar özlerini hyzmat edilmekligi agtarmaýarlar. Tersine, başgalara hyzmat edip bilýändiklerine begenýärler. Islendik raýat üçin iň uly şatlyk, birinjiden, patyşa hyzmat etmekden, ikinjiden, öz

raýatdaşlaryna, aýratyn-da Endelde ýaşan döwründe oňa täsirini ýetirenlere, iň ahyrynda-da, daşky çäklerde ýaşaýan ilata hyzmat etmekden ybarat. Bu ilat barada biraz soňra bilersiň. Eý, mähriban uýam, men saňa buýsanýan. Patyşaň ýanyna bar. Ol seni görmek we sylaglamak isleýär – diýip, Ýaraşdyrylan sözüni tamamlady.

Şunlukda, olar ýene bir gujaklaşdylar we Sahawat nökerleriň ýanyna dolanyp bardy. Olar tagta tarap ýöneldiler.

## Sahawat Jaliniň öňünde

Sahawat tagtyň ýanyna barandan soň Jaliniň ýüz keşbini aýdyň saýgaryp bildi. Ol bar ünsüni Jaline gönükdirensoň, has kiçi hökümdarlaryň oňa baş egýändiklerini-de görmedi. Sahawat patyşanyň parlak nuruna ýesir boldy.

Basgançaklardan meýdança galandan soň, Sahawat ýüzin düşüp, patyşa sežde etdi. Jalin aşak düşüp, ony aýagyna galdyrdy. Patyşa söýgi bilen şeýle diýdi:

– Sahawat, eý, meniň mähriban gyzym, şalyga hoş geldiň. Men seni görjek pursadyma garaşýardym.

– Rebbim, bu pursada intizar bolan mendim, – diýip Sahawat aýtdy. – Sen meniň patyşamsyň. Indi men saňa has doly hyzmat edip bilerim ýaly, ömrümiň ahryna çenli seniň huzuryňda bolaryn diýip umyt edýärin.

– Şalyga gir-de, oňa eýe bol, ol ezelden bäri seniň üçin taýýarlanyp goýuldy, – diýip patyşa aýtdy. – Men açdym, sen nan berdiň, teşnedim, sen maňa suw berdiň, kesekidim – myhman aldyň, ýalaňaçdym – don berdiň, hassadym – bejerdiň, zyndandadym – görmäge bardyň.

Sahawat haýran galyp, şeýle diýdi:

– Ýa Reb, men Seni haçan aç görüp, nan berdim? Haçan teşne görüp, suw berdim? Haçan Seni keseki görüp, myhman aldym ýa ýalaňaç görüp, don berdim? Haçan Seni hassa ýa-da zyndanda görüp, ýanyňa bardym?

– Size dogrusyny aýdýaryn, – diýip patyşa aýtdy. – Meniň bu iň pes saýylýan doganlarymdan birine edeniňizi maňa edensiňiz!

Jalin oňa öz kanunyna tabyn bolup, halkyna sadyklyk bilen hyzmat edişini gürrüň berdi. Sahawatyň tutuş ömrüne: onuň her bir sözüne, hereketine, pikirine we ýürek niýetine ser salyndy. Ähli zat açykdy; hyzmaty, mekdebe beren sadakalary, raýatlara görkezen söýgüsi, dünýewi we abraýsyz işlere gatnaşmakdan ýüz öwürmekligi, Jaline bolan söýgüsi sebäpli sezewar edilen yzarlanmalary, restorany arkaly başgalara eden hyzmaty, azaşan janlary tapyp almaklygy, azaşanlar üçin aglan we dileg eden sagatlary, Jaliniň kanunlaryna eýermekdäki sarsmazlygy, oňa berk eýerýänligi üçin täsiri güýçli bolan jemgyýetden çykarylmagy. Öz raýatlaryna garşy gürlemekden we gybata gatnaşmakdan boýun gaçyrmaklygy... Sanaw gaty uzyndy.

Sahawat öz durmuşynyň başgalara näderejede täsir edendigini bilende, haýran galdy. Onuň Jaliniň şöhraty üçin eden işleriniň köpüsi öňünden meýilleşdirilmändi ýa-da oýlanyp tapylmandy. Ol diňe gadymy ýazgylardan öwrenen durmuşyna eserdeňlik bilen eýerýärdi.

Ýanyp köýen işleriň sany sanlyjady. Sahawat sypdyrylan mümkinçiliklere we goýberilen ýalňyşlara gynanýardy. Emma onuň edenleriniň diňe ujypsyzja bölegi ýitirilipdi.

## Sahawat üçin sylag

Patyşa Sagawatyň soňky pikirlerine, sözlerine we işlerine syn edenden soň, kiçi hökümdara ýüzlenip, şeýle sorady:

– Sahawat patyşalygyň hatyrasyna näçe adama täsirini ýetirdi?

Hökümdar jogap berip, şeýle diýdi:

– Ýa Rebbim, 5183 adama, tutuş jemgyýetiň altydan bir böleginden-de kän adama.

Sahawat haýran galdy:

– Eýsem şeýle köp adamamy?

Jalin şeýle diýdi:

– Gadymy ýazgylary ýatla. Men “siziň ekeniňizi boldan-bol artdyryp, dogrulygyňyzyň bol hasylyny köpeltmegi” söz beripdim. Sahawat, meniň şalygym köpeltme esasynda hereket edýär.

Soňra patyşa Sahawatyň jemgyýetde ýolbaşçy bolmandygyna garamazdan, tabynlykdan eden hereketleriniň köpçülige nähili täsir edendigini jikme-jik görkezdi. Ýaýrap gidýän halkalaryň täsiri diýseň güýçlüdi. Jalin sözüniň üstüni ýetirip, şeýle diýdi:

– Ýazylyşy ýaly, “Ol sahylyk bilen paýlady, mätäje berdi, onuň dogrulygy, ýagşylygy we sahylygy dowam eder ebedi!” Maňa tabyn bolan durmuş ýaýrap gidýän halkalaryň täsirine eýedir. Bu barada raýatlaryň biri-de aňlaýan däldir. Olar muňa diňe meniň öňümde duranlarynda düşünip galýarlar. Köpler ownuk zatlarda gulak asmaýarlar, emma göräýmäge ähmiýetsiz bolup görünýän zatlar bu şalykda beýik hasyly emele getirýärler. Seniň islendik ýagdaýda tabyn galmagyň munuň açary bolup durýandyr.

Soňra Jalin:

– Sahawat, sen çepiňde, meniň gapdalymda boş duran tagty görýärmiň? – diýip sorady.

Ol:

– Hawa, Rebbim – diýip jogap berdi.

– Sen onuň üstünde oturyp, meniň bilen bile ömrüňiň ahyryna çenli dolandyrarsyň.

Sahawat gaty geň galyp, aýdara söz tapmady:

– Ýa Rebbim, men dolandyrmaga mynasyp däl. Men ýöne bir restorany dolandyrypdym. Menden has başarnykly adamlar bar. Men şeýle beýik şalygy nädip dolandyryp bilerin? Egoist gowy ýolbaşçydy. Ol babatda nähili? Maňa, gaýrat edip, saňa we seniň halkyňa hyzmat etjek işi tabşyraý-da.

– Egoist Beýik zalyň yzky hatarlarynda otyr we şäheriň düzlük diýip atlandyrylýan etrabynda daşky gurşawy rejelemek işini alyp barar. Şeýle-de ol şalygyň däşky çäklerindäki beýleki dizaýnerlere

hyzmat eder, – diýip, Jalin jogap berdi. – Sen bolsa ýolbaşçylaryň arasynda bolarsyň, sebäbi sen maňa we meniň halkyma söýgiňi görkezdiň. Seniň sabyrlylygyň, sadyklygyň we tabynlygyň saňa şeýle abraýy getirdi. Eýsem meniň gadymy ýazgylardaky: “Özüni ýokary tutýan adam peseldiler (abraýly we sylaglanan adamlardan pes tutular), pes tutýan (özi barada pespällik bilen pikir edýän we şoňa görä hereket edýän) bolsa beýgeldiler (derejesi beýgeldiler)” diýen sözlerim ýadyňa düşenokmy? Sen diňe ýanymda bolmak bilen çäklenmän, eýsem Beýik deňziň kenarýakasynda taýynlap goýan jaýymda ýaşarsyň. Ol şa merkezinde meniň köşgümiň ýanynda ýerleşýär. Seniň suwy we tolkun seslerini nähili söýýändigiňi bilemsoň, seniň islegiňi hasyl etdim. Men öz sadyk hyzmatkärlerimiň ýürek arzuwlaryny hasyl edýändirin.

Sahawat gürläre söz tapmady.

Patyşa sözüni dowam edip, şeýle diýdi:

– Sen şäheriň on etrabyna ýolbaşçylyk edersiň. Ýolbaşçylaryň ýene-de on birisi bar. Olar Affabel şäheriniň ýüz ýigrimi etrabyny dolandyrýarlar. Sen meniň we şäheriň beýleki ýetmiş ýedi ýolbaşçysy bilen işleşersiň. Bu ýolbaşçylar häzir tagtda otyrlar. Olara magaryf, önümçilik, tomaşa, sungat we ş.m. çäklerde dolandyrmak ygtyýary berlendir. Ýetmiş ýedi ýolbaşçy, men we Atam Affabeldäki durmuşa gözegçilik edýäris we ony meýilleşdirýäris. Sen meniň geňeşdarlarymyň biri bolup, men bilen raýatlarymyň arasynda atagatnaşyk saklarsyň.

Sen meniň bilen diňe bu şäherde däl, eýsem, beýleki ýetmiş ýedi ýolbaşçylar ýaly, şalygyň daşky çäklerine hem ýolbaşçylyk edersiň. Men saňa Benjill kontinentiniň ýigrimi şäheriniň üstünden agalygy berýärin. Sen bu kontinentiň premýer-ministri bolarsyň. Bu şäherleriň ähli ýolbaşçylary we ýaşaýjylary saňa hasabat bererler. Sen bolsa diňe maňa hasabat berersiň.

Jaliniň bu sözlerini eşiden Kanagatly klasdaşy üçin begenip, ýerinden towsup turdy. Emma onuň şatlygyna özüniň sypdyran

mümkinçiligi baradaky ökünç hem goşulýardy. Ol hem şalygyň hatyrasynda müňlerçe adama täsirini ýetirip bilýärdi, emma ol muny etmedi. Ol Jaliniň hut özi bilen işleşjek beýik ýolbaşçylaryň biri bolup bilerdi. Ol özüne Affabel şalygynda ýaşamaga rugsat berlendigi üçin minnetdardy, ýöne Endelde ýaşan gysga wagtyny biderek sarp edendigine düşünýärdi. Bu bolsa onuň galan 130 ýyl ömrüne täsir edipdi.

Patyşa nökerleriň baştutanyna ýüzlendi:

– Maňa ýeňijiniň täjini we hasasyny getiriň, – diýip aýtdy.

Ol getirilen täji we hasany alyp, täji Sahawatyň başyna geýdirdi.

– Oňat! – diýip, patyşa gygyrdy. – Ýagşy hyzmatkär, az zatda sadyk bolanyň üçin, on etraby we ýigrimi şäheri dolandyrmaga al.

Soňra Jalin hasany uzadyp, şeýle diýdi:

– Saňa indi Sahawat diýmezler, men saňa täze at berýärin – Söýgüli Ýeňiji. Men Endeliň ýaşaýjylaryna öňünden duýdurypdym ahyryn: “Atamyň Maňa ygtyýar berşi ýaly, men hem yradamy ahyra çenli berjaý edene welaýatlaryň we milletleriň üstünden ygtyýar bererin. Ol milletleri demir hasasy bilen dolandyrar”.

Jalin stoluň ýanyna baryp, onuň üstünde galan soňky miwäni aldy. Ol ony Söýgüli Ýeňijä berip, şeýle diýdi:

– Meniň mähriban dostum we işdeşim, sen ýaşaýyş daragtynyň miwesinden iýip bilersiň.

Söýgüli Ýeňiji ony dadan badyna güýçli päklenmäni duýdy. Dünýädäki iň tagamly bolan bu miwäni iýenleriň bary şeýle duýgulary başdan geçirýärdiler. Söýgüli Ýeňijiň pikirleri has-da uly söýgüden doldy, hyzmat islegi bolsa öňde-soňda duýmadyk derjesine galdy. Ol agyrydan we garaňky pikirlerden bütinleý dyndy. Ähli zat täze boldy. Ol täze güýjüň inýändigini duýdy we bagtdan, imandan doldy. Söýgüli Ýeňiji Jaline seredip, ýylgyrdy. Soňra, göräýmege hiç bir sebäpsiz, olaryň ikisi-de hezil edip güldüler. Bu ömürboýy dowam edýän dostlugyň başlangyjydy.

Jalin ony tagtyň ýanyna eltip, şeýle diýdi:

– Söýgüli Ýeňiji, yzyňa gara-da, maşgalaňa seret.

Ol yzyna öwrülip sereden-de, el çarpyşmalaryň sesi zaly gurşap aldy. Şatlyk sesleri we tanslar zaly doldurdy. Bu başga baýramçylyklaryň birine-de meňzemeýärdi. Zalyň içi şadyhorramlykdan we dabaradan doldy. Söýgüli Ýeňijiniň ýüzüni ýylgyryş ýagtylandyrýardy, onuň görýän söýgüsi kalbyny diýseň joşdurdy. Patyşa ony egninden gujaklap, şuny jar etdi:

– Eý, sadyk we oňat hyzmatkär, öz hojaýynyňyň şatlygyna gir.

Şunlukda, patyşa, onuň hyzmatkärleri we şanly Affabel şalygy baradaky wakamyz tamamlanýar.

## Öwüt we duýduryş sözleri

Geçen baplarda biz mukaddeslere nähili kazylyk ediljekdiginiň ujypsyz şöhlesini gördük. Men onuň dolulygyny beýan edip bilemok, ýöne Isa Mesihiň kazylygynyň şan-şöhraty bu wakada beýan edilen şan-şöhratyň islendiginden köp esse artyk bolar. Emma biziň allegoriýamyzda Hudaýyň Şalygynyň köp hakykatlary şekillendirilendir.

Wakanyň jikme-jikleri hakykata dalaş edenok, olar diňe ony güýçlendirip, nygtaýarlar. Isa Mesih tymsallary gürrüň berende, siz hakykata gatnaşygy bolmadyk jikme-jiklere üns bermän, Onuň Öz tymsalynda aýtjak bolan manysyna görýärsiňiz.

Men hem Isa Mesihiň baky Şalygyna degişli bolan möhüm pursatlary nygtasym geldi. Siz kitaby okamagy tamamlaňyzda, allegoriýany gaýtadan okamak bilen, kitabymyzda aýatlary giňden mysal getirilen Mukaddes Ýazgylaryň düýpsüz çuňlugyny görüp bilersiňiz.

9-NJY BAP

# GÖKLER

*Men bolsa dogrulykda Seniň ýüzüňi görerin,*
*oýanan wagtym didaryňdan doýaryn.*
— Mezmur 16:15

Indi bolsa, geliň, dogruçyllaryň gidişi barada gürrüň edeliň. Imansyzlar üçin wagtlaýyn ýeriň – dowzahyň we iň ahyrky – ýanýan kükürtli kölüň bar bolşy ýaly, ýogalan dogruçyllar üçinem iki sany mesgen bar. Şindiki öýi köpler *gökler* diýip atlandyrýarlar, ýöne has takyk aýtsak, Mukaddes Ýazgylara laýyklykda, ol ýere *gökdäki Iýerusalim* diýilýär. Dogruçyllaryň iň ahyrky mesgeni hem Iýerusalim diýip atlandyrylar, ol ýerde ýerleşer.: Bu şäher ahyrky hökümden soň gökden ýere iner. Onuň ady – *Täze Iýerusalim* (ser.: Aýanlyk 21:2).

## Ýokarky Iýerusalim

> "Siz bolsa Sion dagyna, diri Hudaýyň şäheri bolan göge degişli Iýerusalime, şagalaňly üýşmeleňe ýygnanan müňlerçe perişdeleriň huzuryna golaýlaşdyňyz. Hudaýyň perzentleriniň ýygnagyna golaýlaşdyňyz, olaryň atlary gökde ýazylandyr. Hemmäniň Kazysy bolan Hudaýyň huzuryna geldiňiz. Hudaýyň owal-başdan kämillige ýetiren adamlarynyň öňüne geldiňiz. Siz täze ähtiň Binýatçysy Isanyň huzuryna geldiňiz. Habylyň öç almaga gygyrýan ganyna dälde, eýsem günälerimizi ýuwmak üçin sepilen Isanyň ganyna ýakynlaşdyňyz" (Ýewreýlere 12:22-24).

Gökdäki Iýerusalim, ýa-da ýokardaky Iýerusalim (ser.: Galatýalylar 4:26), - bu biziň wakamyzda Affabel şäheri arkaly beýan edilen şäher. Ol Siýon dagynyň üstünde dur. Onda Ata we

Ogul milliardlarça perişdeler bilen ýaşaýar. Ol ýerde şagalaňly üýşmeleň, nowbaharlaryň Ýygnagy bilen Köne Ähtiň mukaddesleri we Isa Mesihde dogruçyl bolup ýogalanlar mesgen tutýarlar.

Şeýle-de, bu şäherde "kämillik derejesine ýeten mukaddesleriň *ruhlary*" ýaşaýar. Eger awtor öz sylagyny almak üçin giden Köne we Täze Ähtiň mukaddeslerini eýýäm agzan bolsa, onda bu adamlar kimkä?

Ýadyňyzdamy, biz gaýtadan dogulmak bilen, bütinleý täze ýaradylyş bolduk, biziň ruhumyz Isa Mesihe laýyklykda kämil we biz Onda tapyldyk. Mukaddes Ýazgylaryň bur parçasynda awtor ten ýa jan barada aýtmaýar, ol diňe ruh barada aýdýar. Men munuň Isa Mesihe şu ýerde – ýer ýüzünde hyzmat edýänlere hem degişlidigine ynanýaryn. Ine, şu barada oýlanyp görüň: Ýewreýlere hatyň awtory bizi şuňa höweslendirýär: "Geliň, merhemetli Hudaýyň tagtyna batyrgaýlyk bilen golaýlaşalyň" (Ýewreýlere 4:16). Merhemet tagty Hudaýyň şäherinde ortarasynda ýerleşýär, çagyryş bolsa bize, ýagny ýer ýüzünde ýaşaýanlara degişli. Häzirlikçe şu ýerde – ýer ýüzünde ýaşaýanlaryň köpüsiniň tagt zalyna dilegde barýandyklary sebäpli ol ýerde tanalýan bolmagy ähtimal zatmyka?

Biziň her birimiz ruhdurys. Ol akyldan, erkden we duýgulardan ybarat bolan jan bolup, häzirki wagtda bedende mesgen tutýar. Isa Mesih Hudaýa sežde etmegiň ýeke-täk usulynyň "ruhda we hakykatda" sežde etmeklikdigini aýdýar (Ýohanna 4:24). Pawlus bolsa muny nygtap, şeýle diýýär: "Men Hudaýyň Ogly baradaky Hoş Habary ýaýradyp, Hudaýa *jan-tenden hyzmat edýärin*, siziň üçin gije-gündiz dileg edýärin. Muňa Hudaýyň hut Özi şaýatdyr" (Rimliler 1:9). Biziň ruhumyzyň Hudaýyňky ýaly ýaradylany we gaýtadan doglanymyz sebäpli, indi mätäçligimiziň bolan ýa-da Hudaýa sežde etmek islegi dörän islendik wagtymyz Isa Mesihiň gany hem-de Mukaddes Ruhuň güýji arkaly Hudaýyň tagt zalyna girmäge mümkinçiligimiz bardyr.

## Asmana barmak

Häzirki wagtda ýokarky Iýerusalim üçünji gökde ýerleşýär. Bu hakyky ýer, resul Pawlus ýogalmazyndan öň ol ýerde bolup görüpdi. Ol şeýle ýazýar:

> "...Indi Rebden gelen görnüşlere we aýanlyklara geçeýin. Men Mesihiň bir şägirdini tanaýaryn. Ol on dört ýyl mundan ozal gökleriň gögüne äkidildi. Bu ahwal bedende ýa-da bedenden daşarda bolupmy – bilemok, muny Hudaý bilýär. Hawa, men şeýle adamy tanaýaryn. Ol huşundamy ýa gören görnüşindemi – bilemok, muny diňe Hudaý bilýär, garaz, jennede äkidilýär. Ol ýerde söz bilen beýan edip bolmajak ajaýyp zatlary, ynsana aýtmaga rugsat edilmedik zatlary eşidýär" (2 Korintoslylar 12:1–4).

Mukaddes Ýazgylary teswirleýänler Pawlusyň bu ýerde özi barada aýdýandygy babatda ylalaşýarlar. Täze Janly terjimede bu aýat şeýle terjime edilen: "On dört ýyl mundan ozal men üçünji asmana äkidildim". Pawlusyň özüniň bedende ýa-da ondan daşarda bolandygyny bilmeýändigine üns beriň. Muny asmanyň hakyky we fiziki bar bolan ýerdigi arkaly düşündirip bolýar. Men asmany göze görünmeýän giňişlik, adamlary bolsa ol ýerde göze görünmeýän ruhlar görnüşinde uçýar diýip hasaplaýan köp adama gabat geldim. Ýok, bu fiziki ýer. Ol ýerde köçeler, agaçlar, haýwanlar, binalar we ş.m. zatlar bar.

Meniň hut özüm Pawlus ýaly asmanda bolup gören adamlary tanaýaryn, ýöne size özümiň iň söýgüli wakamy gürrüň beresim gelýär. Meniň bir çopan dostum bar, onuň ady Greg. 1979-njy ýylyň oktýabr aýynda ol özüniň ilkinji hyzmatyndan soň öýüne dolanyp gelende, aýalynyň basgançagyň üstünde möňňürip aglaýandygyny görýär. Ol haýsydyr bir çynlakaý zadyň bolandygyna bada-bat düşünýär. Soňra ol on ýaşly ogly Jastiniň futbol oýnuna tomaşa etmek üçin suwa düşülýän otaga kiçijek telewizory eltip, suwa düşüp başlandygyny bilýär. Ol suwa düşüp durka, tötänlikde telewizory içi suwly wanna gaçyryp, tok urgusyny alýar.

Greg ogluny tapanda, oglunyň damar urgusy ýitipdi, bedeni gögerip, sowapdy, gözleri giňden açylyp, beýni işjeňliginiň ýokdugyny mälim edýärdi. Greg ozal Los-Anjelesiň şerif departamentinde işlänsoň, ilkinji kömegi bermegiň okuwyny geçipdi we köp ölümleriň şaýady bolupdy. Ol şu ýagdaýda polisiýa işgäri hökmünde bolan bolsady, onda oglanyň ölendigini tassyklap, sülçini çagyrardy.

Emma Greg imanly bolansoň, dilegiň güýjüni bilýärdi. Ol dileg edip, ogluna emeli dem berip başlady. Birnäçe minutlap synanyşandan soň, ol bu çäräni lukmançylyk işgärlerine tabşyryp, özi dileg etmegini dowam etdi. Lukmanlar 45 minutlap Jastini özüne getirjek bolup dyrjaşdylar. Kardiogramma diňe bir çyzygy görkezýärdi. Lukmanlar ähli synanyşyklaryny bes edip, bu "dindaryň" köşeşerine garaşmaga başladylar.

Ahyrsoňy Greg şeýle dileg edip başlady: "Eý, Atam, mende iman galmady. Meniň imanyň gutardy, ýöne men Seniň Sözüňiň başga iman barada aýdýandygyny bilýärin" (ol 1Korintoslylar 12:9-da agzalýan iman sylagyny göz öňüne tutupdy).

Greg öz kellesine biz el inen ýaly bolandygy barada gürrüň berýär. Ol şobada güýç we ygtyýarlyk duýup, öz ogluna: "Sen ýaşarsyň we Isa Mesihiň hatyrasyna ölmersiň!" diýip gygyrýar.

EKG apparaty birdenkä ses çykaryp, ekranda signal peýda bolýar. Lukmanlar begençlerinden ýaňa ýerlerinde towsup turýarlar. Olar Jastin bilen basgançakdan düşenlerinde, onuň bedeni eýýäm gülgüne reňkine, gözleri – adaty ýagdaýyna gelip, bedeni ýylapdy.

Greg begenjinden ganat baglap uçaýjak bolýardy. Onuň ogly gaýtadan janlanyp, sagdyndy. Indi onuň ähli dostlary üçin Hudaýyň eden gudraty barada aýtmaga şaýatlygy bardy. Şol pursat ol oglunyň ýaşaýşy üçin göreşiň diňe başlanýandygyndan bihabardy.

Lukmanlar oglanjygyň koma ýagdaýyndadygyny habar berdiler. Olar ony barlanlaryndan soň böwrek dokumalarynyň katetr boýunça akyp çykýandygyny habar berdiler; bu bolsa onuň bedeniň ereýändigini aňladýardy. Lukmanlar oglanjyk diri galaýsa, biçäre maýyp boljakdygyny aýtdylar. Biraz soňra lukmanlar öz

gelen kararlaryny yglan etdiler: oglanjygyň akyl derejesi üç aýlyk çaganyň IQ 0,01-li akyl derejesinde bolar diýip aýtdylar.

Kakasynyň dyngysyz eden dilegleri bilen Jastin ýedi aýdan soň koma ýagdaýyndan çykýar. Munuň bolup geçen pursadynda oglanyň kakasy ýanyndady. Şonuň üçin-de, ol sorag berip, bada-bat jogabyny alýardy. Jastin göreldeli bahalar bilen orta mekdebi, koleji we Mukaddes Ýazgylar mekdebini tamamlady. Ol öz synpynda lider boldy. Häzirki wagtda ol öýlenen we iki çagasy bar.

## "Kaka, men Isa Mesih bilen boldum"

Ogly hassahanadan çykandan üç gün soň Greg oglunyň ýüzüniň şöhlelenýändigini gördi. Ol: "Jastin, näme bolýar?" diýip sorady. Ogly jogap berip, şeýle diýdi: "Kaka, men Isa Mesih bilen boldum. Telewizor wannanyň içine gaçanda, men asla zat duýmadym. Ägirt bir perişde meni sag elimdem tutup, göni bedenimiň içinden ýokary galdyrdy. Biz tunnelden gaty uly tizlik bilen uçduk. Biz asmanyň köçelerinde gonýançak, ýagtylygyň tizliginde uçup gitdik".

Ol kakasyna köçeleriň altyn çaýylan däl-de, sap altyndan edilendigini gürrüň berdi, altynyň içi görnüp durdy. Ýer ýüzünde altyny asman derejesindäki ýaly saplap bolmaýar, ýerde aýnalara altynyň reňkini bermek üçin, olara altyn çaýýarlar (mysal üçin, ilkinji kosmonawtlaryň şlemlerine, uçarlaryň kabinalaryna, binalaryň aýnalaryna şeýle edýärdiler). Şunlukda, altyn sap halynda aňyrsy görnüp duran metaldyr.

Jastin köçelerde ilki bilen merhum garyndaşlaryny görendigini aýdýar. Ol olaryň ählisini atma-at agzap, hatda ömründe görmediksleriniň ýa-da atlaryny bilmedikleriniň-de atlaryny-da aýdýar. Jastiniň ene-atasy şol garyndaşlarynyň atlaryny bilýärdiler. Jastini asmanda garşy alanlaryň arasynda Fillis atly bir aýal-da bardy. Ol olaryň goňşularydy. Jastiniň ejesi oglunyň şol heläkçilikli wakasyndan bir aý öň Fellisiň halas bolmagy üçin dileg edýärdi. Fellis Isa Mesihi kabul edeninden iki hepde soň aradan çykypdy.

Olar gürleşip durkalar, bir çygşyldy eşidildi we adamlar yza çekilip, kimdir birine ýol berdiler. Oglanjygyň öňünde Isa Mesih durdy.

Ol Jastini äkidip, oňa asmany görkezdi. Ol ýerde köp köçeler we binalar bardy, bu ägirt uly şäherdi. Güller, otlar, hatda daşlar janly bolup, sazlaşykly seslenýärdiler. Jastine olar öz aýdymlary bilen Hudaýy şöhratlandyrýan ýaly duýuldy. Eger ol güle ýa-da ota basaýsa, olar owranmaýardylar, döwülmeýärdiler, olar şobada öňki durkuna gelýärdiler. Jastin olaryň reňkiniň ýerdäkä garanda has doýgundygyna üns berdi. Oňa öz ene-atasy we iki dogany üçin niýetlenen jaýlary görmek hukugy berildi.

Şoňra şok ýagdaýy döredi. Isa Mesih Jastine yzyna dolanmalydygyny aýtdy. Jastin asmany taşlap gidesi gelenokdy, ýöne Isa Mesih ony tutynyň ýanyna eltdi. Jastin ony syranda, kakasynyň ony yzyna çagyrýandygyny gördi. Isa Mesih: "Ol seniň kakaň we seni yzyna çagyrmaga ygtyýary bar" diýip aýtdy.

Şol wakadan soň Jastin eger ol ýene-de şeýle ýagdaýa düşüp, öläýse, ony hiç haçan yzyna çagyrmazlygy kakasyndan haýyş etdi. Dostumyň gürrüňini diňleýärkäm, bu böleginiň iň gyzyklydygy barada oýlandym. Asman ýerden köp gowy; men asmana çykyp görenleriň ýere kynlyk bilen dolaýandyklaryny gördüm. Pawlus Filipidäki ýygnaga ýazanda şeýle içki göreşi duýýardy. Ol şeýle ýazýar: "Bu dünýäden boşanyp, Isa Mesih bilen bolasym gelýär, sebäbi bu biçak gowudyr" (Filipililere 1:23, giňişleýin terjime). Ýöne bir gowy däl, biçak gowy, biçak gowy! Ol şäheri görüpdi we oňa dolanmagy küýsäpdi, ýöne Şalygyň hatyrasyna ýerde galmagy saýlap alypdy.

Biraz soňra Jastin asmanda on ýaşly oglanjyk däl-de, uly ýaşly bolandygyny gürrüň berdi. Köp adamlar, şol sanda Jastin hem, şöhratly bedenlerinde otuz üç ýaşymyzda, Isa Mesihiň haça çüýlenen ýaşynda boljakdygymyza ynanýarlar. Çünki Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: "Mähribanlarym, biz indi Hudaýyň perzentleridiris. Biziň nähili özgerjekdigimiz entek belli däl, emma Mesihiň geljek pursadynda Oňa meňzejekdigimizi bilýäris, sebäbi Ony bolşy ýaly göreris" (1 Ýohanna 3:2).

Bu meniň size gürrüň berip biljek köp hakyky wakalarymyň diňe biridir. Emma hatda onuň biri-de Mukaddes Ýazgylara laýyklykda asmanyň hakyky ýerdigini tassyklaýar. Isa Mesihiň sadyk hyzmatkärleri ýeri taşlap, bu şähere girerler.

## Ruhuň, janyň we bedeniň gutulyşy

Ozal aýdyşymyz ýaly, adam Isa Mesihi Reb hökmünde kabul eden badyna onuň ruhy bütinleý täze ýaradylyşa öwrülýär. Adam göz açyp-ýumasy salymda Isa Mesihe meňzäp başlaýar. Bu resul Ýohannanyň aýdanlary arkaly tassyklanýar: "...Sebäbi biz *bu dünýäde* edil Mesih ýaly ýaşaýarys" (1 Ýohanna 4:17). Bu ýerde Ýohannanyň eýýäm öz sylaglaryny almaga gidenler barada däl-de, ýerde ýaşaýan imanlylar barada aýdýandygy aýdyň görünýär. Hakykatdan-da Hudaýyň Ruhundan gaýtadan doglan adam şu ýerde we şu pursat kämildir.

Biziň ruhumyz halas bolanda, janymyzyň halas boluş prosessi başlanýar. Ozal aýdyşymyz ýaly, jan aňdan, erkden we duýgulardan ybaratdyr. Biziň janymyz Hudaýyň Sözi we oňa tabyn bolmagymyz arkaly halas bolar ýa-da özgerer. Resul Ýakup muny şeýle tassyklaýar: *"Eý, söýgüli doganlarym...* ahlak hapalygyny we her dürli ýamanlyk galyndysyny zyňyp taşlaň-da, Hudaýyň kalbyňyza *eken sözüni* pespällik bilen kabul ediň. *Bu söz janyňyzy halas etmegi başarýandyr*. Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, *onda aýdylanlary ýerine ýetiriň*, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz" (Ýakup 1:19,21,22). Belläp geçilmeli wajyp zat – Ýakyp doganlaryna janlaryny halas etmek meselesi babatda ýüzlenýär. Ol Hudaýyň Sözüni eşitmekligi we ony berjaý etmekligi nygtaýar.

Jan adamyň halas bolmaklygynyň derjesini kesgitleýändir. Biz Hudaýyň Sözüni eşitmek we oňa tabyn bolmak arkaly gatnaşyk saklaýarys. Bu bolsa biziň gutulyşymyzy ýa tizleşdirýär, ýa-da Hudaýyň aýdanlaryna äsgermezlik edenimizde, haýallaşýar. Imanlynyň soňunyň gowy bolmagyny kesgitlemekde janyň özgerişi aýgytly orny eýeleýändir.

Şunlukda, biziň tebigy barlygymyzyň halas bolmaly ýene-de bir bölegi galýar: bu biziň bedenimiz. Resul Pawlusyň bu barada ýazýanlaryny ünsli okap görüň:

> "Biziň şindi ýaşaýan pany çadyrymyz, ýagny bedenimiz her haçan weýran bolsa-da, gökde el bilen ýasalmadyk, Hudaýyň taýynlan baky mesgenimiziň bardygyny bilýäris. Biz ölmän, şol gökdäki mesgenimize şu wagt beslenmegi küýsäp, ah çekýäris. Ýöne gökdäki mesgenimize beslenmänkäk pany çadyrymyzdan dynmaly bolaýsak-da, asla ýalaňaç bolmajakdygymyza gözümiz ýetýär. Emma häzirlikçe bu pany çadyrymyzda bolup, hasrat çekýäris, görgi görýäris, sebäbi bu pany çadyrymyzdan dynasymyz gelenok. Tersine, Hudaýyň taýynlan mesgenine beslenip, baky ýaşaýşa ölmänkäk gowuşmagy küýseýäris. Çünki Hudaý bizi baky ýaşaýşa gowuşmagymyz üçin ýaradyp, munuň kepili hökmünde bize Mukaddes Ruhuny berdi. Şonuň üçin-de, bedenimizde ýaşaýan wagtymyzda Rebbiň ýanyndaky mesgenimizden uzakdadygymyzy bilsek-de, arkaýyndyrys. Çünki biz görýän zatlarymyza görä däl-de, imana görä ýaşaýarys. Hawa, bütinleý arkaýyndyrys. Biz Rebbiň ýanynda mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden aýrylanymyzy gowy görýäris" (2 Korintoslylar 5:1–8).

Bu sözler bize uly umyt berýär, hatda janymyzy-da päkleýär. Resul Pawlus baky bedenimiziň boljakdygyny ýaňzydyp däl-de, bu barada dyngysyz aýdýar. Başga bir ýerde ol şeýle diýýär: "Çünki çüýreýän beden çüýremezlik donuna, ölýän ten ölmezlik donuna beslenmelidir" (1 Korintoslylar 15:53). Biziň bedenlerimiz Isa Mesihiňkiden hiç tapawutlanmaz, sebäbi Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: "Biz Mesihiň ölüminde Onuň bilen birigen bolsak, onda direlişinde-de Onuň bilen birigeris" (Rimliler 6:5). Mukaddes Ýazgylarda şeýle hem ýazylgydyr: "Mähribanlarym, biz indi Hudaýyň perzentleridiris. Biziň nähili özgerjekdigimiz entek belli däl, emma Mesihiň geljek pursadynda Oňa meňzejekdigimizi bilýäris, sebäbi Ony bolşy ýaly göreris" (1 Ýohanna 3:2).

Geliň, Isa Mesih direlinden soň Onuň bedeniniň nähili bolandygyna garap geçeliň. Günleriň bir güni – bedenlerimiziň halas ediljek güni bizde Onuň häsiýetleriniň bary bolar. Geliň, Onuň

direlen gününde mazarda bolup geçen wakalara garap geçeliň. Merýem boş mazary görende, Rebbiniň bedenini äkidendirler öýdüp, aglap başlady.

> “Şeýle diýip, arkasyna öwrülende, ol ýerde Isanyň durandygyny gördi, ýöne Ony tanamady. Isa oňa: ‘Eý, zenan, näme üçin aglaýarsyň? Kimi gözleýärsiň?’ diýdi. Merýem Oňa bagbandyr öýdüp: ‘Eý, aga, Ony mazardan sen äkiden bolsaň, nirede goýanyňy maňa aýt, men Ony alyp gideýin’ diýdi” (Ýohanna 20:14,15).

Isa Mesih adaty adamdan hiç tapawutlanmaýardy. Ol kinodan bolan gelmişek däldi. Merýem Ony tanamady, sebäbi ol Isa Mesih hatda diridir hem öýtmedi. Ol Onuň zalymlyk bilen öldürilişini, haçdan düşürilişini we mazarda jaýlanyşyny öz gözleri bilen görüpdi. Isa Mesih oňa tä adyny tutup ýüzlenýänçä, ol bu adamyň Şoldugyna ynanmandy. Ol Isa Mesihe bagbandyr öýdüpdi. Şunlukda, biz Onuň bedeniniň biziňkä örän meňzeş bolandygyna düşünýäris.

Isa Mesihiň bedeni adaty adamyň bedeninden tapawutlanmaýardy, ýöne biz özümizden şuny soramaly: Merýem Onuň ruhuny gördümikä ýa-da Ol hakykatdan-da bedende boldumy? Bu soragyň aýdyň jogabyny biz başga bir parçada, Onuň Öz şägirtlerine görnen parçasynda tapýarys. Ol şeýle diýýär: “Näme üçin dowla düşýärsiňiz? Näme sebäpden göwnüňize beýle pikirler gelýär? Meniň ellerime, aýaklaryma serediň. Bu Meniň Özüm! Maňa elleriňizi degrip görüň. Ruhuň et bilen süňki bolmaz, emma görşüňiz ýaly, Meniňki bar” (Luka 24:38,39).

Onuň teni we süňki bardy! Biziň hem tendir süňkümiz bolar. Ýöne, üns beriň, Ol gan barada hiç zat aýdanok. Munuň sebäbi – Onuň gany Hudaýyň merhemet tagtyna sepilendi. Men Isa Mesihiň damarlarynda şindi Hudaýyň şöhratynyň akýandygyna ynanýaryn.

Isa Mesih fiziki iýmiti iýip bilýärdi. Mukaddes Ýazgylarda şeýle diýilýär: “Olar şatlykdan ýaňa henizem ynanyp bilmän, haýran galyp durkalar, Isa olara: ‘Bu ýerde iýmäge bir zadyňyz barmy?’ diýip sorady. Oňa bişirilen balygyň bir bölegini berdiler. Isa alyp, olaryň gözleriniň alnynda ony iýdi” (Luka 24:41–43).

Isa Mesihiň Öz şägirtleri bilen nahar iýmegi diňe bir gezek bolan waka däldi. Hoş habarlarda şeýle ýagdaýlaryň ýene-de ikisi beýan edilýär. Olaryň biri – Emmausa gidýän ýolda duşan adamyň öýünde, beýlekisi – on bir şägirdi üçin kenarýakada ertirlik taýýarlan ýagdaýy. Şonuň üçin-de, biz öz şöhratly bedenimizde nahar iýip bileris.

Isa Mesih şöhratly bedeninde adaty adam kimin gürläp, aýdym aýdyp, ýöräp, predmetleri elinde saklap we başga hereketleri edip bildi. Ýöne Ol diwarlardan geçip, göz açyp-ýumasy salymda gaýyp-da bolup bilýärdi!

Siziň: “Onuň teni we süňki bardy. Onsoň Ol nädip diwarlardan geçip, nädip gözden gaýyp bilýärdi?” diýip soramagyňyz ahmal. Hawa, Ýohannanyň ýazanlaryny okaň: “Hepdäniň şol ilkinji güni agşamara Isanyň şägirtleri üýşüp, ýahudylardan gorkularyna gapylary gulplap otyrdylar. Birdenkä Isa olaryň arasynda peýda bolup: ‘Size rahatlyk bolsun!’ diýdi” (Ýohanna 20:19).

Şol agşam Isa Mesih Tomasa öz barmaklaryny Onuň elindäki we böwründäki ýaralara degrip görmegini sorady. Şunlukda, biz Onuň bedeniniň we süňküniň bolandygyny aýdyň görýäris. Gapylaryň ýapyk bolandygyna garamazdan, Isa Mesihiň birdenkä olaryň arasynda nädip peýda bolduka? Ol diwarlardan geçip, göze görünýän bolup bildi, Ol zym-zyýat hem bolup bilýärdi, bu barada hem ýazylgydyr. Ol Emmausa barýan ýolda duşan adamlary bilen çörek iýenden soň, “olaryň gözleri açylyp, Isany tanadylar, emma Isa olaryň gözlerinden gaýyp boldy” (Luka 24:31).

Biz hem şöhratly bedenlerimizde dürli ýerlerde peýda bolmaga we gaýyp bomaga ukyply bolarys. Bu täze asmanda we ýerde ägirt uzaklykdaky ýerleri tizlik bilen geçip başarjakdygymyzy düşündirýär. Biz muny etmelidiris, sebäbi Hudaýyň şäheriniň inide, boýy-da – 1400 kilometr, başga galaktikalara çenli bolan aralygy agzap-da oturmaýyn. Şeýle-de biziň ýokary göterilmäge ukybymyz bolar. Isa Mesihiň Öz şägirtleri bilen ýerde 40 gün bolandan soň asmana göterilişini ýatlaň. Jastiniň öz kakasyna gürrüň

beren zatlarynyň biri – onuň ýöräp, uçup ýa-da başga ýere göz açyp-ýumasy salymda başga ýerlere aşyp bilendigi barada (muny asmanda bolup gören beýleki tanyşlarym-da ýatlaýardy).

## Isa Mesihiň müň ýyl şalyk sürmegi

Biz Hudaýyň şäheriniň bir ýerden başga ýere göçüşi baradaky gürrüňe dolanmaly, ýöne, geliň, başda şondan öň bolup geçjek wakalar barada gürrüň edeliň. Ýygnak eýýamynyň ahyrky ýedi ýylynda ýediýyllyk gaýgy-hasrat bolar. Bikanun adam – Antihrist özüni aýan edip, köpleri azaşdyrar. Ol özüni beýgeldip, özüni Hudaý diýip atlandyrylýan ýa sežde edilýän zatlaryň ählisinden ýokary goýar. Ol mukaddesleri yzarlar, köp ýurtlary Hudaýa garşy pitne turuzmak tümlügine salar.

Şol döwürde Reb Öz mukaddeslerini almaga geler. Käbir adamlar munuň ýediýyllyk hasrat wagtyna çenli boljakdygyna, käbirleri – onuň ortasynda, käbirleri bolsa – onuň ahyrynda boljakdygyna ynanýarlar. Men bu mowzuk barada şu kitapda gürrüň etjek däl. Iň esasy zat – biziň muňa taýyn bolup-bolmazlygymyz.

Resul Pawlus asmana galmak meselesini Täze Ähtde birnäçe gezek agzaýar. Şeýle ýerleriň birinde şu aýdylýar:

“Rebbiň Özi hökmürowan gygyryş bilen, Öz surnaýy bilen, baş perişdäniň sesi bilen göklerden iner. Şonda ilki bilen Mesihe gowşan merhumlar direler. Soňra bolsa biz, ýagny diriler, olar bilen bile Rebbi howada garşylamak üçin, bulutlar içinde alnyp göterileris we elmydama Reb bilen bolarys. Şoňa görä-de, şu sözler bilen birek-biregi ruhlandyryň” (1 Salonikliler 4:16–18).

Bu Isa Mesihiň dolanyp gelşi däl, sebäbi Ol ýer ýüzüne düşmän, Öz mukaddeslerini bulutlarda garşylar. Isa Mesih ýere ikinji gezek ýediýyllyk hasratyň ahyrynda geler. Şonda Ol millionlarça mukaddeslerden ybarat gök goşunyna baştutanlyk edip, ak ata atlanyp geler (ser.: Ýahuda 14).

Antihrist, ýalan pygamber, dünýä baştutanlary we ähli halklaryň goşunlary Reb we Onuň goşuny bilen söweşmek üçin bile ýygnanarlar. Isa Mesih söweş gününde olary Öz gylyjy bilen öldürer, gök guşlary olaryň läşlerini çokalarlar. Bu söweşi adatça Armageddon diýip atlandyrýarlar, sebäbi ol Iýerusalimiň günortda-gündogaryndaky Karmil dagyndan uzap gidýän Megiddo düzlüginde bolup geçer (ser.: Aýanlyk 16:16; 19:11–21).

Bütin dünýä boýunça Antihriste tabyn bolmadyk adamlaryň ençemesi tapylar. Olar bu sözweşde Rebbe garşy durmazlar. Ylahyýet alymlaryň köpüsi bu adamlaryň diri galyp, indiki asyrda, ýagny Isa Mesihiň şalyk sürjek müňýyllygy diýip atlandyrylýan döwründe ýaşajakdygyna ynanýarlar. Olar diri galarlar we Isa Mesihiň bütindünýä şalygyna tabyn bolarlar. Olaryň tebigy bedenleri bolar we olar ýer ilatynyň sanyny artdyrmagy dowam edip bilerler.

Aslynda, ýer ýüzünde adamlaryň iki topary – Armageddondan soň diri galanlar we Isa Mesih bilen ýere dolanyp gelen mukaddesler ýaşar. Mukaddesleriň Patyşa Isa Meshiňki ýaly şöhratly bedenleri bolar. Olar Onuň bilen bilelikde ýer ýüzünde şalyk sürerler. Bu iki toparyň öz aralarynda gatnaşyk saklajakdygyny göz öňüne getirmek kyn däl. Isa Mesih-de direlenden soň Öz şägirtleri bilen gürleşipdi. Şöhratly mukaddesler gürleşerler, ýörärler, naharlanarlar we adaty tenleri bolan adamlar bilen gatnaşarlar.

Mukaddes Ýazgylar bütindünýä parahatlygyň boljakdygy barada aýdýar, sebäbi iblis we oňa eýerenleriň bary müň ýüllap baglanarlar. Ähli halklaryň Hudaýa tarap öwrülmekleri sebäpli uruşlar, dönüklik, ýigrenç, utanç, jenaýat, keseller bolmaz. Mika pygamber şeýle diýýär:

> “Ahyrky günlerde şeýle bolar: Rebbiň öýi daglaryň iň beýigi deý berkarar ediler, depelerden belent bolar ol, halklar oňa tarap eňerler. Köp milletler gelip, şeýle diýerler: ‘Geliň, Rebbiň dagyna, Ýakubyň Hudaýynyň öýüne çykalyň, ýodalaryndan ýörär ýaly, Ol bize Öz ýollaryny öwreder’. Çünki kanun Siondan, Rebbiň sözi Iýerusalimden çykar. Reb halklar arasynda kazylyk eder, köp milletleriň dawalaryny çözer; olar gylyçlaryndan azal, naýzalaryndan orak ýasarlar.

> Millet millete garşy gylyç galdyrmaz, söweşmegi öwrenmezler indi. Her kes öz üzüm, injir baglarynyň saýasynda oturar, olary hiç kim gorkuzmaz, çünki Hökmürowan Rebbiň Özi aýtdy’ (Mika 4:1–4).

Ählumumy abadançylyk we howpsuz maliýe ulgamlarynyň döwri bolar, ähli halklar Hudaýyň kanunyna görä ýaşarlar. Bu diýseň ajaýyp döwür bolar!

## Kazylygyň beýik Ak tagty

Müň ýyl tussaglykdan soň iblis zyndanyndan az salymlyk boşadylar. Oňa çykyp, halklary aldamaga rugsat berler. Bu şöhratly bedenlerindäki mukaddeslere degişli bolmaz, bu diňe Armageddon söweşinden soň diri galanlara ýa-da müňýyllyk şalygyň döwründe doglanlara degişli bolar.

Pitneçiler üýşüp, Iýerusalimi gabarlar. Şonda Hudaý gökden olary ýakyp-köýdürjek ot iberer. Iblis “ýanýan köle” zyňlar. Ol ýerde gije-gündiziň dowamynda asyrlarboýy ejir çeker we gaýdyp boşadylmaz (ser.: Aýanlyk 20:7-10).

Şondan soň Kazylygyň beýik ak tagty bolar. Dowzah Adam atadan başlap tä şu soňky uruşda ölenleriň ählisini berer. Köne Äht döwründe Ýahwe bilen äht başglaşmadyk ýa-da soňky döwürlerde Isa Mesihiň hökmürowanlygyna tabyn bolmadyk adamlaryň bary Patyşanyň öňünde durup, Garaşsyz, Aldanan, Çekinjeň, Iki ýüzli durmuş dagynyň wakasyndaky ýaly hasabat bererler. Ýaşaýyş kitabyna ady ýazylmadyk her kes iblis we ülpetleri bilelikde ýanýan köle zyňlar.

## Täze asman we täze ýer

Ot öňki ýeri we asmany ýuwdan badyna (ser.: 2 Petrus 3:10–13), täze ýer we täze asman peýda bolar. Resul Ýohanna şeýle ýazýar: “Onsoň men bir täze gök bilen bir täze ýer gördüm. Çünki öňki gök we ýer aýrylypdy. Indi hiç bir deňiz hem ýokdy” (Aýanlyk 21:1).

Soňra resul Ýohanna täze ýerde müdümilik mesgen tutmak üçin asmandan inip gelýän täze Iýerusalimi beýan edýär. Bu Guzynyň gelinligi barada aýdylýar, sebäbi bu ýer Rebbiň töleg töläp boşadanlarynyň barynyň – Adam atadan bäşlap, tä Onuň ikinji gelşinde şöhratyna kabul edilenleriň barynyň mekany bolar. Ýohanna bu täze Iýerusalimiň jikme-jik beýanatyny berýär:

> “Perişde meni Mukaddes Ruh arkaly bir uly, beýik daga çykardy. Ol ýerden maňa gökden, Hudaýyň huzuryndan inip gelýän mukaddes şäheri – Iýerusalimi görkezdi. Ol Hudaýyň şan-şöhratyndan dolup, bir juda gymmatbaha daş ýaly, buldurap duran ýaşma daşy ýaly parlaýardy. Şäheriň uly we belent diwarlary, on iki derwezesi bardy. Her derwezäniň agzynda bir perişde bardy. Derwezelere ysraýyl halkynyň on iki tiresiniň ady ýazylgydy. Gündogarda üç derweze, demirgazykda üç derweze, günortada üç derweze, günbatarda üç derweze bardy. Şäheriň diwary on iki binýadyň üstünde bina edilipdi, olara Guzynyň on iki resulynyň ady ýazylgydy. Meniň bilen gepleşen perişdäniň elinde şäheri, onuň derwezelerini we diwaryny ölçär ýaly altyndan ölçeg taýagy bardy. Şäher dörtburçluk şekilinde bolup, onuň boýy bilen ini deňdi. Perişde şäheri ölçedi. Şäheriň boýy iki müň iki ýüz çakrym4 bolup çykdy. Onuň ini, beýikligi hem boýy ýalydy. Perişde şäheriň diwaryny-da ölçedi. Diwaryň beýikligi ýüz kyrk dört tirsek çykdy. Perişde bulary ölçände, ynsanlaryň ulanýan ölçegini ulandy. Diwar ýaşma daşyndan gurlupdy. Şäheriň özi bolsa tegmiltsiz aýna ýaly sap altyndan bina edilipdi. Şäher diwarynyň binýatlary her dürli gymmatbaha daşlar bilen bezelendi. Birinji binýady ýaşma daşy bilen bezelendi, ikinjisi goýy reňkli pöwrize daşy, üçünjisi hakyk, dördünjisi zümerret, bäşinjisi sardoniks, altynjysy gyrmyzy sardoniks, ýedinjisi altyn-sary daş, sekizinjisi gök zümerret, dokuzynjysy goýy sary daş, onunjysy pöwrize, on birinjisi mämişi reňkli daş, on ikinjisi benewşe reňkli gymmatbaha daşlary bilen bezelendi. On iki derweze on iki dürden, ýagny her derweze bütewi bir dürden ýasalandy. Şäheriň şaýoly sap altyndan bolup, aýna ýaly ýalpyldaýardy” (Ýohanna 21:10–21).

Juda ajaýyp şäher! Biz ýer ýüzünde şeýle täsinligi asla görmedik. Şol şäherden baýlyk, öwüşgin we nur çykar. Inda hiç çüýremeklik bolmaz, sebäbi ol bütinleý päk bolar.

Ýohanna öz beýanatyny dowam edip, şeýle ýazýar:

> “Soňra perişde maňa aýna ýaly ýalpyldaýan derýany görkezdi. Bu derýada ýaşaýyş suwy akýardy. Ol Hudaýyň we Guzynyň tagtyndan çykyp gaýdýardy. Şäheriň şaýolunyň ortasynda, derýanyň her kenarynda ýaşaýyş daragty ösüp otyrdy. Bu daragtlar her aýda miwe berip, ýylda on iki gezek hasyl getirýärdi. Daragtlaryň ýapraklary milletlere şypa berýärdi. Bu şäherde indi asla nälet bolmaz. Hudaýyň we Guzynyň tagty bu şäherde bolar. Hudaýyň bendeleri Oňa hyzmat ederler. Olar Hudaýyň ýüzüni görerler, maňlaýlarynda Onuň ady bolar. Şäherde gije asla bolmaz. Ne çyranyň yşygy, ne-de günüň nury gerek bolar, sebäbi Reb Hudaý olara nur saçar. Olar ebedilik şalyk sürerler” (Aýanlyk 22:1–5).

Üns beriň, Mukaddes Ýazgylar biziň Onuň ýüzüni görjekdigimizi aýdyň aýdýar. Bize Onuň ýüzüni görmek ygtyýar ediler. Musa ony görmäge şeýle intizar bolsa-da, görmek gadagandy, bize bolsa ony görmek miýesser eder. Bu nähili ajaýyp!

Ýaşaýyş daragtynyň ýapraklarynyň halklara *şypa bermek üçin niýetlenendigine* hem üns beriň. Bu käbir gyzykly soraglaryň döremegine sebäp bolýar. Bu halklar kim? Şäherde diňe mukaddesler ýaşajak ahyryn. Olar asyrlarboýy kime hökmürowanlyk ederler? Şol döwürde adaty bedenli adamlar ýaşarmy? Işaýa pygamber bu soraglaryň jogabyny berýär:

> “Ine, Men täze gök, täze dünýä ýaratmakçy, öňki zatlar ýatlanmaz, ýada düşmez. Ýaratjak zatlaryma şatlanyp, baky begeniň; Ine, Men Iýerusalimi şatlyk üçin, halkyny-da begenç üçin ýaratjak. Iýerusalim üçin şatlanaryn, halkym üçin begenerin. Indi ne agy sesi ne-de ahy-nala eşidiler ol ýerde” (Işaýa 65:17–19).

Indi Işaýa pygamber täze Iýerusalimden daşarda bolanlara ýüzlenýär:

> “’Onda birnäçe gün ýaşap ölen bäbekler, ýa-da uzak ömür sürmedik gojalar bolmaz; ýüz ýaşynda ölen ýaş saýylar, näletlenen saýylar ýüz ýaşa ýetmedik. Olar jaýlar salyp, onda ýaşarlar, üzüm agaçlaryny ekip, miwesini iýerler. Başga biri ýaşamaz olaryň guranynda, başga biri iýmez olaryň ekenin. Çünki halkymyň ömri daragtyňky deý uzak bolar. Saýlanlarym öz elleriniň işlerinden lezzet alar. Olar biderek zähmet çekmezler, çaga dogurmazlar betbagtlyk

> üçin, olaryň özleri-de, nesilleri-de Rebbiň ýalkan zürýatlary bolar. Olar çagyrmanka, Men jogap bererin, gepläp durkalar, Men eşiderin. Böri bilen guzy bile otlar, öküz deý saman iýer şir, ýylan gum iýer. Meniň tutuş mukaddes dagymda hiç kime zelel ýetirmezler olar, hiç kimi heläk etmezler’ diýýär Reb” (Işaýa 65:20–25).

Köp adamlar Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasynda beýan edilýän ýagdaýlar Isa Mesihiň müň ýyl şalyk sürjek döwründe bolar diýip ýalňyşýarlar. Bu ýerde *täze asmanyň* we täze ýeriň peýda boljak döwri baradadygy aýdyň aýdylýar. Ýohanna bilen Işaýa pygamberiň ýazanlaryny ünsli öwrensek, şäherden daşarda ýaşajak adamlaryň boljakdygyny görýäris. Olar öz jaýlaryny bütindünýä parahatlyk we abadançylyk döwründe gurdular. Bu mukaddes şäherde ýaşaýan mukaddeslere degişli bolup bilmeýär, sebäbi olaryň eýýäm Isa Mesih tarapyndan taýýarlanylan jaýlary bar (ser.: Ýohanna 14:2-4).

Şeýle-de ol ýerde şol adamlardan doglan çagalar bolar. Bu hem şöhratly mukaddeslere degişli däl, sebäbi Isa Mesih biziň mukaddes bedenlerde çaga dogmajakdygymyzy we maşgala gurmajakdygymyzy aýdyň aýtdy. Isa Mesih şeýle diýdi: “Ynsanlar ölümden direlende, ne öýlenerler, ne-de durmuşa çykarlar, olar göklerdäki perişdeler ýaly bolarlar” (Matta 22:30). Bu Jastiniň asmandan gaýdyp gelenden soň tassyklan ýagdaýlarynyň biridi.

Bu halklar täze ýerde ýaşap, onda ekerançylyk işlerini alyp bararlar. Olar köpelerler we ony Adam ata edil günä etmedik ýagdaýynda doldurmalysy ýaly doldurarlar.

Bu zatlaryň baryny logiki taýdan nädip düşündirip bolar? Jedelini edip boljak mümkinçilikleriň biri-de – müňýyllyk şalygyň başlanmagy bilen adaty adamyň ömrüniň ep-esli uzaljagydyr, sebäbi biziň duşmanymyz – ölüm ýumrulyp, ýok ediler (ser.: 1Korintoslylar 15:26). Isa Mesih ölüm näletini ruhy we fiziki taýdan ýok eder. Şol sebäpden hem adamzat müňýyllyk döwürde ýaşap biler.

Müňýyllyk şalygyň ahyrynda bu peşgeş olara ebedelik berlip bilner, sebäbi olar iblisiň boşadylan döwründe Hudaýa garşy pitne turuzmadylar. Mezmurçy şeýle ýazýar: “Halklar Seni ebedi we baky şöhratlandyrar” (Zebur 44:18). Şeýle mümkinçilige düşün-

megiň bir usuly – halklara Adam ata bilen How enä (olar heniz günä etmankaler) ýaly garamakdyr. Adam ata ölüm üçin däl-de, baky ýaşaýyş üçin ýaradylypdy. Günä ara düşenden soň, bu peşgeş ýitirilipdi we adam özüne we öz nesline ölüm näletini çekipdi.

Täze Iýerusalimde diňe Isa Mesihiň Öz gany bilen azat eden mukaddesleri şöhratly bedenlerinde mesgen tutarlar, emma Mukaddes Ýazgylardan adaty bedenli adamlaryň şähere girip, miweden iýjip biljekdigi we Rebbe sežde etjekdigi görünýär. Bu Ýohannanyň ýazanlary arkaly aýan bolýar:

> “Halklar bu şäheriň nurunda gezerler. Dünýäniň şalary oňa öz şan-şöhratyny getirerler. Şäheriň derwezeleri uzakly gün açyk bolar, olar gulplanmaz, sebäbi ol ýerde gije bolmaz. Milletler bu şähere öz şan-şöhratlaryny getirip, Hudaýa we Guza hormat bildirerler” (Aýanlyk 21:24–26).

Adam ilkibaşda günäniň toruna çolaşdy. Munuň jezasy fiziki we ruhy ölüm boldy, ol bolsa baky ölüme eltdi. Emma bu ýagdaý Hudaýy adamyň ýer ýüzündäki ýaşaýşy babatdaky Özüniň ilkibaşdaky *ebedi meýlinden* el çekmäge mejbur etmedi.

Hudaý ynsan bitabynlygy zerarly ilkibaşdaky meýliniň puç bolmagy bilen razylaşyp bilermi? Ýok. Tersine, Ol adamyň ýeňlişini ýalkanyşa öwürdi: günä içinde ýaşan adamlary Isa Mesihiň gany arkaly azat etmek bilen, olary *şanly asman halkyna* öwürdi. Isa Mesih iň ahyrda täze ýerde adamzada *hökmürowanlyk eder*. Bu bize Isa Mesihiň sadyk hyzmatkär barada “Berekella, ýagşy hyzmatkär! Az zatda sadyk bolanyň üçin *on şähere häkim bol*” (Luka 19:17) diýen sözlerine has oňat düşünmäge kömek edýär. Belki, bu täze ýerde boljak baky eýýamyň müňýyllyk şalygygyndaky şäherlerdir?

Eger günä dünýä aralaşmadyk bolsady, onda Hudaýyň şöhratlanan toparlarynyň adamlary peýda bolmazdy. Bu adamlar Oňa ýeriň we älemiň işlerini baky we ebedi dolandyrmakda kömek etmäge ukyplydyrlar. Ol muny Özüniň baky danalygy bilen öňden görüpdi, şonuň üçin-de Isa Mesih “dünýä ýaradylmazdan öň gurban edilen Guzy” diýip atlandyrylandyr (Aýanlyk 13:8).

Hudaýyň ilkibaşdaky meýli baky ýaşaýan adamlaryň ýer ýüzüni doldurmagyndan ybaratdy. Baky eýýamda täze ýerde müňýyllyk şalygyň başlanan pursadyndan we soňra bu meýilnama amala aşar. Isa Mesihiň “Patyşalygyň gelsin! Gökde bolşy ýaly, ýerde-de Seniň islegiň amala aşsyn!” (Matta 6:10) diýen sözleri sözme-söz berjaý bolar. Jastiniň şaýatlyk edişi ýaly, ýerde hem asmanda bolşy ýaly bolar, täsin täze reňkler, Hudaýa öwgüler aýdýan janly ösümlikler we daşlar, kämil binagärlik, diri suw we beýleki zatlar. Hakykatdan-da kämil dünýä!

Işaýa pygamber täze ýeriň eýýamy barada pygamberlik kitabyny şeýle sözler bilen tamamlaýar:

> “’Meniň ýaratjak täze gögümiň, täze ýerimiň gözümiň alnynda duruşlary ýaly, siziň nesilleriňiz bilen adyňyz-da şeýle bolar. Her Täze Aý baýramynda, her Sabatda ähli ynsanlar huzuryma gelip, Maňa ybadat ederler’ Muny Reb aýdýandyr. ‘Olar daşa çykyp, Maňa garşy baş galdyranlaryň jesetlerini görerler. Olaryň jesetlerini iýýän gurt ölmez, olary ýakýan ot sönmez; olar bütin adamzada ýigrenji bolarlar” (Işaýa 66:22–24).

Biz bakylykda şäheriň çäginden daşarda ýerleşýän ýere baryp, şol ýerden iblisiň, onuň perişdeleriniň we Hudaýa garşy baş galdyran adamzadyň elhenç soňuny görüp biljekligimiz örän aýňaldyjy delildir. Günäniň we bitabynlygyň netijeleri elmydama ýaradylyşyň göz alnynda bolary ýaly, belki, munda Hudaýyň danalygy bardyr. Şu barada oýlanyp görüň: iblisi hiç kim aldamandy, ol öz-özünden baş galdyrdy we, eger Hudaý bakylykda jeza barada ýatlatma goýýan bolsa, onda bu Lýusiferiň we onuň perişdeleriniň eden aýylganç günäsini gaýtalamazlyk üçin oňat ýatlatma boljakdygygyny aňladýar.

Ozal aýdylyşy ýaly, şöhratly mukaddesler Hudaýyň şäherinde – täze Iýerusalimde mesgen tutarlar. Müňýyllyk şalyk başlamazdan öň, Isa Mesihiň kazylyk etjek wagtynda olar öz sylaglaryny we Ebedi Patyşa hyzmat etmek üçin baky wezipeleri alarlar. Isa Mesihiň kazylygy barada bolsa indiki bapda gürrüň ederis.

10-NJY BAP

# ISA MESIHIŇ KAZYLYGY

*Onda näme üçin käbirleriňiz öz doganyňyzy ýazgarýarsyňyz? Näme üçin käbirleriňiz öz doganyňyza äsgermezlik edýärsiňiz? Biziň barymyz Hudaýyň höküm kürsüsiniň öňünde durmaly dälmi näme?... Hawa, her birimiz Hudaýyň öňünde özümiz üçin jogap bereris.*
— Rimliler 14:10, 12

Biziň hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durarys. Resul Pawlus kime ýüzlenýär: imanlylaramy ýa-da imansyzlara? Mukaddes Ýazgylaryň şu parçasyny kontekstde öwrensek, onuň imanlylara ýüzlenýänligi şübhesizdir. Resul Pawlus bize mesihi ýazgaryş ýa-da doganlara äsgermezlik etmekligiň nä-derejede çynlakaý meseledigi barada öwredýär. Ol şeýle edýän imanlylaryň öz edenleri üçin jogap berjekdigi barada aýdýar.

Şunlukda, diňe imansyzlar däl, eýsem mesihileriň-de ählisi ýerde eden işleri üçin Hudaýyň öňünde hasabat bererler. Resul Pawlusyň korintoslylara ýazan hatynda bu ýene-de bir gezek nygtalýar:

> “Biz Rebbiň ýanynda mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden aýrylanymyzy gowy görýäris. Emma pany bedende ýaşasak-da, baky mesgene beslensek-de, Hudaýyň göwnünden turmagy maksat edinýäris. Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys. Biz Hudaýdan gorkmagyň nämedigini bilenimiz üçin, başgalary hem toba etmelidigi barasynda ynandyrjak bolýarys. Biziň nähilidigimiz Hudaýa äşgärdir. Bu siziň ynsabyňyza hem äşgärdir diýen umydym bar” (2 Korintoslylar 5:8–11).

Resul Pawlusyň bu ýerde günäliler barada däl-de, mesihiler barada adýandygy bütinleý aýdyňdyr. Onuň: “Rebbiň ýanynda mesgen tutup bilerimiz ýaly, bedenden aýrylanymyzy gowy görýäris” diýen jümlesi munuň kime degişlidigi babatda hiç şübhe galdyrmaýar. Imansyzlaryň biri-de öz bedeninden aýrylandan soň Reb bilen bolmazlar, olar dowzaha düşerler, ýanyp duran köl bolsa olaryň baky ýeri bolar.

Ozal aýdyşymyz ýaly, erbetler höküm kürsüsiniň, ýagny beýik ak Höküm tagtynyň öňünde durarlar. Bu imanlylara ediljek kazylykdan has soňra bolar.

Geliň, geçen bapda aýdylan zatlary gysgaça gaýtalap geçeliň. Isa Mesih gök goşuny bilen ýere gaýdyp geler we Antihristi ýeňer, iblisi zyndana taşlar. Ol müňýyllyk hökmürowanlygyny berkarar edip, ýer ýüzüni Iýerusalimden dolandyrar. Şondan soň iblis ýeriş jümmüşinden boşadylar we oňa azwagtlyk ýeriň ähli halklaryny azaşdyrmaga rugsat ediler. Gökden injek ot pitneçeleri ýakyp köýdürer we iblis ýanyp duran köle ebedilik zyňlar. Soňra merhum bolan imansyzlaryň we erbetleriň bary beýik ak Höküm kürsüsiniň öňünde durmak üçin, dowzahdan direldiler. Isa Mesih bu babatda höküm edilmäge direlmek hökmünde aýdýar (ser.: Ýohanna 5:29). Ýaşaýyş kitabynda ady ýazylmadyklaryň bary ýanýan köle taşlanar.

Beýleki tarapdan, imansyzlara höküm beýik ak kürsiň Höküminden öň çykarylar. Mukaddes Ýazgylarda anyk bir wagt aýdylanok, emma biz munuň ýygnagyň bulut içinde alnandan soň we Isa Mesihiň müňýyllyk şalykda hökmürowanlyk etjek döwründen öň boljakdygyny bilýäris. Şunlukda, iki kazylygyň arasynda takmynan müň ýyl bolar. (Biziň Affabel baradaky allegoriýamyzda bu waka suratlandyrylmadyk.)

Korintoslylara ýazylan 2-nji hatda (5:10) Rimlilere hatyň sözleri ýaň salýar: “Çünki hemmämiz *Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň* öňünde durmalydyrys”. Bu hatlaryň ikisinde-de “höküm” sözi ge-

rek “bema” sözi arkaly berlen. Stronguň “Simfoniýasy” bu söze şeýle kesgitleme berýär: “*basgançak, platforma, kazyýet mejlisi*”. “UBS Commentary” kitabynda bu söze şeýle kesgitleme berilýär: “*Höküm kürsüsi – bu Rim imperiýasynda şäher kazyýetinde kazynyň oturýan oturgyjy. Pawlus bu sözi Isa Mesihiň kazylygyny beýan etmek üçin ulanýar*”. Şu kesgitlemä esaslanyp, biz imanlylara ediljek kazylygy *Isa Mesihiň Kazylygy* diýip atlandyrarys.

Isa Mesihiň Kazylygy aslynda Hudaýyň kazylyk mejlisi bolup durýandyr. Mukaddes Ýazgylar Atanyň tutuş kazylygy Ogla berendigini habar berýär (ser.: Ýohanna 5:22). Isa Mesih diňe Halasgärimiz däl, eýsem Kazymyz hem bolup durýandyr. Ol tizara Özüniňkilere kazylyk eder. “Kazylyk” sözüniň asyl manysynyň kesgitlemesi – bu *derňemäniň netijesinde* çykaryljak karar.

Ýygnakda ýer ýüzünde ýaşan az wagtlyk döwründe eden işleri üçin hasabat berjekdigine düşünmeýän agzalaryň sany köpdür. Köp agzalar halas edilenlerinden soň gelejekki hökümi özlerine degişli däl diýip hasaplaýarlar. Munda hakykatyň bir bölegi bar: Isa Mesihiň gany bizi Onuň Şalygyna girmäge päsgel berýän günälerden päkleýär, emma ol imanly bolup ýaşan döwrümizde eden işlerimize jogap bermekden boşatmaýar.

## Ebedi hökümler

Onuň Isa Mesihiň Kazylygynda biz babatda kabul etjek hökümi ýa-da çözgüdi *ebedi* bolar, ol ne ýatyrylar we ne-de üýtgediler.

Bir salym säginip, biziň birinji bapda bakylyk düşünjesine aň ýetirjek bolup eden gürrüňlerimizi ýada salyň. Ýakup biziň ýer ýüzündäki durmuşymyzyň ýitirim bolýan säher çygy ýalydygy barada aýdýar (ser.: Ýakup 4:14). Bu ýer ýüzünde 80-100 ýyl dowam edýän ömri bakylyk bilen deňeşdirmekdir. Eger biziň günlerimizde elýeter bolan matematika onda bolan bolsady, onda ol deňeşdirmesinde has anyk bolardy. Men matematikany

öwrenenimde, ilkibaşdan öwreden zadym şudy: tükeniksizlige bölünen islendik birlik nola deňdir.

80 ýyl: tükeniksizlik (bakylyk) = 0

ýa-da

100 ýyl: tükeniksizlik (bakylyk) = 0

Islendik çäklendirilen san tükeniksizlige bölünende ýa-da onuň bilen deňeşdirilende, nola deň bolýandyr. Siziň ýer ýüzünde näçe ýyl ýaşasaňyz-da, parhy ýok. Siz ýüz elli ýyl ýaşaýanaňyz-da-da, ýer ýüzündäki ömür bakylyk bilen deňeşdirelende nola deň bolýandyr. Bu bolsa Isa Mesihe iman etmek bilen şu ýerde nola deň bolan şu wagt aralygynda eden ähli işimiz bakylygy nähili geçirjekdigimizi kesgitlär. Ýatda saklaň: biziň bakylygy *nirede* geçirjegimiz Isa Mesihiň haçyna we Onuň halas edýän merhemetine nähili garandygymyza baglydyr. Emma Onuň Şalygynda nähili ýaşajakdygymyz welin halas edilenimizden soň ýer ýüzünde nähili ýaşandygymyza bagly bolup durýandyr.

Ýadyňyzdamy, biziň wakamyzda Egoist we onuň tanyşlary Endelde geçiren gysga wagtlaryny bisarpa tutandyklaryna ökünipdiler. Olar özlerini bütinleý Jaline bagyş etmäge derek, bäşýyllyk synag wagtlarynyň aglaba bölegini öz şahsy eşretlerine sarp edipdiler. Olar indi galan ömrüni öz şahsy potensialyndan has pes derejede ýaşamaga mejbur bolarlar, sebäbi olaryň her biriniň Jaliniň ýanynda ýaşamaga we işlemäge mümkinçiligi bardy. Olaryň hatda Jalin bilen bile şol şäheri dolandyrmaga mümkinçilikleri bardy. Mekdebi gutaranlaryndan soň dowam eden az wagty lezzetli geçirip-geçirmedilermi – parhy ýok, olaryň gelejegi kesgitlenen. Indiki 130 ýylyň dowamynda olaryň durmuşy şol bäşýyllyk synag döwrüniň netijelerine bagly bolar. Oýlanyp görüň: 130 ýyly 5 ýyl bilen deňeşdirip görüň! Bu gaty kän! Ýer ýüzündäki ýaşaýşyň hatda iň aşaky serhedine az adamlar ýetýär.

Eger Egoist we we başgalar Endelde bolan wagtlary bu barada oýlanan bolsadylar, onda olar şol ýyllary başgaça ýaşadylar.

Allegoriýadaky mysal her näçe aýňaldyjy bolsa-da, ol biziň gürrüňini edýän zadymyz bilen deňeşdirilende hiç zatdyr. Geliň, başga bir ssenariýa garalyň. Şuny göz öňüne getijek bolup görüň: siziň diňe bir günüňiz we şol güni geçirşiňiz müň ýyllyk durmuşyňyzy nähili geçirjegiňizi kesgitleýär diýeli. Müň ýyly göz öňüne getirjek bolup görüň. Bu wagt kesimi Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň döremeginden, täze dünýäni açmak üçin Hristofor Kolumbyň ýelkenli gämisini ummanda gönükdireninden has öňki döwre uzaýar. Müň ýyl – bu örän köp wagt. Müň ýylyň dowamynda alynjak sylaglar, jemgyýetdäki orun, ýaşaýyş ýeri we beýleki zatlary ählisi şol ýekeje güni nädip geçirjekdigiňize bagly bolup durýar.

Siz muňa ähli güýjüňizi sarp etmersiňizmi? Siz şol güni nädip geçersiňiz? Siziň durmuşyňyz şindiki durmuşyňyzdan tapawutlanarmy? Rebbe gulak asmaklyk birinji orunda durmazmy? Şalygyň bähbidi üçin adamlara täsir etmek üçin her bir mümkinçiligi ulanmarsyňyzmy? Adamlara başgaça garap başlamarsyňyzmy? Şeýle soraglaryň sanawyny tükeniksiz uzaldyp bolar. Ýöne her nähili bolsa-da, bu ýagdaý biziň aýdýanymyz babatda hiç bolup durýandyr, sebäbi 1 güni 365 müň (müň ýylda şonça gün bar) güne bölsek, bölünmäň netijesi barybir nola deň däldir.

Geliň, dowam edeliň. Siziň ýaşajak ýeke-täk bir günüňiz indiki million ýyly nädip ýaşajakdygyňyzy kesgitleýär diýeli. Muny birje pursat göz öňüne getirjek bolup görüň. Adamzat ýer ýüzünde bary-ýogy takmynan alty müň ýyl bäri ýaşap gelýär. Şunlukda, million ýyl adamyň ýer ýüzünde ýaşap gelýän wagtyndan 150 esse uzak. Muny göz öňüne getirip görmek gaty kyn zat bolar. Ýöne her nähili bolsa-da, bu ýagdaý biziň aýdýanymyz babatda hiç bolup durýandyr, sebäbi 1 güni 365 million (million ýylda şonça gün bar) güne bölsek, bölünmäň netijesi barybir nola deň

däldir. Biz milliard ýa-da trillion ýyl alaýamyzda-da, bölünmäň netijesi kesgitli bir san bolar.

Biziň ýer ýüzünde näçe ýyl ýaşajakdygymyza garamazdan, şindiki wagtymyz bakylyk bilen deňeşdirilende nola deňdir. Belki, resul Pawlus hut şu sebäpden bizi iň uly baýragy almaga höweslendirýändir? Ol korintoslylara ýazan hatynda ýaryşa gatnaşýan adamyň baýrak almaga ymtylýandygyny aýdýar. Soňra ol şeýle diýýär:

> "Ýaryşa gatnaşýan ýüwrükleriň hemmesi ylgasa-da, baýragy diňe biri alýandyr. Siz-de baýrak alar ýaly şeýle ylgaň. Ýaryşa gatnaşýan her kes özerkliligi türgenleşdirýändir. Ol muny wagtlaýyn bir täji almak üçin edýär. Biz bolsa muny baky täji almak üçin edýändiris. Şoňa görä-de, men maksatsyz ylgaýanlar ýaly ylgamaýaryn, howany ýumruklaýan kişi ýaly hereket etmeýärin. Ýok, men Hoş Habary başgalara wagyz edenimden soň, ýaryşa gatnaşmakdan mahrum edilesim gelmeýär. Şonuň üçin-de, bedenimi türgenleşdirip, ony özüme tabyn edýärin" (1 Korintoslylar 9:24–27).

Resul Pawlusyň sözlerine görä, biziň durmuşymyzyň maksady bar. Bu maksat – asla solmajak baky sylagy almak. Biz bu durmuşda ýeňmek üçin ylgamaly. Ýeňmek üçin bolsa bize tertip-düzgün, özerklilik we maksat gerekdir.

Men birnäçe ýyllap sport bilen çynlakaý meşgullandym. Men Birleşen Şatatlarynyň assosiasiýasynyň hatarynda tennis oýnanymda, Dewisiň ýuniorlyk kubogynda we NCAA-nyň tennis boýunça birinji diwizionynda oýnaýardym we köp türgenleşýärdim. Men tennis meýdançasynda günde alty sagat türgenleşýärdim, şol halypam we beýleki türgenler bilen şol bir urgyny ýüzlerçe gezek amal edýärdim. Men tennis meýdançasynda agyr akyl işjeňligi baradaky kitaplary okaýardym. Mundan başga-da, trenažorlarda türgenleşýärdim, agyrlyklary göterýärdim, ylgaýardym, ýüpden towusýardym, gözlerimiň we ellerimiň koordinasiýasyny gowulandyrmak üçin žonglyorlyk we beýleki köp zatlary edýärdim.

Men maksada şeýle okgunly bolamsoň, ejem krowadymy etrapçamyzdaky tennis meýdançasynyň golaýynda goýjakdygyny aýdýardy. Men näme üçin şeýle edýärdim? Çempion bolmak üçin. Iň oňat bolmak üçin. Ýeňijä mynasyp bolan baýragy almak üçin.

Emma Şalykda birneme başga. Biz başgalar bilen ýaryşamzokda, diňe özümiz bilen ýaryşýarys. Biziň maksadymyz – edýän ähli herketlerimizde Isa Mesihiň göwnünden turmak (ser.: 2 Korintoslylar 5:9). Biz Mukaddes Ýazgylary ünsli okanymyzda, onda Isa Mesihiň bizden nämeleri isleýändigini beýan edýän ýerleri görýäris. Ol biziň adamlara nähili garamalydygymyzy, wagtymyzy nämä sarp etmelidigimizi, bakylygyň bosagasynda adamalara nähili täsir etmelidigimizi, başgalara-da Onuň Şalygyna ýol bermelidigimizi, töwerek-daşymyzdaky adamlary bagyşlamalydygymyzy we beýleki zatlary aýdýar. Biraz soňra biz muňa has düýpli garap geçeris. Ýokarda aýdylanlary jemläp aýtsak: ýeňmek üçin ýaşa!

## Dürli sylaglar

Mukaddes Ýazgylar imanlylaryň aljak sylaglarynyň we orunlarynyň biri-birinden düýpli tapawutlanjakdygy barada aýdýar. Sylaglar hemme zadyň köýjek derjesinden tä bütin bakylykda Isa Mesih bilen bile dolandyrmak mümkinçiligi derejesine çenli aralykda dürli-dürli bolar (ser.: 1 Korintoslylar 3:15; Aýanlyk 3:21).

Köp adamalar *ýitirmek* ýa-da *ýanmak* sözleri öz durmuşlary babatda aýdylanda, hopukýarlar. Olar şeýle zadyň asamanda bolup biljekdigine ynanmajak bolýarlar. Emma Mukaddes Ýazgylarda bu barada aýdyň aýdylýar. Aýatlary mysal getirmezden ozal, şuny düşündirmäge ygtyýar ediň: Mukaddes Kitapda adamyň durmuşy köplenç bina, jaý bilen deňeşdirilýär, kä ýerlerinde bolsa Ýygnak bina ýa-da ybadathana bilen deňeşdirilýär. Bu deňeşdirmelerde biz gurluşykçylar, ýagny öz durmuşymyza, başga adamlaryň durmuşyna ýa-da ýygnaga näderejede täsir edýän

adamlar hökmünde görkezilýäris. Men bu deňeşdirmäni kitabyň galan böleginde gaýta-gaýta ulanaryn. Resul Pawlus şuny kesgitli diýýär:

> “Çünki ...siz Onuň ymaratysyňyz.... Ýöne her kes öz gurýany babatda ünsli bolmalydyr. Hiç kim eýýäm tutulan binýatdan, ýagny Isa Mesihden başga bir binýady tutup bilmez. Bu binýadyň üstünde bolsa kimiň altyndan, kümüşden, gymmatbaha daşlardan, agaçdan, çöp-çalamdan ýa-da samandan gurandygy soňra belli bolar. Bu Rebbiň gününde ot-alaw arkaly aýan bolar. Ot-alaw her kesiň eden işiniň nähilidigini synar. Eger onuň guran binasy oda çydasa, ol öz sylagyny alar. Guran binasy otda köýse, ol ýitgi çeker. Ýöne altyn-kümşüň otda arassalanyşy ýaly saplanyp, halas bolar” (1 Korintoslylar 3:9–15).

Biz nähili gurjakdygymyzy özümiz kesgitleýäris, biz gurluşykdaky iki sany esasy ugurlaryň islendigini özümiz saýlap bilýäris. Birinji ugur – wagtlaýyn zada ymtylmak, bedeni kanagatlandyrmak (agaç, saman, çöp-çalam). Beýleki ugur – galkynan ruhumyzyň isleglerine we Hudaýyň Sözüne görä ýaşamak (altyn, kümüş we gymmatbaha daşlar). Hudaýyň huzurynda işimiz ot içinde synalanda, biziň guran binamyz, ýagny ýaşaýşymyz gazanan üstünligimizi kesgitlär.

Diňe işlerimiz däl, eýsem pikirlerimiz, niýetlerimiz we meýlimiz synalar. Hut şu sebäpden hem imanlylara Hudaýyň Sözüni ünsli diňläp, ony ýüreklerinde saklamak hökman gerek. Sebäbi Hudaýyň Sözi elmydama “kalbyňdaky ähli pikirleri we niýetleri aýan edýändir” (Ýewreýlere 4:12). Biziň ýüregimiziň jümmüşine Onuň Sözüniň ýetişi ýaly hiç bir zat ýetip bilmeýär.

Eger biz ynsan pikir ýöretmelerini, logiki delillerini ýa-da paýhasyny *diňlesek*, ýüregimizde we aňymyzda dünýewi zatlara ymtylarys. Biz muny şeýledir hem öýtmeris. Ýadyňyzdamy, Egoist hem tä Adalat zalyna baryp girýänçä, munuň şeýledigini bilmändi. Şoňa görä-de, Isa Mesih şuny duýdurýar:

> “Elbetde, üsti açylmajak gizlin zat, bilinmejek, mese-mälim bolmajak ýaşyryn zat ýokdur. Şonuň üçin hem nähili diňleýändigiňize üns beriň. Kimde bar bolsa, oňa ýene berler, ýöne kimde ýok bolsa, özüniňki hasap edýän zady hem elinden alnar” (Luka 8:17,18).

Isa Mesih şuny diýýär: biziň *diňleýän* ýa-da *üns berýän* zadymyz ýüregimize aralaşýar we pikirlerimizi we maksatlarymyzy emele getirýär; olar bolsa öz gezeginde öz durmuşymyzy nähili gurjakdygymyzy kesgitleýärler. Biz Hudaýyň Sözüni ünsli diňlemeli, sebäbi ol durmuşyň şamçyragydyr. Garaňky ýolda adamyň ýoluny görmeýşi ýaly, biz hem onsuz ýoldan aňsatlyk bilen azaşyp bilýäris. Biz, belki, ilkibaşda belli bir wagt dogry ugra eýereris, emma dura-bara azaşyp başlarys.

Biz dogry ýoldan sowlan badymyza, biziň gurluşygymyz haýsydyr bir wagtlaýyn zada gönügip bilýär. Emma bu Hudaýyň Sözüniň nury arkaly bada-bat mälim bolýar. Resul Pawlus şeýle diýýär: “Emma nur parlanda, ähli zat paş edilip, aýdyň görner” (Efesliler 5:13).

Biz ýoldan azaşanymyzda, boljak ýagdaýlar iki ugurda ýaýbaňlanyp bilýär. Birinjisi (iň gowusy) – wagyz, okuw ýa-da dostumyzyň aýdan zady arkaly Hudaýyň Sözüni eşidýäris we ýalňyşymyz paş edilýär. Hut şu sebäpdenem Hudaýyň Sözi bilen iýmitlenmek örän wajypdyr. Eger biz paýhasly bolsak, onda tiz toba edip, öz pikirlerimiz, niýetlerimiz we meýlimiz üçin ötünç sorarys. Emma biziň ynsabymyz öwran-öwran gaýtalanýan ýalňyşlarymyz zerarly kütüleşen bolsa, eşitmek kyn bolýar. Eger ynsabymyz gazaplanan, “doňan” bolsa, onda eşitmek mümkin däl diýen ýaly bolýar. Şonuň üçin-de, Mukaddes Ýazgylar bize ynsabymyzy päk saklamaklygyň ähmiýeti barada aýdýar (ser.: Süleýmanyň tymsallary 4:23; 2 Timoteos 1:3). Ynsabymyzy päk saklanymyzda, Hudaýyň Sözüniň işini ýüregimizde aňsat duýýarys.

Beýleki wariant (maslahat berilmeýän wariant): biziň niýetlerimiz Höküm gününde aýan bolar. Eger şeýle bolsa, biz özümize niýetlenen sylaglary ýitireris. Şunlukda, siz öz-özüňizden şuny

soramaly: “Hudaýyň Sözüniň paş etmegine garşy duranyňa degýärmi?” siz her gezek paş edilmäni ret edeniňizde, ýüregiňiz gataýar, siz bolsa dogry ýoldan barha uzaklaşýarsyňyz. Özümiziň hakyky ýagdaýymyza aň ýetirmän, muny Höküm gününde Onuň şöhratynyň nurunda ýüze çykararys.

## Baky gelejege taýýarlanmak

Biziň durmuşymyzda kazylykdan hiç bir zat gutulyp bilmez. Ähli zat aýan we aýdyň bolar. Hut şu sebäpdenem resul Pawlus Höküm kürsüsini “Reb gorkusy” diýip atlandyrýar. Höküm gününde biziň niýetlerimiz, meýillerimiz, pikirlerimiz, sözlerimiz, işlerimiz we ş.m derňeler. Resul Pawlusyň korintoslylara ýazan birinji hatynda (3:9,12–15) gurluşyk we Höküm güni babatdaky sözleri The Message terjimesinde diýseň güýçli ýaňlanýar:

> “Başga sözler bilen aýdylanda, siz Hudaýyň ymaratysyňyz... Gurluşyk materiallary saýlanyňyzda, ünsli boluň. Gurluşygyň ahyrynda barlag geçiriler. Eger siz arzan we erbet materiallary ulanan bolsaňyz, bu ýüze çykar. Hiç zat sypdyrylmaz. Eger siziň eden işiňiz barlagdan geçse, örän oňat; eger geçmese, binanyň siz tarapdan gurlan bölegi weýran ediler. Siz welin weýran edilmersiňiz, siz diri galarsyňyz, ýöne bu kynlyk bilen bolar”.

Siz babatda nähilidigini bilemok, men özüm-ä Isa Mesihiň Höküm gününde zordan halas boljak adamyň ýagdaýyna düşesim gelenok. Biz häzir özümiziň bakylykdaky ykbalymyz barada gürrüň ederis. Näçe imanlynyň şok ýagdaýyna düşjekdigini bir göz öňüne getirip görüň-ä! Biziň wakamyzdaky gahrymanlaryň diňe biri taýýardy, galanlaryň ählisi üçin bolup geçýän zatlar oslagsyzdy. Olar ilkibaşdan bilnäýmeli binýady taglymatlara çynlakaý garamaýardylar.

Men şu dünýäniň paýhasly adamlaryna köp duş gelýärin. Olar öz gelejegine ymykly taýýarlyk görýärler. Hemme zat mekdepdä-

ki yhlasly okuwdan tä üstünlikli wezipe ösüşine çenli döwürden başlanýar. Olar işde üstünlik gazanyp başlansoňlar, jaý edinmäge ymtylýarlar, maýa goýumlaryny toplaýarlar. Käbirleri maýa goýumlarynyň bir bölegini telekeçilik işinde işledip, pul toplaýarlar. Bularyň ählisi gelejege taýýar bolmak üçin edilýär, sebäbi adamlar durmuşda, aýratyn-da pensiýa ýaşynda, mätäçlik çekesleri gelenok. Eger olar garrylyk çagyna köp adamlaryň bakylyga taýýarlanyşy ýaly taýýarlansadylar, onda gelejekde uly kynçylyklara duçar bolardylar. Ýöne imanlylardan tapawutlylykda, bu adamlar ýagdaýyň şeýle boljagyndan örän hopugyp, onuň gamyny iýerdiler.

Geliň, mysal üçin, şeýle ýagdaýy çaklap göreliň. Pensiýa çykýan ýaşuly adamy göz öňüne getirip görüň. Birinjiden, döwlet pensiýa gaznasy lüt galyp, bu adama her aýda tölemeli pensiýa puluny töläp bilenokmyş diýeli. Ikinjiden, bu ýaşulynyň öz pul serişdelerini saklaýan banky ýapylyp, ondan bir köpük-de alyp bilenok diýeli. Şol gijäniň özünde bu adam tüsse içinde oýanýar, onuň öýi ot alýar. Ol öýden hiç zadyny alyp ýetişmän, diňe özi ylgap çykýar. Ol ýeke eşikde durup, ömürboýy gazanan emläginiň otda heläk bolşuny synlaýar.

Bu adamyň ömründe pajygaly gün. Resul Pawlus Isa Mesihiň Höküm gününde käbir mesihileriň düşjek ýagdaýy barada aýdanda, hut şeýle suraty beýan edýär. Geliň, onuň sözlerini ýene-de bir gezek okap göreli: “Guran binasy otda köýse, ol ýitgi çeker; özi halas bolar, ýöne edil otdan ylgap çykan ýaly bolar” (1 Korintoslylar 3:15). Şalykdaky paýhaslylar biziň “üpjün edilen garrylyk” üçin işlemeýändigimize düşünýärler. Biz bakylyga taýýarlyk görýäris!

Men paýhaslylar diýip, öz bakylygyny meýilleşdirýänler, durmuşda maksady bolarlar barada aýdýaryn. Olar ýer ýüzündäki durmuşlarynyň bakylykdaky ykbalyny kesgitleýändigini bilýärler. Olar Hudaýyň Şalygyna dabaraly girerler. Olar Hudaýyň

Şalygyna durmuşlarynda eden işleriniň ýanyp, weýran bolanyny bilýän we oňa sümlüp girýänler ýaly bolmazlar. Petrusyň bu barada näme diýýändigini okaň:

> “Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Hudaý tarapyndan çagyrylanlaryň we saýlananlaryň arasyndadygyňyzy subut etmäge yhlas ediň. Şeýle etseňiz, asla imandan dänmersiňiz. Şonda Rebbimiz we Halasgärimiz Isa Mesihiň ebedi şalygyna girmek hukugy size boldan-bol eçiler” (2 Petrus 1:10,11).

Girelge giňden açylan! Bu bolsa Hojaýynyň bize: “Berekella, ýagşy hem sadyk hyzmatkär! Sen kiçijik işde sadyk bolanyň üçin, indi beýik işleri saňa ynanaryn. Gel, hojaýynyň şatlygyna şärik bol!“ (Matta 25:21) diýjegini eşitmekligi aňladýar.

Hudaý mundan biraz öň maňa bir görnüş berdi. Men şalygyň ýeňijilerini gördüm. Olar Hudaýyň şäherinde ýöriş edip barýardylar. Olar altyndan guýlan köçelerden gadam urup barýardylar, köçäniň iki gapdalynda bolsa müňlerçe erkekdir aýallar olara el bulap şatlanýardylar. Isa Patyşa tagtyň üstünde beýgelip otyrdy, Ony şäheriň islendik künjeginden görüp bolýardy. Sadyk esgerler basgançakdan galyp, Isa Mesihe sowgatlaryny berýärdiler, mähelle bolsa şatlykdan ýaňa güwwüldeýärdi. Şol görnüşde Reb esgerlere: “Oňat” diýdi.

Soňra Reb meniň ýüregime ýüzlenip, şeýle diýdi: “Sen hem bu esgerleriň biri bolmak isleýärmiň? Ýa-da köçäniň gyrasynda duranlaryň biri bolmak isleýärmiň?” Men şonda öz çagyrylyşymy amal etmegi ýüregime berk düwdüm. Men Reb meniň durmuşymy synlanda, Onuň wagtyhoş ýylgyryşyny göresim gelýär. Men özüme berlen potensialy ýitirenligim sebäpli Onuň ýüzünde gaýgy nyşanyny göresim gelenok.

Şonda men muny öz döwürdeşlerime gürrüň bermegi ýüregime düwdüm, sebäbi olaryň hem meniň bilen Onuň ajaýyplygyna sowgatlar bilen girip, Atamyzyň şanly ýylgyryşyny görmek-

lerini isleýän. Biz ýer ýüzündäki hyzmatymyz arkaly göklere girelgäniň giňden açylyp-açylmazlygyny özümiz kesgitleýäris. Bu barada biz indiki baplarda gürrüň ederis.

## Indiki sahypalarda

Indiki baplarda biz durmuşyň esasy çäkleri barada gürrüň ederis. Biz olara görä ýa sylaglanarys, ýa-da höküm edileris. Biz olaryň hemmesine jikme-jik garap bilmesek-de, iň wajyplaryna ga-rarys. Biz ymykly binýady görkezeris, onsoň siz onuň üstünde öz durmuşyňyzy bakylykda ähmiýeti bolar ýaly edip gurup bileriňiz.

Jemlemezden ozal Petrusyň sözlerini howlukman okaň we şu bapda okanlaryňyza üns beriň. Siz aýdylan zatlaryň baryny jan-landyrmaga ukyply açary sözleri we jümleleri görersiňiz. Şeýle-de, onuň sözleri indiki sahypalarda gürrüňini etjek zatlarymyza taýýarlar:

> “Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi. Ol muny ýagşylyk we şöhrat bilen bizi Çagyrany tanamagymyz üçin etdi... Şoňa görä-de, özüňize berlen binýatda guranyňyzda, ýeke-de minudy-da ýitirmäň, imanyňyzda ahlak päkligini, ahlak päkliginde bilimi, bilimde özerkliligi, özerkli-likde çydamlylygy, çydamlylykda hudaýhonlygy, hudaýhonlykda mähribanlygy, mähribanlykda Hudaýyň söýgüsini artdyrmaga dyr-jaşyň. Şu gowy häsiýetler sizde bar bolsa we köpelse, onda siz Reb-bimiz Isa Mesihi tanamakda bikär hem hasylsyz galmarsyňyz... Şonuň üçin hem, eý, doganlar, Hudaý tarapyndan çagyrylanlaryň we saýlananlaryň arasyndadygyňyzy subut etmäge yhlas ediň. Şeýle etseňiz, asla imandan dänmersiňiz. Şonda Rebbimiz we Halasgäri-miz Isa Mesihiň ebedi şalygyna girmek hukugy size boldan-bol eçiler. Siz bu zatlary bilseňiz-de, özüňizdäki hakykatda berk dursaňyz-da, men bulary size hemişe ýatladyp duraryn. Men şindi ýaşaýan wagt-laýyn çadyrymdan, ýagny bedenimden gidýänçäm, bulary ýadyňyza salmak bilen siziň aňyňyzy oýaryp durmagy dogry hasaplaýaryn” (2 Petrus 1:3, 5–8, 10–13, The Message).

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

### DÖRDÜNJI BÖLÜM 4: 8-10-NJY BAPLAR

1. Affabeliň raýatlarynyň kazylyk wagtynda täze atlary alan ýagdaýlary, belki, iň güýçli pursatlarydyr. Siz Isa Mesihe gelmezden ozal kim bolandygyňyz we nämeler edendigiňiz, Onuň siziň durmuşyňyzy nähili özgerdendigi barada oýlanyň. Siziň täze adyňyz nähili wakany beýan eder öýdýäňiz?

2. Imanlylaryň öz durmuş ýörelgeleri zerarly ýitgi çekjekdigine garamazdan, gökler Hudaýyň her bir gözýaşy syrjak ýerine, şatlyk mesgenine öwrülip bilýär. Näme üçin? Pikiriňizi paýlaşyň.

3. Sahawaty öz deň-duşlaryndan näme tapawutlandyrýardy. Muny öz sözleriňiz düşündirjek boluň. Onuň durmuşyndan nämeleri öwrensek bolýar.

4. Mukaddes Ýazgylardaky gökleriň beýanatyndan sizi haýrana goýan zat barmy? Eger bar bolsa, haýsy zatlar?

5. Onunjy bapda şeýle jümle bar: “Isa Mesihiň gany bizi Onuň Şalygyna girmäge päsgel berýän günälerden päkleýär, emma ol imanly bolup ýaşan döwrümizde eden oňat ýa erbet işlerimize jogap bermekden boşatmaýar”. Siz bu jümlä ilkibaşda nähili garapdyňyz? Şindi, bu bölümi okanyňyzdan soň, bu barada näme pikir edýärsiňiz?

# BÄŞINJI BÖLÜM

## 11-NJI BAP

# HUDAÝYŇ ÖÝI

*Siz Hudaýyň mesgenine Onuň Ruhy arkaly*
*bina edilýärsiňiz...*
— Efesliler 2:22

Imanlylara ediljek kazylygy biz iki kategoriýa böleris. Birinjisi – biziň özümize berlen sylaglara we çagyrylyşymyza laýyklykda Hudaýyň Şalygynyň gurluşygyna gatnaşyşymyz. Ikinjisi – biziň käbir durmuşlary, şol sanda özümiziňkini nähili guranlygymyz. Başga adamlaryň durmuşlary babatda – olara nähili täsir edenligimiz göz öňüne tutulýar; öz durmuşymyz babatda bolsa – özümizde Isa Mesihiň häsiýetlerini ösdürmek bilen, Hudaýyň merhemetini nähili kabul edenligimiz. Bu bolsa biziň ynanan we tabyn bolan Sözümize, ýagny Hudaýyň Sözüne nähili garanlygymyza baglydyr. Biziň işlerimiz, hereketlerimiz, sözlerimiz, pikirlerimiz we niýetlerimiz ymykly derňeler.

Biz ilki Onuň Şalygyny gurmaga gatnaşmakdaky rolumyza ediljek kazylyga garap gerçeris, soňra bolsa öz durmuşymyzyň gurluşygy babatda maslahatlaşarys.

### “Sen Meniň üçin näme edersiň?”

Biziň Şalygy gurmak ukybyz Mukaddes Ruha bolan tabynlygymyza gönüden-göni baglydyr. Sebäbi Isa Mesihiň merhemeti bolmasa, biziň özümiz baky ähmiýeti bolan zatlaryň birini-de edip bilemeris. Bize şeýle diýlen: “Eger öýi Reb bina etmese, ony bina edýänleriň azaby puçdur” (Zebur 126:1). Biz Mukaddes Ruhdan aýrylykda gurup bilýäris, ýöne bakylyk nukdaýnazaryndan biziň

zähmetimiz puçdur, ol Höküm gününde otda ýanyp ýok bolar. Muňa düşünmek örän wajypdyr.

Hudaý Köne Ähtde Oňa hyzmat edýän adamlar toparyna ýüzlenip, şeýle diýýär:

> “Gökler Meniň tagtym, ýer aýagyma kürsüdir. Maňa gurjak öýüňiz hany?! Dynçlyk mekanym nirede boljak?! Öz elim ýaratdy bularyň baryn, hemmesi-de Meniňkidir! Ýöne Men kiçigöwünlä, ruhy synyga, sözüme titreýäne nazar salaryn”. (Işaýa 66:1,2)

Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaý şuny ykrar edýär: “Men – Hudaý. Meniň Kimdigime bir düşünýäňizmi? Eýsem siz Meniň üçin nämedir bir zat etmegi başararsyňyz öýdýäňizmi?” Hudaý üçin haýsydyr bir zady döretdip bilmek baradaky pikiri garynjalaryň adama: “Biz saňa öý gurup bereris” diýmegi bilen deňeşdirse bolar. Nähili akmaklyk! Biz öz güýjümiz arkaly täsin, deňi-taýy bolmadyk beýik Hudaýymyza hyzmat etmek ýa-da Ony hoşnut etmek üçin hiç zat edip bilmeris. Ol bize garaşly däl.

Başga tarapdan, Hudaý kimleriň Oňa hyzmat edip ýa-da göwnünden turup bilýändigini aýdýar: kiçigöwünli, toba edenler, Hudaýdan gorkýan we Oňa gulak asýan adamlar. Hut şeýle adamlar Onuň öýüni gurup bilerler. Olar şeýle beýik Hudaýa nädip hyzmat edip bilerler? “Güýç we zorluk bilen däl-de, diňe Meniň Ruhum bilen iş bitirersiň” (Zakarýa 4:6). Hudaýa gulak asyp, Mukaddes Ruh bilen hyzmatdaşlyk edýän adam netije gazanlar. Diňe şeýle bolan ýagdaýda gurluşykçynyň zähmeti puç bolmaz.

## Işdeşler

Täsin fakt şundan ybarat: Reb, şeýle beýik we gudratly bolan Şahsyýet Öz çözgüdi arkaly Özüniň ýer ýüzündäki işlerinde Özüni çäklendirip, ähli ygtyýary adama berdi. Bu Hudaýyň çäklendirilen bolup bilýändigine täsir etdi. Belki, siz muňa geň galýansyňyz, ýöne munuň mysalyny Mukaddes Ýazgylarda köp tapsa bolýar.

Ybraýymyň nesli “Hudaýy öwran-öwran synap gördüler, Ysraýylyň Mukaddesini öjükdirdiler (çäklendirdiler)” (Zebur 77:41). Şeýle-de Isa Mesih Öz halkynyň ruhy öňbaşçylaryna şuny diýdi: “Şeýdip, siz nesilden-nesle galdyrýan adatlaryňyzyň hatyrasyna Hudaýyň sözüni puja çykarýarsyňyz (ýoklaýarsyňyz we biderek edýärsiňiz)” (Mark 7:13, giňişleýin terjime). Biz Onuň işdeşleri bolmak bilen, Onuň isleglerini berjaý etmäge jogapkärdiris. Onuň islegleri bolsa esasan hem adamlaryň baky ýaşary ýaly, olary Isa Mesihiň keşbine öwürmekden ybarat. Hawa, biz jogapkär, şonuň üçin-de, biz Onuň işdeşleri diýip atlandyrylýarys.

> “Çünki biz Hudaýyň işdeşidiris (hyzmatdaşy); siz Hudaýyň ekini, üzümçiligi we meýdany, Onuň ymaratysyňyz. (1 Korintoslylar 3:9, giňişleýin terjime).

Täze Ähtde Şalygyň işgärleri agzalanda, her gezek diýen ýaly, olar meýdandaky işgärler ýa-da gurluşykçylar bilen deňeşdirilýär. Näme üçin meýdan? Sebäbi ýer şu pursat Hudaýyň ösýän Şalygyny suratlandyrýar Mukaddesleriň ýer ýüzünde Şalygy bina edişini görýän gökler şatlykdan ýaňa heýjana gelýär. Näme üçin bina? Sebäbi Hudaý müdimilik jaý gözleýär, biz bolsa diri daşlar bolup, Onuň mesgenini emele getirýäris.

Petrus şeýle ýazýar: “Şonuň üçin siz hem diri daşlar ýaly ruhy bina bolup gurluň. Şonda Isa Mesih arkaly Hudaýyň halaýan ruhy gurbanlyklaryny hödürleýän mukaddes ruhanylar bolarsyňyz” (1 Petrus 2:5).

Şunlukda, biziň ýer ýüzünde ýaşamagymyzyň asyl manysy Onuň ajaýyp ybadathanasyny ýa-da *öýüni* gurmakdan ybarat. Bu adamlary halas etmek, olara öwretmek we hyzmat etmek arkaly amala aşýar. Biziň rolumyz – arassa diri daşlar bolmak; şeýle-de, diri daşlar biri-birine laýyk gelip, Hudaýyň öýüni gurar ýaly, beýleki adamlara diri daşlara öwrülmäge ýardam bermek. Netijede, biziň ählimiz öz durmuşymyzy we Şalygy gurşumyz babatda hasabat bereris.

## Öýüň gurluşygy

Eger men gurluşykçy bolan bolsadym, onda gurluşyga başlamazdan öň öýüň taslamasyny we dizaýnyny işläp düzerdim. Öýüň nähili gurulmalydygyny we nähili materiallary ulanmalydygyny jikme-jik görkezýän çyzgylary taýýarlardym. Ýöne bu hem hemmesi däl. Jaý gurluşykçylaryň her biri işiň iň wajyp böleginiň potratçylaryň, gurluşykçylaryň, santehnikleriň, elektrikleriň, jaýyň üstüni basyrýan ussalaryň we beýleki hünärmenleriň işini özwagtlaýyn rejeleşdirip bilmekden ybaratdygyny bilýär. Sebäbi hut şu hünärmenler işi amala aşyrýar. Eger işi dogry rejeleşdirmeseň, bulam-bujarlyk başlanar. Mysal üçin, tok geçiriji simleri geçirip, diwarlary ýylylandyryp başlamazdan öň, gipsokartony goýmagy meýilleşdirmeli.

Eger potratçy öz işini erbet etse ýa-da bellenilen möhletlere gabat gelmese, iş buýrujy bu işi etmek üçin kimdir başga birini tapar. Täze potratçy işe tiz girişmeli bolar we, belki, öňki potratçylaryň goýberen säwliklerini düzetmeli bolar. Haýsydyr bir potratçynyň öz iş paýyny etmändigine garamazdan, gurluşygyň başlygy jaýyň bellenilen möhletde gurlup tamamlanmagy üçin elinden gelenini eder.

Men şeýle ýagdaýa hem syn etdim: gurluşygyň başlygy özüniň jaýyny gurmakçy bolýar. Şonda ol potratçyny gaty ünsli saýlaýar, iň oňat materiallary satyn alýar we potratçylaryň işi dogry edip bileri ýaly, islendik şertlerini berjaý edýär. Ol gurluşygyň gidişine gaty ünsli gözegçilik edýär. Hudaý Öz öýünň Gurluşykçysy bolup durýar, ýöne Onuň öýi – adamlardan ybarat bolan ägirt şäher!

Ýer ýüzünde üýtgeşik jaýlara at dakýarlar. Mysal üçin, Angliýanyň şa melikesiniň öýi Bukingem köşgi diýip atlandyrylýar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda prezidentiň öýi Ak tam tiýip atlandyrylýar. Beýlekiler, belki, size kän bir belli hem däldir. Fillis Kelwertiň öýi Baýyrdaky Öý diýip atlandyrylýar. Aktýor we

režissyor Çarlz Iwan Wensiň öýi Ouk Loj, romanist Çarlz Daýeriň öýi Old Mob diýip atlandyrylýar. Şeýle mysallary kän getirse bolar. Emma Hudaý Öz öýüne biz dogulmazdan kän wagt ozal at beripdi. Ol Özüniň heniz-de gurulýän baky öýüni Siýon diýip atlandyrýar. Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylan:

> "Çünki Reb Siony seçip-saýlady, ony Özüne mesgen etmek isledi: 'Bu Meniň baky dynçlyk mekanym, ony küýsedim: şu ýerde mesgen tutaryn'" (Zebur 131:13,14).

Eger size öz arzuwlaýan öýüňizi gurunmak miýesser eden bolsa, şatlykly pursatlary başdan geçirensiňiz we gurluşyň tamamlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşansyňyz. Siz öz öýüňizde dynç almak isleýärsiňiz, sebäbi ol ýerde şatlyk we rahatlyk duýýarsyňyz.

1990-njy ýyllaryň ortalarynda Liza ikimize öz öýümizi gurmak bagty miýesser etdi. Biz Florida ştatynyň Orlanda şäherinde ýaşaýardyk. Şol ýerde biz Robert atly hususy jaýlary gurýan ökde gurluşykçy bilen tanyşdyk. Ol biziň hyzmatymyzy halaýardy. Günleriň bir güni ol bize jaý gurup bermegi teklip etdi. Şol döwürde biz örän kiçi öýde ýaşaýardyk we onuň işine tölemäge elimizi ýuka görýärdik. Biz jaý gurluşygynyň finans tarapyny maslahat edip başlanymyzda, ol bize: "Men size jaýy Hudaýyň bahasyndan gurup bererin" diýip aýtdy. Soňra görüp otursak, ol jaýymyzy guranda, öz zähmeti üçin ýeke köpük-de almandyr.

Şol döwre çenli biziň iki jaýymyz bardy. Olaryň ikisi-de adaty jaýlardy. Başga sözler bilen aýdylanda, biz şol jaýlaryň taslamasyna hiç zat goşmandyk. Men Robert bilen gürrüň edenimden birnäçe gün soň onuň biziň öýümize gelşini ömrümde unutmaryn. Şonda ol biziň naharhanamyza gelip oturdy-da, bir kagyzy çykardy we ruhlandyryjy äheňde bize: "Öz arzuwlaýan öýüňiziň suratyny çekiň!" diýdi.

Biz haýran galmakdan ýaňa doňup galdyk. Men beýle zatlary edip bolýandyr hem öýtmeýärdim. Meniň aýalym derrew işe gi-

rişip, suratyny çekmäge başlady. Ol şeýle mümkinçilik barada köp ýyl bäri arzuw edip gelýärdi. Soňra men hem höweslenip, oňa goşuldym. Biz öýümiziň nähili bolmalydygy barada oýlandygymyz saýy, şatlygymyz artýardy. Suratymyzy tamamlanymyzdan soň, ony binagärlere we dizaýnerlere berdik. Birnäçe günden Bob bize çyzgylary görkezdi; biz gurlyşygyň başlanaryna sabyrsyzlyk bilen garaşyp başladyk.

Robertiň potratçylary işe başlanda, biz tutuş gurluşyk döwründe gurulýan jaýy görmäge günde, käwagt bolsa günde iki gezek barýardyk. Men jaýyň gurlup bolmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardyk. Täze jaýa göçüp barmak we haýsydyr bir täze zada garaşmakdan ýaňa, göwnümize bolmasa, şol birnäçe aý – birnäçe ýyla, birnäçe gün bolsa birnäçe hepdä öwrülen ýalydy. Kagyza çeken arzuwymyzyň gözümiziň alnynda janlanýandygy baradaky pikir bizi diýseň begendirýärdi.

Bu Hudaýyň Öz arzuwlaýan öýüne garaşýan döwründe başdan geçirýän duýgularynyň çalaja ýaňzytmasydyr. Hudaý bu öýe birnäçe aýdan köp wagt garaşýar. Ol onuň gutarnykly gurlup tamamlanmagyna ezelden bäri garaşýar. Mukaddes Ýazgylarda şeýle diýlen: “Sebäbi Reb Siony gaýtadan gurar, şan-şöhratynda Ol peýda bolar” (Zebur 101:17) we “Hudaý gözelligiň naýbaşy bolan Siondan nur saçýar” (Zebur 49:2).

Hudaý Öz öýüniň üstünde birnäçe müň ýyl bäri zähmet çekip gelýär. Ol ýer ýüzünde ýaşamaga ornaşdyran ynsanyna Öz meýlini äşgär etdi. Ol muny ilkibaşdan meýilleşdirmese-de, adamyň ýeňlişe sezewar boljagyny bilýärdi. Ol hemme zady öňünden bilensoň, Siony azat edilen ynsanyýetden gurmagy meýilleşdirdi.

Ilki bilen binýatdan we burç daşyndan başlamalydy, bu burç daşy Halasgär Isa Mesihiň hut Özüdi. “Ine, Men *Sionda* bina daşyny, synalan daşy, gymmatbaha burç daşyny, ynamdar bina goýýaryn; Oňa bil baglan howsala düşmez” (Işaýa 28:16). Ata Hudaý Öz öýüni dünýä ýaradylmazdan öň niýetläp, meýilleşdirip-

di. Şonuň üçin-de, Isa Mesihi “dünýä ýaradylmazdan öň damagy çalnan Guzy” (Aýanlyk 13:8) diýip atlandyrýarlar. Petrus bolsa Isa Mesih barada: “dünýä ýaradylmazdan öň bellenen” (1 Petrus 1:20) diýip ykrar edýär.

Isa Mesih diňe bir burç daşy däl, eýsem Gurluşykçy hem bolup durýandyr. Ol Öz etmeli paýyny etdi, özem kämillik bilen etdi. Ol haça çüýlenmezden ozal, Atasyna ýüzlenip, şeýle diýýär: “Özüme tabşyran işiňi berjaý etdim” (Ýohanna 17:4).

Ata Hudaý Isa Mesihe belli bir wagty bellemekden başlady (ser.: Galatýalylara 4:4); soňra ol beýleki “potratçylaryň” ählisi üçin wagt belledi. Bu “potratçylar” – siz we men. Emma ýokarda aýdylyşy ýaly, biziň paýymyza diňe “potratçy” däl, eýsem gurluşyk materiallary bolmak hem düşdi. Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Öz huzurynda mukaddes we müýnsüz bolmagymyz üçin, biri-birimizi söýüp, Isa Mesihe degişli bolmagymyz üçin, Hudaý bizi *dünýä ýaradylmazdan öň* saýlap-seçdi” (Efesliler 1:4). Bu ýerde biz babatda jaýyň gurluşyk materiallary hökmünde aýdylýar: biz – diri daşlar.

Mundan başga-da, Hudaý bizi Özüniň işdeşleri edip saýlady, sebäbi biz şuny okaýarys: “Çünki Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi *owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy*” (Efesliler 2:10). Üns beriň, ol biziň üçin ýumuşlary öňünden taýýarlady. Mukaddes Ýagylaryň hiç ýerinde bize ýumuş dünýä ýaradalaly bäri berlendigi barada aýdylmaýar, ýöne munuň şeýle bolmagam ahmal. Biz “[Onuň] işleriniň ezelden bäri kämil bolandygyny” anyk bilýäris (Ýewreýlere 4:3). Biziň potratçylar hökmünde etmeli işlerimiz babatda bolsa ýazylan ýeke-täk zat – munuň bize dogulmazymyzdan öň bellenilendigi. Dawut pygamber şeýle diýýär: “Heniz şekilsizkäm meni gözleriň gördi, maňa bellenilen günleriň hiç biri heniz gelmänkä, olaryň her biri Seniň kitabyňda eýýäm ýazylgy” (Zebur 138:16).

Biziň ömrümiziň işi biz heniz ene ýatgysynda emele gelmänkäk öňünden kesgitlenipdi. Bu hakykat Hudaýyň Sözünde Ýermeýa pygamberiň aýdanlary arkaly aýan bolýar: “Men seni eneňiň göwresinde şekil bermezimden öň tanadym. *Eneden dogulmazyňdan öň seni Özüme bagyş etdim, milletlere pygamber belledim*“(Ýermeýa 1:5). Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Emma Hudaý merhemet edip, meni eneden dogulmankam saýlap çagyrdy...” (Galatýalylar 1:15, 16). Ýermeýanyň şaýatlygy resul Pawlusyň we Dawut pygamberiň biziň ählimiziň dogulmazymyzdan öň anyk işler üçin saýlanandygymyz baradaky sözlerini tassyklaýar.

Munda ajaýyp hakykat aýan bolýar: Hudaý siz barada kitaby heniz dogulmankaňyz ýazdy, onda ilkinji günüňizden başlap, her bir pursat tertip boýunça ýazylgydy! Mesele bolsa şunda: biz özümiz üçin meýilleşdirilenleri berjaý ederismi ýa ýok? Süleýman pygamber şuny ykrar edýär:

> “Men Hudaýyň eden her işiniň ebedi galjakdygyny bilýärin; oňa hiç zady goşup bolmaz, ondan hiç zady aýryp bolmaz. Hudaý bu işleri hemmeler Özünden gorksunlar diýip etdi. Häzir näme bar bolsa, ol öň hem bolandyr; geljekde boljak häzir hem bardyr. Hudaý öteni ýene gaýtarýar” (Wagyz kitaby 3:14,15).

Mukaddes Ýazgylaryň şu sözlerinde şeýle köp zatlar aýdylan! Hemme zatdan öňürti, Hudaýyň meýilnamasy bar. Ondan aýrar hiç zat ýok, adam hem oňa hiç goşup bilenok. Emma soňra Süleýman pygamber sözüni dowam edip, şindi bolup geçýän zatlaryň ilki Hudaýyň pikirlerinde bolandygyny aýdýar. Gelejekde boljak zatlar hem Onuň pikirlerinde bolupdy. Emma eýýäm edilen zatlar üçin, biz hasabat bereris! Biz özümiz üçin bellenilen işleri berjaý edýärismi? Ýa biz hemme zady bulaşdyryp, bellenilen işleri berjaý etmekde şowsuzlyga uçradykmy? Hudaý biziň etmeli işlerimizi başgalara tabşyrsynmy?

Indi bolsa men wajyp habary mälim etmeli. Her bir adamyň durmuşynda Hudaýyň çagyrylyşy bar. Biziň her birimiz Hudaýyň

öýüniň taslamasynda wajyp bölek bolup durýarys. Eger şu hakykaty bilýän bolsak, oňat zat:

> Siziň çagyrylyşyňyz babatda bolsa şuny aýdaýyn: size edenleriňize görä däl-de, çagyrylan işleriňizi berjaý edişiňize görä kazylyk ediler!

Mysal getiresim gelýär. Kazylyk wagty Isa Mesihiň şular ýaly bir zady diýip biler:

– Hoş habarçy Anderson, öňe çyk-da, sen arkaly Maňa gelmeli diýip bellenilen janlaryň bary barada hasabat ber.

Bu adam galpyldap, Isa Mesihiň ýanyna aljyrap barýar-da, şeýle diýmegi ahmal:

– Reb, Sen "hasapçy Anderson" diýmekçi bolduň, şeýle dälmi? Men öz firmamda hasapçy bolupdym. Bu meniň hünärim. Men ýygnaga we haýyr-sahawat guramalara kömek edýärdim. Ýygnagyň hyzmatçylary Seniň Şalygya köp janlary getirdiler. Sen meni başga biri bilen çalyşdyňmy?

Reb şeýle jogap bermegi mümkin:

– Ýok, sen heniz dogulmankaň, Men seni Aziýada Özüme müňlerçe janlary getirmäge çagyrypdym. Olaryň nirededegi barada hasabat ber. Eger sen Maňa gulak asan bolsadyň, sen Meniň Şalygyma getirilen hasyl üçin beýik sylag alardyň. Şindi bolsa seniň işleriň ýanyp, ýok bolar, sebäbi olary edeniňde, Maňa gulak asmandyň.

Soňra biz wakanyň şeýle ýaýbaňlanyşyny görüp bileris. Isa Mesih şeýle diýer:

– Hasapçy Jons, öňe çyk-da, seni çagyran işlerimi nähili berjaý edendigiň barada hasabat ber.

Bu adam aljyraňňy halda gorkup öňe çykar we şeýle diýer:

– Reb, Sen "çopan Jons" diýmekçi bolduňmy? Men ýygnaga çopançylyk etdim, onuň 900 agzasy bardy. Men şol ýygnagyň başyny tutdum.

Reb muňa şeýle jogap bermegi mümikin:

– Men seni maliýe telekeçeliginde işläp, ägirt kompaniýany gurmaga çagyrypdym. Bu kompaniýa Meniň köp ýygnaklaryma we hyzmatçylaryma özlerine tabşyran işlerimi has netijeli berjaý etmäge ýardam berip bilerdi. Eger sen Meni tüýs ýürekden agtaran bolsaň, Men muny saňa görkezerdim. Şonda şol hyzmatçylaryň baky täsir eden şol müňlerçe adamlary seniň hasabyňda bolardy we sen her bir jan üçin sylaglanardyň. Şindi bolsa öz işiň üçin hiç sylag almarsyň, sebäbi sen edenleriňi tabynlyk bilen etmändiň. Men şäheriň beýleki ujunda bolan ýygnagyň esasy gurmaçysy bolmagyňy isleýärdim. Eger sen gulak asan bolsadyň, şol ýygnakdaky ýedi müň janyň hemmesi seniň hasabyňda bolardy, sebäbi sen Meniň çagyran ýerimde, ýagny Tende wajyp orny eýeleýärdiň. Sen şol ýerde bolmanlygyň üçin, olar üçin beriljek sylagy almarsyň.

Maňa bir mysal getirmäge ygtyýar ediň. Meniň bir eziz dostum bar, ol ABŞ-nyň günorta-gündogarynda çalt ösýän ýygnaga çopançylyk edýär. Ol ýygnagy 1991-nji ýylda başlapdy. Şonda ýygnagyň 22 agzasy bardy, indi bolsa olaryň sany dört müňe baryp ýetdi. Bu ýygnak wagyz etmek üçin iň aňsat ýerleriň biri, sebäbi adamlar ol ýerde ruhy açlygy duýýarlar. Bu ýygnakda müňlerçe adamlar halas boldular we okadyldylar.

Bu ýygnak güýçli dilegler, güýçli wagyzlar we yhlasly zähmet sebäpli güýçli depgin bilen ösýär. Olar köp adamy sygdyryp biljek ajaýyp bina gurundylar.

Birnäçe ýyl geçenden soň, meniň dostum ýygnakda çal saçly bir ýaşulyny görýär. Ol bu ýaşulynyň her hyzmatdan soň zalda galyp, gözlerinde ýaşyň bulduraýandygyny görýär. Çopan bu gözýaşlaryň şatlyk gözýaşlarynyň däldigini duýýardy.

Bu adam ahyrda çopanyň bir kömekçisiniň ýanyna baryp, şuny gürrüň berýär. 1981-nji ýylda Reb oňa şu şäherde ýygnagyň düýbüni tutmalydygyny anyk görkezýär. Birnäçe gün geçenden soň ol düýşünde özüniň çopançylyk etmeli ýygnagynyň jaýyny görýär. Düýş şeýle äşgär bolansoň, ol hünärmen binagäre

düýşünde gören jaýynyň suratyny çekmegi haýyş edýär. Soňra ol käbir päsgelçiliklere duçar bolansoň, ýygnagy ekmek pikirinden dänýär. Ol belli bir wagt syýahat edýär we başga şäherlerde hyzmat edýär, ýöne soňra ýene-de telekeçilik dünýäsine dolanýar.

Bu ýaşuly ykjam eplenen kagyzy açyp, çopanyň kömekçisine bu 1981-nji ýylda düýşünde gören ýygnak jaýynyň suratydygyny aýdýar. Çopanyň kömekçisi surata seredende, doňup galýar. Kagyzda olaryň şindiki ýygnaklarynyň jaýy çekilendi. Bu jaýy meniň dostum birnäçe ýyl geçenden soň gurýar, olar häzir şol jaýyň içinde durdular. Meniň dostum şol ýaşulyny köşeşdirýärdi, emma ol tesellini kynlyk bilen kabul edýärdi. Hudaý bu adamyň ömürboýy ýazgarylyşda ýaşamagyny islemeýärdi, tersine, haýsydyr bir zatlary öwrenmegini we Rebbe netijelei hyzmat etmegiň tärini tapyp, ömrüniň ahyryna çenli hyzmat etmegini isleýärdi.

Birnäçe ýyl mundan ozal men uly bir konferensiýada şu mowzukdan wagyz etdim. Wagyz edip bolanymdan soň, bir çopan, eşidenleri babatda örän tolgunyp we howsala düşüp, toparymyzyň bir agzasynyň ýanyna baryp: “Ol wagyz eden zatlaryny çyny bilen aýtmady gerek?” diýip sorady.

Meniň toparymdaky adam: “Elbetde ol çyny bilen aýtdy, mesele nämede?” diýip sorady.

Çopan, ol elli ýaşlaryndady, şeýle diýdi: “Men ýaşkam, Filippinlerde ýaşap, şol ýerde adamalara hyzmat etjekdigim barada aýdyň görnüş gördüm. Şol görnüş şeýle bir hakykydy welin, men günleriň bir güni şol ýere giderin diýip çyn ýürekden ynandym. Emma ol amal bolmady we men otuz ýyldan gowrak şu ýygnakda çopançylyk edýän”

Şonda biziň hyzmatçymyz: “Indi näme etmekçisiňiz?” diýip, ýumşaklyk bilen sorady.

Çopan näme aýdaryny bilmän, şol ýerden çykyp gitdi.

Bir ýyl wagt geçenden soň, biziň kömekçimiz şol çopan barada täzelik eşitdi. Çopan ýygnagy öz kömekçisine tabşyryp, Filippinde

ýaşamaga göçüp gidipdir we olary örän söýüpdir. Ol: “Men ömrümde ilkinji gezek öt etmeli işimi edýändigimi duýýaryn” diýip aýdypdyr.

Şu hakykaty goldamak üçin ýene-de bir wakany gürrüň bereýin. Golaýda meniň bir dostum harby deňiz goşunynda (HDG) gulluk edýän ýöriteleşdirilen bölümiň esgeri bilen tanyşdyrmak üçin, nahara çagyrdy. Onuň howpsuzlygy üçin, men ony toslama – Pawel diýip atlandyraýyn, sebäbi şu kitabyň ýazylýan döwründe ol heniz-de gulluk edýär. Men iki sagatlap onuň täsin şaýatlygyny aňk bolup diňledim.

Pawel iki ýyllap Mukaddes Ýazgylary öwrenýän mekdepde okaýar we ony ýigrimi ýaşlarynda tamamlaýar. Ol bada-bat ýygnagyň ýaşlar bölüminde hyzmat edip başlaýar. Bir ýyldan ony ýygnakdaky bir gyz bilen azgynçylyk etmekde aýyplaýarlar. Pawel: “Jon, men ol gyz bilen ýatmadym. Ol hatda göwnüme-de ýaranokdy. Emma ýygnagyň liderleri maňa ynanman, gaýtam beýlekileri-de etmedik zadym babatda ynandyrdylar. Men hemme zady ýitirdim. Olar meniň abraýymy dökdüler we ýygnakdan gitmegimi haýyş etdiler. Olar bu meselede hatda menden hiç soramadylaram”.

Soňra Pawel şuny gürrüň berdi: “Men Hudaýy öňde-soňdakydan köp agtaryp başladym. Günleriň bir güni Hudaý maňa dileg wagty maňa aýdyňlyk bilen: ‘Men seni hyzmatçy bolmaga çagyrmadym. Men sebi harby adam bolmaga çagyrdym’ diýip aýtdy”.

Pawel ABŞ-nyň goşunynyň harby gullukçylarynyň hataryna girmek üçin haýyş bilen ýüzlenýär. Ol deňiz goşunynda we howa güýçlerinde gulluk etmek isleýär, ýöne ol ýerde oňa hiç kim kepil geçip bilmeýär. Onsoň diňe harby-deňiz floty galýar. Oňa boş wezipeleriň sanawyny görkezenlerinde, Pawel lapykeç bolýar, sebäbi olaryň biri-de onuň ýüreginde seslenme tapman, Hudaýyň çagyrylyşyna bolan jogap bolup görünmeýärdi. Ýöne her nähili bolsa-da, täze esgerleri gulluga alýan ofiser ony erjellik bilen deňiz gullugyna alasy gelip, oňa ýöriteleşdirilen okuwlaryň birnäçesini görkezýär. Ol “deňiz pişigi’ diýen sözleri aýdanda, meniň dostum munuň özi üçindigini bilip, şertnama gol çekýär.

Ofiser ýaş oglany pikirinden dändirjek bolýar, sebäbi HDG aýratyn goşunyna taýýarlyk okuwyny sanlyja adamlar geçip bilýärdi. Mundan başga-da, ol Pawla ondan öň bu okuwa ýazylanlaryň biriniň-de ony tamamlap bilmändigini aýdýar, sebäbi ol dünýäde iň kyn okuw we harby taýýarlyk bolup durýan eken! Emma Pawel Hudaýyň syýahatynda ilkinji ädimi ätmekligi şatlyk bilen ýüregine berk düwýär. Ol özüni bu okuwa kabul edilmegini erjellik bilen soraýar.

Emma onuň öňünde çynlakaý böwetleriň birnäçesi bardy. Birinjiden, Pawel ýüzüp bilmeýärdi. Ol munuň üçin dileg etmeli bolýar we soňra ýüzmegi öwrenýär. Ikinjiden, çagalykda onuň gulaklarynda turbajyklar bardy we ol gulak kanallaryny açmak üçin birnäçe operasiýalary etdirmeli bolupdy. Şonuň üçin-de, ol ulalanda, onuň gulaklary hatda sähelçe suw basyşynda güýçli agyryny duýýardy, soňabaka bolsa gulak infeksiýasy başlanýardy. Ýöne Pawel çagyrylyşyny öz güýji bilen amal edip bilse, munuň Hudaýan däldigine berk ynanýardy.

Ol ýüzmegi öwrenmäge başlaýar we gulaklarynyň şypa almagy üçin yhlas bilen dileg edýär. Onuň suwdaky türgenleşikleri güýçli agyrylara öwrülýärdi. Emma günleriň bir güni, dört aýlap dowam eden gündeki güýçli agyrylarydan soň, Pawel diňe ýüzüp däl, eýsem uly çuňluklara hiç bir agyrysyz çümüp bilýär! Ol doly şypa tapyp, deňiş pişikleriniň toparynda syýahata ugramaga taýýar bolýar.

Pawel taýýarlyk okuwyny geçende, juda uly kynçylyklardan we synaglardan geçýär, ýöne ahyrda ol hemme zada döz gelip, uruşda berkän bu doganlyk toparyna gönükdirilýär. Ol on ýylyň dowamynda DHG ýöriteleşdirilen goşunynyň hatarynda gulluk edýär. Şol ýyllaryň dowamynda ol durmuşynda Hudaýyň ençeme gudratlaryny görýär. Ol şol zatlar barada gürrüň berende, meniň inim jümşüldäp gidýärdi.

Şol agşam men Paweliň münberden wagyz etmäge çagyrylmadyk bolsa-da, onuň Hudaý adamsydygyna berk göz ýetirdim. Ol

harby gullukdaky adamlara ýetmäge we öz Watanyna gulluk etmäge çagyrylypdy. Häzirki wagtda Pawel diňe bir gulluk etmän, eýsem harby-deňiz flotunyň ýoriteleşdirilen toparynda tälimçi bolup işleýär. Pawel özüne niýetlenen ýagşy işe ýapyşmak üçin, Hudaýa özüni gönükdirmäge ygtyýar etdi.

Pawelden tapawutlylykda, öz ykballaryny duşundan geçiren adamlaryň wakalaryny diýseň köp eşitdim. Men şeýle wakalary öz gözüm bilen gördüm. Ýigrimi ýylyň dowamynda dünýä boýunça dürli ýygnaklarda hyzmat eden döwrümde men çopanyň kömekçisi bolmaga çagyrylan çopanlary, doly wagtyny hyzmata bagyş etmäge çagyrylan telekiçileri we hatda telekiçiligige çagyrylan çopanlary gördüm. Men telekeçilik dünýäsinde öz ornunda bolmadyk adamlary gördüm, olar öz telekeçilik işini başlamaga gorkup, kimdir biriniň işinde işleýärdiler. Şeýle-de men öz işinde sadyk bolmadyk adamlary gördüm; olar öz-özlerine başlyk bolaslary gelýärdi.

Men Hudaýyň islegine gulak asman, maşgala gurýan adamlary gördüm; netijede olar öz çagyrylyşlaryny ýitirýärdiler. Başga birleri bolsa öz çagyryşlaryny amal etmäge päsgel berýän dostlaryna eýerdiler. Men sporta, pula, ygtyýarlayga ýa-da ş.m zada gyzygýan adamlary gördüm. Bu sanawy dowam etseň, edip oturybermeli. Şeýle zatlar imanlylary Hudaýyň öýüni gurmak işinde öz çagyrylyşyny amal etmekden saklaýar.

Bu gamgyn pikirler, ýöne oňat habar hem bar: biziň hiç birimiz Hudaýyň özümiz üçin niýetlän ýolundan sowulmaly däl. Hudaý biziň wakalarymyzyň Awtorydyr. Ol bizi olary amal etmäge alyp gidip bilýär. Biz öz-özümizden şuny soramaly: men potratçy hökmünde nämä çagyrlandygymy nädip bilmeli? Bu wajyp mesele barada indiki bapda gürrüň ederis. Eger birden ýoldan azaşaýan bolsaňyz, dogry ýola dolanmak barada birnäçe peýdalay maslahatlary hem bilersiňiz.

12-NJI BAP

# HUDAÝ TARAPYNDAN ÇAGYRYLANLAR

*Çünki Hudaý beren peşgeşlerini yzyna almaýar,*
*Öz çakylygyny ýatyrmaýar*
— Rimliler 11:29

Haýsydyr bir göräýmege ýagşy we abraýly zatlara gyzygyp, Hudaýyň meýlinden sowa düşmek baradaky pikir köp adamlara hopukdyryjy bolup görner. Bu düşnükli garaýyş! Ýöne ýadyňyzda bolsun: biz ýykylmakdan we jezalandyrylmakdan gorkmaga däl-de, Hudaýdan gorkmaga çagyrylandyrys. Hudaýdan gorkmaklyk bizi şu sözleri Aýdanyň danalygynda saklaýar: "Saga, sola öwrüleniňizde, yzyňyzdan: 'Ýol budur, şundan ýöräň' diýen sesi eşidersiňiz" (Işaýa 30:21). Geliň, Hudaýyň öýüni gurmakda öz ýerimizi nädip saýgarmalydygy baradaky meselä garalyň.

## Birinjisi: siz Hudaýy çyn ýürekden agtardyňyzmy?

Eger sizden öz ykbalyňyzy berjaý edip-etmeýänligiňiz barada sorasalar, siz: "Men ony berjaý edesim gelýär, ýöne nämä çagyrylanymy bilemok!" diýip jogap bererdiňiz. Munuň birnäçe sebäbiniň bolmagy mümkin. Birinjiden: siz Hudaýy çyn ýürekden agtardyňyzmy? Bize Hudaý Özüni ikirjiňlenmelerde ýa-da ýöne gyzyklanmadan agtarýanlary däl-de, çyn ýürekden agtarýanlary sylaglaýandygy barada aýdylan (ser.: Ýewreýlere 1:16). Eger adam Hudaýy çyn ýürekden agtaryp, jogaba garaşsa, oňa ýer ýüzünde näme üçin doglandygy açylar.

Men Perdyu uniwersitetinde talyplar doganlygynda halas edilişi kabul edenimden soň, bada-bat Hudaýyň öz durmuşym babatdaky meýlini agtarmaga başladym. Men inženerligi okamak

bilen her ikinji semestr IBM-de (EHM-i öndürýän kompaniýa) işleýärdim. Öz çagyrylyşymy birnäçe sebäpden bilesim gelýärdi. Sebäpleriň biri – men Hudaýa tabyn bolasym gelýärdi. Beýlekisine bolsa şu ýagdaý sebäp boldy. Men gutulyşy alanymdan birnäçe aý soň günleriň birinde sekiz-dokuz inženeriň arasyna düşdüm. Şol gün olar bir işdeşleriniň şu kompaniýadaky işiniň otuz sekiz ýyllygyny belleýärdiler. Biz mesaýy gürrüňler edip otyrdyk. Şonda kompaniýada 38 ýyl bäri işläp gelýän şol işgär: “Otuz sekiz ýylyň dowamynda men her gün şu işi ýigrenip gezdim” diýdi. Oturanlaryň bary, menden başgasy, ýa onuň bilen ylalaşdylar, ýa-da hikirdäp güldüler. Men bolsa doňup galan ýaly boldum.

Bu ökde hünärmenleriň arasynda täze işgär bolanym üçin, men hiç kimiň hiç zat diýmändigine haýran galdym we saklanyp bilmän: “Onda näme üçin otuz sekiz ýyllap munuň bilen meşgullandyňyz?” diýip soradym. Ol maňa seretdi-de: “Aý, bu ýöne iş” diýip jogap berdi.

Men birdenkä özümiň hem işimden üýtgeşik bir lezzet almaýandygyma aň ýetirdim. Meniň kakam inžener bolansoň, bu hünäriň oňatdygy, durnuklydygy we oňat gazanç getirýändigi barada aýdýardy. Emma bu inžener bilen duşuşyk hemme zada başga gözler bilen seretmäge mejbur etdi. Men şeýle pikir etdim: “Pul-da, durnuklylyk-da, baga hiç zat-da meni bu dünýäde dogulmagymyň asyl maksadyndan saklap bilmez”. Hut şol ýerde men öz çagyrylyşymy agtaryp başlajakdygym barada karara geldim we oňa tarap ýöremek üçin indiki ädimiň nähili bolmalydygy barada oýlanyp başladym

Men şuny bildim: eger sen Hudaýy ilkibaşdan agtarsaň, Ol saňa durmuşyň çagyrylyşynyň umumy suratyny berýär. Başga sözler bilen aýtsak, Ol saňa ilkibaşdan saňa ahyry görkezer. Hudaý Ýusuba onuň beýik öňbaşçy boljakdygyny we hatda ene-atasynyň, doganlarynyň oňa hyzmat etjekdigini görkezende, ol oglanjykdy, Ýusuba berlen görnüş köp ýyl soň amala aşdy. Musa pygamber Ysraýyl halkyny äkitjekdigini kyrk ýyl öňünden bilýärdi. Dawut pygambere patyşa boljakdygy ol heniz çopanka aýan edildi. Ol köp ýyl geçenden soň Ysraýylyň patyşasy bolýar. Bu sanawy sanasaň sanap otyrmaly.

Men uniwersitetde hünärmen derejesini alanymdan soň, Garwardda okuwymy dowam edip, Amerikanyň iň ýokary derejesindäki menejmentine geçmegi meýilleşdirýärdim. Men öýlenmegi, ýylda birnäçe gezek dynç alşa gitmegi we ähli gazanjymyň ondan bir bölegini Hudaýa bermegi meýilleşdirýärdim. Men Hudaýa hyzmat etmekligi hut şeýle göz öňüne getirýärdim.

Men Hudaýy agtardygymça, hyzmata bolan islegimiň güýjeýändigini duýýardym. Bu maňa gaty bir ýarap baranokdy, ýöne men Hudaýa tabyn bolmak arkaly durmuşda kanagatlanmany we şatlygy tapjakdygyma akylym çatýardy. Günleriň bir güni men hiç bir ýagdaýa garamazdan, Hudaýa tabyn boljakdygymy Oňa söz berdim. Şonda Ol maňa Özüniň men babatdaky çagyryşynyň suratyny doly görkezip başlady.

Eýýäm 80-nji ýyllarda Hudaý, eger men tabyn bolsam, Onuň sözi arkaly köp halklara täsir etjekdigimi görkezdi. Bu meniň akylyma hiç sygyp bilmeýärdi, men muny nähili usul arkaly amala aşyp boljakdygyny-da göz öňüme getirip bilmeýärdim, sebäbi men kiçijek şäherden bolan ýaş oglandym, milli ýa-da halkara derejeli bir hyzmatçyny-da tanamaýardym.

Ýusup, Musa, Dawut pygamberleriň ýagdaýynda bolşy ýaly, Hudaý ahyrky suraty görkezer, Ol ony amala aşyrmagyň jikme-jiklerini aýdyp oturmaz. Bu bize pikir ýöretmelerde däl-de, imanda bolmaga mümkinçilik berýär. Biz agtarmaly we Onuň diýýänlerine gulak asmaly, şonda maksadymyza tarap hereket edip bileris. Käwagt indiki edilmeli ädim bizi maksada däl-de, ondan ters ugra äkidýän ýaly görünýär. Öňbaşçy boljakdygyň barada görnüş alyp-da, on ýyllyk gulçulyga düşmek logiki düşünjä laýyk gelmeýär. Hut şu sebäpdenem bize: “Öz düşünjäňe daýanma, bütin ýüregiň bilen Rebbe bil bagla. Bar işleriňde Ony tana, Ol seniň ýollaryňy dogrular” (Süleýmanyň pähimleri 3:5, 6).

Şol wakadan soň birnäçe aý geçenden soň, kolejdäki soňky ýylyň dowamynda, talyplaryň ählisi Şükürler gününde dört günlik dynça alşa gidenlerinde, men talyplaryň umumyýaşaýyş jaýyn-

da galypdym. Şol günleri men Hudaýyň erkini we durmuşymyň ugruny tapmak üçin, agzymy bekläp, dilegde geçirdim. Birki aýdan men indiki ädimimiň nähili bolmalydygy barada jogap aldym. Bu ädim hyzmata alyp barýan ugurdan bütinleý ters ugra gidýän ýaly görünýärdi. Meniň üçin Mukaddes Ýazgylary öwredýän mekdebe gitmek dürs ýalydy, ýöne Reb maňa inženerlik wezipesini almak üçin söhbetdeşlikden geçmek gerekdigini görkezdi. Ine, hut şu sebäpden Hudaý bize öz düşünjäňe daýanmaly däldigini aýdýar.

Uniwersitetiň kampusynda men köp kompaniýalaryň wekilleri bilen duşuşýardym we Tehas ştatynyň Dallas şäherindäki "Rokwell" korporasiýasynda işlejekdigimi bilýärdim. Munuň hiç bir manysy ýokdy, sebäbi men Dallasda Mukaddes Kitaby öwredýän ýeke mekdebi-de bilmeýärdim. Men başga şäherlerde işlemek tekliplериň on üçüsini aldym. Şol şäherleriň käbirinde şeýle mekdepler bardy, mundan başga-da, beýleki kompaniýalaryň hemmesi "Rokwell" korporasiýasyndan has köp aýlygy hödürleýärdiler. Ýöne Hudaýa tabyn galdym.

Dallasa baryp, ybadathana giren badyma Reb maňa şol ýerde kök urmalydygymy görkezdi. Men hut şol ýygnakda hyzmatymda ösdüm we şindiki ýerime gadamy hut şol ýerden başladym.

## Ikinjisi: siz kök urduňyzmy?

Biz köp adamlaryň öz durmuşlary üçin Hudaýyň islegini tapyp bilmeýändigініň ikinji sebäbine golaýladyk: olar ýerli ýygnakda kök urmadylar. Hudaýyň Sözi bize şeýle diýýär: "Olar Rebbiň öýünde ekilen, olar *Hudaýymyzyň howlularynda* gülleýär" (Zebur 91:14).

Özlerini Hudaýyň öýünde, ýagny bu durmuşdaky ýerli ýygnakda kök uranlar *Hudaýyň howlularynda* güllärler. Hudaýyň howlularynyň bir tarapy Isa Mesihiň Kazylygy bolup durýar. Diýmek, eger biz ýerli ýygnakda berk kök uran bolsak, onda şindi we kazylyk wagty gülläris. Bu Hudaýyň meýli.

Ýygnagy adam däl-de, Hudaý oýlap tapdy we gurnady. Isa Mesih şeýle diýýär: "Men ýygnagymy bu gaýanyň üstünde *guraryn*,

hatda ölüm-de bu ýygnagymy ýeňip bilmez” (Matta 16:18). “Guraryn” diýen söze üns beriň. Isa Mesih Öz Ýygnagynda fiziki taýdan bolmazdan, ony nädip gurup bilýär? Munuň jogaby şeýle: Öz Bedeni arkaly, biz arkaly. Bu biziň işdeşler (potratçylar) diýip atlandyrylmagymyzyň ýene-de bir sebäbidir. Merhemet, başarnyklar we ukyplar, peşgeşler Ondan gelýär, Ol bize adatdan daşary bolan gujur-gaýraty berýär, ýöne işiň amala aşmagy üçin küýzeler tabyn bolmalydyr. Mesele şundan ybarat: biz Ýygnagy Onuň bilen galdyrýarysmy ýa-da biz öz maksatlarymyza – hyzmata duwlanýan şahsy maksatlarymyza eýerýärismi?

Isa Mesihiň tutuş Ýygnagy ýerli ýygnaklara bölünen. Munuň köpsanly mysallarynyň birini biz Onuň Aýanlyk kitabynda ýedi ýygnaklaryň her birine ýüzlenip aýdan sözlerinde görýäris. Ol şu kitapda Efesdäki, Izmirdäki, Pergamondaky, Tiýatiradaky, Sardisdäki, Filadelfiýadaky, Laodikiýadaky ýygnaklara ýüzlenýär.

Şeýle-de Ýygnak Onuň Bedeni bilen deňeşdirilýär. Isa Mesihiň älem Ýygnagy ýerli ýygnaklara bölünişi ýaly, Onuň tutuş Bedeni hem ýerli bedenlere bölünendir.

Rebbiň hut Özi Öz adamlaryny bolmaly ýerlerine belleýär. Resul Pawlus şeýle ýazýar: “Emma Hudaý hemme agzalary bir bedende ýerleşdirip, olaryň hersini Öz halaýşyna görä goýdy” (1 Korintoslylar 12:18). Biziň *gatnaýan ýygnagymyzy özümiz däl-de, Onuň saýlaýandygy* babatdaky ykrar, belki, sizi gaty geň galdyrar.

Şu barada bir pursat oýlanyp görüň. Köp adamlar Hudaýyň olary nirede görmek isleýändigini Ondan soramaga derek, öz gatnajak ýygnaklaryny haýsydyr bir köýnek ýa-da restoran saýlaýan ýaly saýlaýarlar. Eger sen Onuň bedeninde bolmaly ýeriňde bolmasaň, öz ykbalyňy nädip tapjak? Adamyň bedeniniň her bir agzasy Hudaý tarapyndan oýlanyp bellenilendir. Eger el dyza çatylan bolsady, onda onuň işi kyn bolardy. Şonuň üçin-de, biz başga şähere göçmekçi ýa-da başga ýygnaga geçmekçi bolsa, bu babatda Hudaýyň meýlini agtarmaly.

> Biziň her birimiz ýerli ýygnakda öz rolumyzy ýerine ýetirýäris. Biz şuny okaýarys: "Siziň ähliňiz Isa Mesihiň bedenisiňiz, her biriňiz bedeniniň bir agzasysyňyz. Hudaý ýygnaga ilki bilen...." (1 Korintoslylar 12:27,28).

Soňra resul Pawlus ýerli ýygnakdaky esasy wezipeleri sanaýar. Onuň tutuş sanawy bermeýändigine garamazdan, biz Täze Ähtiň beýleki parçalaryndan her birimiziň fiziki bedendäki agzalarymyz ýaly, wajyp wezipani ýerine ýetirýändigimizi bilýäris. Eger biz öz Bedenimizde hereket etmesek, ýerli ýygnak hem edil uly fiziki organlaryň biriniň işlemedik ýa-da özbaşdak hereket eden ýagdaýyndaky ýaly ezýet çekýär.

Gynandyryjy faktlaryň biri ýerli ýygnaklardaky çynlakaý bozulmalar zerarly biziň obşinalarymyzda Isa Mesihiň hyzmatynyň amala aşyp bilmeýänliginden ybarat. Ýerli ýygnaklar näme üçin "agsaýar"? Bu adatça netijeli işläp bilmeýän liderler däl-de, garaşsyz ýaşaýan imanlylar zerarly bolýar. Şuny göz öňüne getirip görüň: meniň gözlerim, aýaklarym ýa-da haýsydyr başga bir agzam öz işleýşi ýaly hereket etmegi karar etdiler diýeli. Biziň ýygnaklarymyzyň ýagdaýyna garamazdan, Hudaýyň Amerikada işlerini amal edip başarşyna haýran galaýmaly.

Ilkinji Ýygnak näme üçin güýçli depgin bilen ösdükä? Geliň, munuň sebäbini bileliň:

> "Olar resullaryň taglymatyny öwrenmäge, ýakyn gatnaşykda ýaşamaga, bile çörek iýmäge we doga-dileg etmäge yhlasly ýapyşdylar... Iman edenleriň hemmesi bilediler. ...Olar bir adam ýaly bolup, her gün ybadathanada ýygnanardylar. Biri-biriniňkä myhmançylyga baryp, çöregi bölüşip iýýärdiler. Çyn ýürekden şatlanyp naharlaryny paýlaşardylar. Hudaýa alkyş okap, bütin il içinde hormatlanylýardylar. Hudaý hem halas bolanlaryň sanyny günsaýyn köpeldýärdi" (Resullaryň işleri 2:42–47).

Siz imanlylaryň ýerli ýygnakda oturdylyp, kök urandygyny görýärňizmi? Olar bile sežde edýärdiler, şol bir wagyzlary diňleýärdiler, umumy görnüşi alýardylar, şol bir durmuşy

paýlaşýardylar. Bu ýygnagyň sagdyn ösüşine täsir etdi. Adamlar Rebbe öz ýerli ýygnaklary arkaly hyzmat edýärdiler; muňa öýdäki durmuşlary hem degişlidi.

Ýerli ýygnaklarda bolmaklyk irki döwrüň mesihileriniň durmuşynyň aýrylmaz bölegi bolup durýardy. Biraz soňra käbir meseleler ýüze çykdy: dul aýallara iýmit ýetmezçilik etdi. Şonda resullar nahar paýlamaklyk üçin Hudaýyň Sözi arkaly hyzmat etmegi taşlamagy nädogry hasapladylar. "Eý, doganlar, öz araňyzdan ýedi adamy saýlaň. Olar Mukaddes Ruhdan we akyl-paýhasdan doly, atly-abraýly adamlar bolsunlar. Bu hyzmaty şolara tabşyralyň" (Resullaryň işleri 6:3).

Üns beriň, liderler: "Bize meýletinçiler gerek. Bu aýallara hyzmat etmek üçin kimdir biri öz wagtyny sarp edesi gelýärmi?" diýip soramadylar. Ýok, imanlylaryň hemmesi özlerini hyzmata bagyş edipdi, sebäbi olar ýerli ýygnakda kök urupdylar. Men-ä şolaryň hersiniň hut özüniň saýlanjakdygyna umyt edendigine ynanýaryn. Ýedi adam saýlandy we şonda:

> "Onsoň bu adamlary resullaryň huzuryna getirdiler. Resullar hem ellerini olaryň başyna goýup, olar üçin Hudaýa doga-dileg etdiler. Şeýlelikde, Hudaýyň *Hoş Habary has-da ýaýrap,* Iýerusalimde *şägirtleriň sany barha köpelýärdi.* Köp sanly ruhanylar-da iman etdiler" (Resullar işleri 6:6,7).

Bu ýedi adamyň başyna el goýmak arkaly olary sahnadan hyzmat etmäge, öý toparynda liderlik etmäge, şöhratlandyryşy we sežde etmekligi alyp barmaga, missionerlik hyzmatyna bellemelidiler. Olary ýygnakdaky dul aýallara hyzmat etmäge bellediler. Beý-bä!

Üns beriň, olar özleriniň, göräýmäge, Bedendäki az ähmiýetli işlerine başlan badyna, *Hudaýyň Sözi ýaýbaňlandy* we Iýerusalimdäki şägirtleriň *sany juda köpeldi.* Biz bu ýerde gyzykly bir fakty görýäris. Resullaryň işlerinde (1–5) Iýerusalimdäki ýygnagyň ösüşini görkezmek üçin, "*goşuldylar, iman etdiler*" sözleri birnäçe gezek ulanylýar. Ine, käbir mysallar (nygtama awtoryňky):

> “... Şol gün üç müňe golaý adam *iman etdi*” (Resullaryň işleri 2:41).

> “...Hudaý hem halas bolanlaryň sanyny günsaýyn *köpeldýärdi*” (Resullaryň işleri 2:47).

> “... Reb Isa iman edenlere goşulan erkekdir aýallaryň *sany barha artýardy*” (Resullaryň işleri 5:14).

Şol wagta çenli ýerli ýygnakda hyzmat işlerini diňe resullar berjaý edýärdiler; diňe Petrusyň wagyzçy bolandygy barada aýdylýar. Emma haýsydyr bir pursatda imanlylar iki esasy zatda her biriniň jogapkärçiliginiň bardygyna düşündiler. Birinjisi – Hoş Habary başga adamlara wagyz etmek we ikinjisi – ýerli ýygnakda öz wezipeleriniň bardygy.

Her bir imanlynyň Isa Mesihiň gudratly direlişi baradaky wakany gürrüň bermelidigi barada Resullaryň işlerinde ýazylgydyr (5:42–6:1): Olar her gün ybadathananyň howlusynda we adamlaryň öýlerinde halka öwretdiler. Isanyň Mesihdigi baradaky Hoş Habary dyngysyz wagyz etdiler. Şol günlerde şägirtleriň sany barha artýardy. Şonda...”. Petrusyň her bir öýde wagyz edip bilmänligi mese-mälim zat, sebäbi şol döwürde ne radio, ne telewidenýe, ne-de internet bardy. Indi imanlylaryň hemmesi Isa Mesihiň Hoş Habaryny goňşularyna wagyz edýärdiler. Üns beriň, adamlar ýygnaga ýöne goşulmaýardylar, olaryň sany juda köpelýärdi. Resullaryň işleri kitabynda biz birinji gezek köpelmäni görýäris.

Ýöne waka munuň bilen tamamlanmaýar. Imanlylar ýygnakda hyzmat etmeli orunlaryny eýelän badyna, biz şägirtleriň sanynyň diňe köpelmän, eýsem *juda artandygyny* görýäris. Juda artýardy – ine, eksponensial ösüş diýilýäni şudur!

Goşulmak bilen artmagyň arasyndaky tapawudy düşündirmäge ygtyýar ediň (eksponensial ösüş). Her aý Rebbe on müň adamy getirýän çopany göz öňüne getirip göreliň. Onuň hyzmaty juda netijeli hasaplanardy, şeýle gerek? Tutuş dünýäni gurşamak üçin, oňa näçe wagt gerek bolardy? Munuň jogaby sarsdyrýar: 50 müň ýyl,

özem şol döwrüň dowamynda hiç kim ölmez we dogulmaz diýen şerti bilen! Bu adamzadyň Ýer togalygynda ýaşaýan döwründen sekiz esse köp. Bolup biljek zat däl!

Indi bolsa men juda köpelmäniň mysalyny getireýin. Şuny göz öňüne getireli: siz Rebbe iki adamy getirýäňiz. Olar siziň ýygnagyňyzda galýarlar. Soňra birnäçe aýyň dowamynda olaryň hersi iki adamy Rebbe getirýärler. Soňra ýene-de birnäçe aýyň dowamynda bu dört adamyň hersi Rebbe iki adamy getirýärler, indiki aýda sekiz adamyň hersi iki adama Rebbe getirýärler, olaryň hemmesem ýygnakda galýarlar. Eger ýagdaý şeýle tärde dowam etse, ýer ýüzüniň tutuş ilatyna Hoş Habary wagyz etmek üçin näçe wagt gerek bolar diýip pikir edýäňiz? Jogaby – otuz üç aý! Hawa, hawa, üç ýyldan-da azrak wagt! Ine, juda köpelmeklik diýilýäni şudur!

Mukaddes Kitapda hakykatda näme barada okaýandygymyza indi düşünýäňizmi?

> "Bu iş iki ýyl dowam etdi. Şeýdip, Aziýa welaýatynda ýaşaýanlaryň *hemmesi*: ýahudylaram, greklerem Rebbiň Hoş Habaryny eşitdiler" (Resullaryň işleri 19:10).

Hemme ýaşaýjylary. Eger Mukaddes Ýazgylar *hemmesi* diýip aýdýan bolsa, munuň *her bir adam* baradadygyny aňladýar. Gürrüň şäher barada däl-de, tutuş welaýat barada gidýär. Olaryň sputnik arkaly aragatnaşygy, telewideniýasy, radiosy, maşynlary, hatda tigirleri-de ýokdy. Bu hakyky eksponensial ösüşdi.

Juda köpelmeklik üçin imanlylaryň sagdyn Bedeni gerek. Sagdyn Beden ýerli ýygnaklarda kök uran imanlylardan ybarat. Olar şol ýerde hyzmat edýärler, mysal üçin: dul aýallara hyzmat edýärler, guramaçy, parkowkalarda garawullar, türmede, çaga hyzmatynda we beýleki ençeme çäklerde hyzmat edýärler. Olar adamlara iş ýerlerinde we ýaşaýan ýerlerinde ýetýärdiler we olara ýerli ýygnakda kök urmaklaryna kömek berýärdiler. Ýadyňyzdamy, Isa Mesih bize diňe bir ähli milletlere wagyz etme-

gi däl, eýsem olary şägirt etmekligimizi tabşyrdy. Biz Isa Mesihiň ýanyna getirýän adamlarymyzyň Rebbiň tabşyran ähli zatlaryny öwrenip bileri ýaly, olara ýerli ýygnakda kök urmaga kömek etmeli (ser.: Matta 28:20). Adamlaryň Isa Mesihde ösüp bilmegi üçin, ýerli ýygnak we oňa berlen ruhy peşgeşler gerekdir.

Munuň açary – ýerli ýygnagyň agzasy bolmak. Biz onda gülläris. Dul aýallara azyk paýlamaga saýlanan ýedi hyzmatçynyň biriniň Filip bolandygyna üns berdiňizmi? Resullar kitabynyň soňragynda ol hoş habarçy diýip atlandyrylýar. Onuň hyzmatynyň işi bolsa köp şäherlere ýaýraýar. “Ertesi gün biz ýola düşüp, birnäçe günden Kaýsariýa geldik we hoş habarçy Filipiň öýünde galdyk, ol *saýlanan ýedi ýolbaşçynyň biridi*” (Resullaryň işleri 21:8).

Filipiň indi beýik hoş habarçy bolup, Reb tarapyndan başga şähere iberilendigine garamazdan, ol heniz-de şol ýedi hyzmatçyň biri hökmünde tanalýardy. Ýerli ýygnakdaky hyzmaty oňa durmuşyndaky çagyrylyşy tapmakda aýgytly roly oýnady. Men adamlara şeýle diýýärin: “Sen durmuşda haýsydyr bir beýik işi etmäge çagyrylmagyň mümkin, ýöne eger bu çagyrylyşyň ýerli ýygnakda kök urmaňdan dogulmasa, amala aşmaz.

Mezmurçynyň sözlerini gaýtalamaga ygtyýar ediň: “Olar Rebbiň öýünde ekilen, olar Hudaýymyzyň howlularynda gülleýärler” (Zebur 91:14). “*Ekilen*” sözüň manysy barada oýlanyp görüň. Şalygyňy esaslaryna düşünmek üçin, siz ekmek-ormak kanunlaryna düşünmeli. Isa Mesih Öz şägirtlerine eger olar tohum, toprak we hasyly ormak esaslaryna düşünmeýän bolsaň, ähli tymsallara düşünip bilmejekdigi barada aýdýar (ser.: Mark 4:13). Sada sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň Şalygy – bu:

> “ýere tohum sepýän adam ýalydyr. Ol gije ýatýar, irden turýar, emma *tohumyň nädip gögerişini, ösüşini bilmeýär.* Toprak öz-özünden hasyl berýär. Öňürti baldagy, soňra başy hem başdaky doly däneleri ýetişýär. Hasyl bişende, ýaňky adam dessine oragy işe girizýär. Çünki orak wagty gelendir” (Mark 4:26–29).

Mende dürli miweli agaçlaryň tohumynyň bir gysymy bar we meniň olardan hiç başym çykanok diýeli. Olaryň haýsynyň haýsy miwedigini bilmegiň ýeke-täk usuly – olary ekmek gerek. Ekenimden biraz wagt geçenden soň men her tohumyň tebigatyny görerin.

Hudaý biziň her birimiziň içine öňden kesgitlenen çagyrylyşy we ony berjaý etmäge gerek bolan ruhy peşgeşleri salýar: "Sebäbi Hudaý bizi Isa Mesih arkaly ýaratdy. Ol bizi owaldan taýýarlap goýan ýagşy işlerini etmegimiz üçin ýaratdy" (Efesliler 2:10), "Çünki Hudaý beren peşgeşlerini yzyna almaýar, Öz çakylygyny ýatyrmaýar" (Rimliler 11:29). Isa Mesihiň sözlerine laýyklykda, meniň çagyrylyşym we ruhy peşgeşlerim tohumyň içinde ýerleşdirilen ýaly. Eger men özümi ýygnakda "eksem", onda Hudaýyň maňa beren ykbalyny bilip bilerin. Eger ekmesem, özüme berlen ruhy peşgeşleri durmuşymdaky islendik maksatlara ýetmekde ulanyp bilerin, ýöne muňa Ýaradanyň maňa beren maksady degişli bolmaz. Dünýewi ülňülere laýyk gelýän üstünlige özüňizi aldatmaň. Siz öz ruhy peşgeşleriňizi ulanyp, örän üstünlikli bolup bilersiňiz, ýöne siziň durmuşyňyz Ýaradyjynyň meýline görä geçmez.

Men birnäçe mysal getireýin. Dünýäde owadan sesli adamlar diýseň kän. Olaryň sesini ýaňlananda, gözleriň owasy ýaşdan dolýar. Bu ruhy peşgeş olara Hudaýy şöhratlandyrmak üçin, Onuň ýüregine we isleglerglerine eýermäge imrikdirmek üçin berlipdi. Ýöne şeýle şirin owazly adamlar öz çagyrylyşyny hiç haçan amala aşyryp bilmezler, sebäbi olar gutulyşy kabul etmediler we ýygnagyň agzalary bolmadylar.

Käbir adamlar bolsa ýüreklerini Isa Mesihe berseler-de, ýygnaga yzygiderli gatnamaýrlar. Olar Şalykdaky iň ýokary derejeli çagyrylyşyny berjaý etmeýärler, sebäbi ýygnaga gelmediler. Elbetde, olaryň ýygnakdan daşarda adamlara täsir etmäge bolan çagyrylyşlarynyň bar bolmagy ahmal. Belki, olar muny belli bir derejede edýändirler, ýöne eger olar ýygnakda kök uran bolsadylar, hakyky ykballary başga bolardy.

Adamyň haýsydyr bir ruhy sylaglarynyň bolmagy we olary mümkin boldugyndan ulanýan bolmagy ahmal. Ýöne tohum oturdylmazdan, agajyň häsiýetlerini (görnüşini, ýapraklaryny, gujuryny) bilip bolmaýşy ýaly, adam ýygnakda kök urmasa, Hudaýyň oňa beren hakyky ykbaşyny anyklap bolmaýar. Muny adam dälde, Hudaý oýlap tapdy.

Meseleleriň ýene biri – adamlaryň ilkinji kynçylyklaryň ýüze çykan badyna ýygnaklaryny üýtgedip başlamagy. Biziň günlerimizde aýallardyr erkekler ýygnakda haýsydyr bir säwligi, aýratynda ýolbaşçylykdaky säwligi görenlerinde, ony aňsatlyk bilen taşlaýarlar. Muňa ýolbaşçylyk tärlerindäki, sadakalary ýa-da puluň harçlanyşyndaky säwlikler degişli bolup bilýär. Eger olar çopanyň wagyz edýän zadyny halamasalar, ýygnakdan çykyp gidýärler. Mysal üçin, ol elýetmez ýa-da ýuwnuksyz. Ýa-da ýygnak agzalaryň beýleki agzalara üns bermezligi. Bu sanawy sanasaň sanap oturmaly. Kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup, olara döz gelmäge derek, olar başga ýygnaklara gidýärler. Olar şol ýygnaklarda çaknyşyklar ýokdur öýdýärler.

Geliň hakykatyň gözüne seredeliň: Isa Mesih – ýeke-täk kämil çopan we ýygnak agzasy. Onda näme üçin biz öz günbatar jemgyýetimizde kynçylyga döz gelip, ondan üstün çykmaga derek, olardan gaçýarys? Biz birkemsiz çopany ýa-da ýygnak agzalaryny tapmak üçin, ýygnakdan ýygnaga geçýäris.

Ýadyňyzda saklaň: şeýtan biziň göwnümize degip, Hudaýyň ýerleşdiren ýerinden bizi gysyp çykarasy gelýär. Ol bizi: erkekleride, aýallary-da köki-damary bilen goparyp taşlasy gelýär. Eger ol sizi goparyp bilen bolsa, onda üstünlik gazanypdyr. Eger sen hatda uly çaknyşyk ýagdaýynda ýeriňden butnaman dursaň, onda şeýtanyň meýlini puç edip, Hudaýyňkyny amal edersiň.

Ýene-de bir gezek: “Olar Rebbiň öýünde ekilen, olar Hudaýymyzyň howlularynda gülleýärler”. Her üç hepde täze topraga göçürilýän ösümlige näme bolar? Onuň kökleri gowşar we ol dogry ösmäge we güllemäge ukypsyz bolar. Eger ony gaýta-gaýata göçürip dursaň, ol ahyrda gurap galar.

Köp adamalar ýygnakdan ýygnaga geçýärler we şol bir wagtyň özünde-de öz çagyrylyşyny amal etmekçi bolýarlar. Eger olary Hudaýyň oturdan ýerinde hasaba almasalar, öýke-kine döreýär. Eger haýsydyr bir zat bilen ylalaşmasalar, öýkeleýärler we ýygnagyň ýolbaşçylaryny günäkärläp, ýygnakdan çykyp gidýärler. Olar öz häsiýetleriniň ýetmezçiligini görmän, basyş arkaly Hudaýyň olary arassalaýandygyna düşünmeýärler. (Bu diňe hyzmata däl, eýsem işe-de, nika-da, beýleki özara gatnaşyklary-da degişlidir).

Geliň, Hudaýyň ösümlikleriň we agaçlaryň mysalynda berýän ýagdaýdan sapak alalyň. Miwe agajy topraga ekilenden soň, ýagşyň, ýeliň we jöwzaň täsirine sezewar bolmaly bolýar. Eger nahal gürläp bilýän bolsa, şeýle diýerdi: “Gaýrat edip, meni bu ýerden aýryň! Meniň jöwzaň we ýeliň bolmadyk ýerinde oturdyň!”

Eger bagban nahalyň diýýänlerine gulak assa, oňa örän uly zyýan ýetirerdi. Agaçlar topraga ymykly kök urmak bilen, jöwza, ýagyşly ýele döz gelmäge ukyply bolýarlar. Olaryň duçar bolýan kynçylyklary netijede durnuklylygyň gözbaşyna öwrülýär. Daşky gurşawyň agyr şertleri olary ýaşaýşy has çuň ýerlerden gözlemäge mejbur edýär. Günleriň bir güni bolsa agaç hatda güýçli ýeliňde olaryň miwe getirmek ukybyna täsir edip bilmejek derejesine ýetýärler. Şuny ýatda saklamak bilen, Hudaýyň ygtyýar edýän kynçylyklaryndan geçmäge garşylyk görkezmek gerek däl, sebäbi şol ýagdaýlar sizi öz çagyryşyňyzda ösmäge ýardam berýär.

## Üçünjisi: “ýüküňiz” agyrmy?

Adamlaryň öz çagyrylyşyny tapmazlygynyň we ony amal etmezliginiň soňky sebäbi – agyr ýüklülik. “Ýük” olary öz ylgawlaryny üstünlikli tamamlamaga päsgel berýär. Resul Pawlus özi barada şeýle diýýär: “Muňa garamazdan, janymy özüm üçin gymmatly hasaplamaýaryn. Men diňe pellehana ýetmek we Rebbimiz Isanyň tabşyran işini doly amala aşyrmak isleýärin. Bu iş Hudaýyň merhemeti baradaky Hoş Habara şaýatlyk etmekdir” (Resullaryň işleri 20:24). Ol durmuşyndaky çagyrylyşa doly akyl

ýetirýärdi. Oňa berlen ýumuş bardy we ol onuň heniz ýerine ýetirilmändigine düşünýärdi. Ol muny nädip bilýärdi? Edil Isa Mesihiň bilşi ýaly, Petrusyň bilşi ýaly bilýärdi (2 Petrus 1:14), ýygnakda we çydamlylykda kök uran beýleki adamlaryň bilşi ýaly bilýärdi. Reb bu bilimi Hudaýyň islegini öz janyndan ileri tutýan her kese aýan edýändir. Hawa, soňky açar şundan ybarat – özümizi Hudaýyň meýlini amal etmäge bagyş etmek bilen, biz diňe öz çagyrylyşymyzy ýüze çykarman, eýsem ony amal hem edip bileris.

Munuň mysalyny biz hoş habarlarda görýäris. Günleriň birinde Isa Mesih bir şäherden başga şähere gidip barýardy: “Ýolda barýarkalar, bir adam Isa: ‘Nirä gitseň, men hem Seniň yzyňa düşjek’ diýdi” (Luka 9:57).

Şol adam ymtylyşdan, päkgöwünlilikden we hyjuwdan doludy. Ol iň soňky pursadyna çenli Isa Mesihiň yzyna eýeresi gelýärdi. Emma Isa Mesiň ynsan hyjuwlylygynyň aňyrsyndan onuň asyl niýetlerini we ýürek isleglerini görmegi başarýar. Ol bu adamyň durmuşynda “agyr ýüki” gördi. Ol bu ýagdaýyň onuň ykbalyny berjaý etmäge böwet boljagyny bilýärdi. Şonuň üçin-de, Ol şeýle diýdi: “Tilkileriň süreni, guşlaryň höwürtgesi bardyr, ýöne Ynsan Oglunyň başyny goýara-da ýeri ýokdur” (Luka 9:58).

Belki, bu adam dünýewi eşretlerden lezzet tapandyr. Belki, onuň oňat işi, uly jaýy we garrylyk çagynyň üpjün etmegiň meýilnamasy bolandyr. Isa Mesih bolsa Öz başyny goýara ýeriniň ýokdugyny aýtmak bilen, onuň dünýewi durnuklylyk islegini puja çykardy.

Men bu höwesjeň adamyň we mähelledäki beýleki birtopar adamlaryň kem-kemde yza süýşüşini we soňabaka bütinleý aýrylyp gidişlerini görýärin. Meniň pikirimçe, bu adam şeýle diýendir: “Isa, men Seniň hyzmatlaryň-da guramaçy boljak, şöhratlandyryş toparyna girjek ýa-da parkowkada ýaşuly agzalara hyzmat etjek”. Isa Mesihi eýermekligiň ajaýyplygy nuruny ýitirdi, Oňa hyzmat etmek islegi zym-zyýat boldy. Şol adam hem beýleki adamlaryň köpüsi ýaly gaýra çekildi. Ol heniz-de hyzmaty goldamak isleýärdi, ýöne özüni oňa doly bagyş edesi gelenokdy.

> Soňra Isa Mesih başga birine garap, şeýle dýdi: "'Meniň yzyma düş' diýdi. Emma ol: 'Agam, rugsat et, *öňürti* gidip, kakamy jaýlaýyn' diýdi. Emma Isa oňa: 'Goý, ölülerini ölüleriň özleri jaýlabersinler, ýöne sen git-de, Hudaýyň Şalygyny wagyz et' diýdi" (Luka 9:59,60).

Beý-bä! Onuň diýýänini bir eşidiň-ä! Käbirlere Isa Mesih biraz gödek we rehimsiz bolup görünmegi ahmal. Emma biz şol döwrüň medeniýetine we adatlaryna düşünmeli. Alymlar şol adaty şeýle düşündirýärler. Isa Mesihiň ýerde ýaşan döwründe nowbahar ogul öz atasyny jaýlamak borjuny berjaý etse, mirasdan iki paý, beýleki çagalar bolsa bir paý alýan eken. Eger nowbahar ogul bu borjuny berjaý etmese, onuň goşa miras paýy ikinji ogluna geçýän eken.

Bu adam pul barada pikir edipdi. Onuň üpjün durmuşy halan bolmagy gaty ahmal. Bu ýagdaý ahyrda oňa Isa Mesihe eýermäge päsgel etdi. Ol Hudaýyň meýline däl-de, pula esaslanan çözgüdi saýlap aldy.

Men bu adamyň Isa Mesihden şeýle görkezmäni alan badyna gaçyp gidendigine ynanýan. Onuň jogaby şeýleräk bolandyr: "Isa, men eýýäm Seniň konferensiýalaryňda hyzmat edýärin. Men aýdym aýdýan toparyna gatnaşjak ýa-da deprek çaljak. Men muny başarýan. Men muny höwes bilen we bütinleý mugt ederin". Onuň hem beýlekileriňki ýaly Isa Mesihe eýermek höwesi gaçdy.

Üns beriň, adam Isa Mesihe eýermejekdigini aýtmady. Ol eýerer, ýöne onuň hakyky ýüregi "rugsat et, öňürti" diýen sözlerde mälim bolýar. Ol isleýän mirasyny aljakdygy babatda ynamly bolasy geldi.

Eger biz öz durmuşymyzda Hudaýyň meýlini tapyp, ony berjaý etjek bolsak, Hudaýy hemme zatdan we hemmeden ileri tutmaly. Men ilki öz bähbitlerini aramak üçin bitabynlyga ýüz uran imanlylaryň ençemesini gördüm. Olaryň öz çagyryşlaryny sypdyrandygy diýseň gynandyrýan ýagdaý; kimdir başga biri olaryň ýerine durup, olaryň borjuny berjaý etmeli. Olar Höküm gününde nädip aklanarka?

> Hoş habarda beýan edilen wakamyza dolanalyň. Mähelle gitdigiçe azalýardy, ýöne ýene bir meýletinçi peýda boldy. "Ýene birisi: 'Agam! Seniň yzyňa düşeýin, ýöne rugsat ber, *öňürti* maşgalam bilen

hoşlaşaýyn’ diýdi. Isa oňa: ‘Eline azaly alansoň yzyna seredýän adam Hudaýyň Şalygyna mynasyp däldir’ diýdi” (Luka 9:61,62).

Ýene-de şol “*öňürti*” sözi. Bu adamyň maşgalasy, dostlary bilen ýakyn we mylaýym gatnaşyklaryň bolandygy mälim zat. Belki onuň yzynda söýgüli gyzy galandyr we ol onuň bilen Jelileli Isa Mesihe eýerip-eýermezligi geňeşjek bolandyr. Onuň öz ýakynlary bilen gatnaşygy Isa Mesihe nädip hyzmat etjekdiginde aýgytly çözgüt boldy. Şonuň üçin-de Reb oňa Şalyk üçin hyzmat etmäge ýaramly däldigini gönüden-göni aýtdy.

Men bu adamyň hem beýlekileriň hatarynda yza çekilendigini göz öňüne gtririp bilýän. Men onuň şeýle sözleri aýdyşyny eşidýän ýaly: “Isa, men köpçülik bilen aragatnaşygy saklamak boýunça hünärmen. Men Seniň hyzmatyňda geňeşçi bolup, oňat işgärleri tapyp bilerdim. Mundan başga-da, şäherimizde indiki gezek geçiriljek ýygnak üçin oňat mejlisler merkezini tapmakda kömek edip bilýän. Sen geleňde bolsa, Seniň ýygnaklaryňa hyzmat edýän guramaçylara jogap bererdim. Munuň bilenem çaklenmän, eger gerek bolsa, meniň özümem guramaçy bolup hyzmat etmäge taýýar. Sen maňa arkaýyn bil baglaber!”

Şu pursatda Isa Mesih höwesek ägirt mähelläniň ýetmiş adama çenli azalandygyny gören bolmaly. Belki, olaryň sany müňlerçe bolandyr, ýöne Ol halky öz ykbalyny berjaý etmekden saklaýan esasy üç “ýüke” gönüden-göni daraşdy. Şol “ýüke” howpsuzlyk, pul we gatnaşyk dagy degişlidir. (Başga sebäpler hem bar, mysal üçin, lezzet islegi ýa-da Hudaýyň maksadyna laýyk gelmeýän zady islemeklik. Köpýyllyk hyzmatymyň dowamynda bularyň esasy bökdençlik bolup durýandygyny gördüm.)

Köp adamlar hoş habary okanlarynda, tekstiň baplara bölünendigi sebäpli Lukanyň çynlakaý ýüzlenmesini gözden düşürýärler. Şuny ýatlatmaga ygtyýar ediň: Luka uzyn bir haty ýazdy, biraz soňra bolsa ýygnak gerekli parçany aňsat tapmak üçin, teksti baplara we aýatlara böldi. Lukanyň aýdýanlaryna üns beriň:

> “Şundan soň Reb Isa başga ýetmiş iki adamy belläp, olary Özüniň gitmekçi bolýan ähli şäherlerine, ýerlerine iki-ikiden öňünden ýollady. Olara şeýle diýdi: “Hasyl bol, ýöne işgär az...” (Luka 10:1,2).

Şu aýatlarda şeýle köp zat aýdylan. Ilki bilen “şundan soň” diýen sözlere üns beriň. Biz öz-özümizden: “Nämeden soň?” diýip soramaly. Munuň jogaby şeýle: ägirt uly mähelle birdenkä kiçijek topara öwrülenden soň. Bu adamlar duran ýerinde galdylar we özlerine şeýle diýdiler: *“Onuň yzyna eýermek isleginiň töleginiň näme boljakdygy meni gyzyklandyranok. Men şeýle etmek isleýän we ony ederinem!”* Olar Isa Mesihiň howpsuzlyk, pul we gatnaşyklar barada aýdanlaryny eşitdiler, ýöne Hudaýdaky ykballaryny hökman berjaý etmek kararyna geldiler.

Şondan soň Isa Mesih toparyň täze agzalarynyň ýetmişisini *saýlady*. Bary-ýogy şonça galan bolmagy-da mümkin. *Saýlanan* we *bellenilen* sözleri Täze Ähtde sinonim hökmünde ulanylýar. Saýlanan adam bellenilen bolup durýar, bellenilen hem saýlanan bolup durýar. Isa Mesih muny Mattanyň hoş habarynda iki gezek nygtaýar. Eger Ol şol bir jümläni şol bir hoş habaryň dürli ýerlerinde agzaýan bolsa, biz muňa çynlakaý üns bermeli. Ine, ol şeýle: “Çünki çagyrylanlar köp, saýlananlar azdyr” (Matta 20:16, 22:14).

Çagyrylanlar köp. Näçe? Eger anyk aýtsak, her bir adam. Her bir imanlynyň öz durmuşynda çagyrylyşy we ony berjaý eder ýaly ruhy peşgeşleri bar. Emma bu çagyryşy saýlananlaryň ýa-da bellenilenleriň diňe sanlyjasynyň berjaý edýändigi sizi şok ýagdaýyna salsa gerek. Saýlananlar näme üçin az? Sebäbi öz durmuşyndaky çagyrylyşy berjaý etmek üçin şahsy isleglerini, howpsuzlygyny, pul höwesini we gatnaşyklaryny we ş.m. ret edýän adamlaryň sany az.

Isa Mesihiň: “Hasyl bol, ýöne işgär az” (Matta 9:37) diýýändigine üns beriň. Biziň neslimiziň Hudaý üçin gazanylmandygyna Hudaý günäkär däl. Çünki Ol “hemme adamlaryň hakykaty bilip, halas bolmagyny isleýändir” (1 Timoteos 2:4). Biziň neslimiziň ýitirilendigi üçin Onuň öňünde biz durup jogap bermeli bolarys. Eger biz öz çagyrylyşymyzy berjaý eden bolsak, onda hüküm

edilmeris. Emma durmuş aladalaryna bize päsgel bermäge ýol bersek, Höküm güni biziň üçin aýňaldyjy gün bolar.

Siziň: “Men diňe kökleriň biri ahyryn” diýmegiňiz ahmal. Hä, onda seniň bagryň: “Men bir ähmiýetsiz agza, hiç kim meniň edýänlerimi görenok. Şonuň üçin-de, özüme niýetlenen işi etmän, öz şahsy işlerimi edeýin-le” diýse nähili görersiň? Bilşiňiz ýaly, bagyrsyz bedene güýçli howp abanýar. Eger öýkeniň hem şeýle diýse, ýa-da eller, aýaklar, bedenimiziň beýleki agzalary şeýle diýse näme bolar? Bedende her bir agzanyň wajyp bolşy ýaly, ýygnakda hem her bir agza wajypdyr.

Indi bolsa aýňaldyjy täzelik. Isa Mesih Hudaýyň öýüniň gurluşygynda diňe käbir adamlar gurluşykçy hökmünde öz ykballaryny berjaý edýärler diýip aýdýar. Her bir imanlynyň gurmak çagyryşy bar, ýöne diňe käbirleri ony berjaý edip bilerler. Bu bolsa Höküm gününde durjak imanlylaryň aglaba bölegi ýitgi çekip, şöhratly sylaglary almajakdygyny aňladýar.

Men munuň gynandyryjy täzelikdigini bilýärin. Emma gowy täzelik hem bar: edil şu pursat başlap bolýar. Dyza çöküp, dileg ediň we haýsydyr bir zatlara özüňizi Hudaýyň islegine tabyn bolmakdan saklamaga ýol berendigiňiz üçin Ondan ötünç soraň we öňe tarap hereket ediň. Ýigriminji asyryň beýik hoş habarçysy Smit Wiglswort öz hyzmatyny elli ýaşynda başlady. Siziň üçin hem heniz giç däldir.

Ýatda saklaň, munuň açary şulardadyr: birinjiden, Hudaýy iman bilen agtaryň; ikinjiden, Hudaýyň görkezen ýygnagyna gatnaşyň, siziň üstüňizden goýlan ýygnak ýolbaşçylyk toparyna tabyn boluň we gulak asyň; üçünjiden, ýükleriňizi taşlaň. Hudaý size “ýükleriňizi” görkezende, Onuň gylyjynyň bu ýükleriň kalbyňyzda ýa-da bedende döreden gatnaşyklaryny çapmagyny diläň. Onuň merhemeti siziň üçin bolelin we elýeterdir.

## Doly sylag

Indiki baba geçmezden ozal jemleýji sözi aýdaly. Köp adamlar Hudaýyň öýüni heniz-de gurup başlamadylar, başgalar başladylar,

ýöne tamamlamadylar. Olar şöhratparazlyga imrikdiler. Olar bu dünýäniň baýlyklaryna, wezipä we lezzetlere kowalaşyp başladylar, adamlaryň razylygyny agtardylar. Bularyň bary wagtlaýyndyr. Aldanmaň, ýoldan azaşdyrylmagyňyza ýol bermäň, gapdala sowulmaň. Siziň Isa Mesihde tabşyrygyňyz bar. Siziň işiňiz tamamlanmaly.

Möwsümleýin zähmetiniň, hatda bütin ömrüniň zähmetiniň durup bilmejek adamlar bolar. Olaryň zähmeti ýok ediler we şu sebäpden Hudaýyň baky öýüniň bir bölegi bolmaz. Siz muny göz öňüne getirýärsiňizmi?

Aýdyňlyk üçin öz öýümiziň gurluşygynda bolan bir wakany mysal getireýin. Men gurluşyk meýdançasyna günde baramsoň, gurluşykçylar meni oňat tanaýardylar. Olar maňa “wagyzçy” diýýärdiler.

Men her gezek gurluşyga golaýlanymda, öýden agyr rok sazlarynyň ýaňlanýandygyny eşidýärdim. Gurluşykçylar meni görenlerinde, olardan biri bumbokslaryny öçürmek üçin aşaga ylgaýardy. Men olaryň Hudaýyň işine bolan hormatyny görenimde, begenip, içimden ýylgyrýardym. Soňra biz biraz gürrüň edýärdik. Bu ýigitler bilen edýän gürrüňlerimiz käwagt diýseň gyzykly bolýardy. Käwagt olara hyzmat etmek mümkinçiligi döreýärdi.

Şeýle waka ýadyma düşýär: günleriň birinde gurluşykçylar özleriniň salan ajaýyp öýleri barada gürrüň berdiler. Olar şol gurluşyga goşan zähmet goşantlary barada gürrüň berenlerinde, ýüzleri begençden ýaňa nur saçýardy. Olar şeýle ajaýyp işe gatnaşandyklaryna begenip, ondan lezzet alýandygy mese-mälimdi. Şol işlerinden utanmak diýen zatdan nam-nyşan ýokdy. Diňe lezzet bardy, jaýyň eýeleri we şol ajaýyp jaýlary gören adamlaryň ählisi üçin peýdaly bolan şol işden gelen lezzet bardy.

Geliň, oýlanmamyzy dowam edeliň. Waşingtondaky Ak tamy guran gurluşykçynyň duýgularyny göz öňüne getirip görüň. Onuň çagalarynyň mekdepden öýe gelenlerinde biri-birine gezek bermän, klasdaşlary bilen ýurtdaky iň meşhur öýi görmäge gidýändiklerini aýtjak gününi göz öňüne getirip görüň.

Kakanyň öz çagasyna bu jaýy gurmaga gatnaşyndygyny buýsanç bilen gürrüň berşini göz öňüne getirip bir görüň. Çagasynyň öz klasdaşlary bilen Pensilwaniýa-awenyu, 1600 salgysy boýunça gidýändigini bilende, ony nähili duýgularyň gurşap aljagyny göz öňüne getirip bir görüň. Klasdaşlary bu jaýy – Birleşen Ştatlaryň Prezidentiniň işleýän we ýaşaýan jaýyny onuň kakasynyň gurmaga gatnaşandygyny bilenlerinde, onuň ýüzünde peýda boljak şatlygy we buýsanjy göz öňüne getirip görüň.

Biz babatda hem takmynan şeýleräk bolar. Ýöne biz haçan hem bolsa bir wagt ýykylyp, ýerine başga jaý salynjak jaýy guramzok. Biz asyrlarboýy bütin älemiň üns merkezinde boljak öýüň gurluşygynda zähmet çekýäris. Hawa, hut şeýle! Mika pygamberiň ýazanlaryny ýatlaň:

> "Köp milletler gelip, şeýle diýerler: 'Geliň, Rebbiň dagyna, Ýakubyň Hudaýynyň öýüne çykalyň ýodalaryndan ýörär ýaly, Ol bize Öz ýollaryny öwreder'. Çünki kanun Siondan, Rebbiň sözi Iýerusalimden çykar" (Mika 4:2).

Älemiň ähli işlerine bu öýde garalar. Bütin ýaradylyşy dolandyrýan paýhas we kanunlar bu öýden çykar. Bu öý on trillion ýyl geçenden soňra hem gurluşygyň tamamlanan günündäkisi ýaly boljagy örän täsindir.

Hoş habaryň ajaýyp we sadyk bir hyzmatçysy altmyş ýyldan gowrak wagt hyzmat edip, täze müňýyllyklaryň bosagasynda diýen ýaly öz sylagyna ýetdi. Ol aradan çykandan takmynan bir ýyl soň men Ýakyn Gündogardaky uly ýygnaklaryň birine sapara gitdim. Şol ýygnagyň sežde ediş toparyň lideri Hudaýyň oňa görkezen aýdyň görnüşini gürrüň berdi. Şol görnüşde ol göklere çykyp, şol beýik hyzmatçyny görüpdir. Ol uludan ýylgyryp: "Bu ýeri meniň pikir edişimden-de gowy eken" diýip aýdypdyr.

Olar hakykat we wakalar barada söhbetdeş bolupdyrlar. Soňra şol hyzmatçy öwrülip, Siondaky iş paýyny görkezipdir. Onuň edenleri diýseň saldamly eken. Bu sadyk hyzmatçynyň täsiri onuň

arzuwlaýşyndan has uzaga we has giň ýaýrapdyr. Ony indi şol ýerde görüp bolýar. Ol guran öýleri barada gürrüň beren şol gurluşykçylar ýaly, indi öz işini görkezip bilýärdi. Nähili ebedi sylag!

Şuny göz öňüne getirip görüň-ä: bütin bakylygyň dowamynda biz diňe öz neslimizde däl, eýsem Sion atly Hudaýyň şöhratly öýüne geljek bütin halklara Onuň gurluşygyndaky öz iş paýymyzy görkezip bileris.

Indi bolsa başga bir tarapyna garap geçeliň. Öz ýoluňyzy oňat tamamlamandygyňyz zerarly zähmetiňizden nam-nyşan galmajakdygyny göz öňüne getirip görüň. Göz öňüne getirip görüň: siziň nesliňiz eden işiňizi görmäge geler, siz bolsa olara hiç zat görkezip bilmersiňiz. Göz öňüne getirip görüň: bütin halklar edenleriňizi görmäge geler, siziň bolsa olara bakylykda görkezere zadyňyz ýok, sebäbi siziň guran bölegiňiz oda çydaman köýdi we başga bölege çalşyldy. Resul Pawlus şeýle ýazýar:

> “Eger seniň guran binaň oda çydasa, bu gowy bolar; eger çydamasa, seniň guran bölegiň ýok ediler we gaýtadan gurlar” (1 Korintoslylar 3:14,15, The Message).

Bu dogrudan-da baky ýitgi. Gynansak-da, hakykat şeýledir. Emma, eziz dostum, men saňa beýle ykbaly arzuwlamok. Hudaý hem seniň üçin beýle zady islänok. Sen edil şu pursat şeýle ykbala uçramajakdygyň babatda aýgytly karara gelip bilýäň. Hudaý Siony gurup bileriň ýaly merhemet berýär. Resul Ýohanna şeýle ýazýar:

> “Şonuň üçin ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele sowurman, onuň *rehnetini doly görer ýaly*, berk duruň” (2 Ýohanna 8).

Reb her bir perzendiniň Onuň öýüniň gurluşygyna gatnaşyp, doly sylagy almagyny hut Özi niýet etdi. Siziň zähmetiňiz solmaýan, könelmeýän we ýerine başga birini talap etmeýän bolup bilýär. Eger siz Hudaýyň merhemetine bil baglap, oňat gursaňyz, onda goşan goşandyňyza milliardlarça perişdeler we adamlar asyrlarboýy guwanarlar.

# MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

## BÄŞINJI BÖLÜM: 11 WE 12-NJI BAPLAR

1. Biz Hudaýyň özümiziň Onuň üçin haýsydyr bir zady etmegimize mätäç däldigini bilýäris. Ýöne Ol şonda-da Onuň bilen zähmet çekmegimizi isleýär. Bu Ony nähili häsiýetlendirýär? Onuň Şalygyny? Biziň özümizi?

2. Zebur 138:16-da Hudaý bizi heniz dogulmankak, ömrümiziň her bir pursadyna kitaba ýazyp goýandygy barada aýdylýar. Biziň ajaýyp wakalarymyzda Hudaýyň öňden näme niýetlänini nädip bilip bilýäris?

3. Durmuşy göräýmäge oňat ýaly bolup görünýän zatlar bilen meşgullanyp, çagyrylan zatlarymyzy etmän geçirmek aňsat bolsa gerek. Siziň durmuşyňyzda gorkudan ýa-da lapykeçlikden etmeýän zadyňyz barmy? Haýsy zatlarda Hudaýyň özgerişligini isleýärsiňiz?

4. On ikinji bapda biz Hudaýyň islegini berjaý edip ýaşamagyň üç syryny maslahat etdik: Ony çyp ýürekden agtarmak, Onuň öýünde kök urmak we ýükden boşanmak. Şularyň haýsysy siziň üçin şahsy mümkinçilikleriň çäkleri bolup durýar? Siz bu çäklerde nähili ösüp bilýärsiňiz?

5. Biz bakylykda doly, bölekleýin sylagy alyp bilýäris. Ýa-da bütinleý hiç hili sylagsyz galyp bilýäris. Siziň üçin doly sylag nämäni aňladýar?

# ALTYNJY BÖLÜM

13-NJI BAP

# KÖPELME

*Orakçy hem hakyny alýar, hem-de baky ýaşaýyş üçin hasyl toplaýar. Şeýdip, ekýän-de, orýan-da bilelikde şatlanýar. ‘Biri eker, başga biri orar’ diýilýän söz bu babatda dogrudyr.*
— Ýohanna 4:36, 37

*Ekýäniň-de, suwarýanyň-da maksady birdir. Olaryň hersi öz çeken zähmetine görä sylaglanar.*
— 1 Korintoslylar 3:8

Hudaýyň öýüni gurmak arkaly Şalykda sadyklyk bilen hyzmat edýän adam ajaýyp baky sylagy alar. Biziň her bizirimiz aýratynlykda eden işine laýyklykda sylaglanar. Biziň her birimize öz jogapkärçiligimiz berlen, ýöne dürli çagyryşlar bir netijäni berýär. Bu netije – bakylygyň adamlaryň durmuşyna täsir etmegi.

Köp adamlar göklerde ilkinji hatarlarda diňe müňlerçe adamlaryň durmuşyna täsir eden hyzmatçylar durar diýip oýlaýarlar. Ýöne hakykat beýle däl. Hudaý ynsan ülňüsine görä garanok, Ol tabynlyk bilen edilen dogry işlere garaýar. Eger bu şeýle bolmadyk bolsady, onda üstünlik tutuş hyzmatyň merkezine öwrülerdi. Soňky bölümde biz Hudaýyň bize öz çagyryşymyza görä etmeli bolan işlerimize laýyklykda garap, şoňa laýyklykda hem sylaglaýandygyny gördük.

## Merhemet arkaly güýç

Isa Mesihiň doglanyndan soň 56-njy ýylda, işiniň tamamlanmagyndan takmynan on ýyl öň, resul Pawlus özüniň “resullaryň arasynda

iň kiçisidigi” barada ýazypdy (1 Korintoslylar 15:9). Ýygnagyň taryhyny öwrenýän adamlar üçin bu sözleriň geň eşidilmegi ähtimal. Resul Pawlus şöl döwürden belli bolan tutuş dünýä täsirini ýetirdi we döwürdeşleriniň ählisinden köp iş bitirdi. Onuň iň beýik resul bolandygyna hiç şübhe ýok. Onsoň ol neneň edip, munuň tersini yglan edip bilýär? Ýa ol ulaldyp aýtdymyka? Bu mümkin zat däl, sebäbi Mukaddes Ýazgylary ýazga geçireniňde aldamak mümkin däl. Mukaddes Ruh şeýle setirleriň ýazylmagyna diňe bir ýagdaýda rugsat berip bilýärdi: resul Pawlus hakykatdan-da şeýle hasaplaýardy.

Biz munuň jogabyny hatynyň indiki setirlerinde görýäris: “Emma men nähili bolsam-da, *diňe Hudaýyň merhemeti arkaly şeýle boldum*. Onuň maňa eden merhemeti puja çykmady: *men hemmelerden-de köp zähmet çekdim. Aslynda muny men däl-de, maňa ýar bolan Hudaýyň merhemeti etdi*” (1 Korintoslylar 15:10).

Resul Pawlusyň öz edenlerini beýleki resullaryňkydan has köpdügini boýun alsa-da, özüni iň kiçisi saýmagy gyzykly zat. Şeýle tapmaçaň çözgüdi onuň “men nähili bolsam-da, diňe Hudaýyň merhemeti arkaly şeýle boldum” diýen sözlerinde mälim bolýar. Resul Pawlus özüni Hudaýyň ol arkaly eden ähli zatlaryndan saýgaryp bilmegi başarýardy. Ol Hudaýyň çagyryşyna hiç zat goşup bilmeýändigine ýa-da özüne berlen başarnyklaryndan üstün işi özbaşdak edip bilmeýändigine doly aň ýetirýärdi; ol muny bir söz – “*merhemet*” sözi bilen düşündirýärdi. Imanlylaryň çagyryşy barada gürrüň gidende, muny hemmeler babatda ulansa bolýandyr.

Muny hyzmatymdaky şahsy tejribämde teswirlemäge ygtyýar ediň. Meniň ýazan kitaplarym dünýäniň 90-dan gowrak dillerine terjime edildi. Kitaplaryň tiražy köp millionlarça ýetýär. Bu kitaplar arkaly adamlaryň durmuşlarynyň özgerişi baradaky şaýatlyklaryň sany bolsa sanardan juda köp.

Meniň ýanyma ýygy-ýygydan gelip, kitap ýazmakdaky üstünligiň syrynyň nämededigini soraýarlar. Hudaýyň merhemeti durmuşymda aýan bolan çagyna çenli özümiň iňlis dili boýunça

nähili okuwçy bolandygymy ýatlanymda, gülküm tutýar. Şindi bolsa, ýazanymda, sözleriň özleri menden akyp çykýan ýaly. Bu kitaplary aslynda Kimiň ýazýandygyna men hemmelerden köp aň ýetirýän. Aslynda, men bu kitaplaryň ilkinji okyjysydyryn.

Bir gezek meni meşhur telegepleşige interwyu bermek üçin çagyrdylar. Onda meniň kitaplarymdaky habarlar barada gürrüň edildi. Biziň söhbetdeşligimiziň dowamynda alyp baryjy kitaplarymdaky habarlar barada gürrüň etmäge derek, ähli ünsi maňa we meniň üstünliklerime gönükdirdi. Men özümi gaty oňaýsyz duýdum we söhbetdeşligi dogry ugra gönükdirmek üçin, içimdem Mukaddes Ruhuň kömegini agtaryp başladym.

Birnäçe sekuntdan ara dymyşlyk düşdi. Bu Mukaddes Ruhuň maňa beren teswirlemesini aýtmaga gaty jaý pursat boldy. Men Süleýman pygamberiň sözlerini okadym: "Men Hudaýyň eden her işiniň ebedi galjakdygyny bilýärin; oňa hiç zady goşup bolmaz, ondan hiç zady aýryp bolmaz. Hudaý bu işlerini hemmeler Özünden gorksunlar diýip etdi. Häzir näme bar bolsa, ol öň hem bolandyr; geljekde boljak häzir hem bardyr. Hudaý öteni ýene gaýtarýar" (Wagyz kitaby 3:14,15).

Soňra men şeýle diýdim: "Hudaýyň çagyryşyny berjaý etmek üçin zähmet çekýän çopanlaryň, hyzmatçylaryň sany sanardan köpdür. Olaryň käbiri üç ýüz agzasy bolan oba ýygnagyna ýolbaşçylyk edýär. Ýene kimdir birleri ösüp barýan ýurtlarda heläk bolup barýan we açlyk çekýän adamlara hyzmat edýärler, olar öz janlaryny missionerlik işine bagyş etdiler. Ýene kimdir birleri şäherlerde jemgyýetiň asla hiç saýýan adamlaryna kömek etmek üçin günde zähmet çekýärýär. Başgalary öz iş orunlarynda Hudaýa sadyk hyzmat edýärler. Bu sanawy sanasaň sanap oturmaly, onuň soňy bolmaz. Bu gepleşikde şu hyzmatçylaryň hijisini görkezmezler öýdýän, ýöne olaryň köpüsi göklerde ilkinji hatarlarda durarlar, sebäbi olar öz çagyryşlaryna sadyk boldular we ony päk niýet bilen berjaý etdiler".

Soňra men sözümi dowam edip, şeýle diýdim: “Men babatda bolsa şeýle: Hudaý köp adamlaryň durmuşyna galtaşyp bileri ýaly, meni Özi üçin anyk bir işi etmäge çagyrdy. Hut şu sebäpdenem siz gepleşige meni çagyrdyňyz. Emma men Onuň meni etmäge çagyran işine hiç zat goşup bilemok. Men öz güýjüm arkaly hiç zady ne ýaýbaňlandyryp bilýän, ne-de öňe gidip bilýän. Meniň ýeke-täk başarýan zadym – ähli zady puja çykarmak, men şeýle edäýmekden juda gorkýandyryn!”

Studiýadaky atmosfera bada-bat üýtgedi. Söhbetdeşligi alyp baryjy dünýä derejesindäki hyzmaty ýöredýärdi. Ol meniň ýaňyja aýdanlaryma birdenkä aň ýetirdi-de, gepleşigiň ahyryna çenli ähli ünsi adamlara hyzmat etmek mowzugyna gönükdirdi.

Bu her kes babatda hakykatdyr. Eger siz kimdir biriniň aýaly, ejesi bolmaga, ýerli ýygnagyň çagalar bagynda hyzmat etmäge ýa-da gizlin otagda dileg etmäge çagyrylyp, oz çagyrylyşyňyzy soňuna çenli sadyklyk bilen berjaý edýän bolsaňyz, öz tabynlygyňyz üçin jomart sylaglanarsyňyz. Eger siz öz ýygnagyňyzda türmedäki tussaglara hyzmat etmäge, telekeçi adamlara täsir etmäge ýa-da hyzmatyň işine jomartlyk bilen sadakalar bermäge çagyrylyp, muny tüýs ýürekden Reb üçin edýän bolsaňyz, Isa Mesihe müňlerçe adamy getiren hoş habarçyň bilen deň hatarda sylaglanarsyňyz.

Muny tükeniksiz dowam etse bolýar. Men-ä gökde ilkinji hatarlarda ejeleri, telekeçileri we işçileri görjekdigimize we olaryň Rebden garaşýanymyzdan-da uly sylag aljakdygyna ynanýan.

## Rebbiň ýer ýüzündäki goşuny

Isa Mesihiň Ýygnagy – bu Hudaýyň ýer ýüzündäki goşunydyr. Çagyrylyşymyzy berjaý edip bilerimiz ýaly, hemmämiziň ornumyz we ruhy peşgeşlerimiz bar. Köp ýyl mundan ozal Reb meniň aýalymy oýaryp, oňa Ruhda ägirt uly goşuny görkezdi. Daňdan sagat dörtdi, ýöne ol görnüşinde görenleriniň baryny gürrüň bermek üçin meni şobada turuzdy.

“Jon, bu bir goşundy, onda her kim öz ornuny, derejesini we jogapkärçiligini bilýärdi. Ol birkemsiz nyzamda gadam urýardylar we her hatarda boş ýerler bardy, olara adamlar gelip durýardylar. Men ikimizi hyzmatymyzyň iki ýerinde hereket edýändigimizi gördüm. Gadam urulmaly ugry anyklamak üçin, hiç kim beýlekilere garamaýardy; hemmeler kämil bütewülikde hereket edýärdiler, sebäbi olaryň nazary Rebbe gönükdirilendi”.

Soňra ol ýene-de käbir zatlary aýtdy, bu özüne aýratyn ünsi çekdi. “Hiç kim göriplik etmeýärdi we başgalaryň eýelän ornuny almaga dyrjaşmaýardy. Her kim Rebbiň onuň üçin taýynlan ýerinde hyzmat etmäge razy we bagtyýardy”. Siz düşünýäňizmi?

Muny aňda saklamak bilen, geliň, öý bilen bagly mysaly ýatlaly: “Öý danalyk bilen gurulýandyr” (Süleýmanyň pähimleri 24:3). Gurmakda ulanyp bolýan danalygyň iki görnüşi bar. Olaryň biri – ýokardan, ikinjisi – ýok.

> “Araňyzda dana hem parasatly adam barmy? Eger bar bolsa, goý, ol muny dogry durmuşy we *danalykdan* çykýan pespälligi bilen bitiren oňat işlerinde görkezsin. Emma kalbyňyzda *bahyllyk we men-menlik* bar bolsa, onda danalyk bilen öwünmäň. Bu aňrybaş ýalançylyk bolar! Beýle “*danalyk*” gökden inen däldir, ol dünýewi bolup, ruhy däldir, şeýtandandyr. Çünki bahyllygyň, men-menligiň bar ýerinde bidüzgünçilikler we her dürli pyssy-pyjurlyklar hem bardyr” (Ýakup 3:13–16).

Eger biz haýsydyr bir zady göriplikden ýa-da öz bähbidimizi aramak maksady bilen eden bolsak, onda näme edendigimiziň we onuň näderejede oňat görünýändiginiň peýdasy ýokdur. Şeýle edilen zatlar beden isleginden, iblis niýetinden edilen bolýar. Beýle işler üçin, biz, elbetde, hiç sylag almarys.

Websteriň sözlügi “*bahyllyk*” sözüne şeýle düşündiriş berýär: “kanagatlanmazlyk duýgusy ýa-da başga birindäki üstünlige, mülke, eşrete bolan açgözlük bilen garamak”. Eger biz Hudaýyň çagyrylyşyna dünýewi gözi bilen garaýan bolsak, bahyllykda gutulyp

bilmeris. Resul Pawlusyň çagyrylyşyna bahyllyk eden wagyzçylar bardy. Ol şeýle ýazýar: “Hawa, olaryň käbirleri meniň bilen bäsleşip, Isa Mesih baradaky Hoş Habary bahyllykdan wagyz edýärler, käbirleri bolsa ýagşy niýetden wagyz edýärler. Bular meniň Hoş Habary goramak üçin saýlanandygymy bilip, ony söýgi bilen wagyz edýärler. Emma beýlekiler Mesihi päk ýürekden däl-de, öz bähbitlerini aramak üçin wagyz edip, tussaglykdaky külpetlerimi artdyrmakçy bolýarlar” (Filipililere 1:15–17).

Bu hyzmatçylar Hudaýyň öz durmuşlarynda beren çagyryşlaryna kanagatlanman, resul Pawlusyň üstünligini isleýärdiler. Bu *bahyllyk olaryň egoistik ambisiýalaryndan döreýärdi. Ambisiýa* – bu haýsydyr bir zada ýetmäge bolan güýçli isleg, hyjuw. Eger ambisiýalar beden isleglerine daýanyp, üns merkezinde başgalaryň bähbidi däl-de, hususy bähbitler duran bolsa, şeýle ambisiýalar bulam-bujarlyk we dawa-jenjelleri döredýär, ähli ýamanlyklara ýol açýar.

Hudaýyň danalygy bolsa, tersine, *egoistiki ambisiýalary däl-de, Şalyga ymtylmany* döredýär. Şeýle gurluşyk Hojaýynyň isleglerine gabat geler. Şeýle danalyk barada biz şuny okaýarys:

“Emma gökden inen danalyk ilki bilen päklikdir, soňra parahatlyk söýüjilikdir, mylaýymlyk we özara ylalaşyklykdyr. Ol merhemetden we haýyrly işlerden doludyr. Şeýle danalyk tarapgöýlik we ikiýüzlülik etmeýär” (Ýakup 3:17).

Hudaýyň danalygy ilki bilen päklidir. Başga sözler bilen aýdylanda, ol ikiýüzlülik etmeýär, içinden bahyllyk edip, şahsy niýete eýermek bilen, takwasyran bolmaýar. Onuň esasy niýeti – Hojaýyna sadyk bolmak, Onuň ýumuşlaryny şatlyk bilen kabul etmek. Onuň maksady beýik bolmak däl-de, çagyrylyşa sadyk bolmakdyr. Ol Şalygyň üstünliklerine begenýär, olaryň kim arkaly – biz ýa-da başga birleri arkaly amala aşýandygyna parh etmeýär.

Hudaýyň danalygy ünsüni şahsy bähbide däl-de, elmydama başgalaryň eşretine gönükdirýär. Ol parahat, pespäl, çydamly, ol

tankytlamaýar. Onuň esasy nieýti – başgalaryň dogruçyl ýaşap, öz ykballaryny berjaý etmegi. Hyzmaty söýüp, başga adamlary zordan halaýan adamlar bar; adamlary söýüp, hyzmata şol adamlara hyzmat etmekligiň guraly hökmünde garaýanlar hem bar. Soňkular Hudaýyň danalygyndan hereket edýärler.

Gökden bolan danalygyň ýene bir tarapy tabyn bolmakda aýan bolýar. Biz öz çagyrylyşymyza kanagatlanýan bolsak, Hudaýyň ugrukdyrmasyna we hökmürowanlygyna gulak asarys. Biz Hudaýyň öýüniň gurluşygynyň tutuş görnüşini göreris. Onda ýeke-täk bir Binagär, Dizaýner we Baş Gurluşykçy bar. Ol Öz ygtyýaryny we başarnyklaryny Ýygnagyndaky dürli adamlara paýlaýar. Höküm gününde öz üstüne goýlan ygtyýarlyga tabyn galan adamlar jomartlyk bilen sylaglanar. Öz şahsy hyzmatynda ösmek üçin ýygnagy dargadýan çopan kömekçileri, äriniň öýdäki ygtyýarlygyna garşy çykýan aýalar, öz iş berijisinden zähmet hakyny alýandygyna garamazdan öz şahsy işini gurýan işgärler we başgalar – bularyň hemmesi güýçli ýitgi çekerler. Sebäbi olar uly üstünlik gazanaýsalaram, ony pitneçilik içinde edendirler.

Özüňizi netijelere aldatmaň. Şol bir wagtyň özünde hem beýik netijeleri gazanyp, hem-de Hudaýyň hökmürowanlygyna garşy pitne turzup bolýandyr. Musa pygamber barada oýlanyň. Reb oňa gudratly suwy akdyrmak üçin gaýa buýurmagyny tabşyrdy. Musa pygamber bolsa gulak asman, gazabyna bäs gelip bilmän, hasasyny gaýa urdy. Çöldäki üç million teşne halky gandyrmak üçin, suw bolelin akdy. Halk suwdan ganandan soň, biri-birine, belki, şeýle diýendir: “Beý-bä, Hudaý dogrudan-da Musany eşidýär. Gör-bak nähili güýç!”

Emma hemmeler teşneligini gandyrandan soň, Hudaý Musany bir çete çykaryp, onuň öz bitabynlygy zerarly wada berlen ýurda girmejekdigini aýtdy. Musa pygamber dogrudan-da gudratly netijäni görkezipdi. Ýöne üstünligiň görkezijisi netijeler däl-de, tabynlyk bolup durýandyr. Hudaýdan bolan danalyk öz gözbaşyny Rebden gorkmaklykdan alýandyr. Şeýle gorky Hudaýy hemmeden we

hemme zatdan ýokary goýýandyr. Hudaýdan gorkusy bolanlar Onuň ygtyýarlygyna doly tabyn bolýandyr.

Indi bolsa, geliň, aýalymyň görnüşine dolanalyň. Şol gün irden ol maňa: “Jon, ähli söweşijileriň ýüzleri birmeňzeşdi” diýip aýtdy. Başga sözler bilen aýdylanda, bu goşunyň ýüzi tapawutlanmaýardy, Hudaýda superýyldyzlar üçin orun ýok. Muňa düşünmeklik bizi ýygnakda kimdir biriniň ornuny eýelemekden ýa-da has ýokary wezipäni eýelemek üçin hökümede garşy pitne turuzmakdan saklar. Biziň öňegidişligimiz ýokardan diňe ýygnakda galan ýagdaýymyzda geler.

## Dürli derejeler

Hoş habar kitaplarynda iki meňzeş tymsaly okaýarys. Olaryň hersinde Kazyýet gününe degişli dürli hakykat beýan edilýär. Bu altyn-kümüş çuwallary (talant) we minalar baradaky tymsallar. Olaryň birinjisi – altyn-kümüş çuwallary baradaky tymsal – hemme imanlylara deň derejedäki çagyryşlaryň we ruhy peşgeşleriň berilmändigini nygtaýar. Isa Mesih şeýle diýýär:

> “...bir adam uzak ýola gitmekçi bolup, hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, mal-mülküni olara tabşyrýar. Bu adam olaryň hersiniň başarnygyna laýyk: birine – bäş, beýlekisine – iki, başga birine bir çuwal altyn-kümüş berip, ýola rowana bolýar” (Matta 25:14,15).

Uzak ýola gidýän hojaýyn arkaly Isa Mesih, hyzmatkärleri arkaly bolsa biz görkezilýäris. Altyn-kümüşden doly çuwal (talant) – pul birligi, emma tymsalda ol başga bir zady görkezýär.

Wariantlaryň biri (şahsy nukdaýnazardan men hut şuňa ynanýan) – biziň çagyrylyşymyzyň we ruhy peşgeşlerimiziň derejesi. Käbir adamlara tutuş halkalara ýetýän derejedäki hyzmat berilýär, başgalara – şäher derejesindäki hyzmat, ýene birlerine – ýygnagyň öý toparlarynda hyzmat etmek berilýär. Munuň mysaly hökmünde öz kitaplary arkaly millionlarça

adamlara ýeten awtorlar hem bolup durýar. Başga birleri bolsa müňlerçe, galanlary bolsa ýüzlerçe adamlara ýetendir. Ýene bir mysal: dolandyryş ruhy peşgeşi berlen bir adam hyzmaty megaýygnak derejesine ýetirip bilýär, başga biri bolsa diňe orta we kiçi ululykdaky ýygnaklara ýolbaşçylyk edip bilýär. Şeýle adamlar bar – olar telekeçilik bilen meşgullanýarlar we öz telekeçilik başarnyklary arkaly kärhanalaryny ýokary derejä galdyryp, Hudaýyň Şalygyna ýüz müňlerçe adamlary çekýärler. Ýene birleri millionlarça dollary sadaka berýärler, başgalary bolsa birnäçe kompaniýany dolandyrmak zehinine eýe bolup, Şalygyň işine millionlarça we milliardlarça dollary gazanýarlar.

Indi bolsa tymsala dolanalyň. Ondaky iki wajyp zada üns beriň. Hyzmatkärleriň her birini haýsydyr bir zat ynanylypdy. Bu ýygnakda çagyryşsyz we ony berjaý eder ýaly ruhy peşgeşler berilmedik ýeke adamyň-da ýokdugyny görkezýär. Ikinjiden, hyzmatkärleriň hersine olaryň başarnygyna görä dürli derejedäki jogapkärçilik ynanylýar. Emma biz özümiziň başarnyklarymyzyň Hudaý tarapyn berilýändigini unutmaly däl. Biz berilmedik zada öz-özümizden eýe bolup bilmeýäris, sebäbi Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Eýsem siz beýlekilerden üýtgeşikmi? Siz özüňizdäkileriň baryny Hudaýdan almadyňyzmy näme? Eger Ondan alan bolsaňyz, näme üçin özüňiz gazanan ýaly öwünýärsiňiz?!” (1 Korintoslylar 4:7)

Bu tymsalda bäş çagyrylyş we degişli ruhy peşgeşler derejesini alan adam özüne berleni iki esse köpeldýär. Iki çuwal alan adam hem şeýle edýär. Hudaý Öz isleýän netijelerine ýetmek üçin bize ruhy peşgeşleri berýär. Hawa, hut Onuň Özi berýär, ýöne muňa garamazdan, biz şol işe goşulmalydyrys.

Emma bir çagyryş derejesini we degişli ruhy peşgeşleri alan adamyň muny ähmiýetsizräk hasaplan bolmagy ahmal. Ol öz hojaýynyny adalatsyz, akylsyz we zalym hasaplaýardy. Ol şeýle pikir edip bilerdi: “Näme üçin maňa beýlekilerden az ynandylar?

Näme üçin beýlekilere şäher, hatda milli derejede täsir etmeklik ynanyldy? Näme üçin wagyz etmek, aýdym aýtmak ýa-da tans oýnamak başarnyklary maňa däl-de, olara berildi? Näme üçin meniň kopaniýam köp sadakalary berip bilýän beýleki kompaniýalar ýaly ösenok?” we ş.m. Ol öz çuwalyny gizläp, çagyrylyşyny amal etmedi; berlen ruhy sylaglary bolsa şahsy bähbidi üçin ýa-da Şalyga hiç peýda getirmeýän çaklerde ulandy.

Uzak wagtdan soň hojaýyn dolanyp gelýär-de, öz hyzmatkärlerinden hasabat soraýar. Özlerine ynanylan çuwallaryny iki esse köpelden hyzmatkärlere şeýle diýýär: “Berekella, ýagşy hem sadyk hyzmatkär! Sen kiçijik işde sadyk bolanyň üçin, indi beýik işleri saňa ynanaryn. Gel, hojaýynyň şatlygyna şärik bol” (Matta 25:21). Çagyrylyşyň bäşinji derejesini alan hyzmatkär ikinji derejedäki çagyryşy alan hyzmatkärden artyk sylaglanmady, sebäbi olaryň ikisi-de sadyk we yhlaslydy. Bu Hudaýyň bizden özümize ynanan zatda sadyk bolmagymyzy talap edýändigi baradaky pikiri tassyklaýar.

Bir çuwal berlen hyzmatkär berk käýeldi. Hojaýyn oňa berlen zady alyp, başga birine bermegi buýurdy. Ol uly ýitgi çekdi, sadyk hyzmatkärler bolsa has köp zat aldylar.

Şu wakany diňlänimde, 1992-nji ýyl ýadyma düşýär. Şol ýyl Hudaý maňa kitap ýazmagy buýurdy. Men dileg wagty ýüregimde eşidenlerime ynanman, güljek boldum. Men iňlis dilinde düzme ýazmagy ýigrenýärdim. Eger kimdir biri maňa kitap ýazjakdygymyz aýdan bolsady, men onuň ýüzüne hahaýlap gülerdim.

Emma on aý geçenden soň iki hepdäniň dowamynda meniň ýanyma iki aýal pygamberlik habary bilen geldiler. Olar şeýle diýdiler: “Jon, eger Hudaýyň saňa ýazmaly diýip berýän habaryny ýazmasaň, Ol muny başga birine berer, sen bolsa munuň üçin höküm edilersiň”. Men galpyldap, iman ädimini etdim, galany bolsa bütinleý başga waka. Eger men şonda gulak asmadyk bolsam, şu kitaplary başga biri ýazardy, men bolsa özüme ynanylan çuwaly ýitirerdim.

## Özümize berlen çuwallary köpeltmek

Biz siziň öz çagyrylyşyňyza we ruhy peşgeşleriňize hiç zat goşup bilmeýändigiňize jikme-jik garap geçdik. Indi bolsa, geliň, her imanla berlen zady *köpeltmä* üns bereliň. Bu hakykat başga bir tymsalda aýan edilýär:

> "Isa şonuň üçin şeýle diýdi: 'Bir begzada şalyk sürmäge ygtyýarlyk almak üçin, bir uzak ýurda ýola rowana bolýar. Ol hyzmatkärlerinden onusyny ýanyna çagyryp, olara: „Men gelýänçäm, şu puly işlediň' diýip, hersine bir horjun pul – mina berýär (bir mina takmynan üç aýlyk gazanç puluna deň)" (Luka 19:12,13).

Mina hem talant ýaly, pul birligi. Emma bu tymsalda hyzmatkärleriň hersine deň mukdardaky pul berilýär. Olaryň hersi bir mina alýar. Mina talant ýaly çagyrylyşyň derejesini ýa-da ruhy peşgeşleri aňlatmaýar. Ol Hudaýyň Sözüniň hakykatyny, imanymyzyň esasyny, ýüreklerimize guýlan Hudaýyň söýgüsini, her imanla berlen äht ýalkanyşlaryny aňladýar. Biziň hemmämize deň derejede berlen, hiç kim beýlekilerden artyk alanok.

Bu tymsal Isa Mesih arkaly her imanlyda bar bolan zatlary aňladýar. Mukaddes Ýazgylar şuny ykrar edýär: "Şunlukda, kimdir birine degişlidigiňiz babatda öwünmäň! Çünki hemme zat siziňkidir" (1 Korintoslylar 3:21). Ýene-de şeýle ýazylan: "Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler bolsun! Ol Mesih arkaly bizi gökdäki ruhy ýalkanyşlaryň ählisi bilen ýalkady" (Efesliler 1:3). Bu Isa Mesih arkaly berilýän ýalkanyşlardyr. Ýöne diňe biziň imanymyz olary alyp, şu ýerde – ýer ýüzünde mälim edýär, biziň tabynlygymyz, dileglerimiz we sadakalarymyz olary köpeldýär. Hut şu sebäpdenem Isa Mesihi aňladýan şol begzada öz hyzmatkärlerine, ýagny bize şeýle diýdi: "Men gelýänçäm, şu puly işlediň". Biz özümize berlen zady almaly we ony Hudaýyň şöhraty üçin *köpeltmeli*.

Netijeleri öwreneliň:

> “Ol ygtyýarlyk alyp, yzyna dolanýar. Soňra ol pul beren hyzmatkärlerini ýanyna çagyryp, kimiň näme gazananyny bilmek isleýär. Birinjisi gelip: ‘Hojaýyn! Seniň bir horjun puluň on horjun pul gazandy’ diýýär. Oňa: ‘Berekella, ýagşy hyzmatkär! Az zatda sadyk bolanyň üçin *on şähere häkim bol*’ diýýär. Ikinjisi gelip: ‘Hojaýyn! Seniň bir horjun puluň bäş horjun pul gazandy’ diýýär. Hojaýyny oňa hem: ‘Sen hem *bäş şähere häkim bol*’ diýýär. Onsoň üçünji hyzmatkäri gelip: ‘Hojaýyn! Ine, seniň bir horjun puluň, men ony bir uly ýaglyga düwüp sakladym’ diýýär” (Luka 19:15–20).

Hojaýyn üçnji hyzmatkäre berk käýeýär, oňa berlen pul bolsa alnyp, puluny on esse köpelden hyzmatkäre berilýär. Hojaýyn şeýle diýýär: “Men size diýýärin, kimde bar bolsa, oňa berler, kimde *ýok bolsa, onuň elindäki hem alnar*” (26-njy aýat).

Bu tymsalda Isa Mesih on hyzmatkärden diňe üçüsine ýüzlenýär. Gaýtalap aýdaýyn: bu tymsaldaky wajyp tapawut – hemmeler deň mukdardaky pul bilen başlapdylar. Emma biri ilkibaşdaky puly on esse, beýlekisi – bäş esse köpeltdi, üçünjisi bolsa hiç köpeltmedi. Biz sylaglaryň hem işiň netijesine görä dürli-dürli bolandygyny görýäris. Olaryň gazanan üstünligi näçe şäheri dolandyrjakdygyny gönüden-göni kesgitledi.

Biziň özümize ynanylan zady köpeldişimiz täze ýerde we täze gökde boljak müňýyllyk şalyk döwründe nähili ygtyýaryň ynanyljakdygyny kesgitleýär. Sadyklar Isa Mesih bilen bile dolandyrarlar, ýöne hemmeleriň ygtyýary deň bolmaz. Biziň şu ýerdäki yhlasymyz Onuň bilen bakylykdaky ygtyýarlygymyzyň derejesini kesgitleýär. Üns beriň, bu her birimiziň şol bir zatdan başlandygymyza esaslanýar, biziň herimizde bir mina bardy. Şunlukda, ýygnaga yhlasly hyzmat edýän sadyk aýalyň we ejäniň hem ýüz müňlerçe adamy gazanan hoş habarçynyň mümkinçilikleri bardyr.

Bu tymsal her bir adamyň öz minasyny birnäçe esse köpeldip bilýändigini aýdýar. Biziň şahsy durmuşymyz babatda bolsa şeýle: biz Hudaýyň Şalygyny öz isleýşimiz ýaly ýa köp ýa-da az gurup bilýäris, bu biziň öz saýlawymyz. Hakykatda, biziň hiç

hili çäklendirilmämiz ýokdur. Siz, belki, meniň şu diýýänlerim bilen ylalaşmarsyňyz, ýöne muny bir mysal arkaly düşündirmäge ygtyýar ediň. Men köp zady berip bilýän, ýöne diňe käbirler öz ýüregini bu ruhy kanuna açarlar. Geliň, ilki resul Petrusyň sözlerini okalyň:

> "Hudaýy we Rebbimiz Isany tanamakda bol merhemet hem parahatlyk size ýar bolsun! Hudaýyň ýörelgesi boýunça ýaşamagymyz üçin Ol Öz güýji arkaly bize gerek bolan ähli zady berdi..." (2 Petrus 1:2,3).

Merhemet biziň durmuşymyzda *köpelme* ukybyna eýedir. Ýakup şeýle diýýar: "Emma Hudaý bize has beýik merhemet berýär" (Ýakup 4:6). Biz diňe merhemet arkaly Şalyk üçin ähmiýetli bolan işleri edip başarýarys. Bu başarnyk Hudaýy ýakyndan tanamak arkaly köpelýär. Ine, hut şu sebäpden hem her bir imanly Onuň bilen wagt geçirmelidir. Biz dileg etmeli, Mukaddes Kitaby okamaly, Mukaddes Ruh tarapyndan ylhamdyrylan kitaplary okamaly, Mukaddes Ruhy diňlemeli. Biz bulary amal edenimizde, durmuşymyzda merhemet köpelýär; ol bize öňküden-de köp zatlary amal etmäge başarnyk berýär.

Men özümiň Hudaýy we Onuň ýollaryny has ýakyndan tanadygymça, şonça-da netijeli hereket edýändigimi ýüze çykardym. Kütek palta bilen agajy çapmak üçin uzakly gün gerek bolýar. Emma paltany çalanymdan soň, şonça wagtyň dowamynda bäş agajy çapyp bilerin. Ine, durmuşymyzdaky merhemet köpelende hut şeýle zatlar bolup geçýär. Biz has netijeli zähmet çekýäris.

Men Dallas şäherinde gomoseksuallaryň parad geçiren wagtynda köçede olara Hoş Habary wagyz edişimi ýatlaýaryn. Men bu azaşan janlara iki sagatlap Isa Mesih barada wagyz etdim, olar bolsa maňa başga dünýäden gelen gelmişege kimin seredýärdiler. Agzymdan çykan sözler bada-bat yzyna gaýdyp gelýärdi. Men özümi kelläm bilen diwara urunýan ýaly duýýardym. Bu tohumy beton ýere eken ýalydy.

Soňra Reb pyşardap: “Maňa seret, Men saňa näme etmelidigini görkezýin” diýdi. Soňraky otuz minudyň dowamynda Ol meni adamlaryň ýanyna äkitdi we aýtmaly sözleri agzyma saldy. Indi meniň sözlerim ýüreklere ekilýärdi we üç adam öz durmuşlaryny Isa Mesihe tabşyrdy. Mukaddes Ruha garamak we Onuň aýdýan sözlerine ýüregimde ünsli bolmaklyk meniň tagallalarymyň netijelerini artdyrdy.

Men muny durmuşymyň ähli çäklerinde görýärdim. Hudaýyň Sözünde ösdügimçe, az wagtyň dowamyndy has köp zatlary amala aşyrmak başarnygy peýda bolýardy. Men hakykat ýoluny tapdym, bu maňa ençeme sagady, günleri we aýlary tygşytlamaga ýardam berdi. Meniň dileglerim has güýçlendi, Hudaýyň huzury has aýdyň aýan boldy, adamlara ýetirýän täsirim bolsa mesemälim bolup başlady. Mukaddes Ýazgylar şuny wada berýär:

> “Danalygyň başlangyjy Rebden gorkmakdyr. Mukaddesligi tanamak bolsa pähim-paýhasdyr. Çünki meniň üstümden seniň günleriň köpeler, ömrüň ýyllary artar” (Süleýmanyň pähimleri 9:10,11).

Iki zat wada berlen: ýyllaryň artmagy – bu ömrüň uzalmagyny aňladýar we günleriň köpelmegi – bu şol bir wagt aralygynda has köp zatlary edip başarmaklygy aňladýar. Başga bir ýerde bolsa günleriň köpelmegi günleriň uzalmagy diýip atlandyrylýar. “Çünki olar günleriň uzaklygyny, ömrüň ýyllaryny uzaldar, abadanlygyňy köpelder” (Süleýmanyň pähimleri 3:2). Awtor bu ýerde Hudaýyň Sözüne gulak asmaklyk barada diýýär. Üns beriň, diňe uzak ömür däl, eýsem gün uzaklygy hem berilýär. Bu biziň wagtymyzy artdyrýar.

## Berim arkaly köpelmek

Hudaý bilen ýakyn gatnaşyk saklaýan islendik adam sahylyk we begenç bilen sadaka berýän adama öwrülýär, sebäbi Hudaý iň jomart Berijidir. Ol ähli peşgeşleriň iň gymmadyny – Özüniň ýeketäk Ogluny berdi. Isa Mesihden ileri bolan hiç kim we hiç zat ýokdy.

Reb hiç haçan ähmiýetsiz we gerek bolmadyk peşgeşleri bermeýär. Ol Isa Mesihi bermek bilen, hasylyň artmagyna garaşýardy, bu köp perzentleriň Onuň maşgalasyna girjekdigini aňladýardy.

Iman bilen bermek – özümizdäki zatlary köpeltmegiň ýene bir usuly bolup, Ata Hudaýyň Isany berşi ýaly, durmuşa baky täsir edip bilýär. Isa Mesih şuny nygtaýar: "Size şuny aýdýaryn: özüňize dost gazanmak üçin dünýäniň baýlygyny ulanyň, bu mal-mülk gutaranda bolsa, siz ebedi galjak mesgenlere kabul edilersiňiz" (Luka 16:9). Dogry tärde ulanan pulumyz sowlandan soň täze asmanda we täze Iýerusalimde boljak durmuşyň hiline täsir edip bilýär. "Bu babatda Mukaddes Ýazgylarda şeýle ýazylandyr: 'Ol sahylyk bilen paýlady, mätäje berdi, onuň dogrulygy dowam eder ebedi'" (2 Korintoslylar 9:9).

Garyp adam – bu diňe pul babatda garyp bolan däl, ol ruhy taýdan hem garyp bolup bilýändir. Onuň millionlarça dollarynyň bardygyna garamazdan, ol ruhy taýdan garyp bolup bilýär. Muňa mysal hökmünde Zakkaýy alyp bolar. Isa Mesih öz çagyrylyşyny beýan edip, şeýle diýdi: "Rebbiň ruhy üstümdedir. *Garyplara* Hoş Habary bildirmegim üçin, Ol Meni seçip-saýlady" (Luka 4:18). Biraz soňra Ol şähere girip, iň baý adamy tapýar we uly mähelläniň öňünde oňa ýüzlenip, şeýle diýýär: "Bu gün Men seniň öýüňde galmaly" Zakkaý şäherde iň baý adam bolandygyna garamazdan, iň garyp adam bolmaly. Başga sözler bilen aýdanymyzda, ol özüniň Hudaýa näderejede mätäç bolandygyny hemmelerden oňat bilýärdi. Isa Mesihiň hyzmat eden baý adamlarynyň köpüsi Hudaýyň Sözüne mätäçdiler.

Hyzmatçylar Isa Mesihiň işlerini amal aşyrmaga, Hudaýyň Sözüni garyplara jar etmäge we ony öwretmäge iberilendir. Hudaýyň işine pul sadakalaryny bermek arkaly, biz garyplara ekýäris, biziň işlerimiz ebedi galar. Puluňyzyň az ýa köpdüginiň parhy ýok. Eger Hudaý ekýäne wada beren tohumy bar bolsa, siz Onuň Şalygyny gurmakdaky tagallalaryňyzy artdyryp bilersiňiz.

Siziň sylagyňyzyň artmasy nähili bolýar? Alma çigidini göz öňüne getiriň. Siz ony ekseňiz, alma hasylyny alarsyňyz. Ýöne iň esasy zat – bu almalardaky çigitler köpeler. Eger hemme çigitleri ekseňiz, olar esseläp köpeler we bu tükeniksiz dowam edip biler. Biziň pulumyz babatda hem şeýle bolýandyr. Resul Pawlusyň berim barada korintoslylara aýdanyny okalyň:

> "Şuny unutmaň: gysganyp ekýän az orýandyr, sahylyk bilen ekýän, bol orýandyr. Göwünsizlik ýa mejburlyk bilen däl-de, her kes göwnünden çykaranyny bersin. Çünki Hudaý göwünjeňlik bilen berýäni halaýandyr" (2 Korintoslylar 9:6,7).

Biziň hasylymyz gönüden-göni näçe ekýändigimize baglydyr. Üns beriň: bu biziň çözgüdimiz däl-de, Hudaýyňky. Eger biz sahy bolmagy iman we söýgi bilen çözen bolsak, biziň berimlerimiz artar: "Hudaý daýhanyň ekjek tohumyny, iýjek çöregini ýetirýändir. Şoňa görä-de, Ol siziň ekeniňizi boldan-bol *artdyryp, dogrulygyňyzyň bol hasylyny ýetişdirmegi* hem başarar" (2 Korintoslylar 9:10).

Alma çigidi mysalyndaky ýaly, Hudaý ekileni artdyrar. Eger biz tohum eksek, birnäçe esse köp hasyl alarys. Bu prosess tä biz öz ekenlerimiziň bolelinginiň bize başgalary ýalkamaga uly gaýrat berýändigini görýänçäk dowam eder.

Biziň berimlerimiz arkaly Hudaý *dogrulygymyzyň hasylyny artdyrar*. Hut şu ýagdaý hemme zatdan köp haýrana galdyrýar. Bu ýerde biziň baky sylaglarymyzyň artmagy barada aýdylýar. Bu sylaglarymyz öz berimlerimiz arkaly galtaşan adamlarymyz sebäpli artýar. Aslynda, biz ýokarda mysal getirilen tymsaldaky ýaly, öz minalarymyzy köpeldýäris.

## Hyzmatdaşlyk

Biziň berimlerimiz, aýratyn-da ony yzyna töläp bilmeýän adamlara berenimizde, bize bu durmuşda we Höküm gününde sylaglary getirýär. Şalygy gurmakdaky tagallalarymyz babatda

aýtsak, biz olary Hoş Habary ýaýratmakda hyzmatdaşlyk etmek arkaly köpeldip bilýäris. Resul Pawlusyň öz hyzmatyny maddy taýdan goldan filipili imanlylara näme diýýänini okaň:

> “Her nähili bolsa-da, meniň muşakgatlaryma şärik bolup, gowy etdiňiz. Eý, filipililer! Men Makedoniýadan çykyp gaýdyp, Hoş Habary ilki-ilkiler wagyz edip başlan döwrümde siziň ýygnagyňyzdan başga ýygnak maňa maddy kömegini beren däldir (meniň bilen hyzmatdaşlyk eden däldir). Muny siziň özüňiz-de bilýänsiňiz. Siz hatda Saloniki şäherinde mätäçlik çeken döwrümde-de maňa gaýta-gaýta kömegiňizi ýetiripdiňiz” (Filipiler 4:14–16, giňişleýin terjime).

Üns beriň, resul Pawlus Filipidäki imanlylary öz hyzmatynyň hyzmatdaşlary diýip atlandyrýar. *Hyzmatdaşlyk – bu adamlar ýa-da toparlar arasyndaky gatnaşyk. Bu gatnaşyk anyk maksada ýetmek üçin gerek bolan özara hyzmatdaşlyk we jogapkärçilik bilen häsiýetlendirilýär.* Hudaý tarapyn berlen sagdyn hyzmatdaşlyk bu gatnaşyga goşulan taraplara, adamlara ýekelikde edip biljeklerinden has köp zady etmäge mümkinçilik berýär.

Men Isa Mesihiň bize bütin dünýä aýlanyp, milletleri *şägirt* etmegi tabşyrandygy barada eýýäm aýdypdym. Emma ähli imanlylar bu tabşyrygy berjaý etmek üçin missionerlik meýdanlaryna giden bolsadylar, onda bu işi maddy taýdan kim goldardy? (Ine, bu Hudaýyň dürli ruhy peşgeşleri we çagyryşlary bermeginiň ýene bir sebäbidir.) Reb hyzmatçylara gerek pul kömegini perişdeler arkaly bermegi ýa-da asmandan oklamagy hiç haçan meýilleşdirmändi. Ol Öz Bedenine sadakalary bermek aýratyn hukugyny berdi, bu bolsa hyzmatdaşlygy emele getirýär.

Milletlere ýetmek üçin, Hudaý hyzmatlary we ruhy peşgeşleri berdi. Ozal aýdyşymyz ýaly, bu milletlere ýetmek maksadyny amala aşyrmak üçin, Ol aýratyn ruhy peşgeşleri, başarnyklary we ak pata berýär. Ýygnakda şeýle tabşyrygy hemmeler däl-de, diňe käbirleri alýar (ser.: Efesliler 4:11). Ýygnagyň beýleki agzalaryna bolsa Ol başga aýrylmaz bölegi tabşyrdy we ynandy. Bu bölege iş

we öz töweregiňdäki adamlara ýetmeklik degişlidir. Eger siz uzakly gün işleýän bolsaňyz, köpçülige nädip ýetmeli? Munuň jogaby şeýle: hyzmatdaşlyk arkaly.

Eger sizde durmuşy özgerdip biljek bir önümiňiz bar bolup-da, aýda onuň diňe ikisini öndürip bilýän bolsaňyz, önümiňizi tutuş şähere, ýurda ýa-da dünýä ýaýratmak mümkin bolmazdy. Ýöne önümçilik enjamlary bolup, aýda onuň müň sanysyny öndürip biljek degişli kompaniýa bar bolsa, siz şol kompaniýa bilen hyzmatdaşlyk ederdiňiz. Şeýle etmek bilen, siz önümiňiz bilen aýda iki adamy däl-de (şahsy şaýatlyk), müňüsini üpjün ederdiňiz. Şeýle hyzmatdaşlyk arkaly siz öz talantlaryňyzy (tymsaldaky altyn-kümüş çuwallary) netijeli köpeldip bilersiňiz. Ine hut şu sada prinsipi resul Pawlusyň filipililer barada aýdanlary babatda ulanyp bolar. Resul Pawlus sözüni dowam edip, şeýle ýazýar: “Men muny peşgeşleriňize hantama bolanym üçin aýtmaýaryn. Men *siziň bähbidiňiziň artmagyny isleýärin*” (Filipililer 4:17).

“Siziň bähbidiňiziň artmagyny isleýärin” diýen jümlä üns beriň. Filipidäki imanlylar resul Pawlusyň hyzmatyny goldamak üçin iberen pul kömekleri arkaly janlara ýetmek we olara öwretmekdäki tagallaryny artdyrýardylar. Olar wagtlaýyn zatlardan peýdalanyp, olary baky zada öwürýärdiler we olary köpeldýärdiler.

Siz şeýle tärdäki hyzmatdaşlyga goşulanyňyzda, ýalkanyşlar hasylyny alýarsyňyz, olar siziň hasabaňyzda toplanýar. Bu siziň gökdäki hasabaňyz. Isa Mesihiň Kazylyk gününde siz diňe işdäki, goňşulykdaky, mekdepdäki adamlara şahsy täsiriňizi ýetirenligiňiz üçin däl, eýsem hyzmatçylary goldamak arkaly ýeten müňlerje we millionlarça janlaryňyz üçin sylaglanarsyňyz. Şu sebäpden Mukaddes Ýazgylar bize şeýle diýýär: “Sahylyk bilen ber, çünki peşgeşleriň soňra saňa gaýdyp geler. Öz peşgeşleriňi köpler bilen paýlaş” (Wagyz kitaby 11:1,2, iňlis dilinden terjime).

Hudaýyň bellän hyzmatlaryna (şol sanda öz ýerli ýygnagyňyza) yzygiderli ýagdaýda sadakalary bermek bilen, siz olar arkaly

adamlara ýetmeklige goşulýarsyňyz. Olaryň ähli edýänlerinde siziň paýyňyz bar, sebäbi siz olar bilen hyzmatdaşlyk dýärsiňiz. Şatlykly habar, ine, şundan ybarat: siz köp berdigiňizçe, sylagyňyz şonça-da köp bolar. Siz şuny bilmeli: Hudaý siziň berimleriňize pul mukdaryna görä däl-de, ony bereňizdäki sadyklygyňyza garaýar. Ata Hudaý päk ýürekden berlen berimlere seredýär. Ol puluň mukdaryny däl-de, hut şuny, ýagny päk ýürekden berleni söýýär we ýalkaýar. Mylsa üçin, kimdir biri öz maddy kynçylyklaryna garamazdan, her aýda hyzmat üçin otuz dollary sadyklyk bilen berýär. Hudaý şeýle berime has ýokary baha berýär, sebäbi onda adamyň durmuşyyň bir bölegi bar. Başga biri bolsa her aýda müň dollar berip bilýär, ýöne onuň bu berimi pulunyň artykmaçlygyndan bolýar. Onda şahsy gurbany ýok. Hudaýyň nazarynda berimleriň ikisi-de ajaýyp, ýöne otuz dollar berimi Ol has uly saýýar. Bu hakykat özüniň iki şaýyny sadaka beren dul aýalyň wakasynda beýan edilýär (ser.: Mark 12:41–44).

Biz Hudaýyň biziň sadakalarymyzy ýerdäki durmuşymyzda hem artdyryp bilýändigini bilmelidiris. Bu akym bizi köpden-köp bermäge ukyply edýär. Mukaddes Ýazgylar şeýle diýýär: “Biri bar paýlaýandyr, baýlygy bolsa artýar. Biri bar – gaty gysyk, diňe mätäçlige gowuşýar” (Süleýmanyň pähimleri 11:24). Pikir edip görüň: siziň berimleriňiz diňe bakylykda köpelmeýär, bu köpeliş tebigy dünýäde hem aýan bolýar, berdigiňçe, berimiň artýar. Bu aýlaw dyngysyz täzelenýär we köpelýär.

Ýigrimi iki ýyl mundan ozal tanyş telekeçilerimiň topary bir ýere ýygnanyp, öz girdejileriniň bir bölegini Hoş Habary ýaýratmaga berjekdiklerini wadalaşdylar. Az zatdan başlanypdy, ýöne berýän pullarynyň mukdary ýylsaýyn artdy. Olar öz sadakalarynda we hyzmatdaşlyklarynda sadyk galdylar. Ilkinji on iki ýylyň dowamynda olaryň gazanç mümkinçilikleri ulalyp, Hoş Habary ýaýratmak üçin bir ýylyň dowamynda 120 million dollar sadaka berip bildiler. Olar öz minalaryny alyp, ony Şalygyň maksatlary üçin köpeltdiler, olar beýik sylag alarlar.

Ýygnakda üstünlikli biznesi ýöredýän telekeçileriň uly topary bar, ýöne olar Şalyk üçin gazanýanýanlarynyň diňe ujypsyz bölegini sadaka berýärler. Olaryň jemgyýetde üstünlige eýedigine garamazdan, olaryň özleri üçin saklap galandygyna Reb nähili gararka? Olar millionlarça dollar gazansalar-da, olara hem diňe bir minasy bolan hyzmatkäre kazylyk edilişi ýaly kazylyk edilermikä? Olar Şalygyň hatyrasy üçin özlerine berleni köpeltmediler. Şeýle edýänler *bakylykdan ylhamlanmaýarlar*.

Ýaňy-ýakynda men bir telekeçi bilen golf oýnadym. Ol biziň ýygnagymyza wagtal-wagtal sadakalar berýär. Oýundan soň ol meni myhmanhana äkitdi. Ýolda barýarkak, ol şeýle diýdi: “Jon, men elli ýaşa golaýladym. Men arman-ýadaman işläp, dokuz millionlyk aktiwleri bolan kompaniýany gurdum. Hemme zat gowy, biznes öz-özünden işläp dur, maşgalamyň durmuşy bolelin we abadan. Kompaniýamyň aktiwlerini otuz-kyrk milliona galdyrmak üçin, ömrümiň indiki on ýylyny işe sarp edip, özümi horlamak nämä gerek?”

Men onuň Hudaýyň gurluşynda öz wajyplygyny görmeýändigine düşündim. Ol meni Şalykda wajyp işi ýerine ýetirýän adam hökmünde görýärdi, emma telekeçi hökmünde öz wajyplygyny görenokdy.

Men bada-bat soragyna sorag bilen jogap berdim: “Meniň saňa şeýle diýýänimi bir göz öňüne getirip gör: ‘Men arman-ýadaman işledim, on ýedi kitap ýazdym, ýedi million mil (takmynan 11 200 000 km) geçdim, müňlerçe gezek wagyz okadym. Işler gidip otyr, hyzmat öz-özünden ýaýbaňlanýar, meniň aýalym we çagalarym abadan we bolelin ýaşaýarlar. Täze kitaplary ýazmak, gidip, wagyzlary öňküden-de köp okamak üçin özümi horlmak nämäme gerek?’ Isa Mesih muňa näme diýer diýip pikir edýärsiň?”

Ol güldü-de: “Oňa duşanyňda, seniň ýeriňe bolasym gelmezdi” diýdi.

Men hem bada-bat: “Hawa, edil seniň aýdyşyň ýalydyr!”

Men oňa oýlanara maý berip, sözümi dowam etdim: “Isa Mesih maňa Onuň Şalygyny gurmak üçin ruhy peşgeşler – wagyz etmek we kitap ýazmak peşgeşlerini berdi. Saňa bolsa Onuň Şalygyny gurmak üçin Şalygy maddy taýdan goldamak üçin pul gazanmak peşgeşini berdi. Men Reb üçin edýän işlerimde seniň tabynlygyňa ýa-da bitabynlygyňa garaşlydyryn. Bu edil meniň agzymyň çäklendirilip, adamlara wagyz edip bilmeýşim ýalydyr; ýa-da aýaklarym hereketden galyp, wagyz etmeli adamlarymyň ýanyna äkitmesini bes edişleri ýalydyr” Meniň söhbetdeşim aňk-taňk bolup galdy.

Men ýarym ýyldan oňa jaň edip, hal-ýagdaýyny soradym. Ol şeýle jogap berdi: “Jon, seniň aýdanlaryň günde hakydamda aýlandy durdy. Men şondan bäri köp gazanyp, köp bermek üçin arman-ýadaman işleýän”. Men onuň tabynlygyny halaýaryn.

Başga bir tarapdan, men aýalym bilen öz ýerli ýygnagymyzdan bir adamy tanaýarys. Ol gerek bolan ýerleriň barynda işjeň hyzmat edýär. Ol özüniň çagyrylyşynyň doly wagt hyzmat etmekde däl-de, telekeçilikdedigini bilýär. Ol gazanjynyň on göterimine ýaşap, togsan göterimini Hudaýa bermegi özi üçin maksat edindi. Biziň tanşymyz öz maksadyna ýetdi. Ol bary-ýogy on göterime ýaşamak bilen, örän gymmat ulagy bar we ajaýyp öýde ýaşaýar. Hyzmatdaşlyk onuň biznesiniň pajarlamagyna getirdi, netijede gazanjynyň on göterimi ep-esli ulaldy. Ol Isa Mesihiň “az zatda sadyk bolan uly zatda sadyk bolar” ýörelgesini ulandy.

Hyzmatdaş bolmagyň ýene-de bir sebäbi bar – biz özümize hyzmat eden hyzmatçylary ýalkamaga mümkinçilik alýarys. Resul Pawlus şeýle diýýär: “Biz araňyzda ruhy zatlary ekip, sizden maddy hasyly orsak, muny juda köp görersiňizmi? Eger başgalar sizden maddy kömegi almaga hakly bolsa, onda biz olardan-da köp haklydyrys!” (1 Korintoslylar 9:11,12).

Bu adaty durmuşa hem degişlidir. Siz bir dostuňyzdan sowgat alyp, minnetdarlyk hatyny başga bir dostuňyza ibermersiňiz. Siz özüňizi ýalkan adama minnetdarlyk aýdarsyňyz, şeýdibem,

öz aragatnaşygyňyzy berkidersiňiz. Hudaý hyzmatdaşlygy şeýle tärde kesgitli maksat bilen gurnady. Hyzmat arkaly näçe köp adama ýetilse, şonça-da finans mätäçlikler köp döreýär. Şunlukda, hyzmata gatnaşýan her bir adam sadaka berse (bu hatda iki şaý bolaýanda-da), hyzmaty dowam etmek we ony ýaýbaňlandyrmak üçin gerek bolan ähli serişdeleriň öwezi dolar.

Resul Pawlus filipililer aýdanlaryny jemläp, şeýle diýýär:

> "Meniň hemme zadym bar, artygy bilen bar. Epafrodit siziň iberen peşgeşleriňizi getireli bäri, kem zadym galmady. Bular hoşboý ysly gurbanlyk kimin Hudaýyň halaýan gurbanydyr. Şöhratly Hudaýym Öz baýlygy bilen siziň, ýagny Isa Mesihe degişli bolanlaryň ähli mätäçlikleriniň öwezini dolar" (Filipililere 4:18,19).

Hudaýyň Öz baýlygy bilen ähli mätäçlikleriň öwezini dolmak wadasy hyzmatyň hyzmatdaşlaryna berlendir. Eger siz ondan biriňizi berip, hyzmatyň hyzmatdaşy bolýan bolsaňyz, onda Hudaýyň şu wadasynda berk durup bilersiňiz. Siz hiç bir zatda mätäçlik çekmersiňiz.

## Dileg arkaly köpelme

Köpelmäniň ýene bir usuly – dileg etmek. Sadakalar ýaly, belli bir adamlar, maşgalalar, ýygnaklar, şäherler we halklar üçin dileg etmek arkaly biz adamlaryň durmuşyna baky galtaşyp bilýäris. Biz bu adamlary diňe gökde görüp bileris. Hyzmatçylar üçin dileg etmek arkaly hem adamlaryň durmuşlaryna galtaşyp bilýäris. Biziň hyzmatymyzda sadaka berýän hyzmatdaşlarymyzyň bolşy ýaly, dileg edýän hyzmatdaşlarymyz hem bar. Şeýle hyzmatdaşlar "Halkara ilçi" hyzmaty üçin günde dileg edýärler.

Meniň ýanyma ýygy-ýygydan adamlar gelip: "Men siziň üçin günde dileg edýärin" diýýärler. Men muuň dogrudan-da şeýledigini ýa-da olaryň ýöne diýýändigini hemişe anyk aýdyp bilýärin. Çyn ýürekden dileg edýänlere men şeýle diýýärin: "Biziň hyzmatymyz

üçin bu iň uly kömek!” Bu hakykat! Kimdir biri dileg edende, köp adamlaryň durmuşy özgerýär. Hudaý dileglere görä adamlary Öz işine höwes döredýär we ýürekleri sadaka bermäge höweslendirýär. Şonuň üçin-de, eger men dileg edýän we sadaka berýän hyzmatdaşlaryň ikisinden birini saýlamaly bolsam, onda ilki bilen dileg hyzmatdaşy saýlardym. Emma olaryň ikisi-de gerekdir.

## Ýardam hyzmaty arkaly köpelme

Öz minalaryňyzy köpeltmegiň ýene bir usuly – ýardam hyzmaty. Biz Liza ikimiz guramamyzyň köp kömekçileri we kärdeşleri babatda hyzmatymyz arkaly özgeren her bir jan üçin ägirt uly sylag aljak adamlardyr diýip pikir edýäris.

Men muny Dawut pygamberiň söweş meýdanyndan dolanyp gelen adamlara aýdan sözünden bilýärin. Birinji Şamuwel kitabynyň 30-njy babynda biz Dawudyň ýesir alnan adamlaryny we goşdan ogurlanan emlägini yzyna almak üçin, amelekleri yzarlaýşy barada okaýarys. Onuň bilen söweşden gaýdyp gelen adamlaryň käbiri goşy goramaga galan adamlar bilen oljalaryny paýlaşmak islemedi. Emma Dawudyň diýýänlerine gulak goýuň:

> “’Söweşe giden bilen goşlaryň ýanynda galanyň paýy deň bolar; zatlar deň paýlaşylar’. Şol günden beýläk Dawut muny Ysraýyl üçin kanun we parz edip goýdy. Bu kanun şu güne çenli dowam edip gelýär” (1 Şamuwel kitaby 30:24,25).

Dawut pygamber Isa Mesihiň geçmişdäki nyşanydyr. Şonuň üçin-de, “Şol günden beýläk Dawut muny Ysraýyl üçin kanun we parz edip goýdy. Bu kanun şu güne çenli dowam edip gelýär” diýen jümle maňa munuň Isa Mesih we Onuň Ýygnagy üçin biziň günlerimize-de degişlidigi barada aýdýar. Hyzmat erkaly edilen işler diňe lideriň hasabyna däl, eýsem sadyklyk bilen sadaka berenleriň we dileg edenleriň hemmesiniň (olaryň söweş meýdanynda görünmändigine garazdan), hasabyna ýazylýandyr.

## Garaýyş wajypdyr

Ýokarda gürrüň eden hyzmatymyza bolan garaýyş sylagymyzy kesgitlemekde wajyp orny eýeleýändir. Diňe işlerimiz däl, eýsem olary haýsy niýetden edendigimiz hem hasaba alynýandyr. Biziň niýetlerimize täsir eden garaýyşlar hem hasaba alynýandyr. Hudaý şeýle diýýär: "Eger sözlerimi göwünjeňlik bilen diňleseňiz, ýurduň näz-nygmatyny iýersiňiz (Işaýa 1:19)".

Men durmuşymyň bir pursadynda Hudaý bilen gatnaşygymda gurakçylygyň dörändigi babatda gaty ünjä galan wagty ýatlaýan. Göwnüme bolmasa, men ýygnakdaky hyzmatlardan, aýratyn hem öz çopanymyň wagyzlaryndan hiç zat öwrenmeýän ýalydym. Men hiç ösmeýärdim.

Sekiz müň agzasy bolan ýygnaga çopançylyk edýän hyzmatçynyň ýolbaşçylygynda işlemek bilen, men oňa gitdigisaýy tankydy garaýyş bilen garaýardym. Bir gün irden Hudaý maňa: "Mesele çopanda däl, mesele sende" diýip gürledi.

Men aňk-taňk bolup: "Meniň meseläm nämede?" diýip soradym.

Reb menden Işaýa pygamberiň kitabynda (1:19) näme ýazylandygyny sorady. Men ony gaýtalap aýtdym, sebäbi men ony ýatdan bilýärdim. Soňra Reb maňa şeýle diýdi: "Ine, seniň meseläň şundadyr. Sen elmydama iýmit alaňok diýip aýdýarsyň, bu dogrudyr, sebäbi sen ýurduň näz-nygmatyny iýmeýärsiň".

Men bada-bat garşy çykyp: "Men tabyn, men çopanyň haýyş eden her bir zadyny edýärin!" diýip aýtdym.

Reb şeýle jogap berdi: "Men eger sen tabyn bolsaň, ýurduň näz-nygmatyny iýersiň diýip aýtmadym. Men *göwünjeňlik bilen diňleseň...*" diýip aýtdym".

Soňra Ol sözüni dowam edip, şeýle diýdi: "Tabynlygyň seniň hereketleriň bilen bagly, göwünjeňligiň bolsa seniň garaýşyň bilen bagly, garaýşyň bolsa porsaýar!"

Reb maňa meniň tabynlygymyň we göz üçin bolan pespälligimiň aslynda nähilidigini görkezmegi dowam etdirdi. Meniň

garaýşym tankydy we ýazgaryjydy, bu bolsa meniň hyzmatymyň niýetinlerine täsir edýärdi.

Men şobada toba etdim we indiki hyzmatda gökler maňa açyldy we men gaýtadan gökden alyp başladym. Çopan wagyz edýärkä, men gözýaşlara gark boldum; men öz garaýşym zerarly näçe zatlary sypdyrandygym barada oýlanýardym. Şondan soňra resul Pawlusyň Mukaddes Ruhdan ylhamlanyp şu aýdanlary maňa düşnükli boldy: "Şoňa görä-de, men şol haty sizi synamak we her bir zatda [meniň görkezmelerime eýermek bilen] tabyn bolup-bolmaýanlygyňyzy bilmek üçin ýazdym" (2 Korintoslylar 2:9, giňişleýin terjime).

Men Hudaý Onuň biz babatdaky erkine tabyn bomaklyga bolan garaýşymyzy synajakdygyna düşündim. Men häzir çydamlylyk barada aýdamok, ony bize şeýtan bermekçi bolýar. Şeýle garaýyşdan boşatmak üçin Isa Mesih Öz ganyny döküpdi. Biz dileg, iman we Hudaýyň Sözüni ykrar etmek arkaly şeýtana garşy berk durmalydyrs. Hudaý biziň belli bir ýoldan ýöremegimizi isleýär. Ine, men hut şu ýola bolan garaýşymyz barada diýýän. Resul Pawlus şeýle diýýär: "Isa Mesihiň garaýyşlary sizde hem bolsun" (Filipililer 2:5). Isa Mesih Atasynyň taýynlan käsesinden ýöne içmedi, ol muny göwünjeňlik bilen etdi. Şonuň üçin-de, resul Pawlus bize hemişe "elmydama oý-pikiriňizde we garaýşyňyzda täzeleniň (aňyň we ruhuň täzelenen garaýşyny ediniň" (Efeliler 4:23, giňişleýin terjime) diýip aýdýar.

Näme üçin? Sebäbi garaýyşlar niýete täsir edýär, Kazylyk wagtynda bolsa biz diňe eden işlerimiz üçin däl, eýsem olaryň aňyrsynda duran niýetler üçin hem sylag alarys. Geliň, resul Pawlusyň sözlerini ýene bir gezek okalyň:

> "Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk eden işlerimize laýyk paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys [şonda maksadymyz, niýetlerimiz we üstünliklerimiz, şeýle-de işlerimiz we ýeten maksatlarymyza bolan yhlasymyz hasaba alnar]" (2 Korintoslylar 5:10, giňişleýin terjime).

Men adamlaryň Hudaýa hyzmat edenleirnde ajylykdan doluşlaryny görenimde, gynanýaryn. Ýadaw halda zähmet çekmegi dowam edip, olar baky gelejegi nazardan sypdyrýarlar we bahyllykdan, şahsy bähbitlerinden hyzmat edýärler. Meniň pikirimçe, bu ilkibaşdan Hudaýa güýçli ymtylyşdan doly adamlaryň oňat tamamlamaýandygynyň asyl sebäbi bolup durýar. Hut şu sebäpdenem bize şeýle duýduryş berlen: “Hüşgär boluň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum bolmasyn. Bir ajy kök gögerip, size ezýet bermesin, *köp adamlar* munuň bilen zäherlenmesin” (Ýewreýlere 12:15).

“Köp adamlar” zäherlenip bilýär diýilýänine üns beriň. Men ýigrimi ýyl hyzmatymyň dowamynda ajy kökün ýaýraýşyny ençeme gezek gördüm; bu ýagdaý meniň ýüregimi para-para edýärdi. Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesinde ruhlandyrma sözleri bar: “Öňden görüjilikde türgenleşiň we (biri-biriňize) gözegçilik ediň”. Biz söýgüli ýakynlarymyzyň öz wagtynda ýok edilmedik ajy kök zerarly doly sylagy alman, ýykylýan ýa-da ýeňlişe sezewar bolýan ýagdaýlarynyň öňüni almak üçin, biri-birimize şeýle sözleri diýmelidiris.

Biz aýratyn hem öz çagalarymyza we işgärlerimize ünsli gözegçilik edýäris. Hemişe iş saparlarynda bolmaga çagyrylansok, çagalarymyzyň durmuşynda munuň hötdesinden gelmek merhemeti bar. Ýöne biz olaryň şeýle merhemeti ýitirmeklerini islämzok. Biz olara ruhlandyryjy sözleri adýarys, olaryň gatnaşyklaryny goraýarys we olary güýçli edip terbiýeleýäris.

Günleriň birinde dört oglum bilen eden gürrüňim ýadyma düşýär: “Oglanlar, siz meniň her aýda köp gidýändigimi bilýäňiz; ejeňizem birnäçe günläp öýde bolmaýar. Biz Hudaýyň bizi çagyrandygy üçin gidýäris. Ol Öz şöhraty we Öz Şalygynyň gurluşygy üçin köp adamlaryň durmuşyna biz arkaly ýetmegi isledi”.

Soňra sözümi dowam edip, şeýle diýdim: “Bu çagyryşa dürli-dürli garap bolýar. Siz muňa hamala ene-ataňyzyň sizden alnyp,

adaty maşgala durmuşyndan mahrum edilen ýaly garap bilersiňiz. Ýa-da siz muňa diňe ene-ataňyzyň çagyrylyşy däl, eýsem öz şahsy çagyrylyşyňyz hökmünde garap bilersiňiz. Siz Hudaýyň maksatlarynyň köpelmegi üçin ene-ataňyzy müňlerçe adamyň durmuşyna ibermek arkaly “ekeniňizde”, bu siziň hyzmatyňyza öwrülip bilýär. Eger siz bu çagyrylyşa şeýle garasaňyz, onda Höküm gününde her bir galtaşan janymyz üçin siz sylag alarsyňyz. Eger-de siz muňa ene-ataňyzy eliňizden alanan hökmünde garasaňyz, bu adamlar üçin sylag almarsyňyz. Şunlukda, oglanlar, hemme zat ýeke-täk bir söze – “*garaýyş*” sözüne baglydyr.

Olar meniň aýdanlaryma mäkäm ýapyşdylar, netijede hiç kim hiç haçan biziň öýden uzak wagtlyk gidýänligimizden zeýrenmedi. Hakykatda, biz Liza bilen haýsydyr bir çakylygy kabul edip-etmezlik barada ikirjeňlenimizde, bizi şol çakylyklary kabul etmäge ruhlandyrýardylar. Biziň ogullarymyzyň her biri bilen gowy gatnaşýarys, olaryň hemmesi Hudaýy söýýärler we hemmesi biziň bilen Hudaýa hyzmat edýärler. Hudaýa Onuň täsin merhemeti üçin şöhrat bolsun. Şindi, öz juwan ýaşlarynda, olar öz minalaryny köpeldýärler.

Öz işgärlerime-de hut şeýle zatlary aýtdym: “Siz şu ýerdäki işiňize ýöne bir iş hökmünde garap bilýäňiz we ahyrda ýadarsyňyz, ajylykdan dolarsyňyz we Höküm gününde sylag almarsyňyz. Ýa-da siz bu işe millionlarça adamyň durmuşyna galtaşma mümkinçiligine hökmünde garap bilýäňiz. Siziň iberen her kitabyňyz, jogabyny ýazmaga kömek eden her bir hatyňyz, jemgyýetçilik serişdeleri arkaly ýeten her bir adamyňyz, her bir gurnan ýygnagyňyz – bularyň hemmesi mümkinçilikdir, siz bu ýerde Hudaýyň edýänlerinde wajyp orny eýeleýärsiňiz. Siz Dawut pygamberiň goşy goramaga galan esgerleri ýalysyňyz”. Olaryň ajaýyp garaýşy bar, sebäbi olar meniň sözlerimi kabul etdiler. Meniň ruhy lider hökmündäki işim – dogry garaýşy saklamaga ýardam edýän ýaşaýyş sözlerini jar etmek. Muny amal etmek welin olaryň özlerine baglydyr.

Dogry garaýşy saklamak bilen, biz öz minalarymyzy köpeldip, ahyrda ajaýyp netijäni alyp bilýäris. Hudaý Öz öýüni bina edýär we biziň Onuň işdeşleri bolma aýratyn hukugymyz bar. Şunlukda, siziň edýän işiňiziň näderejede ähmiýetsiz görünýänligine garamazdan, her bir bölegiň ähmiýetlidigini ýatda saklaň; netijeli ýa-da netijesiz bolmak – muny özüňiz saýlaň. Men resul Ýohannanyň sözleri bilen siz babatdaky umydymy beýan edýärin: "Şonuň üçin ägä boluň. Çeken zähmetiňizi ýele sowurman, onuň rehnetini doly görer ýaly, berk duruň" (2 Ýohanna 8).

14-NJI BAP

# ŞAHSY TÄSIR

*Emma sen... durmuş ýörelgämi, maksadymy,*
*imanymy, sabyr-takatymy, söýgimi, çydamlylygymy bilýänsiň.*
— 2 Timoteos 3:10

Biz adamlaryň durmuşyna ýetiren täsirimiz üçin bakylykda sylag alarys ýa-da ýitgi çekeris. Bu diňe hyzmatçylara bagly bolman, eýsem şeýle wajyp bolan şahsy garaýşymyza, durmuş ýörelgämize we adamlara bilen gatnaşyşymyza hem baglydyr.

Biziň adamlar bilen gatnaşyşymyz olary nähili kabul edýändigimize bagly. Biziň gatnaşygymyz ýa weýran ediji ýa-da dörediji bolup bilýär. Eger biz olara ulumsylyk bilen garaýan bolsak, şoňa görä-de hereket edýäris: olary sözlerimiz bilen kemsidýäris, olaryň mätäçliklerine üns bermeýäris. Eger biz adama hormat goýýan bolsak, onda ýürekden söýgi bilen onuň durmuşyny berkitmäge we bina etmäge dyrjaşýarys.

Eger adamlara resurs hökmünde garaýan bolsak, olary öz maksatlarymyz üçin ulanarys; öz şahsy isleglerimizi we mätäçliklerimizi adamlardan ýokary tutarys. Eger biz adamlara Hudaýyň keşbinde ýaradylan we bahasyna ýetip bolmajak şahsyýetlere kimin garaýan bolsak, onda biziň niýetimiz olary ýalkamak bolar. Biz muny käwagt öz zyýanymyza bolsa-da ederis. Bu mesihiniň hereketidir.

## Egoizmiň berkitmeleri

Men Isa Mesihi kabul etmezimden öň ähli ünsümi diňe özümde jemleýärdim. 1979-njy ýylda iman edenimden soň Mukaddes

Ruh meniň adaty hereketlerimdäki egoizmiň berkitmelerine hüjüm etmeli boldy. Meniň Isa Mesihdäki ilkinji on ýylymyň güýçli gapma-garşylykda geçenini aýdyp oturmak gerek dälmika diýýän.

Meniň durmuşymdaky şeýle berkitmeleriň biri – jynsy aýgyrlykdy. Men pornografiýa gaty meýilli bolamsoň, bu meýle garşy durmaklygy gaty kyn mesele hasaplaýardym, alty ýyl göreşenimden soň, 1985-nji ýylda agyz beklemämiň dördünji güni men bu heserden azat boldum. Azat bolan pursadymdan mende ruh we aň täzelenmesi başlandy.

Indiki birnäçe ýylyň dowamynda men aýgyrlygyň köküniň nämedigini ýüze çykardym. Hudaýyň söýgüsi meniň ýüregimde gitdigisaýy ösýärdi we Onuň ýaradan şahsyýetiniň gymmatlygy maňa has hem aýdyňlaşýardy. Men seksual garaşlylygyň kökünin güýçli egoizmden döreýändigine aň ýetirdim. Aýala aýgyrlyk bilen seretmeklik ony bir bölek et bilen barabar etmekligi aňladýar. Şeýle garaýyş ýüregime gitdigisaýy ýigrenji göründi.

Aýalyň Hudaýyň keşbinde ýaradylandygy, oňa şöhrat we abraý jygasynyň geýdirilendigi baradaky aýanlyk gitdigisaýy içime ornaýardy. Men bu barada ozaldan bilýärdim, ýöne bu bilim diňe akyl derejesinde bolup, meniň barlygymyň bir bölegi däldi. Birnäçe wagt geçenden soň, men Hudaýyň özgerdiji işiniň hakykylygyny ýüze çykardym. Meniň öňümde reklamadan, žurnalyň daşky sahypasyndan ýa-da telewizoryň ekranyndan pornografik surat peýda bolanda, ýüregim bulanýardy; men Isa Mesihiň Öz ganyny döküp gazanan şeýle adamyna bir bölek et kimin garalýandygyna gaty gynanýardym. Şeýle garaýyş aýalyň ähmiýeti baradaky aýanlygyň artygysaýy kalbymda berkeýärdi.

Men käbir erkekleriň hatda ýygnakda aýallara bolan garaýşyndan şok ýagadýayny duýýan. Olar aýallara ýokardan aşak seredýärler, olary pes gymmatly, hatda ýigrenji hasaplaýarlar. Bu biderek pikirdir. Erkekler we aýallar – Hudaý Şalygynyň deň derejedäki mirasdüşerleridir. Erkekler has güýçli gaplardyr (köňül we ýürek taýdan däl-de, fiziki taýdan), olar aýallary özün-

den ýokary tutmalydyr. Erkekler aýallary sylamaly, gadyryny bilmeli, goramaly we olary bina etmäge hemişe mümkinçilik tapmaly. Eý, ärler, siz maşgalabaşysyňyz, ýöne Şalykda baş bolmaklyk öz maşgalyňyzda aýalyňyza we çagalaryňyza höküm sürmekligi däl-de, olaryň ugrunda jan bermekligi, oňa hyzmat etmekligi aňladýar. Eger siz özüňizi aýalyňyzdan ýokary goýýan bolsaňyz, onda şeýle garaýşyňyz ony ýaralar we weýran eder. Höküm gününde bolsa bu zatlaryň bary üçin jogap berersiňiz.

## Kabul edilmek islegi

Hudaý maňa egoizmiň ýene bir tarapyny görkezdi, ol has aldaýjydy. Segseninji ýyllaryň ortalarynda men dört ýüze golaý işgäri bolan ýygnakda hyzmat edýärdim. Biziň ýygnagymyzda sekiz müňden gowrak adam bardy; biziň işimiz ýurtdaky müňlerçe beýleki ýygnaklara galtaşýardy.

Şol döwürde men dawa-jenjelleriň islendik görnüşini ýigrenýärdim we her zat edip, olardan gaça durýardym. Men adamlar bilen juda mylaýym we edeplidim. Her wagt olara hoşamaý sözleri aýdýardym, hatda bu sözler hakykat bolmasa-da, şeýle aýdýardym. Men ofisde işleýänleriň arasynda iň hoşamaý adamyň abraýyna eýe boldum. Men baradaky hoşamaý sözler gulagyma ýetýärdi, olar meniň kalbyma hoş ýakýardy.

Günleriň birinde dileg wagty Hudaý menden: “ Men Korintoslylara birinji hatyň 13-nji babynyň niresinde “söýgi göwne ýaramlydyr” diýip aýdýaryn?” diýip sorady.

Men aljyrap: “Hiç ýerinde” diýip jogap berdim.

Soňra Hudaý maňa şeýle diýdi: “Oglum, sen adamlara hoşamaý sözleri, hatda olaryň hakykat bolmadyk ýagdaýynda-da näme üçin aýdýandygyňyň asyl sebäbini bilýärmiň?”

Men: “Näme üçin? Men bu barada hiç haçan pikir etmändim” diýip aýtdym.

Hudaý bada-bat şeýle jogap berdi: “Sen ret edilmekden gorkýaň. Seniň ünsüň kimde: adamlardamy ýa-da özüňde? Eger sen olary hakykatdan söýýän bolsadyň, olaryň halap-halamazlygyna garamazdan, olara hakykaty aýdardyň. Seni olaryň özüňi ret etmekleri barada däl-de, olaryň abadanlygy barada has köp alada ederdiň”.

Men sypaýylyk perdesiniň aňyrsynda öz betnyşan egiozmimi gördüm; bu agyryly hakykat kalbymy lerzana saldy. Men adamlary özümiň kabul edilmek islegimi kanagatlandyrmak üçin ulanypdyryn. Meniň niýetim adamlara kömek etmek däl-de, kabul edilmek islegidi; kabul edilmeklik meniň ynamsyzlygymy aýyrýardy. Men ýöne adamlar tarapyndan kabul edilmegimi isleýärdim.

Hut şu sebäpden wagyzçylaryň tükeniksiz sany Hudaýyň Sözüniň diňe “pozitiw” taraplaryny wagyz edip, ündew bermek, düzetmek, paş etmek ýaly ýerlerinden sowulýarlar. Olar ýygnaklarynyň agzalaryny hakykatdan-da söýmäge derek, olaryň göwnüne degmäge we sanyny ýitirmekden gorkýarlar.

Söýgiňiň merkezinde kim dur: senmi ýa-da adamlar? Kert gaýanyň gyrasyna düşünmän golaýlap barýan adamy görüp-de, oňa muny duýdurmak üçin gygyrmarsyňyzmy? Men şahsy ýagdaýlarda şeýle “söýýän hyzmatçylaryň” birnäçesini görüpdim. Olaryň adamlar bilen gürleşişi alada goýýar. Sebäbi olar ofisiantlar, myhmanhananyň we beýleki ýerleriň hyzmat edýän işgärleri bilen pes derejeli adamlar kimin gürleşýärler. Bu hyzmatçylar adamlara şahsy durmuşda nähili täsir edýärler? Olar öz ýolunda duşan her bir adama nähili täsir edendikleri babatda hasabat bermeli bolarlar.

## Mylaýymlykdan ýowuzlyga

Men özüm baradaky aýanlygy alanymdan soň, maýatnik ters ugra yrandy. Men ýowuz wagyzça öwrüldim. Meniň ýüregimde heniz Hudaýyň adamlara bolan söýgüsi tutaşmandy. Men adamlaryň ebedi abadanlygy barada alada etmäge derek ähli ünsümi dogry bolmaklyga gönükdiripdim. Käwagt men tutuş ýygnagy bi-

zar edýärdim. Üns merkezi heniz-de meniň özümdedi, ýöne meniň egoizmim indi başgaça hereket edýärdi. Meniň hereketlerim Mukaddes Ýazgylaryň hut şu ýeriniň mysalydy: “Siz hemmeler siziň kämil bilimiňiz bilen ylalaşmalydyr öýdýärsiňiz. Bilim diňe özüňizi ähmiýetli duýmaga mejbur edýärkä, söýgi hakykatdan-da ýygnagy bina edýändir” (1 Korintoslylar 8:1,2, iňlis dilinden terjime).

Hyzmatymyzyň irki döwrüne ser salanymda, meni utanç gaplaýar. Sebäbi men gidenimden soň käbir çopanlar ýygnakdaky “tertip-düzgüni dikeltmeli” bolýan ekenler. Eger men şol döwürde özüm çopan bolan bolsadym, öz ýygnagyma Jon Biweri asla çagyrmazdym. Men özümiň gaty köp zatlarda heniz-de ösmeli bolandygyma garamazdan, mende Hudaýa tüýs ýürekden hyzmat etmek islegini gören çopanlara örän minnetdardyryn.

Adamlaryň hoşamaýlygyny gazanmak ýa-da ret edilmekden çaga durmak üçin, men indi adamlara ýaranjaňlyk etmeýärdim, tersine, hakykaty ýowuzlyk bilen aýdýardym; men heniz-de Hudaýyň meni saplajak egoizminden hereket edýärdim.

Birnäçe ýyl geçenden soň örän meşhur çopan meni örän abraýly hyzmatçylaryň öňünde tankytlady; men üç dürli kontinentden onuň men barada aýdanlaryny eşitdim. Men ilki örän gazaplanyp, boşap galan ýaly boldum. Ýöne men öýke-kinäniň meni Hudaýdan uzaklaşdyrjakdygyny bilýärdim. Netijede bu adamyň hüjümleri meni Hudaya gaty ses bilen dileg edip, Onuň söýgüsini dilemäge mejbur etdi. Men Hudaýdan özüme rehim-şepagaty yhlas bilen dilänimde, Onuň ýüregimde Öz gymmatly adamlaryna bolan söýgini ösdürendigini-de bilmän galypdyryn.

Şu wagtyň dowamynda Reb maňa tutuş hyzmatymy özgerden aýanlygy berdi. Häzir haýsydyr bir çuňňur we gizlin syry eşidersiňiz öýdýäňizmi? Aslynda hemme zat gaty ýönekeý. Meniň sözlerimiň biraz akmak bolup görünmegi hem ahmal, ýöne bu olaryň manysyna doly düşünýänçäňiz şeýle bolar. Aýanlyk bolsa şeýledi: “Bir çemçe şeker dermany zaýalamaz”. Men dermany haýsydyr bir süýji zada

garyp bereniňde, täsiriniň peselmeýändigine düşünip galdym. Süýji zat dermany ýuwutmagy aňsatlaşdyrýar. Käbir ýagdaýlarda bolsa dermanyň tagamy göwne has ýaramly bolýar.

Häzir hyzmatçylaryň köpüsi maňa şeýle diýýar: “Jon, biz Hudaýyň Sözi arkaly päklenýärkäk, bizi güldürip bilşiňe haýran. Sen çynlakaý mowzugy ýaşaýyşdan dolduryp bildiň” Men Hudaýyň merhemeti arkaly has kämilleşendigime düşündim. Hudaýa şükürler bolsun!

Şol çopan meni öz tankydy bilen meni ýalkamagy niýet etmän-de bolsa, bu meniň durmuşym üçin uly ýalkanyşa öwrüldi. Siz şuny ýatda saklamaly: käwagt Hudaý durmuşyňyzdaky Öz niýetini amala aşyrmak üçin, adamlaryň size eden ýamanlyklaryny ulanar. Ol Isa Mesihiň Özi üçin niýetlenen zatlary amala aşyryp bilmegi – haça gitmegi üçin, Ýudasy ulandy. Ol Hudaýyň Ýusuba beren düýşüniň berjaý bolmagy üçin, onuň doganlarynyň zalymlygyny ulandy. Şeýle mysallaryň ýene ençemesi bardyr.

## Maksat – Hudaýyň söýgüsi

Ähli zat adamlara bolan garaýşymyzdan başlanýar. Eger biz kalbymyzda Hudaýyň söýgüsine we rehimine ösmäge ygtyýar etsek, biz olara ulumsylyk bilen garamarys. Adamlara ulumsylyk bilen garamaklyk ýazgarmaklygy, tekepbirligi, hereketlerdäki gödekligi we ş.m. döredýär. Resul Pawlusyň Rimdäki imanlylara ýazýanyna üns beriň:

> “Onda näme üçin käbirleriňiz öz doganyňyzy ýazgarýarsyňyz? Näme üçin käbirleriňiz öz doganyňyza äsgermezlik edýärsiňiz? Biziň barymyz Hudaýyň höküm kürsüsiniň öňünde durmaly dälmi näme? Hawa, her birimiz Hudaýyň öňünde özümiz üçin jogap bereris” (Rimliler 14:10,12).

Eger biz, ýagny imanlylar, iň esasy tabşyryklaryň ikinjisini – ýakynymyzy söýmekligi unutsak, Pawlusyň aýdýan duzagyna düşeris. Biz töweregimizdäki adamlara ulumsylyk bilen garap

başlaýarys. Şeýle garaýyşlar aýratyn-da Mukaddes Ýazgylaryň biliminiň bar, ýöne ruhy binýadyň miweleriniň bolmadyk ýerlerinde pajarlap ösýär.

Mukaddes Ýazgylar *Hudaýyň söýgüdigi* barada aýdýar. Belläp geçmeli wajyp zat: söýgi – Hudaý däl. Munuň tapawudy gaty ägirtdir. Hudaýyň häsiýeti, Onuň ýollary we maksatlary biziň söýgä berýän kesgitlemämize gabat gelenok. Şonuň üçin-de, tä Isa Mesihi tanaýança, hiç kim söýginniň nämedigini bilmeýär. Söýginiň hakyky barlygy diňe Isa Mesihdir.

Mukaddes Kitabyň bir ýerinde hem *Hudaýda söýgi bar* diýen ýer duşmaýar. Hudaýda güýç bar, Onda ruhy peşgeşler, ygtyýar bar. Bu sanawy dowam etseň edibermeli. Söýginiň özeni Isa Mesihdir. Eger bu şeýle bolsa, onda biz Oňa meňzemeli, sebäbi Onuň tebigatyndan gaýtadan doguldyk. Şu sebäpden resul Pawlus şeýle diýýär:

> “Ynsanlaryň we perişdeleriň dillerinde gürläp-de, söýgim bolmasa, güňleç seslenýän misdirin ýa-da jyňňyrdaýan kimwaldyryn. Eger pygamberlik peşgeşim bolup-da, ähli syrlary we ylymlary bilip-de, daglary süýşürjek güýçli imanym bolup-da, söýgim bolmasa, men hiçdirin. Eger men tutuş emlägimi garyp-gasarlara paýlap-da, magtanyp bilerim ýaly tenimi gurban edip-de, söýgim bolmasa, bularyň maňa hiç peýdasy ýokdur” (1 Korintoslylar 13:1–3).

Söýgi sözlerde däldir. Sebäbi kimdir birini söýýän diýmegiň mümkin, hereketleriň bolsa munuň tersini subut edýändir. Söýgi biziň hereketlerimizden hem başlanmaýar. Resul Pawlus ýokardaky aýatda söýgi sypatyna eýe beýik işleri – tutuş emlägi garyp-gasarlara paýlamak, teni gurban etmek ýaly işleri amala aşyryp bolýandygy, ýöne olary söýgüsiz edip bolýandygy barada aýdýar. Hakyky söýgi ýürekde başlaýar.

Eger biz söýýän bolsak, başga adamlara sabyrly we rehimli bolarys. Biz başganyň üstünligine bahyllyk etmeris, sebäbi tüýs ýürekden başgalaryň ýeňiş gazanmagyny isläris. Biz özümiz barada magtanmarys, tekepbirligiň we ulumsylygyň islendik

görnüşinden gaça durarys. Öz sözümizi gögertjek bolmarys, sabyrsyzlyk edip, gaharlanmarys. Biz öýke-kinelerimizi sanamarys-da, bagyşlarys, adalatsyzlyga şatlanmarys, biziň esasy niýetimiz rehimdarlyk we hakykat bolar. Adamlar bizi lapykeç edip bilmez, biziň olara bolan ynamymyz gaçmaz, sebäbi biz diňe ýagşy zatlara umyt baglarys. Biz adamy tä onuň günäsi subut edilýänçä, günäkär hasaplamarys. Hatda şundan soň hem onuň toba etmegine umyt baglap, Şalygyň ýa-da ýakynyň bähbidi üçin kynçylyklara döz geleris. Aýdylanlary jemläli: biz adamlaryň dogruçyl durmuşyny bina etmek üçin ýaşarys. Şeýle durmuş diňe Isa Mesihde Onuň erkini amal etmek arkaly mümkin bolýandyr.

## Durmuşy köp adamlara şahsy täsirini ýetiren lider

Birnäçe ýyl mundan ozal men dostum Jek Wollesiň jaýlanyş patasyna gatnaşdym. Ol Miçigan ştatynyň Deýtrot şäherinde ýerleşýän Bütindünýä Deýtrot missiýasyny esaslandyrypdy. On ýylyň dowamynda onuň köpmilletli ýygnagy dört müň adama çenli ulalypdy. Meniň dostum Zimbabwede geçirilen konferensiýa wagyz etmäge gidipdi. Ýöne uçardan çykan badyna ýüregi infarkt bolup, aradan çykdy.

Onuň patasyna müňlerçe adamlar ýygnandy: ähli Ştatlardaky hyzmatlaryň liderleri, obşşinalaryň liderleri, uly korporasiýalaryň wise-prezidentleri, garamaýak işçiler, köçe sergezdanlary, oý hojalykçylary. Ýygnak şu adamlardan ybaratdy. Dostumyň jaýlanyş patasyna Isa Mesihi gönüden-göni tanamaýanlaryň hem köpüsi gelipdi: olar myhmanhanalaryň, restoranlaryň hyzmat ediş gullugynda işleýärdiler. Meniň dostum bu adamlara hem täsirini ýetiripdi.

Patada ýygnagyň agzalarynyň bolmagy meni hiç haýran galdyrmady, sebäbi biz Jek bilen ýygnakdan daşarda hem köp wagty bile geçirýärdik. Men onuň köçede duşýan adamlara garaýşyny görüp, boldan-bol ýalkanýardym. Ol şol adamlaryň her birine

eziz şahsyýete kimin garaýardy. Ofisiantlara we myhmanahana hyzmatkärlerine Jek hemişe çaý puluny gysganman berýärdi. Men muny oglanlyk saýyp, şeýle etmekden saklanýardym. Ýöne günleriň birinde ol maňa bu adamlaryň Hudaý üçin näderejede gymmatlydygyny düşündirende, men bu akmak pikirimden dändim. Jekiň ýanynda sen özüňi dünýädäki iň ähmiýetli adam kimin duýmaýardyň, sen onuň üçin dogrudan-da iň ähmiýetli adamdyň.

Jaýlanyş patasy dört ýarym sagat dowam etdi. Ony ýakyndan tanaýan liderleriň öňe çykyp, birnäçe söz aýtmaklaryny haýyş etdiler. Üç-dört adam öňe çykyp, Jek bilen nähili ýakyn bolandyklaryny we onuň biz üçin kim bolandygyny aýdanlarynda, örän tanymal hyzmatçylaryň biri: “Beý-bä, men-ä Jegiň iň ýakyn dosty özümmikäm öýdýärdim!” diýdi. Hemmeler güldüler.

Biz Jekiň biziň her birimiz bilen özüniň iň ýakyn dosty hökmünde gatnaşandygyny bilýäris. Bu beýik lider Hoş Habary wagyz edýän kampaniýalar we telegepleşikler arkaly tutuş milletlere täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem ýolunda duşan her bir adama täsirini ýetiripdi. Jek üçin adamyň nähili wezipesiniň bardygy bütinleý gyzyklandyranokdy. Ol ägirt korporasiýany dolandyrýan ýolbaşçy bilen hemaýat mätäçlik puluna ýaşaýan adamlaryň arasynda hiç parh goýanokdy. Ol her bir adamyň ýüregine barýan ýoly tapmagy, ony söýmegi we gadyryny bilmegi başarýardy. Jek öz çagyrylyşyna we ruhy peşgeşlerine sadyk galmak bilen çäklenmän, minalary her bir çäkde köpeler ýaly edipdi.

## Müňlerçe durmuşa täsirini ýetiren garawul

Meniň durmuşyma düýpli täsirini ýetiren adamlaryň käbiri hiç haçan sahnada durmandylar. Olaryň biri-de “Rokwell Interneşnl” kompaniýasynyň maliýe işgäridi. Onuň ady – Maýk. Men onuň bilen Isa Mesihe iman ednimden iki ýyl soň tanyş boldum. Biziň iş ýerlerimiz bir ýerdedi we biz arakesme wagtlary adatça Hudaý barada gürrüň edýärdik. Biz soňabaka örän dostlaş-

dyk we biri-birimiziňkide, ýygnakda ençeme sagatlap bile bolýardyk. Maýkyň bütewiligi we Mukaddes Ýazgylardan alan amaly paýhasy – ine, şu zatlar maňa iň köp täsir edipdi. Men onuň aýalyna, çagalaryna, durmuş ýolunda duşýan her kese garaýşyna, olary sylaýşyna, söýşüne haýranlar galýardym.

Şondan biraz soň men “Rokwell” kompaniýasyndan çykyp, hyzmatyma başladym. Maýk hem kompaniýadan gidip, öz maliýe firmasyny açdy; ol henize çenli hem bar. Onuň biznesi diýseň üstünlikli boldy. Maýk salgyt meselesi boýunça on iki müňden gowrak müşderisine kömek berdi, olardan bäş müňüsi onuň firmasynyň hemişelik müşderisi boldy. Olar Maýkyň dogruçyllygy we abraýy sebäpli köp ýyllap onuň bilen hyzmatdaşlyk etdiler.

Ýaňy ýakynda men ondan müşderileriniň näçesine Hudaýyň Sözi barada aýdandygyny soradym. Maýk şeýle diýdi: “Jon, çenegräk bilen sanasam, müşderilerimiň 90 göterimi-hä bardyr”. Bu on müňden gowrak adam bolýar.

Men haýran galdym. Soňra men şol adamlaryň näçesini gutulyşa getirendigini soradym. Ol: “Ýüzlerçesini. Geçen hepde kubaly bir ýigit hem Rebbi kabul etdi, men onuň rak keselinden gutulmagy üçin dileg etdim” diýdi.

Ol köp hyzmatçylara öz hasaplaşyk işlerini tertibe salmaga hem kömek etdi. Hyzmatymyzyň irki döwürlerinde biziň hasaplaşyk işlerimiz hem şolaryň hataryndady. Maýk meniň durmuşymyň çagyryşynyň nämededigine düşündi we ýyllarboýy bize salgyt hasabatyny bermekde mugt kömek etdi. Onuň durmuşy dürli usullar arkaly köp adamlaryň durmuşyna täsir etdi.

Günleriň birinde men Maýk bilen eden uzak söhbetdeşligimi ýatladym. Ol şonda öz durmuşyna güýçli täsir eden bir garawul barada gürrüň beripdi. Golaýda men oňa jaň edip, şol garawul barada ýene-de soradym. Maýk telefonda aglap başlady.

Ol maňa şeýle didi: “Jon, meniň daýy-daýzalarymyň dokuzdan altysy öz ömürlerini dälihanada tamamlady. Ejem hem şol ýere

düşdi. Meniň atam-da, babam-da atylyp öldürildiler. Meniň maşgalamda uly bulam-bujarlyk bardy, maňa hem şolar ýaly ykbal garaşýardy. Ýöne pul ýetmezçiligi zerarly ejem meni başga bir maşgalanyň aladasyna tabşyrdy. Men olar bilen ýedi ýyl ýaşadym. Maşgalanyň başy kiçijek kagyz fabrikasynda garawul bolup işleýärdi. Onuň ady Çarlidi. Onuň göwün päkligi, Isa Mesihe berlenligi we adamlara bolan söýgüsi durmuşymdaky näleti aýryp taşlady. Ol her dynç güni meni ýygnaga äkidýärdi we Hudaýyň ýörelgelerini öwredýärdi. Meniň şindiki barlygym Çarliniň täsiri astynda emele gelen adamdyr. Günleriň birinde meniň gyzym surat çekip, aşagyndan: "Ömrümde görmedik Beýik Adama bagyş edýän" diýip ýazdy. Bu sözler Çarli baradady".

Bärde, ýer ýüzünde, siz Çarli barada zat eşidersiňiz öýdemok. Emma onuň täsiri Maýkyň hyzmat eden şol müňlerçe ömürlere hem ýaýrady. Bu täsir maňa hem galtaşdy. Şonuň üçin-de, meniň üçin uly mertebe bolan hyzmatym arkaly hyzmat eden millionlarça adamlarym hem Çarliniň şol täsirine şärikdirler. Bir garawulyň minalaryny köpeldişini we günleriň birinde beýik sylag aljakdygyny görýäňizmi?

## Nesle täsir etmek

Bu maňa bir işgärimiň ýaňy-ýakynda okan bir wakasyny ýatlatdy. Şol waka imansyz Maks Juks we Jonatan Edwards atly dogruçyl adam baradady. Ine, şol wakany siziň dykgatyňyza hödürleýän:

> Maks Juks, Hudaýa iman etmeýärdi we dogruçyl däl durmuşda ýaşaýardy. Ol iman etmeýän gyza öýlenipdi. Olaryň bu nikasyndan dörän neslinden 130-sy buthananyň başgançygynda öldi, 150-i jenaýatçydy, 7-si adam öldüripdi, 100-si arakhordy, aýallarynyň köpüsi jelepçilige baş urdular. Döwlet onuň 540 nesline bir ýüz ýigrimi bäş million dollary harç etmeli boldy.
>
> Ýöne, Hudaýa şükür, ajaýyp amerikan Jonatan Edwards barada hem şaýatlyk bar. Ol Maks Juksyň döwründe ýaşap, dogruçyl gyza

> öýlendi. Geçirilen barlaglar Jonatan Edwardsyň belli bolan 1394 nesliniň 13-si kolejleriň prezidenti, 65-si kolejleriň professorlary, 3-si ABŞ-nyň senatory, 30-sy kazy, 100-si aklawçy, 60-sy lukman, 75-si harby ofiser, 100-si wagyzçy, 60-sy görnükli awtorlar, 1-i ABŞ-nyň wise-prezidenti, 80-si jemgyýetçilik işgärleri, 295-si kolejiň uçurymlary (olaryň arasynda ştatlaryň häkimleri we daşary ýurda iberilen ilçiler bardy) boldy. Birleşen Ştatlar onuň nesli üçin ýeke sent-de harç etmedi.

Bu öz minaňy köpeltmegiň ýene bir usuly. Çarli, Maýk we Jonatan Edwards dagy adamlaryň ägirt köp sanyna täsir etdiler. Olaryň täsiri beýik mirasy berdi. Bu miras ilortalaýyn hyzmatyň netijesinde däl-de, şahsy durmuş göreldesi arkaly geldi.

Şeýle aýratyn hukugy Hudaý her birimize berýändir. Siziň polisiýa inspektoryna jogap berşiňiz, öz çopanyňyz barada diýýäniňiz, finans işleriňizi alyp barşyňyz, adamlara aýdýan sözleriňiz we ençeme başga zatlar töweregiňizdäki adamlaryň durmuşyna täsir edýändir. Siz gurluşykçy bolmakçymy ýa-da büdreme daşy?

> “Hawa, her birimiz Hudaýyň öňünde özümiz üçin jogap bereris. Şoňa görä-de, biri-birimizi ýazgarmalyň. Gaýtam, doganymyzyň büdräp, ýykylmagyna sebäp bolaýjak hereketlerden saklanmagyň pikirini edeliň... Şonuň üçin-de, parahatlyga, biri-birimizi imanda güýçlendirmäge ýardam etjek işleri etmäge dyrjaşalyň” (Rimliler 14:12,13,19).

Resul Pawlus Hudaýyň Kazylyk güni barada gönüden-göni aýdýar. Şol gün öz töweregimizdäki adamlara nähili täsir edendigimiz jikme-jik derňeler. Ine, hut şu sebäpdenem muny hemişe ýatda saklamalydyr. Şonda biz elmydama diňe özümize meşgul bolman, adamlary Hudaýa getirmäge höwesleneris.

On dokuzynjy asyrda ýaşap geçen Rebekka Rater Sprinjer öz sylagy üçin bakylaga gitmezinden öň göklere birnäçe gezek çykyp görüpdi. Göklere bolan saparynda soň ol “Gökler derwezeleriniň aňyrsynda” atly nusgawy nowellasyny ýazypdy. Ol şol kitabynda

gökde köp wagty bile geçiren garyndaşynyň sözlerini ýazdy. Onuň sözlerine görä, äriniň erkek dogany Rebbe ýakyn bolupdyr. Ol oňa, ine, şuny gürrüň beripdir:

> "Eger biz heniz ýer ýüzündekäk bakylyk üçin gurýandygymyza düşünen bolsadyk, durmuşymyz köp ugurlardan başgaça bolardy! Her bir ýagşy söz, her bir jomart pikir, her bir ýagşylyk gelejekki durmuşda bakylyk gözelligiň sütüni bolar".

## Adamlary Isa Mesihe getirmek

Adama ýetirip bilýän iň uly täsirimiz – ony Isa Mesihe getirmek. Eger siz baky hökümler barada dogry düşünjäňiz bar bolsa, tanyşlaryňyza gutulyş ýoly barada aýdasyňyz geler. Biz şuny okaýarys: "akyldar adam ynsanlary (balykçy kimin olary Hudaý üçin, bakylyk üçin) gazanýar (tutup alýar)" (Süleýmanyň pähimleri 11:30, giňişleýin terjime).

Men ýaş mesihikäm, ýolumda duşan her bir adama Hoş Habary wagyz etmelidirin diýip düşünýärdim. Emma soňra haçan we näme diýmelidigini bilmek üçin, Mukaddes Ruhy diňlemegi öwrendim. Men hatda Isa Mesihiň hem Atasynyň edenlerini edendigine aň ýetirdim. Biz Hudaý bilen gadam uranymyzda, akym döreýär, adamlary gaýra itýän zorluk ýok.

Emma tä öýe alynýançak, adamlary baky durmuşa getirmek höwesi kalbymyzda hemişe bolar. Hudaýyň söýgüsi bu höwesi hemişe iýmitlendirip durýar. Adam Isa Mesihi kabul edende, ähli perişdeleri we Hudaýyň hut Özüni gaty şatlandyrýar. Bu belli bir sylagy getirýär. Isa Mesih şeýle diýýär: "Orakçy hem hakyny alýar, hem-de baky ýaşaýyş üçin hasyl toplaýar. Şeýdip, ekýän-de, orýan-da bilelikde şatlanýar" (Ýohanna 4:36).

Aýalymy ilkinji duşuşygymyzda Rebbe getirmek meniň üçin uly mertebe boldy. Men gutulyşy alanymdan soň tä Hudaý maňa aýalymy getirýänçä, hiç gyz bilen duşuşmajakdygymy wada ber-

dim. Men, eger Hudaý Adam ata How enäni getiren bolsa, maňa hem şeýle edip biler diýip pikir etdim.

Men mesihi bolmankam, gyzlaryň birnäçesi bilen duşuşypdym, soňra bolsa birnäçe mesihi gyzlar bilen duşuşyp gördüm. Ýöne men bu gatnaşyklaryň meniň Hudaý bilen gatnaşyklaryma päsgel berýändigine üns berdim. Her gezek aýrylyşmadan soň biziň kalbymyzda ýara yzlary we gözýaşlar galýardy. Bu zatlaryň peýdasyzdygyna düşünmek üçin maňa biraz wagt gerek boldy. Şunlukda, men kimdir biri duşuşyp başlamazymdan öň dileg etjekdigime söz berdim.

Şol döwürde meniň gelejekki aýalym diýseň şagalaňçy gyzdy. Kampusdaky ýigitleri biri oňa gyzlaryň arasynda iň tentegi diýip aýdypdy. Men onuň sözlerini nädejede hakykatdygyny bilmeýärdim, ýöne munuň şeýledigine güman edýärdim. Men şol wagta çenli eýýäm bir ýyl ýarym gyzlar bilen duşuşmaýardym, sebäbi men her gezek kimdir birini duşuşyga çagyrjak bolanymda, Reb dilegde muny etmezligimi aýdýardy. Emma men Mukaddes Ruhuň meni şol gyzy Mukaddes Ýazgyny öwrenýän gezelenjemize çagyrmaga iterýändigini duýdum. Ol çakylygymy kabul etdi.

Gezelençden soň biz söhbetdeşligimizi kampusda dowam etdik we gije 1:30-da men onuň bilen Hoş Habar barada gürrüň edýärdim. Ol meniň sözümi bölüp, bada-bat gutulyşy kabul edesi geldi. Şondan tizara biziň ikimizde Hudaýyň biziň öýlenmegimizi isleýändigini bildik. Dogrymy aýtsam, men uly utuş gazanypdyryn. Eger ol bolmadyk bolsady, onda men şu günkim ýaly adam bolmazdym.

Liza millionlarça adamyň durmuşyna täsirini ýetirdi. Ol kitaplaryň ökde ýazyjysy, adalatsyzlyk pidalarynyň goraýjysy, ol konferensiýalarda dünýä boýunça wagyz edýär. Eger men oňa Hudaý barada aýtmak mümkinçiligimi sypdyran bolsam, näme bolardy? Eger men üstümden gülünmekden gorkup, Isa Mesih barada aýtmadyk bolsam, näme bolardy? Hudaýa oňa başga birini ibererdi, hawa, hut şeýle bolardy diýip pikir edýän, men bolsa Hudaýyň

aýal babatdaky iň oňat saýlawyny sypdyrardym we onuň bakylyk üçin hyzmat eden adamlarynda paýym bolmazdy. Onuň ruhy peşgeşleri üçin Hudaýa şöhrat bolsun!

Ýadyňyzda bolsun: tohum köpeler, ýöne öz-özünden ol kiçi ähmiýetsiz bolup görünýär. Mukaddes Ruhuň gönükdemisini bolaýmaly zat ýaly kabul etmäň, aýratyn hem Oňä äsgermezçilik etmäň. Onuň meni höweslendiren ähmiýetsiz zatlary durmuşymda iň uly köpelmä öwrüldi. Hudaý siziň köpelmäňizi isleýär. Şeýle-de Hudaý köpelmäňiz üçin sizi sylaglasy gelýär.

## Soňky öwütler

Orta juda köp zat goýlan. Biz şu taýda, ýer ýüzünde özümize ynanylan wagta ýeňilkellelik bilen garap bilmeýäris. Adamlaryň baky ykbaly Hudaýyň meýline bolan tabynlygymyza baglydyr. Onuň meýli – hemmeleriň halas bolup, Isa Mesihiň keşbine dönmeklerinden ybarat. Ol hiç kimiň sypdyrylyp galdyrylmagyny islemeýär.

Müsürden çykan tutuş nesil çölde heläk boldy. Olaryň hemme döwürleriň iň beýik lideri bardy, ýöne olar şonda-da ýeňlişe sezewar boldular. Biziň görnükli liderlerimiz bolup bilýär, emma Baş Gurluşykçynyň meýlini berjaý edip-etmezlik diňe özümize baglydyr. Ol şeýle diýdi: “Patyşalygyň bu Hoş Habary ähli milletlere şaýatlyk hökmünde dünýäniň ähli ýerinde wagyz ediler, diňe şondan soň dünýäniň ahyry geler” (Matta 24:14). Geliň, öz tabşyrygymyzy sypdyrmalyň! Wagt geldi, Ol gapynyň agzynda dur! Eger biz öz ykbalymyzy berjaý etmesek, Hudaý Nunuň ogly Ýeşuwanyň nesli babatda edişi ýaly, başga bir nesli galdyrar. Çünki Ol Öz öýüniň doljakdygyny eýýäm yglan etdi.

Biz özümize ynanylany köpeltmek bilen Hudaýyň meýlinde öz paýymyzy berjaý edýäris. Lapykeç bolmaň. Öz paýyňyzy ähmiýetsiz hasaplamaň. Ymtylyşyňyzy ýitirmäň. Täze Ähtde beýan edilen gökler aýanlygyny nazaryňyzdan sypdyrmaň. Biz bu kitapda hem

şol aýanlyk barada gürrüň edipdik. Isa Mesih barada aýdaryňyza mätäç döwürdeşleriňiz size bil baglaýarlar. Diňe olaram däl, eýsem siz arkaly Onuň ruhlandyrmasyny we güýjüni almaga mätäç adamlar hem size bil baglaýandyrlar. Siziň baky ykbaşyňyz size garaşýar! Siz Onuň merhemetine bil baglamak bilen, üstünlik gazanyp bilýärsiňiz. Ol wepaly Hudaý!

Men size Şalygyň raýatdaşlary kimin ýüzlenýärin. Öz çagyrylyşyňyzy berjaý ediň we öz saýlanmagyňyzy berk ediň, ylgawyňyzy pellehana çenli sadyklyk bilen ylgaň. On million ýyldan yzyňyza garap, şu wagta garanyňyzda, muny hut şeýle edendigiňize begenersiňiz. Hudaýyň erkine juda berlen bolmak mümkin däl. Şonuň üçin-de, baýrak almak üçin ylgaň! Soňky öwüt hökmünde sizi resul Pawlusyň ähli mukaddesler üçin eden dilegi bilen galdyrýaryn:

> “Biziň sizi söýşümiz ýaly, goý, Reb biri-biriňize, ähli adamlara bolan söýgiňizi artdyryp, pürepür etsin. Rebbimiz Isa Öz ähli perişdeleri bilen bile gelende, Atamyz Hudaýyň öňünde aýypsyz we mukaddes bolup bileriňiz ýaly, goý, Ol ýürekleriňizi kuwwatlandyrsyn” (1 Salonikliler 3:12, 13).

*Mukaddes Ýazgylarda baky sylaglar barada has köp aýatlar bar.*
*Kitap olaryň baryny sygdyryp bilmedi.*
*DrivenByEternity/EternalRewards saýtynda siz Mukaddes*
*Ýazgylaryň baky hököm we sylaglar barada aýdýan aýatlarynyň*
*sanawyny tapyp bilersiňiz.*

## MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

### ALTYNJY BÖLÜM: 13 WE 14-NJI BAPLAR

1. Siz üçin ähmiýetsiz ýa-da gaty bir ähmiýetli däl bolup görünýän soraglaryňyz barmy? Olar barada gökler nukdaýnazaryndan oýlanyp görüň. Siziň pikiriňizçe, göräýmäge bu ähmiýetsiz meselelerdäki sadyklygyňyz näme üçin Hudaýa ähmiýetli bolup görünýär?

2. Biziň hemmämiz bäsdeşlik we özümizi başgalar bilen deňeşdirmek instinktine eýe. Biz özümizi başgalar bilen deňeşdirmegimizi bes edenimizde, Hudaýyň Şalygy babatda garaýşymyz nähili üýtgär?

3. Siziň durmuşyňyz köpelişe baýmy? Siz öz wagtyňyzy, dilegleriňizi, zehinleriňizi we resurslaryňyzy nädip has oňat ulanyp bilersiňiz?

4. Şu kitabyň başynda biz Ýohannanyň birinji hatynyň 4:17-i barada gürrüň edipdik. Ol ýerde Isa Mesihiň Höküm kürsüsiniň öňünde özümizi ynamly duýup bilýänligimiz barada aýdylýar. Täze bilime eýe bolmek bilen, munuň näme üçin şeýledigini düşündiriň.

5. Bakylykda täsirini saklajak durmuşy gurmagy nädip başlap bilersiňiz?

GOŞUNDY

# GUTULYŞY NÄDIP KABUL ETMELI

*Eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldenine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän hem halas bolar.*
— Rimliler 10:9, 10

Hudaý siziň durmuşyňyzda baky üstünligi göresi gelýär. Onuň size bolan hyjuwy güýçli, Onuň siziň durmuşyňyz üçin meýli bar. Ýöne öz ykbalyňa eltýän ýoly saýlamagyň ýeke-täk bir ýoly bar. Ol hem Isa Mesih, ýagny Hudaýyň Ogly arkaly gutulyşy kabul etmeklikdir.

Isa Mesihiň ölümi we direlişi arkaly Hudaý size, ýagny Öz söýgüli ogluna we Öz söýgüli gyzyna Öz Şalygyna ýoly açdy. Isa Mesihiň haçdaky gurbanlygy arkaly size baky bolelin durmuş elýeterdir. Gutulyş – bu Hudaýyň size berýän peşgeşi, ony ne gazanyp bolýar, ne-de oňa mynasyp bolup bolýar.

Bu ajaýyp peşgeşi almak üçin, durmuşyňyzda Ýaradana garaşsyz ýaşandygyňyz babatdaky günäňizi boýun almaly, sebäbi bu günä öňde-soňda eden ähli günäleriňiziň köküdir.

Toba etmek – gutulyşy almagyň wajyp bölegidir. Petrus bu barada büş müň adamyň halas bolan gününde aýdyň aýdýar: “Indi günäleriňiziň bagyşlanmagy üçin toba ediň we Hudaýa tarap öwrülüň” (Resullaryň işleri 3:19). Mukaddes Ýazgylar biziň her birimiziň günäniň gulçylygynda doglandygymyzy aýdýar. Bu gulçulyk öz gözbaşyny Adam atanyň günäsinden alyp gaýdýar; ol

özdiýenlige we bitabynlyga ýol açypdy. Toba etmek – bu özüňize we şeýtana, ýagny ýalanyň atasyna mundan buýana tabyn bolman, eýsem Öz janyny siz üçin gurban eden Isa Mesihe tabyn bolmaklygy saýlamakdyr.

Siz özüňizi Isa Mesihe tabyn etmelisiňiz, Ony öz Rebbiňiz hökmünde kabul etmelisiňiz, öz durmuşyňyzy we özüňizdäki ähli zatlary Onuň ygtyýaryna tabşyrmalysyňyz (Oňa öz ruhuňyzy, janyňyzy we bedeniňizi tabyn etmelisiňiz). Onuň durmuşyňyzdaky ygtyýary bütinleý bolýar. Siz muny eden badyňyza, Hudaý sizi tümlükden boşadar we Öz Şalygynyň nuruna we şöhratyna geçirer. Siz ölzmden ýaşaýşa geçip, Onuň perzendi bolarsyňyz!

Eger siz Isa Mesih arkaly halas bolmak isleseňiz, şu dogany okaň:

> *Eý, göklerdäki Hudaý! Men özümiň günälidigimi we Seniň dogruçyllygyň standartlaryna görä ýaşap bilmeýändigimi boýun alýaryn. Öz günälerim üçin men baky jeza mynasyp. Meni şeýle ýagdaýda ýeke taşlamaýandygyň üçin Saňa minnetdar. Men Seniň Isa Mesihi, päk gyz Merýemden doglan Öz ýeke-täk Ogluňy maňa derek ölüp, haçdaky jezamy Öz üstüne ýüklemek üçin iberendigiňe ynanýaryn. Men Onuň üçülenji gün direlip, şindi Seniň sag tarapyňda oturandygyna ynanýaryn. Ol meniň Rebbim we Halasgärim. Men şu gün Senden garaşsyz ýaşajak bolandygym üçin toba edýärin we ömrümi bütinleý Reb Isa Mesihe tabşyrýaryn.*
> *Isa Mesih, men Seni öz Rebbim we Halasgärim hökmünde kabul edýärin. Öz Ruhuň arkaly Meniň durmuşyma gir we meni özgert, meni Hudaýyň perzendi et. Men şu pursada çenli bolan tümlügimi ret edýärin we mundan buýana özüm üçin ýaşaman, eýsem Seniň merhemetiň arkaly Seniň üçin ýaşajak, sebäbi Sen meniň baky ýaşap bilerim ýaly Özüňi gurban etdiň.*
> *Minnetdar, Rebbim. Meniň durmuşym indi Seniň eliňde we Mukaddes Ýazgylarda aýdylyşy ýaly, men utandyrylmaryn.*

Maşgala hoş geldiňiz! Şu pursat başdan geçirenleriňizi başga imanlylara hem gürrüň bermegiňizi haýyş edýärin. Mukaddes Kitaby öwrenýän ýerli ýygnagy tapyp, oňa gatnap başlamak wajyp-

dyr. Imanlylar bilen gatnaşyň. Olar sizi imanda goldarlar.

Siz iň täsin syýahata gadam urduňyz. Goý, Hudaý Özüni tanamakda, merhemetde we Onuň bilen gatnaşmakda ösüp bilmegiňiz üçin sizi boldan-bol ýalkasyn!



“Messenjer Interneşenl” adamlara, maşgalalara, ýygnaklara we halklara Hudaýyň Sözüniň özgerdýän güýjünde ýaşamaga we amal etmekde kömek bermek üçin döredilendir.

Bu özgerişler adamlaryň durmuşlarynyň güýçden dolmagyna, jemgyýetiň özgerip başlamagyna getirer we dünýädäki güýçli adalatsyzlyga berk jogap berer.

---

**Cloud Library** — bu onlaýn platformadyr. Ol dünýädäki ähli liderlere öz dillerindäki sifrlenen resurslary mugt ulanmaga mümkinçilik berýär.

**CloudLibrary.org** saýtynda siz Jon we Liza Biwerleriň 80-den gowrak dile terjime edilen resurslaryny tapyp, aňsatlyk bilen indirip bilersiňiz.

Elektron kitaplar, wideo-we-audiosapaklar, audiokitaplar, Mukaddes Kitaplary....

CLOUD LIBRARY

**Has köp isleýäňizmi? Şu ýerde skannirläň:**

# ÝAGŞYLYK *ÝA-DA* HUDAÝ?

## HUDAÝSYZ EDILEN ÝAGŞYLYK NÄME UÇIN ÝETERLIK DÄL?




Eger bu oňat bolsa, onda ol hökman Hudaýdandyr, şeýle dälmi?

Biziň günlerimizde “ýagşylyk” we “Hudaý” sözleri manydaş sözler hasaplanylýar. Biz haýsydyr bir ýagşy hasaplanylýan zat Hudaýyň erkine laýyk gelýändigine ynanýarys. Sahylyk, pespällik, adalatlylyk – bular ýagşylyk. Diňe özüňi bilmeklik, gedemlik, zabunlyk – bular ýamanlyk. Olary tapawutlandyrnak şeýle aňsat gerek?

Emma hemme zat şeýle aňsatmyka? Eger ýagşylyk şeýle mese-mälim zat bolsa, Mukaddes Kitap näme üçin olary saýgarmalydygymyz barada aýdýar?

“Ýagşylyk ýa-da Hudaý?” – bu kynçylyklarymyzy çözmäge gönükdirilen nobatdaky habar däl. Ol siziň edim-gylygyňyzy özgertmekden başga-da has uly zatlary eder. Hudaýyň siziň üçin niýetlän durmuşynda Onuň bilen gezeriňiz ýaly, bu habar size gujur-gaýrat berer, durmuşyňyzyň her bir çägini özgerder.

Jon we Liza Biwerleriň şu we beýleki materiallaryny türkmen dilinde şu saýtdan inderip bilersiňiz:

CloudLibrary.org

# Size nähili bakylyk garaşýar?

Siz özüňiziň indiki 24 sagadyň bütün ömrüňiziň nähili boljakdygyny kesgitleýän eksperimente gatnaşýanlygyňyzy bilseňiz, näme edersiňiz? Ähli zat – işiňizden başlap tä ýaşaýan etrabyňyza we öýüňize çenli – şu 24 sagady nähili ýaşajykdygyňyza bagly bolar. Siz şu 24 sagady nähili geçirersiňiz? Eliňizden gelenini aýaman, yhlas edersiňizimi ýa-da "ýagşysy bolaýady-da" diýip, 24 sagadyň geçerine garaşarmysyňyz?

Bu pikiriň hakykatdan juda uzak bolup görünmegi ahmal, ýöne bu beýle däldir. Ol şindiki çözgütleriň bakylykdaky ykbaşymyza täsir edişini ýatladýar.

Jon Biwer *«Bakylykdan ylhamlanýanlar»* atly kitabynda täsirli allegoriýalaryň we Mukaddes Ýazgylaryň tekstleri arkaly ýerdäki durmuşymyzyň bakylykdaky barlygymyzy emele getirişi baradaky janly suratyň beýanyny berýär.

Soňky demimizden soň başlanýan durmuş diňe bir barmaly ýerimizi aňlatmaýar. Juda giç bolaryna garaşmaň. Durmuşyňyzy bakylyk üçin has manyly bolary ýaly näme etmelidigini şu pursat biliň.



Jon Biwer we onuň ýanýoldaşy Liza – Messenger International hyzmatyny esaslandyryjylar. Hyzmatçy we bestsellerleriň awtory Jon Biwer ýeke-täk hakykat barada janypkeşlik we batyrgaýlyk bilen wagyz edýär. Onuň ýüregi ýerli ýygnaklary goldamak, liderleriň nirededigine, haýsy dilde gürleýändigine we maddy ýagdaýyna garamazdan, olara materiallary sowgat bermek isleginden dolup-daşýar. Onuň kitaplary we wideosapaklary dünýäniň 90-dan gowrak dillerine terjime edildi, millionlarça ekzemplýarlary bolsa dünýäniň dürli künjeklerindäki çopanlara we liderlere paýlanyldy.

Şu we beýleki serişdeleri saýtyndan inderip bilersiňiz.
CloudLibrary.org

MESSENGER INTERNATIONAL
MessengerInternational.org

Bu kitap – awtordan sowgat.
Satuwa degişli däl.

Has köp isleýäňizmi?
Skanirläň